**Ý. Çarygeldiýew**

# SALGYT MENEJMENTI

**II kitap**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2013

UOK 336 + 339.1
Ç 21

**Çarygeldiýew Ý.**
Ç 21 **Salgyt menejmenti. II kitap.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

«Salgyt menejmenti» okuw kitabynda Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän göni salgytlaryň, ýagny ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň, emläk üçin salgydyň, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň, şahsy adamlardan alynýan girdeýji salgydyň we ýerli ýygymlaryň töleýjileri, salgyt salynýan binýady we salgyt özeni, salgyt möçberleri we salgyt döwri, olaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibi beýan edilýär. Döwlet salgyt menejmentinde kameral (deslapky) we resminamalaýyn salgyt gözegçiliginiň geçirilişiniň tertibine okuw kitabynda aýratyn üns berilýär. Döwlet salgyt menejmentinde ulanylýan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri ulgamy hem-de salgyt gullugynyň çykarýan çözgütlerine şikaýat etmek şu okuw kitabynda içgin öwrenilýär.

Okuw kitaby ykdysady hünäri boýunça okaýan ýokary we degişli orta hünär okuw mekdepleriniň talyplaryna niýetlenip, ondan önümçilikde işleýän hünärmenler, kärhananyň ýolbaşçylary hem-de giň okyjylar köpçüligi peýdalanyp biler.

TDKP № 74, 2013 KBK 65.01 (2) 21 ýa 73

© Çarygeldiýew Ý., 2013.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# I bölüm
# TÜRKMENISTANYŇ SALGYT ULGAMYNDA HEREKET EDÝÄN GÖNI SALGYTLAR

## I bap
## ÝERASTY BAÝLYKLARDAN PEÝDALANMAK ÜÇIN SALGYT

### 1.1.1. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyrylmagy we häzirki wagtda hereket edýän salgyt kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda onuň töleýjileri we salgyt salynýan binýatlary

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt «Ýerasty baýlyklardan peýdalanandygy üçin salgydy girizmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 31-nji dekabryndaky 1095 belgili Kararynyň esasynda 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyryldy. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän we tebigy serişdeleriniň gazylyp alynmagyny amala aşyrýan eýeçiligiň görnüşlerine bagly bolmazdan hereket edýän edara görnüşli we şahsy taraplara döwlet tarapyndan berilýän tebigy baýlyklardan tölenýän renta tölegidir.

«Ýerasty baýlyklardan peýdalanandygy üçin salgydy girizmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 31-nji dekabryndaky 1095 belgili Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde tebigy serişdeleri gazyp alýan kärhanalaryň önümi ýerleş-

dirmekden alýan girdejisi (goşulan baha üçin salgytsyz) salgyt salmagyň binýady bolup durýardy. Kärhanalaryň beýleki görnüşli işleri (söwda, ylym, gurluşyk we beýlekiler) ýerine ýetirmekden we ýerleşdirmekden daşary amallardan alýan serişdeleri salgyt salynýan amallara goşulmaýardy. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt taýýar önümleriň ýa-da ýerleşdirmäge niýetlenilen çig malyň bahasyna goşulýardy. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytdan ýerli býujetlere geçirilýän pul serişdeleriniň ölçegleri (normatiwleri) geljekki ýyl üçin kabul edilýän Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakyndaky Kanunynda tassyklanylýardy we deňiz ykdysady zolagynyň we kontenintal şelfiniň çäginde ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt Türkmenistanyň Döwlet býujetine doly möçberde geçirilýärdi. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt salgyt töleýji tarapyndan özbaşdak hasaplanýardy. Şol döwürde hereket edýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberi (stawkasy) «Türkmengaz» döwlet korporasiýasyýasynda – 22%; «Türkmennebit» önümçilik birleşigi bilen «Türkmenmineral» önümçilik birleşiginde – 8 %; Hazaryň himiýa zawodynda, Balkanabadyň ýod zawodynda, Oglanlynyň bentonit käninde, «Guwlyduz» kombinatynda, gurluşyk minerallaryny öndürmek üçin çig mal çykarýan kärhanalarda – 5 %.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň kabul edilmegi bilen, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibine düýpli üýtgetmeler girizildi. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 129-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinde gazylyp alynýan peýdaly zatlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri (peýdaly magdanlary) almak üçin ýerasty (ýerüsti) suwlary çykarýan edara görnüşli we şahsy taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjileridir. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanynyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan edara görnüşli we şahsy taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjiler hasap edilmeýärler, emma şu taraplar «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Ka-

nynyna laýyklykda nebit işlerine degişli bolmadyk işleri amala aşyran ýagdaýlarynda bu salgydyň töleýjileri hasap edilýär.

**Mysal.** 1-nji tablisada Türkmenistanyň çäklerinde gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri almak üçin ýerasty (ýerüsti) suwlary çykarýan we ulanýan edara görnüşli we şahsy taraplaryň sanawy berilýär. 1-nji tablisada agzalyp geçilen edara görnüşli taraplaryň we şahsy taraplar-hususy telekeçileriň amala aşyraýn işleriniň görnüşlerinden ugur alyp, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň töleýjilerini takyklamaly.

*1-nji tablisa*

**Türkmenistanyň çäklerinde gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri almak üçin ýerasty (ýerüsti) suwlary çykarýan we ulanýan edara görnüşli we şahsy taraplar-hususy telekeçileriň sanawy**

| № | Peýdaly magdanlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri almak üçin ýerasty (ýerüsti) suwlary çykarýan we ulanýan edara görnüşli we şahsy taraplar-hususy telekeçileriň ady | Amala aşyrýan işleriniň görnüşleri |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1 | Magdanly şäherçesiniň kükürt käni | Peýdaly magdanlary gazyp alýar |
| 2 | «Politreýd Dyş Tijaret we Inşaat A.Ş.» daşary ýurt kärhanasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda nebit işlerine degişli bolmadyk söwda-dellalçylyk işleri amala aşyrýar |
| 3 | Abadan şäheriniň çagyl karýeri | Peýdaly magdanlary gazyp alýar |
| 4 | Kaka şäherçesiniň daş karýeri | Peýdaly magdanlary gazyp alýar |
| 5 | Şahsy tarap-hususy telekeçi Italmaz Bekiýew | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçynyň kömekçisi hökmünde peýdaly magdanlary gazyp alýar |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 6 | Şahsy tarap-hususy telekeçi Toýmyrat Babaýew | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda nebit işlerine degişli bolmadyk telekeçilik işleri amala aşyrýar |
| 7 | «Asýapy Inşaat Dyş Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Peýdaly magdanlary gazyp alýar |
| 8 | «Okston Kompani Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | Peýdaly magdanlary gazyp alýar |
| 9 | «Guwlyduz» önümçilik kombinaty | Peýdaly magdanlary gazyp alýar |
| 10 | Balkanabat şäheriniň ýod zawody | Peýdaly magdanlary gazyp alýar |
| 11 | «Askom» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçy hökmünde peýdaly magdanlary gazyp alýar |
| | «Sewrek» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçynyň kömekçisi hökmünde peýdaly magdanlary gazyp alýar |

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 129-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerine laýyklykda, 1-njy tablisada görkezilen 1,2,3,4,6,7,8,9,10-njy belgili edara görnüşli we şahsy tarap-hususy telekeçiler ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjiler hasaplanylýar. 1-nji tablisada görkezilen 5,11,12-nji belgili şahsy tarap-hususy telekeçi we edara görnüşli taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjiler hasaplanylmaýarlar.

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýatlar.** Salgyt töleýjiniň Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrýan salgyt salynýan amallary ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýatdyr. Peýdaly magdanlaryň gazylyp alynýan ýeri salgyt salynýan amallaryň geçi-

rilýän ýeri diýlip hasap edilýär. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar 1-nji şekilde görkezilýär. Mejbury almagyň, elden almagyň netijesinde gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň kesekiniň haýryna alynmagy, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat däldir.

*1-nji şekil*

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat**




Mysal. «WWK Limited Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy 2012-nji ýylyň I çärýeginde 1689576 manat möçberindäki gazylyp alnan peýdaly magdanlary ýerleşdiripdir. Ondan başga-da ol 2012-nji ýylyň I çärýeginde özüniň sarp etmegi üçin 264822 manat pul möçberindäki peýdaly magdanlary ulanypdyr, şol sanda 110095 manatlyk peýdaly magdanlary gaýtadan işläpdir. 2012-nji ýylyň I çärýeginde zaýalanan peýdaly magdanlaryň öwezi günäkär taraplar tarapyndan 74046 manat pul möçberinde doldurylypdyr we ätiýaçlandyryş guramasyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegler 96000 manat pul möçberinde alnypdyr. Şeýle-de, 2012-nji ýylyň I çärýeginde «WWK Limited

Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasyndan döwlet häkimýeti we öz-özüni dolandyryş edarasy tarapyndan peýdaly magdanlar 284400 manat pul möçberinde mejbury alnypdyr. «WWK Limited Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy boýunça 2012-nji ýylyň I çärýegi üçin salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 130-njy maddasyna laýyklykda, «WWK Limited Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy boýunça 2012-nji ýylyň I çärýegi üçin salgyt salynýan binýat: SSB = 1689576 manat +264822 manat + 74046 manat + 96000 manat= 2124444 manat.

### 1.2.2. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň kesgitlenilmegi

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamak üçin salgyt özeni şu aşakdakylardyr:

– uglewodorod serişdeleri (çig nebit, tebigy we ugurdaş gaz) boýunça – öz içine goşulan baha üçin salgydy almaýan salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan uglewodorod serişdeleriniň bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýän baha;

– beýleki gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň ýerleşdirilmeginden alnan peýda.

Salgyt salynýan amallar geçirilende gazylyp alynýan peýdaly magdanlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň günäkär taraplar tarapyndan öwezini dolunmagynyň, şeýle-de ätiýaçlandyrma öwezini dolmalaryň pul möçberleri hem salgyt özenine goşulýar. 2-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň adaty, hak almak bilen ýerleşdirilýän bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

*2-nji şekil*

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özenini salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanlary adaty, hak almak bilen ýerleşdirýän bahasyndan ugur alyp kesgitlenilýän ýagdaýlary**




**Mysal.** «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi Balkan welaýatynyň Gumdag şäheriniň eteginde uglewodorod serişdeleriniň gazylyp alynmagy we ýerleşdirilmegi bilen meşgullanýar. «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi 2011-nji ýylyň III çärýeginde 17709755 manat pul möçberinde uglewodorod serişdelerini gazyp alypdyr, şol sanda 8484662 manatlyk çig nebiti we 9225093 manatlyk tebigy hem-de ugurdaş gazy. «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi 17709755 manat pul möçberinde gazyp alan uglewodorod serişdelerini müşderileriniň arasynda doly möçberde ýerleşdiripdir. 2011-nji ýylyň III çärýeginde peýdaly magdanlar (nebit önümleri) ogurlanan-

da ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýan günäkär taraplar tarapyndan 869753 manat pul möçberinde doldurylypdyr we ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan 176982 manat pul möçberinde ätiýaçlandyrma öwezini doluş tölegler (nebit önümleri boýunça) kärhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilipdir. «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi boýunça 2011-nji ýylyň III çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt özenini kesgitlemeli.

Çözülişi. «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi boýunça 2011-nji ýylyň III çärýegi üçin ýerasty bapýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ (tebigy we ugurdaş gaz boýunça) 9225093 manat; SÖ (çig nebit) = 8484662 manat + + 869753 manat + 176982 manat = 9531397 manat.

Deň derejede bolmadyk çalşykda çalşylýan harytlaryň bahasynyň üstüne goşulýan islendik pul möçberi salgyt özenine goşulýar. Ýeňillikli baha bellenilen gazylyp alynýan peýdaly zatlary ýerleşdirmek boýunça salgyt özeni, şeýle ýeňillikleri hasaba alnyp kesgitlenilýär. Şu aýdylanlar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt berilýän harytlara we amal edilýän hyzmatlara hem degişlidir. Peýdaly magdanlaryň birnäçe görnüşi gazylyp alnan halatynda, salgyt özeni olaryň her bir görnüşi boýunça kesgitlenilýär. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň daşary ýurt pulundaky bahasy, olaryň ýerleşdirilen pursatynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti boýunça manatda hasaplanýar. Degişli salgyt döwründe gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň her bir görnüşi boýunça salgyt özeni, degişli salgyt döwründe geçirilen ähli salgyt salynýan amallaryň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Salgyt özeni Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna geçirilýän serişdeleriniň pul möçberine laýyk azaldylýar.

Mysal. «Türkmengaz» döwlet konserniniň Mary welaýatynyň Mary şäherinde ýerleşleşýän önümçilik birleşiginiň işi 2012-nji ýylyň II çärýeginde 2-nji tablisadaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. 2-nji tablisada görkezilen görkezijilerden başga, «Türkmengaz»

döwlet konserniniň Mary welaýatynyň Mary şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi 3200 tonna çig nebiti «Kabun SA» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň amal eden hyzmatlary bilen alyş-çalyş geçiripdir. Geleşigiň şertlerine laýyklykda çig nebitiň we hyzmatlaryň bahasy kesgitlenilmändir. Çig nebitiň 1 tonnasynyň adaty bahasy ABŞ-nyň 522,4 dollaryna deň. Salgyt salynýan amallaryň amala aşyrylan senesinde Türkmenistaňnyň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy 2,85 : 1. «Türkmengaz» döwlet konserniniň Mary welaýatynyň Mary şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi boýunça 2012-nji ýylyň II çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeni kesgitlemeli.

*2-nji tablisa*

**«Türkmengaz» döwlet konserniniň Mary welaýatynyň Mary şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi boýunça 2012-nji ýylyň II çärýeginde amala aşyran işlerini häsiýetlendirýän görkezijiler**

| № | Öndürilen we ýerleşdirilen önümleriň ady | Öndürilen we ýerleşdirilen önümleriň bahasy, manat | Önümi öndürmekden we ýerleşdirmekden alnan peýda, manat |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1 | Öndürilen we ýerleşdirilen çig nebit | 562188 | |
| 2 | Öndürilen we ýerleşdirilen tebigy gaz | 2465110 | |
| 3 | Öndürilen we ýerleşdirilen ugurdaş gaz | 800845 | |
| 4 | Öndürilen we ýerleşdirilen kükürt önümleri | | 188702 |

**Çözülişi.** «Türkmengaz» döwlet konserniniň Mary welaýatynyň Mary şäherinde ýerleşýän önümçilik birleşigi boýunça 2012-nji ýylyň II çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeni: SÖ (çig nebit) = 562188 manat + (3200 tonna x

x 522,4 $ x 2,85 manat) = 5326476 manat; SÖ (tebigy we ugurdaş gaz) = 2465110 manat + 800845 manat = 3265955 manat; SÖ (kükürt) = 188702 manat.

**Mysal.** «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Goturdepe şäherçesinde ýerleşýän önümçilik birleşigi 2011-nji ýylyň IV çärýeginde 2082177 manatlyk çig nebiti gazyp alypdyr we ýerleşdiripdir. Şol hasabat döwründe önümçilik birleşigi özüniň sarp etmegi üçin 140120 manatlyk çig nebiti ulanypdyr. 2011-nji ýylyň IV çärýeginde tebigy ýitgileriň ölçeginden 40668 manat pul möçberinde artyk ýetmezçilik anyklanypdyr (bu ýetmezçiligi tassyklaýan resminamalar ýok), şeýle-de «Türkmennebit» döwlet konserniniň görkezmesi esasynda käbir müşderilere 242085 manatlyk çig nebit ýeňillikli bahalar boýunça ýerleşdirilipdir, onuň adaty bahasy 348907 manat. «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Goturdepe şäherçesinde ýerleşýän önümçilik birleşigi boýunça 2011-nji ýylyň IV çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Goturdepe şäherçesinde ýerleşýän önümçilik birleşigi boýunça 2011-nji ýylyň IV çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = 2082177 manat + 140120 manat + 40668 manat + 242085 manat = 2505050 manat.

**Mysal.** Ahal welaýatynyň Kaka şäherçesiniň eteginde ýerleşýän daş çykarýan karýeriniň 2012-nji ýylyň II çärýeginde ýerine ýetiren hojalyk işi 3-nji tablisada görkezilen. Önüm öndürmek we ýerleşdirmek üçin Kaka şäherçesiniň eteginde ýerleşýän daş çykarýan karýeriniň 2012-nji ýylyň II çärýeginde amal eden harajatlarynyň umumy pul möçberi 1332108 manat. Salgyt salynýan amallaryň amala aşyrylan senesinde Türkmenistanyň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy 2,85:1. Ahal welaýatynyň Kaka şäherçesiniň eteginde ýerleşýän daş karýeri boýunça 2012-nji ýylyň II çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberini takyklamaly.

*3-nji tablisa*

**Ahal welaýatynyň Kaka şäherçesiniň eteginde ýerleşýän daş çykarýan karýeriniň 2012-nji ýylyň II çärýeginde amal eden hojalyk işiniň görkezijileri**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Öndürilen önümiň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Adaty baha boýunça müşderileriň arasynda ýerleşdirilen önüm | 871355 |
| 2 | Geleşige gatnaşýan taraplara önüm muzdsuz berlipdir | 61102 |
| | Öndürilen önümiň adaty bahasy | 87274 |
| 3 | Geleşige gatnaşýan taraplara öndürilen önüm deň derejede bolmadyk çalşyk esasynda berlipdir | 80424 |
| | Bahasynyň üstüne goşulan pul möçberleri | |
| 4 | Baglaşylan geleşik ylalaşyklarynda çalşylýan peýdaly magdanlaryň we amal edilýän hyzmatlaryň bahasy kesgitlenilmändir | 12783 |
| | Çalşylýan peýdaly magdanlaryň we hyzmatlaryň adaty bahasy | 147045 |
| 5 | Özüniň sarp etmegi üçin peýdaly magdanlar ulanylypdyr (peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara degişli harajatlar goşulýar) | 48995 |
| | Ulanylan önümleriň adaty bahasy | 69965 |
| 6 | Tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk gelýän peýdaly magdanlaryň ýitgileri (degişli resminamalar bilen tassyklanylmadyk) | 25663 |
| 7 | Ýeňillikli bahalar boýunça ýerleşdirilen peýdaly magdanlar | 88054 |
| | Ýeňillikli bahalar boýunça ýerleşdirilen peýdaly magdanlaryň adaty bahasy | 125741 |
| 8 | Daşary ýurtly edara görnüşli taraplara ýerleşdirilen peýdaly magdanlar | ABŞ-nyň 41542 dollary |
| 9 | Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna geçirilen pul serişdeleri | ABŞ-nyň 12000 dollary |
| | Salgyt salynýan amallaryň pul möçberi | |

**Çözülişi.** Ahal welaýatynyň Kaka şäherçesiniň eteginde ýerleşýän daş karýeri boýunça 2012-nji ýylyň II çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi:
SÖ = [ 871355 manat + 87274 manat + (80424 manat + 12783 manat) + 147045 manat + 69965 manat + 25663 manat + 88054 manat + + (41542 $ x 2,85 manat)] – (12000$ x 2,85) = 1466158 manat.

**Mysal.** Abadan şäheriniň çagyl karýeri 2012-nji ýylyň I çärýeginde çagyl önümlerini gazyp almakdan we ýerleşdirmekden 1054967 manat pul möçberinde girdeji alypdyr. Abadan şäheriniň çagyl karýeri 2012-nji ýylyň I çärýeginde «Petroçaýna Interneýşnl Kompani Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy bilen baglaşylan ylalaşygynyň şertleriniň üýtgemegi (çagylyň bahasynyň ýokarlanmagy) sebäpli, ylalaşykda görkezilen pul möçberi 140400 manatdan 209666 manada çenli ýokarlandyryldy (peýdaly magdanlaryň şol bir möçberinde). «Itera Inwesstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistanyň şahamçasy bilen 2012-nji ýylyň I çärýeginde 67451 manat pul möçberinde baglaşylan geleşik ylalaşygy düýbünden ýatyryldy (almaly önüm üçin deslapky tölegler öňünden geçirildi). Çagyly gazyp almak we ýerleşdirmek üçin Abadan şäheriniň çagyl karýeriniň hasabat döwründe amal eden harajatlarynyň umumy pul möçberi 876882 manat. Salgyt özenine düzetmeleriň girizilmegini hasaba almak bilen, Abadan şäheriniň çagyl karýeri boýunça 2012-nji ýylyň I çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** Abadan şäheriniň çagyl karýeri boýunça 2012-nji ýylyň I çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi:

SÖ = [1054967 manat + (209666 manat – 140400 manat) – 67451 manat ] – 876882 manat = 179900 manat.

### 1.3.3. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberleri, salgyt we hasabat döwürleri

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberleri şu ölçeglerde kesgitlenilýär:

**1.** Uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:

– tebigy we ugurdaş gaz üçin – 22 göterim;

– çig nebit üçin – 10 göterim.

**2.** Düşewüntliligiň derejesine baglylykda beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça 4-nji tablisada beýan edilýän möçberler esasynda Salgyt salynýan amallar boýunça (uglewodorod serişdelerinden başga amallar) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň kesgitlenilen pul möçberleri ýataklaryň tejribe-senagat taýdan ulanylýan döwründe 50 göterime çenli aşakladylýar, emma bu eglişik 3 ýyl möhletden köp bolmaly däl. Düşewintlilik önümi ýerleşdirmekden alynýan peýdanyň şonuň ýaly önüme degişli aýyrmalaryň jemi hökmünde («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154-nji maddasynyň 2-nji bölüminiň «a» we «d» bölümçeleri) kesgitlenilýän önüm öndürmek üçin amal edilýän harajatlara bolan göterim gatnaşyk görnüşinde hasaplanýar.

*4-nji tablisa*

**Düşewüntliligiň derejesine baglylykda beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň möçberleri**

| № | Düşewüntlilik, göterimde | Salgydyň möçberleri, göterimde |
|---|---|---|
| 1 | 15-e çenli | 0 |
| 2 | 15-den ýokary, 17-ä çenli | 30 |
| 3 | 17-den 19-a çenli | 32 |
| 4 | 19-dan 21-e çenli | 35 |
| 5 | 21-den 23-e çenli | 40 |
| 6 | 23-den 25-e çenli | 45 |
| 7 | 25-den ýokary | 50 |

Düşewintlilik hasaplanylanda aýyrmalara degişli edilýär:

**1.** Harytlar ýerleşdirilende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende, goşulan baha üçin salgydyň hasaplanan pul möçberi, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerleşdirilýän bahasyna olary öndürijiler tarapyndan goşulýan goşmaça tölegiň pul möçberi, şeýle-de goşulan baha üçin salgydyň harytlar ogurlananda ýa-da

zaýalananda günäkär taraplar tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň we ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň pul möçberleri;

**2.** Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar), şol sanda:

– maddy çykdajylar;

– zähmete hak tölemek üçin çykdajylar;

– döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler;

– könelmäniň hasaplanyp ýazylan pul möçberi;

– beýleki çykdajylar we ýitgiler.

Önümi ýerleşdirmekden alnan peýda Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda bellenilen jemi girdejini («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 149-njy we 150-nji maddalary) şol kanunyň 154-nji maddasynyň 2-nji bölüminiň «a» we «d» bölümçelerinde bellenen aýyrmalaryň möçberine azaltmak bilen kesgitlenilýär. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri senenama çärýegine deň bellenilýär.

**Mysal.** «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Gumdag şäherinde ýerleşýän we uglewodorod serişdelerini gazyp alýan we ýerleşdirýän birleşigi 2012-nji ýylyň II çärýeginde 3785010 manatlyk çig nebiti we 1015267 manatlyk tebigy we ugurdaş gazy gazyp alypdyr we ýerleşdiripdir. 2012-nji ýylyň II çärýegi üçin «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Gumdag şäherinde ýerleşýän we uglewodorod serişdelerini gazyp alýan we ýerleşdirýän birleşigi tarapyndan tölenmeli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Gumdag şäherinde ýerleşýän we uglewodorod serişdelerini gazyp alýan we ýerleşdirýän birleşigi tarapyndan 2012-nji ýylyň II çärýegi üçin tölenmeli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi: (3785010 manat x 0,1) + (1015267 manat x 0,22) = 601860 manat.

**Mysal.** Hazar şäheriniň himiýa zawodynyň 2011-nji ýylda çärýekler boýunça amala aşyran maliýe-hojalyk işiniň 5-nji tablisada görkezilen görkezijilerinden ugur alyp, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberini hasaplap çykarmaly. Ondan

başga, Hazar şäheriniň himiýa zawody boýunça her bir hasabat döwri üçin peýdanyň pul möçberini we düşewüntliligiň derejesini takyklamaly. Harytlar ýerleşdirilende Hazar himiýa zawody tarapyndan 2011-nji ýylda hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi: I çärýek üçin – 138529 manat; II çärýek üçin – 127158 manat; III çärýek üçin – 175712 manat; IV çärýek üçin – 168223 manat.

*5-nji tablisa*

**Hazar şäheriniň himiýa zawodynyň 2011-nji ýylda çärýekler boýunça amala aşyran maliýe-hojalyk işiniň görkezijileri**

| № | Hasabat (salgyt) döwri | Önümi öndürmekden we ýerleşdirmekden alnan girdejiler, manat | Önümi öndürmek üçin edilen harajatlaryň umumy pul möçberi, manat | Önümi ýerleşdirmekden alnan peýda, manat | Düşewüntlilik (göterimde) | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1 | I çärýek | 1062056 | 753667 | 169860 | 19,0 | 54336 |
| 2 | II çärýek | 974876 | 713296 | 134422 | 16,0 | 40327 |
| 3 | III çärýek | 1347125 | 937345 | 234068 | 21,0 | 81924 |
| 4 | IV çärýek | 1289708 | 893430 | 228055 | 21,5 | 91222 |

**Çözülişi.** Hazar şäheriniň himiýa zawody boýunça 2011-nji ýylda önümi ýerleşdirmekden alnan peýda: I çärýekde: 1062056 manat – (753667 manat + 138529 manat) = 169860 manat; II çärýekde: 974876 manat – ( 713296 manat + 127158 manat) = 134422 manat; III çärýekde: 1347125 manat – (937345 manat + 175712 manat) = 234068 manat; IV çärýekde: 1289708 manat – (893430 manat +168223 manat) = 228055 manat. Bu jemler 5-nji tablisanyň 1–4-nji setirleriniň 5-nji sütünine ýazylýar. Hazar şäheriniň himiýa zawody boýunça düşewüntliligiň derejesi: I çärýek üçin – 19,0 göterim [169800 manat: (753667 manat + 138529 maanat)] x 100% ; II çärýek üçin – 16,0 göterim [134422 manat : (713296 manat + 127158 manat)] x 100%; III çärýek üçin – 21,0 göterim [234068 manat : (937345 manat + +175712 manat)] x 100% ; IV çärýek üçin – 21,5 göterim [228055

manat: (893430 manat + 168223 manat)] x 100 %. Bu görkezijiler 5-nji tablisanyň 1–4-nji setirleriniň 6-njy sütünine ýazylýar. Hazar şäheriniň himiýa zawodynyň 2011-nji ýylda çärýekler boýunça tölän ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydynyň pul möçberi: I çärýekde 54336 manat (169800 manat x 0,32); II çärýekde 40327 manat (134422 manat x 0,3); III çärýekde 81924 manat (234068 manat x x 0,35); IV çärýekde 91222 manat (228055 manat x 0,4). Bu görkezijiler 5-nji tablisanyň 1–4-nji setirleriniň 7-nji sütünine ýazylýar.

### 1.4.4. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamagyň, salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we salgydy tölemegiň tertibi

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberini gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň her bir görnüşi boýunça salgyt töleýji özbaşdak hasaplaýar. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi, salgyt döwründe geçirilen salgyt salynýan amallaryň ählisi boýunça salgydyň jemi hökmünde hasaplanýar.

Hasabat döwründe geçirilen salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň pul möçberi, şol salgyt salynýan amallar boýunça salgyt özenini degişli salgyt möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Salgyt salynýan amallary degişli döwre degişli etmek, onuň amala aşyrylan pursadyna laýyklykda hasaba alynýar. Býujete tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi hasaplanan we salgydyň deslapky tölegini Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli pul möçberine azaldylýar. Haýsy hem bolsa bir salgyt döwründe tölenen ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi şol döwür üçin hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberinden artyk gelýän bolsa, onda artyk gelýän pul möçberi yzyna gaýtaryp berilýär ýa-da Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgyt töleýjiden alynmaly beýleki tölegleriň hasabyna geçirildi diýlip hasaba alynýar.

Salgyt töleýji her bir hasabat döwri üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmaga borçludyr. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça beýannama geçen hasabat döwri üçin hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 20-sinden gijä galman tabşyrylýar. Salgyt töleýjiler ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman töleýärler. Hasabat döwrüniň dowamynda uglewodorod serişdeleri bilen salgyt salynýan amallary geçirenlerinde, salgyt töleýjiler deslapky töleg görnüşinde ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt töleýärler. Deslapky töleg görnüşinde tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi, geçen salgyt döwri üçin hasaplanan ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberiniň üçden bir bölegini düzýär. Salgyt töleýjiler deslapky töleg görnüşinde ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy her aýyň 25-inde töleýärler. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy tölemegiň başga möhletlerini hem belläp bilýär, emma bu möhlet salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen möhletden otuz günden köp bolmaly däl.

**Mysal.** «Türkmendökün» döwlet konserniniň Balkan welaýatynda ýerleşýän «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi boýunça 2012-nji ýylyň II çärýegi üçin ýerasty baýyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamak üçin, 6-njy tablisada görkezilen maglumatlary ulanyp degişli hasaplamalary geçirmeli we olary salgyt beýannamasynda beýan etmeli.

Goşmaça maglumatlar. «Garabogazsulfat» önümçilik birleşiginiň salgyt hasabyna alnan ýeri: Balkan welaýatynyň Hazar şäheri boýunça döwlet salgyt gullugy. Hukuk we hakyky salgysy: poçta indeksi 744036, Balkan welaýaty, Türkmenbaşy etraby, Galkynyş köçesi, 24-nji jaý. EGTÝDB-niň kody: 26703280. SSB: 109331004501, telefon 3–52–17. Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarap Aýjahan Akmyradowa. Beýannamanyň iberilen senesi: 2012-nji ýylyň 19-njy iýuly, alnan senesi şol ýylyň 20-nji iýuly. Kameral barlagynyň tamamlanan senesi 2012-nji ýylyň 10-njy awgusty.

2012-nji ýylyň II çärýeginde gazylyp alnan aýry-aýry peýdaly magdanlaryň düşewüntliligi: sulfat – 15,3 göterim; karbomit – 18,1 göterim; ýod – 19.9 göterim; natriý – 24,2 göterim. «Garabogazsulfat» önümçilik birleşiginiň ýolbaşçysy Myrat Annaýew, baş hasapçy Aýjahan Akmyradowa. Hazar şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygy Wepa Allanazarow, inspektor Weljan Atabaýew, hasap boýunça işgär Aýgül Amansähadowa. Hasabat döwründe deslapky tölegler görnüşinde hasaplanyp, tutulyp alnan ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi 54908 manat. Gazylyp alnan peýdaly magdanlaryň her bir görnüşi boýunça ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt özenini we salgydyň pul möçberini takyklamaly. Geçirilen hasaplamalry ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça düzülen beýýanamanyň degişli setirlerinde we sütünlerinde beýan etmeli.

*6-njy tablisa*

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça beýannama**

| | |
|---|---|
| 1. | **Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça beýannama,**<br>2012-nji ýylyň II çärýegi |
| 2 | Hazar şäheri boýunça döwlet salgyt gullugyna |
| 3 | Salgyt töleýji – edara tarapyň doly ady: «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi |
| 4 | Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi: 744036. Welaýat: Balkan<br>Etrap: Türkmenbaşy. Şäher: Hazar<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_______<br>Etrapça ________ şaýoly, köçe, geçelge: Galkynyş<br>Jaý № 24, korpus _____ öý _____ |
| 5 | Hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: 744036. Welaýat: Balkan<br>Etrap: Türkmenbaşy. Şäher: Hazar<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)<br>Etrapça şaýoly, köçe, geçelge: Galkynyş<br>Jaý № 24, korpus ______ öý ______ |
| 6 | EGTÝDB-niň kody: 26703280 7 ŞSB 109331004501 8 telefon: 3–52–17 |
| 9 | Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A we wezipesi:<br>Aýjahan Akmyradowa, baş hasapçy |
| 10 | Salgyt töleýji-hususy telekeçiniň familiýasy _____________ Ady ________<br>Atasynyň ady ______________________ |

| | |
|---|---|
| 11 | Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: ________________ Welaýat__________<br>Etrap ____________ Şäher __________<br>Etrapça _____________ şaýoly, köçe,geçelge: __________<br>Jaý ____________ Korpus __________ Öý ____________ |
| 12 | ŞSB: ____________ 13 telefon ____________ |
| 14 | Iberilen senesi: 2012-nji ýylyň iýul aýynyň 19-y |
| 15 | Alnan senesi: 2012-nji ýylyň iýul aýynyň 20-si |
| 16 | **I bap. Uglewodorod serişdeleri bilen geçirilýän amallar boýunça salgyt özeni we şol özeni boýunça ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamak** |

| 17 | Uglewodorod serişdeleriniň görnüşleri | Salgyt salynýan amallar geçirilen mahaly salgyt özeni | Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin günäkär taraplardan alnan pul möçberi, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolma pul möçberleri | Salgyt özenine düzedişleri giriz megiň bellenilen halatlarynda, şol özeni köpeldýän pul möçberleri | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni azaldýan pul möçberleri | Düzedişleriň möçberini nazara almak bilen salgyt özeni (süt 2+ süt 3+ + süt 4– süt 5) | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | Salgyt möçberi, göterimde | Salgydyň pul möçberi (süt 6 x süt 7) |
| 18 | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 18.1 | Tebigy we ugurdaş gaz | | | | | | | |
| 18.2 | Çig nebit | | | | | | | |
| | Salgyt özeninden ugur almak bilen, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň hasaplanan pul möçberi (18.1-nji setiriň 8-nji sütüni goşmak 18.2-nji setiriň 8-nji sütüni) | | | | | | | |

| | |
|---|---|
| 20 | **II bap. Beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar bilen geçirilýän amallar boýunça salgyt özeniniň hasaplamasy** |

| 21 | Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ady | Salgyt salynýan amallar geçirilen mahaly salgyt özeni | Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin günäkär taraplardan alnan pul möçber-leri, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolma puly | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni köpeldýän pul möçberleri | Salgyt özenine düze dişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni azaldýan pul möçberleri | Düzedişleriň möçberini nazara almak bilen salgyt özeni (süt2+ süt 3+ + süt 4– süt 5) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 22 | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 22.1 | Sulfat | 205068 | 25463 | | | 230531 |
| 22.2 | Karbomit | 168023 | | 44977 | | 213022 |
| 22.3 | Ýod | 65594 | | | | 69594 |
| 22.4 | Natriý | 150970 | 24147 | | 35089 | 140028 |
| 22.5 | | | | | | |
| 22.6 | | | | | | |
| 22.7 | | | | | | |
| 22.8 | | | | | | |
| 22.9 | | | | | | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 23 | **III bap. Beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar bilen geçirilýän amallar boýunça ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň hasaplamasy** | | | | | | | |
| 23 | Gazylyp alynýan ýerasty magdanlaryň ady. | Degişli düşewintlilikde 6-njy sütüniň 22.1-nji setirinden başlap 22.9-njy setiri aralygyndakydan salgyt özeni | | | | | | |
| | | 15 göterime çenli | 15 göterimden 17 göterime çenli | 17 göterimden 19 göterime çenli | 19 göterimden 21 göterime çenli | 21 göterimden 23 göterime çenli | 23 göterimden 25 göterime çenli | 19 göterimden ýokary |
| 24 | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 25.1 | Sulfat | | 230531 | | | | | |
| 25.2 | Karbomit | | | 213022 | | | | |
| 25.3 | Ýod | | | | 69594 | | | |
| 25.4 | Natriý | | | | | | 140028 | |
| 25.5 | | | | | | | | |
| 25.6 | | | | | | | | |
| 25.7 | | | | | | | | |
| 25.8 | | | | | | | | |
| 25.9 | | | | | | | | |
| 26 | Her bir salgydyň pul möçberi üçin salgyt özeni | | 230531 | 213022 | 69594 | – | 140028 | – |
| 27 | Salgydyň pul möçberi, göterimde | 0 | 30 | 32 | 35 | 40 | 45 | 50 |
| 28 | Känler-ýataklar tejribe senagat taýdan ulanylýan döwründe salgyt möçberi, göterimde | | | | | | | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 29 | Salgydyň pul möçberi (26-njy setir x 27-nji setir ýa-da 28-nji setir) | | 69159 | 68167 | 24358 | – | 63013 | – |
| 30 | Salgyt özeninden ugur almak bilen, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi: 224697 manat | | | | | | | |
| 31 | **IV bap. Býujete tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberiniň hasaplamasy** | | | | | | | |
| 32 | Hasabat döwründe hasaplanan ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi (hakujy tölegler görnüşinde, şu hasabat döwri üçin beýannamalar boýunça we ş.m.) : 54908 manat | | | | | | | |
| 33 | Goşmaça hasaplamaga degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi (19-njy setir goşmak 30-njy setir, aýyrmak 32-nji setir), oňaýsyz netije 34-nji setire girizilýär: 169789 manat | | | | | | | |
| 34 | Azaldylmaga degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi (33-nji setiriň oňaýsyz netijesi) | | | | | | | |
| 35 | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dolulygyny we dogrudygyny tassyklaýaryn:<br><br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy Myrat Annaýew ____________________ (goly)<br>Baş buhgalter Aýjahan Akmyradowa____________________ (goly)<br>Hususy telekeçi ______________________________<br>(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly) | | | | | | | |
| 36 | Kameral barlagyň netijesinde:<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi: 10-njy awgust 2012 ýyl | | | | | | | |
| 37 | Salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysy: Wepa Allanazarow _______________ (goly)<br>Salgyt inspektory: Weljan Atabaýew _______________ (goly) | | | | | | | |
| 38 | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy/azaldyldy 169789 manat | | | | | | | |
| 39 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi<br>«11» awgust 2012-nji ýyl<br>Hasap boýunça işgär Aýgül Amansahatowa _______________ (goly) | | | | | | | |

**Çözülişi.** «Türkmendökün» döwlet konserniniň Balkan welaýatynda ýerleşýän «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi boýunça 2012-nji ýylyň II çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi: sulfat peýdaly magdan boýunça 230531 manat (205068 manat + 25463 manat), 22.1-nji setiriň 6-njy sütünine ýazylýar; karbomit peýdaly magdan boýunça 213022 manat (168045 manat

+ 44977 manat), 22.2-nji setiriň 6-njy sütünine ýazylýar; ýod peýdaly magdan boýunça 69594 manat, 22.3-nji setiriň 6-njy sütünine ýazylýar; natriý peýdaly magdan boýunça 140028 manat (150970 manat + + 24147 manat – 35089 manat), 22.4-nji setiriň 6-njy sütünine ýazylýar. Salgyt beýannamasynyň 26-njy setiri boýunça ýazylýar: 230531 manat (3-nji sütün), 213022 manat (4-nji sütün), 69594 manat (5-nji sütün), 140028 manat (7-nji sütün). Salgyt beýannamasynyň 29-njy setiri boýunça ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi ýazylýar: 69159 manat (3-nji sütün), 68167 manat (4-nji sütün), 24358 manat (5-nji sütün), 63013 manat (7-nji sütün). Salgyt özeninden ugur almak bilen, peýdaly magdanlar boýunça ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi 224697 manat (69159 manat + 68167 manat + 24358 manat + 63013 manat), 30-njy setirde ýazylýar. Goşmaça hasaplaşmaga degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi 169789 manat (224697 manat – 54908 manat), beýannamanyň 33-nji setirine ýazylýar.

### «Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt Türkmenistanyň salgyt gullugyna haçan ornaşdyryldy?

2. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjiler kim?

3. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýan taraplar kim?

4. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt binýady näme?

5. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallaryň geçirilen ýeri diýlip haýsy ýer hasaplanýar?

6. Mejbury almagyň, elden almagyň netijesinde gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň kesekiniň hasabyna alynmagy, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat bolup durýarmy?

7. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt özeni näme?

8. Haýsy ýagdaýlarda ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeni salgyt töleýjiniň gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň adaty hak almak bilen ýerleşdirilýän bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär?

9. Deň derejede bolmadyk çalşykda ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?

10. Ýeňillikli baha bellenilen gazylyp alynýan peýdaly magdanlar ýerleşdirilende, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?

11. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň daşary ýurt pulundaky bahasy haýsy tertipde manatda hasaplanýar?

12. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt özeni Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna geçirilýän pul serişdeleriniň möçberine azaldylýarmy?

13. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberleri uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar babatynda haýsy ölçeglerde kesgitlenilýär?

14. Düşewüntliligiň derejesine baglylykda beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberleri haýsy ölçeglerde kesgitlenilýär?

15. Salgyt salynýan amallar boýunça (uglewodorod serişdelerinden beýleki amallar) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň kesgitlenilen pul möçberleri ýataklaryň tejribe-senagat taýdan ulanylýan döwründe näçe göterime çenli azaldylýar?

16. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberini hasaplamak üçin, düşewüntlilik haýsy tertipde takyklanýar?

17. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberini hasaplamak üçin, önümi ýerleşdirmekden alynýan peýda haýsy tertipde kesgitlenilýär?

18. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri haýsy döwre deň diýlip kabul edilýär?

19. Hasabat döwründe geçirilen salgyt salynýan amallar boýunça ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär?

20. Býujete tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi haýsy tölegleriň möçberine azaldylýar?

21. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça beýannama salgyt gullugyna haýsy möhletde tabşyrylýar?

22. Salgyt töleýjiler ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy haýsy möhlete çenli tölemäge borçludyrlar?

23. Deslapky töleg görnüşinde tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi salgydyň haýsy pul möçberine deň diýlip kabul edilýär?

24. Salgyt töleýjiler deslapky töleg görnüşinde ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy haýsy möhletde töleýärler?

25. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we salgydy tölemegiň başga möhletleri bellenip bilinýärmi?

# II bap
# EMLÄK ÜÇIN SALGYT

## 2.1.5. Emläk üçin salgydyň Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyrylmagy. Häzirki döwürde hereket edýän Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda emläk üçin salgydy töleýjiler we salgyt salynýan binýat

Emläk üçin salgyt Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwaryndaky «Kärhanalaryň we guramalaryň emlägi üçin salgyt salmak hakyndaky» 514 belgili kararynyň esasynda 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyryldy. Emläk üçin salgyt eýeçiligiň görnüşlerine bagly bolmazdan kärhanlaryň we guramalaryň emlägine salynýardy. Emläk üçin salgyt gurluşygyň amala aşyrylýan çeşmeleriniň hasabyna tölenýärdi. Eger şertnamada başga şertler göz öňünde tutulmadyk

bolsa, onda kärendä berlen emläk üçin salgydy onuň eýesi töleýärdi. Kärhanalaryň esasy we dolanşyk serişdeleri (pul serişdelerinden başga), gutarylmadyk önümçiliginiň desgalary we ulag serişdeleri emläk üçin salgydyň salgyt salynýan binýady diýlip ykrar edilýärdi. Emläk üçin salgydyň pul möçberi göterim görnüşinde kesgitlenilen möçber (stawka) boýunça önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň hakyky bir ýyllyk ortaça galyndy gymmadyna, önümçilik däl ugurlarda ulanylýan esasy serişdeleriň hakyky bir ýyllyk ortaça galyndy gymmadyna, gutarylmadyk gurluşygyň bir ýyllyk ortaça gymmadyna, bank tarapyndan karzlaşdyrylmadyk dolanşyk serişdeleriniň bir ýyllyk ortaça hakyky balans gymmadyna hasaplanýardy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-njy ýylyň 6-njy ýanwaryndaky «Kärhanalaryň we guramalaryň emlägi üçin salgyt salmak hakyndaky» 514 belgili kararynyň esasynda emläk üçin salgyt emlägiň gymmadyna 1 göterim möçberinde kesgitlenildi. Bu kararda emläk üçin salgyt boýunça birnäçe ýeňillikler göz öňüne tutulypdy. Mysal üçin, emläk üçin salgytdan şu emläkler boşadylýardy:

– oba hojalyk önümlerini öndürmek we saklamak üçin kärhanalaryň ulanýan emlägi, şol sanda lomaý we bölek satuw söwda kärhanalaryň sowadyjy desgalary;

– Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen gutarylmadyk gurluşygyň gymmady;

– umumy ulanylýan awtomobil ýollary;

– tebigaty goramak we ýangyn howpsuzlygy üçin ulanylýan emläk;

– dini guramalara we milli medeni jemgyýetlerine degişli emläk;

– umumy ulanylýan şäher ýolagçy transporty we başgalar.

Daşary ýurt döwletleriniň salgyt ulgamynda hereket edýän emläk üçin salgyt gozgalýan we gozgalmaýan emläklerden alynýar (senagat we söwda edaralaryndan, ýerden, jaýlardan, gymmat bahaly kagyzlardan we beýleki emläkden). Edara görnüşli we şahsy taraplar emläk üçin salgydy töleýjilerdir. Emläk üçin salgydyň pul möçberleri (stawkalary) proporsional we köplenç pes möçberde kesgitlenilýär. Germaniýada şahsy taraplara salynýan emläk üçin salgydyň pul möçberi (stawkasy) emlägiň jemi gymmadyndan 0,5 göterim, edara görnüşli taraplar üçin

0,6 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Häzirki zaman şertlerinde emläge salynýan salgyt şahsy salgytlaryň düzüminde hereket edýän salgytlaryň bir görnüşidir we hakyky (real) salgytlardan tapawutlylykda, salgyt salnanda bu salgyt boýunça salgyt salynmaýan pes möçber we salgyt ýeňillikleri göz öňünde tutulýar. Emläge baha salgyt beýannamasynda görkezilýän maglumatlaryň esasynda kesilýär.

Türkmenistanyň ykdysady ulgamynyň bazar gatnaşyklarynyň täze şertlerine uýgunlaşmagy bilen, emläk üçin salgyt babatynda Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna köp sanly üýtgetmeler girizildi we ol ahyrky durkuny 2004-nji ýylyň 1-njy noýabryndan başlap güýje girizilen «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda öz beýanyny tapdy. Şonuň bilen birlikde, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda öz ornuny tapan emläk üçin salgydyň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibine soňky dört-bäş ýyllykda birnäçe üýtgetmeler girizildi (ykdysadyýetiň ösüş şertlerine laýyklykda).

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 138-nji maddasyna laýyklykda, eýeçilik hukugy esasynda emlägi bar bolan edara görnüşli taraplar, şeýle-de salgyt salynýan binýat bolup duran emläk balansyna berlen döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplar, emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durýarlar. Emläk lizinge ýa-da konsessiýa berlende, lizinge alyjy ýa-da konsessioner emläk üçin salgydy töleýjidir. Emläk kärendä (kireýne) berlende, kärendä (kireýne) beriji (döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplardan başga) emläk üçin salgydy töleýjidir. Döwlet ýa-da ýerli häkimýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň emlägi kärendä berlende, ony balansda saklaýjy salgyt töleýji bolup durýar.

Salgyt salynýan binýat birnäçe tarapyň umumy eýeçiliginde bolan halatynda, şol taraplaryň her biri salgyt töleýji diýlip hasap edilýär. Umumy eýeçilikde durýan salgyt salynýan binýatlary boýunça olaryň eýeleriniň arasyndaky ylalaşyk esasynda şu salgyt salynýan binýatlaryň eýeleriniň biri salgyt töleýji bolup bilýär. Bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba kabul edilmedik gurluşyk desgasy ulanylan mahaly, şu salgyt salynýan

binýat babatda salgydy tölemek borjy buýrujynyň üstüne ýüklenýär. Potratçy bu ýagdaýda şeýle desga boýunça salgydy tölemekden boşadylýar. 3-nji şekilde görkezilen edara görnüşli taraplar emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar.

**Mysal.** 7-nji tablisada görkezilen edara görnüşli taraplardan we şahsy taraplar-hususy telekeçilerden we olaryň emläge eýeçilik etmäge hukuklarynyň esasynda emläk üçin salgydy töleýjileri kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 138-nji maddasyna laýyklykda, emläk üçin salgydy töleýjiler 7-nji tablisada görkezilen şu belgili edara görnüşli taraplar: 3-nji («Uly Syýahat» hususy kärhanasy), 4-nji («Türkmenhaly Marketing Merkezi» döwlet kärhanasy), 5-nji («Itera Interneýşnl Enerji LLK» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy), 12–21-nji belgili edara görnüşli taraplar. 1,2,6,7,8-11 we 22-nji belgili edara görnüşli taraplar we şahsy tarap – hususy telekeçiler emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar.

*3-nji şekil*

**Emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýan edara görnüşli taraplar**



*7-nji tablisa*

**Edara görnüşli taraplaryň we şahsy taraplar – hususy telekeçileriň sanawy we olaryň emläge bolan hukuklary**

| № | Edara görnüşli taraplaryň we şahsy taraplar-hususy telekeçileriň ady | Emläge bolan hukuklary |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1 | Şahsy tarap-hususy telekeçi Batyr Aşyrow | Türkmenistanyň raýatynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 2 | Şahsy tarap-hususy telekeçi Amangylyç Gylyçdurdyýew | Türkmenistanyň raýatynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 3 | «Altyn zamana» jaý jemagat-önümçilik döwlet kärhanasy (lizing beriji) enjamlary «Uly Syýahat» hususy kärhanasyna (lizing alyjy) lizinge berýär | Lizing hukuk gatnaşyklary esasynda hereket edýär |
| 4 | «Türkmenhaly Marketing Merkezi» döwlet kärhanasy (kärendä beriji) desgany «Ussat Gurluşyk» hususy kärhanasyna (kärendä alyjy) kärendä berýär | Kärende hukuk gatnaşyklary esasynda hereket edýär |
| 5 | «Itera Interneýşnl Enerji LLK» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy (kärendä beriji) emlägi «Baýly Gurluşyk» hususy kärhanasyna (kärendä alyjy) kärendesine berýär | Kärende hukuk gatnaşyklary esasynda hereket edýär |
| 6 | «UMW Oýlpaýp Serwizes LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda potratçy hökmünde we daşary ýurt kompaniýasynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 7 | «Man Inşaat Sanaýi we Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda potratçy hökmünde we daşary ýurt kompaniýasynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 8 | «Teleradiýomerkezi» döwlet kärhanasy (býujet edarasy) | Döwlet eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 9 | Türkmenistanyň Milli gymmatlyklar muzeýi | Döwlet eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |

*7-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 10 | Türkmenistanyň Merkezi banky | «Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda hereket edýär |
| 11 | «Ganat» hususy kärhanasy | Hususy eýeçilikdäki hususy edara görnüşli tarap hukuk gatnaşyklary esasynda hereket edýär |
| 12 | «Türkmenenergogurluşyk» döwlet konserni | Döwlet eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 13 | «Santehelektrogurnama» döwlet önümçilik birleşigi | Döwlet eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 14 | «Türkmenenergo» korparasiýasynyň döwlet energogözegçilik kärhanasy | Döwlet eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 15 | «Kazmuniýagaz» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Daşary ýurt kompaniýasynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 16 | «Gospitaliýa Interneýşnl GMBH» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | Daşary ýurt kompaniýasynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 17 | «Elmatas Inşaat Gyda we Nakliýat Tijaret we Sanaýi Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Daşary ýurt kompaniýasynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 18 | «Bernak» hojalyk jemgyýeti | Emläge bolan hukugyň 65 göterimi daşary ýurt edara görnüşli tarapa degişli |
| 19 | «Jahan gurluşyk» hususy kärhanasy | Daşary ýurt kompaniýasynyň 100 göterim eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 20 | «El-Elwan» hojalyk jemgyýeti | Emläge bolan eýeçilik hukugynyň 90 göterimi daşary ýurt we 10 göterimi Türkmenistanyň raýatynyňky |
| 21 | «Eýgilik» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket | Daşary ýurt raýatlarynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |
| 22 | «Ýylançy» hususy kärhanasy | Türkmenistanyň raýatynyň eýeçilik hukugy esasynda hereket edýär |

Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýatlar 4-nji şekilde şekillendirilýär.

Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar üçin Türkmenistanyň çäklerinde we onuň daşynda ýerleşýän emläk salgyt salynýan binýat bolup durýar. Şu aşakdakylar salgyt salynýan binýat bolup durmaýarlar:

– ýer;

– desgalary gurmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerleri gowulandyrmak boýunça düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna amal edilýän harajatlar;

– döwlet ätiýaçlygy emlägi, şeýle-de Türkmenistanyň Ministrler Kaminetiniň çözgüdi bilen goralyp saklanýan emläk (konserwasiýa).

Bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da şol desga ulanyp başlanmaka esasy serişdeler hökmünde hasaba alynmadyk esasy serişdeler görnüşindäki gurluşyk desgasynyň bahasy gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirýän (şol sanda hojalyk usuly bilen) salgyt töleýjileriň maddy dolanşyk serişdeleriniň düzüminde hasaba alynýar.

*4-nji şekil*

**Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýatlar**



**Mysal.** 8-nji tablisada emläk üçin salgydyň salgyt salynýan binýadyny kesgitlemek maksady bilen, Türkmenistana dahylly we dahylsyz edara görnüşli taraplaryň 2011-nji ýyl üçin emläkleri hakynda maglumatlar beýan edilýär. 2011-nji ýyl üçin «Merfi Türkmenistan» hojalyk jemgyýeti, «Neftegaz Treýding LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy, «Bawer» hojalyk jemgyýeti we «Kaspian Enerji Projekts LLP» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýatlary takyklamaly.

**Çözülişi.** 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat: «Merfi Türkmenistan» hojalyk jemgyýeti boýunça 349566 manat (205068 manat + 144498 manat); «Neftegaz Treýding LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 1631932 manat (1089798 manat + 542134 manat); «Bawer» hojalyk jemgyýeti boýunça: 1893613 manat (874493 manat + 432880 manat + 442064 manat + 144176 manat); «Kaspian Enerji Projekts LLP» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça: 1778907 manat (1304079 manat + 474828 manat).

**Mysal.** Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «LJ» hojalyk jemgyýetiniň emlägi 2011-nji ýylda 9-njy tablisadaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. «LJ» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «LJ» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat: SSB = 349468 manat + 248627 manat = 598095 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «Merakat» hojalyk jemgyýetiniň emlägi 2011-nji hasabat ýylynda şu görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 487752 manat.

– Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 160145 manat;

– önümçilik maksatlary üçin Türkmenistanyň çäklerinde ulanylýan dolanşyk serişdelriniň ortaça ýyllyk bahasy 345264 manat;

*8-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly we dahylsyz edara görnüşli taraplaryň emlägi hakynda 2011-nji ýyl üçin maglumatlar, manat**

| № | Edara görnüşli tarapyň ady | Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän önümçilikde ulanylmaýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän önümçilikde ulanylýan maddy dolanşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän önümçilikde ulanylmaýan maddy dolanşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | Türkmenistanyň çäginiň daşynda ýerleşýän önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | Türkmenistanyň çäginiň daşynda ýerleşýän önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk bahasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** |
| 1 | «Merfi Türkmenistan» hojalyk jemgyýeti – Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap | 205068 | 147305 | 144498 | 16048 | – | – |
| 2 | «Neftegaz Treýting» LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy (emläk Türkmenistanyň çäginde ýerleşýär we wekilhananyň emläginiň bir bölegi bolup durýar) – Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap | 1089798 | 177366 | 542134 | 20002 | – | – |

*18-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | «Bawer» hojalyk jemgyýeti – Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap | 874493 | 257275 | 432880 | 75042 | 442064 | 144176 |
| 4 | «Kaspian Enerji Projekts LLP» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy – Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap | 1304079 | 302075 | 474828 | 122082 | 243302 | 169665 |

*9-njy tablisa*

**Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «LJ» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylda emläginiň görnüşleri we olaryň bahasy**

| № | Emlägiň görnüşleriniň bahasy | Hasabat döwründe emlägiň bahasynyň möçberi, manat |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 349468 |
| 2 | Önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 140363 |
| 3 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 248627 |
| 4 | Önümçilik däl maksaňtlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 46625 |

Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan maddy däl dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 41342 manat;

Türkmenistantň çäginiň daşynda önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 253335 manat;

Türkmenistanyň çäginiň daşynda önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 191083 manat.

«Merakat» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** «Merakat» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýadyň pul möçberi: SSB = 487752 manat + 345264 manat + 253335 manat + +191083 manat = 1277434 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «Arkadag» hojalyk jemgyýetiniň emlägi 2011-nji ýylda 10-njy tablisada beýan edilen görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

«Arkadag» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «Arkadag» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýadyň pul möçberi: SSB = 609655 manat + 545021 manat + 321743 manat + +196064 manat = 1672483 manat.

**Mysal.** «Inşaat Sanaýi we Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň emlägi 2011-nji ýylda şu görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 907749 manat;

Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 497665 manat;

Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 788964 manat;

Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 332356 manat.

«HLB Sadykoglu Inşaat Sanaýi we Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin emläk üçin salgyt salynýan binýady takyklamaly.

*10-njy tablisa*

**Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «Arkadag» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda emlägleriniň görnüşleri we olaryň bahasy**

| № | Emlägiň görnüşleri | Emlägiň bahasy, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 609655 |
| 2 | Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 243491 |
| 3 | Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 545021 |
| 4 | Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 76871 |

*11-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 5 | Türkmenistanyň çäginden daşarda önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 321743 |
| 6 | Türkmenistanyň çäginden daşarda önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 82503 |
| 7 | Türkmenistanyň çäginden daşarda önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 196064 |
| 8 | Türkmenistanyň çäginden daşarda önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 25248 |

**Çözülişi.** «HLB Sadykoglu Inşaat Sanaýi we Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynaýn binýadyň pul möçberi: SSB = 907749 manat + 788964 manat = 1696713 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «Elitstroýrekonstruksiýa Promstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň emlägi 2011-nji ýylda 11-nji tablisada görkezilen görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. «Elitstroýrekonstruksiýa Promstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

*11-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «Elitstroýrekonstruksiýa Promstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda emlägleriniň görnüşleri we olaryň bahasy**

| № | Emlägiň görnüşleri | Emlägiň bahasy, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 3301744 |
| 2 | Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 1145374 |
| 3 | Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 1545127 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 4 | Türkmenistanyň çäklerinde önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 462507 |
| 5 | Türkmenistanyň çäginden daşarda önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 1554884 |
| 6 | Türkmenistanyň çäginden daşarda önümçilik däl maksatlary üçin ulanylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 761655 |

**Çözülişi.** «Elitstroýrekonstruksiýa Promstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýadyň pul möçberi: SSB = 3301744 manat + 1545127 manat = 4846871 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «Intergo Menejment» daşary ýurt kompaniýasy Türkmenistanda işleri şahamçalary, wekilhanalary we hemişelik wekilhanalary döretmezden amala aşyrýar. 2011-nji ýylda «Intergo Menejment» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistanyň çägindäki gozgalmaýan emläginiň bahasy 1522098 manat, şol sanda önümçilik maksatlary üçin ulanylýan gozgalmaýan emläk 1266434 manat. «Intergo Menejment» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän gozgalmaýan emläginiň bahasy 2373268 manat, şol sanda önümçilik maksatlary üçin ulanylýan emläginiň bahasy 1976133 manat. «Intergo Menejment» daşary ýurt kompaniýasy boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýadyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Intergo Menejment» daşary ýurt kompaniýasy boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýadyň pul möçberi 1266434 manat («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 139-njy maddasynyň 1-nji böleginiň «ç» bölekçesine laýyklykda).

**Mysal.** Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «Türkmenýöritenebitgazgurnama» ýöriteleşdirilen gurnama trestiniň emlägi 2011-nji hasabat ýylynda 12-nji tablisada görkezilen görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

*12-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän «Türkmenýöritenebitgazgurnama» ýöriteleşdirilen gurnama trestiniň 2011-nji hasabat ýylynda emläkleriniň görnüşleri we olaryň bahasy**

| № | Emlägiň görnüşleriniň bahasy | Emlägiň bahasy, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 1695664 |
| 2 | Önümçilikde ulanylmaýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 785080 |
| 3 | Önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 956426 |
| 4 | Önümçilikde ulanylmaýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 197154 |
| 5 | Eýeçiliginde bar bolan ýeriň bahasy | 109764 |
| 6 | Desgalary gurmak bilen baglanyşykly bolmadyk ýerleri gowulandyrmak üçin düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna amal edilýän harajatlar | 334702 |
| 7 | Döwlet ätiýaçlygyndaky emlägiň, şeýle-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi esasynda goralyp saklanýan emlägiň bahasy (konserwasiýa) | 1091281 |

«Türkmenýöritenebitgazgurnama» ýöriteleşdirilen gurnama tresti boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi.** «Türkmenýöritenebitgazgurnama» ýöriteleşdirilen gurnama tresti boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýadyň pul möçberi: SSB = 1695664 manat + 956426 manat = 2652090 manat.

## 2.2.6. Emläk üçin salgydyň salgyt özeni we salgyt möçberleri

**Emläk üçin salgydyň salgyt özeni.** Emläk üçin salgydyň salgyt özeni:

– esasy serişdeler boýunça – olaryň ortaça ýyllyk galyndy bahasy;

– maddy dolanyşyk serişdeleri boýunça – olaryň ortaça ýyllyk galyndy bahasy.

Maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýylly bahasy buhgalter hasabynyň maglumatlary we salgyt salynýan binýatlar baradaky gaýry resminamalar arkaly tassyklanan maglumatlary esasynda kesgitlenilýär. Maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy hasaplanylanda, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 29-njy maddasynda kesgitlenilen usullar ulanylýar. Ulanyş taýdan könelişip möwriti öten ýa-da özüniň başdaky hilini bölekleýin ýitiren harytlaryň we beýleki maddy gymmatlyklaryň gymmaty olary ýerläp bolaýjak bahadan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Emläge gaýtadan hyrh kesilende, salgyt özenini hasaplamak maksady bilen emlägiň bahasy gaýtadan kesilen bahany hasaba almak bilen kesgilenilýär. Salgyt özenini kesgitlemek maksady bilen, esasy serişdeleriň we maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy olar satyn alnan mahaly tölenilen goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan hasaplanýar. Salgyt özeni salgyt salynýan binýadyň her biri boýunça aýratynlykda degişli hasabat döwri üçin görkezilen salgyt salynýan binýatlaryň ortaça bahasy hökmünde kesgitlenilýär (emläk üçin salgyt boýunça salgyt ýeňillikleri hasaba almazdan). Birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin degişlilikde salgyt özeni hasabat döwrüniň her aýynyň birine we hasabat döwründen soňky gelýän aýyň birine salgyt salynýan binýatlarynyň bahalaryny (galyndy bahalaryny) goşmak bilen alynýan jeminiň dörtden biri, ýediden biri, ondan biri we on üçden biri hökmünde kesgitlenilýär.

**Mysal.** «Ýewrosib Logistika» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň emlägi 2012-nji ýylyň I çärýegi üçin 13-nji tablisadaky sanlar bilen häsiýetlendirilýär.

*13-nji tablisa*

**«Ýewrosib Logistika» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň emlägini 2012-nji ýylyň I çärýegi üçin häsiýetlendirýän görkezijiler**

| № | Emlägiň bahasynyň hasaba alnan senesi | Esasy serişdeleriň galyndy bahasy, manat | Maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy, manat |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| 1 | 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna | 89667 | 34662 |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 2 | 2009-njy ýylyň 1-nji fewralyna | 88942 | 36144 |
| 3 | 2009-njy ýylyň 1-nji martyna | 87985 | 33670 |
| 4 | 2009-njy ýylyň 1-nji apreline | 86964 | 34075 |

«Ýewrosib Logistika» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň emläginiň 2012-nji ýylyň I çärýegi üçin emläk üçin salgydyň salgyt özenini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «Ýewrosib Logistika» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2012-nji ýylyň I çärýegi üçin emläk üçin salgydyň salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = [(89667 manat + 88942 manat + 87985 manat + 86964 manat) + (34662 manat+ + 36144 manat + 33670 manat + 34075 manat)] : 4 = 123027 manat.

**Mysal.** «Ýewroeýşn Oýl» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň esasy serişdeleriniň ilkinji bahasy 147708 manat. Ulanyş tölegleriň ýyllyk möçberi 15 göterim. 2012-nji ýylyň I ýarym ýyly üçin «Ýewroeýşn Oýl» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini kesgitlemek üçin degişli hasaplamalary geçirmeli we bu hasaplamalary 14-nji tablisada beýan etmeli.

*14-nji tablisa*

**«Ýewroeýşn Oýl» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň I ýarym ýyly üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini kesgitlemek üçin hasaplama, manat**

| № | Emlägiň bahasynyň hasaba alnan senesi | Esasy serişdeleriň galyndy bahasy | Hasabat aýynda hasaplanylan ulanyş tölegleriň pul möçberi | Maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna | 121139 | 1846 | 64096 |
| 2 | 2012-nji ýylyň 1-nji fewralyna | 119293 | 1846 | 68747 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3 | 2012-nji ýylyň 1-nji martyna | 117447 | 1846 | 69140 |
| 4 | 2012-nji ýylyň 1-nji apreline | 115601 | 1846 | 68040 |
| 5 | 2012-nji ýylyň 1-nji maýyna | 113755 | 1846 | 72000 |
| 6 | 2012-nji ýylyň 1-nji iýunyna | 111909 | 1846 | 61166 |
| 7 | 2012-nji ýylyň 1-nji iýulyna | 110063 | 1846 | 70886 |

2012-nji ýylyň I ýarym ýylynda täze satyn alnan we hatardan çykan esasy serişdeler ýok. «Ýewroeýşn Oýl» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň I ýarym ýylly üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** Ilkinji nobatda «Ýewroeýşn Oýl» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň I ýarym ýylynyň her bir aýy üçin ulanyş tölegleriň pul möçberini kesgitlemeli, onuň pul möçberi: 147708 manat x (15 % : 12 aý) : 100% = =1846 manat (14-nji tablisanyň 1–7-nji setirleriniň 4-nji sütünine ýazylýar). 2012-nji ýylyň I ýarym ýylynyň aýry-aýry aýlary üçin esasy serişdeleriň galyndy bahasy:

2012-nji ýylyň 1-nji fewralyna 119293 manat (121139 manat – – 1846 manat);

2012-nji ýylyň 1-nji martyna 117447 manat (119293 manat – – 1846 manat);

2012-nji ýylyň 1-nji apreline 115601 manat (117447 manat – – 1846 manat);

2012-nji ýylyň 1-nji maýyna 113755 manat (115601 manat – – 1846 manat);

2012-nji ýylyň 1-nji iýunyna 111909 manat (113755 manat – – 1846 manat);

2012-nji ýylyň 1-nji iýulyna 110063 manat (111909 manat – – 1846 manat).

Ýokarda hasaplanyp çykarylan sanlar 14-nji tablisanyň 2–7-nji setirleriň 3-nji sütünine ýazylýar. Indi bolsa, «Ýewroeýşn Oýl» da-

şary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2012-nji ýylyň I ýarym ýyly üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberini takyklalyň. Salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = [(121139 manat + 119293 manat + 117447 manat + 115601 manat + 113755 manat + 111909 manat + 110063 manat) + (64096 manat + 68747 manat + 69140 manat + 68040 manat + 72000 manat + 61166 manat + 70886 manat)] : 7 = 183326 manat.

**Mysal.** «Gloub Interstar» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň esasy serişdeleriniň ilkinji bahasy 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna 487384 manat. 2011-nji ýylyň 17-nji iýunynda 40086 manat pul möçberinde täze esasy serişdeler önümçilige girizilipdir we 24-nji awgustynda 69709 manat pul möçberinde esasy serişdeler hatardan çykarylypdyr. Ulanyş tölegleriň ortaça ýyllyk möçberi 2011-nji ýylyň ýanwar aýyndan iýul aýyna çenli 13,2 göterim, iýul aýyndan sentýabr aýyna çenli 14,4 göterim we sentýabr aýyndan oktýabr aýyna çenli 12,0 göterim. «Gloub Interstar» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2011-nji ýylyň 9 aýy üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini kesgitlemek üçin degişli hasaplamalary geçirmeli we bu hasaplamalary 15-nji tablisada beýan etmeli.

*15-nji tablisa*

**«Gloub Interstar» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň emläk üçin salgyt boýunça 2011-nji ýylyň 9 aýy üçin salgyt özenini kesgitlemek üçin hasaplama, manat**

| № | Emlägiň bahasynyň hasaba alnan senesi | Esasy serişdeleriň galyndy bahasy | 2011-nji ýylyň degişli hasabat aýynda hasaplanylan ulanyş tölegleriň pul möçberi | Maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna | 482510 | 4874 | 254864 |
| 2 | 2011-nji ýylyň 1-nji fewralyna | 477149 | 5361 | 240132 |

*15-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3 | 2011-nji ýylyň 1-nji martyna | 471788 | 5361 | 260148 |
| 4 | 2011-nji ýylyň 1-nji apreline | 466427 | 5361 | 256132 |
| 5 | 2011-nji ýylyň 1-nji maýyna | 461066 | 5361 | 258154 |
| 6 | 2011-nji ýylyň 1-nji iýunyna | 455705 | 5361 | 257360 |
| 7 | 2011-nji ýylyň 1-nji iýulyna | 450344 | 5361 | 254886 |
| 8 | 2011-nji ýylyň 1-nji awgustyna | 444983 | 6330 | 249315 |
| 9 | 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabryna | 438653 | 6330 | 256932 |
| 10 | 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabryna | 432323 | 4578 | 260542 |

«Gloub Interstar» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2011-nji ýylyň 9 aýy üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini kesgitlemeli. 2011-nji ýylyň ýanwar aýynyň öňünden gelýän aýynda hasaplanan ulanyş tölegiň pul möçberi 4874 manat.

**Çözülişi.** «Gloub Interstar» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2011-nji ýylyň aýry-aýry aýlary üçin hasaplanylan ulanyş tölegleriň pul möçberi:

– ýanwar-iýun aýlary üçin 5361 manat [487384 manat x (13,2% : :12 aý)] : 100 % (15-nji tablisanyň 2–7-nji setirleriniň 4-nji sütünine ýazylýar);

– iýul-awgust aýlary üçin 6330 manat [(487384 manat + 40086 manat) x (14,4 % : 12 aý) ] :100% (15-nji tablisanyň 8-nji we 9-njy setirleriniň 4-nji sütünine ýazylýar);

– sentýabr aýy üçin 4578 manat [(487384 manat + 40086 manat – 69709 manat) x (12% : 12 aý)] : 100% (15-nji tablisanyň 10-njy setiriniň 4-nji sütünine ýazylýar).

«Gloub Interstar» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2011-nji ýylyň 9 aýy üçin emläk üçin sal-

gyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: [(482510 manat + +477149 manat + 471788 manat + 466427 manat + 461066 manat + 455705 manat + 450344 manat + 444983 manat + 438653 manat + 432323 manat) + (254864 manat + 240132 manat + 260148 manat + 256132 manat + 258154 manat + 257360 manat + 254886 manat + 249315 manat + 256932 manat + 260542 manat)] : 10 = 712941 manat.

**Mysal.** «Malaýziýa Marin end Hewi Injiniring SDH BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň esasy serişdeleriniň ilkinji bahasy 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna 1421717 manat. 2011-nji ýylyň 10-njy iýunynda 131256 manat pul möçberinde täze esasy serişdeleri önümçilige ornaşdyrylypdyr (balansa kabul edilipdir) we 22-nji sentýabryndan 108656 manat pul möçberinde esasy serişdeler hatardan çykarylypdyr. Ulanyş tölegleriň ortaça ýyllyk möçberi 2011-nji ýylyň ýanwar aýyndan iýun aýyna çenli 8,4 göterim, iýun aýyndan oktýabr aýyna çenli 9,6 göterim we oktýabr aýyndan indiki ýylyň ýanwar aýyna çenli 12 göterim. 2011-nji ýylyň 1-nji noýabryndan esasy serişdelere täze baha kesilipdir we şol aýyň 1-inden başlap esasy serişdeleriň täze bahasy 1697667 manat. «Malaýziýa Marin end Hewi Injiniring SDH BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýyl üçin salgyt boýunça salgyt özenini kesgitlemek üçin degişli hasaplamalary geçirmeli we bu hasaplamalary 16-njy tablisada beýan etmeli. 2011-nji ýylyň ýanwar aýynyň öňünden gelýän aýynda hasaplanan ulanyş tölegiň pul möçberi 11800 manat.

*16-njy tablisa*

**«Malaýziýa Marin end Hewi Injiniring SDH BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini kesgitlemek üçin hasaplama, manat**

| № | Emlägiň bahasynyň hasaba alnan senesi | Esasy serişdeleriň galyndy bahasy | 2011-nji ýylyň degişli hasabat aýynda hasaplanylan ulanyş tölegleriň pul möçberi | Maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna | 1285132 | 11800 | 623088 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 2 | 2011-nji ýylyň 1-nji fewralyna | 1273332 | 9952 | 646114 |
| 3 | 2011-nji ýylyň 1-nji martyna | 1263380 | 9952 | 648422 |
| 4 | 2011-nji ýylyň 1-nji apreline | 1253428 | 9952 | 648115 |
| 5 | 2011-nji ýylyň 1-nji maýyna | 1243476 | 9952 | 642422 |
| 6 | 2011-nji ýylyň 1-nji iýunyna | 1233524 | 9952 | 669643 |
| 7 | 2011-nji ýylyň 1-nji iýulyna | 1223572 | 12424 | 664303 |
| 8 | 2011-nji ýylyň 1-nji awgustyna | 1211148 | 12424 | 662554 |
| 9 | 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabryna | 1198724 | 12424 | 660287 |
| 10 | 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabryna | 1186300 | 12424 | 594115 |
| 11 | 2011-nji ýylyň 1-nji noýabryna | 1173876 | 14443 | 596199 |
| 12 | 2011-nji ýylyň 1-nji dekabryna | 1159433 | 16977 | 592984 |
| 13 | 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna | 1142456 | 16977 | 596120 |

«Malaýziýa Marin end Hewi Injiniring SDH BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgydyň salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Malaýziýa Marin end Hewi Injiniring SDH BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýylyň aýry-aýry aýlary üçin hasaplanylan ulanyş tölegiň pul möçberi:

– ýanwar-maý aýlary üçin 9952 manat [1421717 manat x (8,4%: : 12 aý)] : 100. Ulanyş tölegiň bu pul möçberi 16-njy tablisanyň 2–6-njy setirleriniň 4-nji sütünine ýazylýar;

– iýun-sentýabr aýlary üçin 12424 manat [(1421717 manat + +131256 manat) x (9,6% : 12)] : 100% . Ulanyş tölegiň bu pul möçberi 16-njy tablisanyň 7–10-njy setirleriniň 4-nji sütünine ýazylýar.

– oktýabr aýy üçin 14443 manat [(1421717 manat + 131256 manat – 108656 manat) x (12% : 12 aý)] : 100%. Ulanyş tölegiň bu pul möçberi 16-njy tablisanyň 11-nji setiriniň 4-nji sütünine ýazylýar.

– noýabr-dekabr aýlary üçin 16977 manat [1697667 manat x x (12% : 12 aý)] : 100%. Ulanyş tölegiň bu pul möçberi 16-njy tablisanyň 12–13 setirleriniň 4-nji sütünine ýazylýar.

«Malaýziýa Marin end Hewi Injiniring SDH BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýylyň aýry-aýry aýlarynyň 1-i senesine esasy serişdeleriniň galandy bahasy: fewral aýynyň 1-ine 1273332 manat (1285132 manat – 11800 manat); mart aýynyň 1-ine 1263380 manat (1273332 manat – 9952 manat); aprel aýynyň 1-ine 1253428 manat (1263380 manat – 9952 manat); maý aýynyň 1-ine 1243476 manat (1253428 manat – 9952 manat); iýun aýynyň 1-ine 1233524 manat (1243476 manat – 9952 manat); iýul aýynyň 1-ine 1223572 manat (1233524 manat – 9952 manat); awgust aýynyň 1-ine 1211148 manat (1223572 manat – 12424 manat); sentýabr aýynyň 1-ine 1198724 manat (1211148 manat – – 12424 manat); oktýabr aýynyň 1-ine 1186300 manat (1198724 manat – 12424 manat); noýabr aýynyň 1-ine 1173876 manat (1186300 manat – 12424 manat); dekabr aýynyň 1-ine 1159433 manat (1173876 manat – 14443 manat); 2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ine 1142456 manat (1159433 manat – 16977 manat). «Malaýziýa Marin end Hewi Injiniring SDH BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýylyň aýry-aýry aýlary üçin hasaplanyp çykarylan esasy serişdeleriň galyndy bahasy 16-njy tablisanyň 2–13-nji setirleriniň 3-nji sütüninde ýazylýar.

«Malaýziýa Marin end Hewi Injiniring SDH BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: [(1285132 manat + 1273332 manat + 1263380 manat + 1253428 manat + 1243476 manat + 1233524 manat + 1223572 manat + 1211148 manat + 1198724 manat + 1186300 manat + 1173876 manat + 1159433 manat + 1142456 manat) + (623088 manat +646114 manat + 648422 manat + 648115 manat + 642422 manat + 669643 manat + 664303

manat + 662554 manat + 660287 manat + 594115 manat + 596199 manat + 592984 manat + 596120 manat)] : 13 = 1853242 manat.

**Emläk üçin salgydyň pul möçberleri (stawkalary).** Emläk üçin salgydyň pul möçberi salgyt özeniniň 1 göterimi möçberinde bellenýär. Emläk üçin salgydyň hasaplaşyk möçberi degişli hasabat döwri üçin şu möçberde kesgitlenilýär:

birinji çärýek üçin – salgyt özeniniň 0,25 göterimi;

birinji ýarym ýyl üçin – salgyt özeniniň 0,5 göterimi;

9 aý üçin – salgyt özeniniň 0,75 göterimi;

bir ýyl üçin – salgyt özeniniň 1 göterimi;

**Mysal.** 2011-nji ýyl üçin salgyt boýunça salgyt salynýan özenini we emläk üçin salgydyň pul möçberini kesgitlemek üçin «Bazargan Sanat Meraat Ko» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň emlägi 17-nji tablisadaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

2011-nji ýyl üçin «Bazargan Sanat Meraat Ko» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistan-daky şahamçasy boýunça emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini, emläk üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly. Hasaplamalaryň netijelerini 17-nji tablisada beýan etmeli.

**Çözülişi.** «Bazargan Sanat Meraat Ko» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeni: I çärýek üçin 291292 manat (180160 manat + 111132 manat); 6 aý üçin 306522 manat (194100 manat + 112422 manat); 9 aý üçin 305214 manat (193060 manat + +112154 manat); ýyl üçin 322685 manat (192440 manat + 130245 manat). Bu pul möçberleri 17-nji tablisanyň 5-nji setiriniň 3–6-njy sütünlerinde ýazylýar. «Bazargan Sanat Meraat Ko» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji ýyl üçin tölemeli emläk üçin salgydyň pul möçberi: I çärýek üçin 728 manat (291292 manat x 0,25% : 100%); 6 aý üçin 1533 manat (306522 manat x 0,5 : 100%); 9 aý üçin 2289 manat (305214 manat x 0,75%: :100%); ýyl üçin 3227 manat (322685 manat x 1,0% : 100%). Bu pul möçberleri 17-nji tablisanyň 7-nji setiriň 3–6-njy sütünlerinde ýazylýar.

*17-nji tablisa*

**2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan özenini we emläk üçin salgydyň pul möçberini kesgitlemek üçin «Bazargan Sanat Meraat Ko» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň emlägini häsiýetlendirýän görkezijiler, manat**

| № | Görkezijiler | I çärýek | 6 aý | 9 aý | 2011-nji ýyl |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 180160 | 194100 | 193060 | 192440 |
| 2 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylmaýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 48822 | 48296 | 47606 | 47000 |
| 3 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 111132 | 112422 | 112154 | 130245 |
| 4 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylmaýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 19664 | 19509 | 19977 | 20015 |
| 5 | Emläk üçin salgydyň salgyt özeni | 291292 | 306522 | 305214 | 322685 |
| 6 | Emläk üçin salgydyň pul möçberi (göterimde) | 0,25 | 0,5 | 0,75 | 1,0 |
| 7 | Emläk üçin salgydyň pul möçberi | 728 | 1533 | 2289 | 3227 |

## 2.3.7. Emläk üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri. Emläk üçin salgyt boýunça berilýän ýeňillikler

**Emläk üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri.** Emläk üçin salgydyň salgyt döwri – salgyt ýyly, hasabat döwri – birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly.

**Emläk üçin salgyt boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri.** 4-nji şekilde emläk üçin salgydy tölemekden boşadylýan edara görnüşli taraplar şekillendirilýär. 5-nji şekilde emläk üçin salgyt salynmaýan emläkler beýan edilýär.

*4-nji şekil*

**Emläk üçin salgytdan boşadylýan edara görnüşli taraplar**




**Mysal.** «Türkmenawtomatika» müdirliginiň 2011-nji hasabat ýylynda balansynda bar bolan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 3409711 manat, şol sanda gaz geçirijiler 2468841 manat, önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 6437050 manat. «Türkmenenergogurnamak» ýöriteleşdirilen dolandyryş edarasynyň 2011-nji hasabat ýylynda hasabynda bar bolan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 3283465 manat, şol sanda aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlar 2071357 manat we önümçilikde ulanylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 577349 manat. «Şähersuw» müdirliginiň 2011-nji hasabat ýylynda balansynda bar bolan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 5515348 manat, şol sanda suw-suwlandyryş we suw geçiriji desgalar, köprüler we olary ulanmak üçin niýetlenilen injenerçilik we gaýry desgalar 3854664 manat, şeýle-de önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 1082715 manat. Ýol hojalygyny abat saklamak we ulanmak baradaky müdirligiň 2011-nji hasabat ýylynda balansynda bar bolan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 4495518 ma-

nat, şol sanda umumy ulanylýan awtomobil ýollary 3620842 manat, önümçilikde ulanylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 305268 manat. Türkmenistanyň Demirýol ulaglary ministrliginiň Aşgabat şäheriniň dolandyryş müdirliginiň 2011-nji hasabat ýylynda balansynda bar bolan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 10342495 manat, şol sanda demir ýollaryň esasy ugurlary, demir ýollaryň giriş ýollary 8733779 manat, önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 2694957 manat.

Ýokarda agzalyp geçilen edara görnüşli taraplar boýunça 2011-nji hasabat ýylynda emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini we emläk üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Ýokarda sanalyp geçilen edara görnüşli taraplar boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi:

«Türkmenawtomatika» müdirligi boýunça 7377920 manat (3409711 manat – 2468841 manat + 6437050 manat);

«Türkmenenergogurnamak» ýöriteleşdirilen dolandyryş edarasy boýunça 1789457 manat (3283465manat – 2071357 manat + 577349 manat);

«Şähersuw» müdirligi boýunça 2743399 manat (5515348 manat – 3854664 manat + 1082715 manat);

Ýol hojalygyny abat saklamak we ulanmak baradaky müdirligi boýunça 1179944 manat (4495518 manat – 3620842 manat + 305268 manat);

ulanylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 577349 manat. «Şähersuw» müdirliginiň 2011-nji hasabat ýylynda balansynda bar bolan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 5515348 manat, şol sanda suw-suwlandyryş we suw geçiriji desgalar, köprüler we olary ulanmak üçin niýetlenilen injenerçilik we gaýry desgalar 3854664 manat, şeýle-de önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 1082715 manat. Ýol hojalygyny abat saklamak we ulanmak baradaky müdirligiň 2011-nji hasabat ýylynda balansynda bar bolan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 4495518 manat, şol sanda umumy ulanylýan awtomobil ýol-

*5-nji şekil*

**Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynmaýan emläkler**

Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynmaýan emläkler
1

Gaz geçirijiler (esasy gaz geçirijilerden başga), demir ýollaryň esasy ugurlary, demir ýollaryň giriş ýollary, umumy ulanylýan awtomobil ýollary, aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlar, suw-suwlandyryş we suw geçiriji desgalar, köprüler we olar ulanmak üçin niýetlenilen unjenerçilik we beýleki desgalar
2

Tokaý we oba hojalyk önümlerini öndürmek we saklamak üçin peýdalanylýan emläk, şeýle-de olaryň öz öndüren önümleri
3

Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary
3

Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalyklarynyň emläkleri
4

Diňe ylym, bilim, maýyplary dikeltmek, daşky gurşawy goramak, ýangyn howpsuzlygy we raýat goranyşy babatda ulanylýan emläkler
5

Umumy ulanylýan şäher ýolagçylar awtoulagy (taksiden başga)
6

Sport toplumlary, stadionlar we beýleki sport binalary we desgalary, şeýle-de olarda peýdalanylýan sport enjamlary we inwentarlary
7

Asma ýollary, şeýle-de olary ulanmak üçin niýetlenilen beýleki enjamlar
8

Çagalaryň dynç alyş öýleriniň, çagalar sagaldyş we göwün açyş merkezleriniň emläkleri, şeýle-de çagalaryň dynç almaklaryny, çagalaryň göwnüni açyş işlerini guramak üçin ulanylýan emläk, attraksionlar, oýun oýnalýan abzallar we ş.m.
9

Milli syýahatçylyk zolaklarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze desgalary we olaryň infrastrukturasyny gurmak ýa-da gurlup tamamlanmadyk gurluşygy gutarmak bilen baglanşykly gurluşyk we gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek üçin ulanylýan emläkler
10

Milli syýahatçylyk zolaklarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze desgalaryň emläkleri we olaryň infrastrukturalary. Şu ýeňillikler milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinden daşarda ýerleşýän emläk babatda bellenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektleri derejesini alan şahslara-da berilýär.
11

lary 3620842 manat, önümçilikde ulanylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 305268 manat. Türkmenistanyň Demirýol ulaglary ministrliginiň Aşgabat şäheriniň dolandyryş müdirliginiň 2011-nji hasabat ýylynda balansynda bar bolan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 10342495 manat, şol sanda demir ýollaryň esasy ugurlary, demir ýollaryň giriş ýollary 8733779 manat, önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 2694957 manat.

Ýokarda agzalyp geçilen edara görnüşli taraplar boýunça 2011--nji hasabat ýylynda emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini we emläk üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Ýokarda sanalyp geçilen edara görnüşli taraplar boýunça 2011-nji ýyl üçin emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň pul möçberi:

«Türkmenawtomatika» müdirligi boýunça 7377920 manat (3409711 manat – 2468841 manat + 6437050 manat);

«Türkmenenergogurnamak» ýöriteleşdirilen dolandyryş edarasy boýunça 1789457 manat (3283465manat – 2071357 manat + 577349 manat);

«Şähersuw» müdirligi boýunça 2743399 manat (5515348 manat– 3854664 manat + 1082715 manat);

Ýol hojalygyny abat saklamak we ulanmak baradaky müdirligi boýunça 1179944 manat (4495518 manat – 3620842 manat + 305268 manat);

Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň Aşgabat şäheriniň müdirligi boýunça 4303673 manat (10342495 manat – 8733779 manat + 2694957 manat).

Mysalda getirilen edara görnüşli taraplar boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin emläk üçin salgydyň pul möçberi:

«Türkmenawtomatika» müdirligi boýunça 73779 manat (7377920 manat x 0,01);

«Türkmenenergogurnamak» ýöriteleşdirilen dolandyryş edarasy boýunça 17895 manat (1789457 manat x 0,01);

«Şähersuw» müdirligi boýunça 27434 manat (2743399 x 0,01);

Ýol hojalygyny abat saklamak we ulanmak baradaky müdirlik boýunça 11799 manat (1179944 manat x0,01);

Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň Aşgabat şäheriniň müdirligi boýunça 43037 manat (4303673 manat x 0,01).

**Mysal.** 18-nji tablisada edara görnüşli taraplaryň önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriniň we olaryň aýry-aýry görnüşleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy we maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy hakynda maglumatlar berilýär. 18-nji tablisada getirilýän sanlara esaslanyp, sanalyp geçiljek edara görnüşli taraplar boýunça 2011-nji ýylda emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini we emläk üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly. Geçirilen hasaplamalary 18-nji tablisada beýan etmeli.

*18-nji tablisa*

**Aşgabat şäherinde ýerleşýän edara görnüşli taraplaryň sanawy we 2011-nji hasabat ýyly üçin emläk üçin salgydy hasaplamak üçin olaryň emläkleri hakynda maglumatlar**

| № | Edara görnüşli taraplaryň ady we olaryň emläginiň bahasy | Emlägiň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| | **Aşgabat şäheriniň önümçilik ýaşaýyş jaý-jemagat tresti** | |
| 1 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy, şol sanda: | 2582096 |
| 1.1 | Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynda ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 2011254 |
| 1.2 | Önümçilik maksatlary üçin maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 369785 |
| 1.3 | Emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeni | 940627 |
| 1.4 | Emläk üçin salgydyň pul möçberi | 9406 |
| | **Aşgabat şäheriniň Çandybil etrap häkimliginiň bagçylyk hojalygy** | |
| 2. | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy, | 3101157 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | şol sanda: | |
| 2.1 | Diňe daşky gurşawy goramak, ýangyn howpsuzlygy we raýat goranyşy ugurlarda ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 2654897 |
| 2.2 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 414801 |
| 2.3 | Emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeni | 861061 |
| 2.4 | Emläk üçin salgydyň pul möçberi | 8612 |
| | **Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen ylmy-rejeleýiş önümçilik ussahanasy** | |
| 3 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy, | 1694104 |
| | şol sanda: | |
| 3.1 | Diňe ylym, bilim, maýyplary dikeltmek ugurlarynda ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 1397335 |
| 3.2 | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişde– leriniň ortaça ýyllyk bahasy | 1096140 |
| 3.3 | Emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeni | 1392909 |
| 3.4 | Emläk üçin salgydyň pul möçberi | 13929 |

**Çözülişi.** Aşgabadyň önümçilik ýaşaýyş jaý-jemagat tresti boýunça emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeni 940627 manat (2582096 manat – 2011254 manat + 369785 manat), emläk üçin salgydyň pul möçberi 9406 manat (940627 manat x 0,01). Bu pul möçberleri 18-nji tablisanyň 1.3 we 1.4-nji setirleri boýunça ýazylýar. Aşgabat şäheriniň Çandybil etrap häkimliginiň bagçylyk hojalygy boýunça emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeni 861061 manat (3101157 manat – 2654897 manat + 414801 manat), emläk üçin salgydyň pul möçberi 8612 manat (861061 manat x 0,01). Bu pul möçberleri 18-nji tablisanyň 2.3 we 2.4-nji setirleri boýunça ýazylýar. Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen ylmy-rejeleýiş önümçilik ussahanasy boýunça salgyt özeni 1392909 manat (1694104 manat – 1397335 manat + 1096140 manat), emläk üçin salgydyň pul möçberi 13929 manat (1392909 manat x 0,01). Bu pul möçberleri 18-nji tablisanyň 3.3 we 3.4-nji setirleri boýunça ýazylýar.

### 2.3.8. Emläk üçin salgydyň pul möçberini kesgitlemegiň tertibi. Salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we emläk üçin salgydy tölemegiň möhletleri. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýerleşýän emläk boýunça emläk üçin salgydy hasaplamak

**Emläk üçin salgydyň pul möçberini kesgitlemegiň tertibi.** Emläk üçin salgydyň pul möçberini salgyt töleýjiler özbaşdak hasaplaýarlar. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli emläk üçin salgydyň pul möçberi geçen hasabat döwründe hasaplanyp çykarylan emläk üçin salgydyň pul möçberini aýyrmak bilen, degişli salgyt döwrüniň salgyt özenini emläk üçin salgydyň degişli hasaplaşyk möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Türkmenistanyň çäklerinde şahamçanyň, wekilhananyň we hemişelik wekilhananyň üsti bilen iş alyp barmaýan we Türkmenistanyň çäklerinde gozgalmaýan emlägi bolan Türkmenistana dahylsyz daşary ýurtly edara görnüşli taraplar degişli salgyt gullugynda salgyt hasabyna durmalydyr we gozgalmaýan emläk üçin salgyt tölemek borjuny ýerine ýetirmelidirler.

**Emläk üçin salgyt boýunça beýannamany tabşyrmagyň we salgydy tölemegiň möhletleri.** Her hasabat döwri tamamlanandan soň, hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 20-sinden gijä galman salgyt töleýjiler salgyt hasabynda durýan ýerindäki salgyt gullugyna emläk üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmalydyrlar. Hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman salgyt töleýjiler emläk üçin salgydyň pul möçberini tölemelidirler. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş Döwlet salgyt gullugy beýannamany tabşyrmagyň we emläk üçin salgydy tölemegiň başga möhletlerini hem belläp bilýär, ýöne bu möhlet ýokarda görkezilen möhletden otuz günden köp bolup bilmeýär.

**Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýerleşýän emläk boýunça emläk üçin salgydy hasaplamak.** Beýleki döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky emläk

üçin salgydyň tölenen pul möçberi, Türkmenistanyň çäklerindäki emläk üçin salgyt tölenende Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar tarapyndan hasap edilýär. Şonuň bilen birlikde, hasap edilýän salgydyň pul möçberi Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberinden köp bolmaly däl. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda salgydyň tölenendigine şaýatlyk edýän daşary ýurtlaryň salgyt ýa-da beýleki ygtyýarlandyrylan edaralarynyň berýän resminamalary salgydy hasap etmek üçin esas bolup durýar. Bu aýdylanlar iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak hakyndaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda we belgilenilen amal kadalary berjaý edilende, salgyt töleýjä gaýtaryp bilinmejek emläk üçin salgydyň möçberine degişlidir. Salgyt salmak binýady bolup durmaýan emläk (ýer, desgalary gurmak bilen baglanyşygy bolmadyk ýerleri gowulandyrmak boýunça düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna amal edilýän harajatlar, döwlet ätiýaçlygy emlägi, şeýle-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen goralyp saklanýan emläk), şeýle-de ýeňillik berlen emläk boýunça daşary ýurt salgyt kanunçygyna laýyklykda hasaplanan we tölenen salgyt hasap edilmäge degişli däl.

Emläk üçin salgydy tölemekden boşamak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerini almak üçin, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan salgyt töleýji arzany, şeýle-de degişli salgyt döwründe (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän ikitaraplaýyn salgyt salynmagy aradan aýyrmak barada Türkmenistan bilen şertnama (ylalaşyk) baglaşan döwletiň dahyllysy bolup durýandygy barada resmi tassyknamany Türkmenistanyň salgyt gullugyna tabşyrmalydyr. Tassyknama we arza emläk üçin salgyt tölemezden öň ýa-da salgyt töleýjiniň salgytdan boşamaga we ýeňillik almaga dalaş edýän salgyt döwri tamamlanandan soňky üç ýylyň dowamynda tabşyrylyp bilinýär. Arzanyň görnüşini we ony tabşyrmagyň tertibini Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy kesgitleýär. Kesgitlenilen görnüşde düzülmedik arza we ony tabşyrmagyň tertibiniň bozulmagy, salgyt gullugy tarapyndan şeýle arza seretmekden boýun gaçyrmaga esas bolup durýar.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň ýolagçy awtoulag döwlet önümçilik birleşiginiň önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 2011-nji hasabat ýylynda 6148102 manat, önümçilik-

de ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 1148863 manat. 2011-nji hasabat ýylynda emläk üçin salgydyň salgyt özenine düzedişler girizilipdir. Ilkibaşda emläk üçin salgydyň salgyt özeni 495040 manat pul möçberinde köpeldilipdir, soňra bolsa onuň özeni 114845 manat pul möçberinde azaldylypdyr. 2011-nji hasabat ýylynyň 9 aýy üçin hasaplanylan emläk üçin salgydyň pul möçberi 29742 manat. 2011-nji hasabat ýylynda salgytdan boşadylan we salgyt salynmaýan emlägiň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 892821 manat. Ýokarda getirilen sanlaryň esasynda emläk üçin salgyt boýunça degişli hasaplamalary geçirmeli we olary 19-njy tablisada beýan etmeli.

**Goşmaça maglumatlar.** Aşgabat şäheriniň ýolagçy awtoulag döwlet önümçilik birleşigi Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda hasaba alnypdyr. Hukuk we hakyky ýerleşýän salgysy: poçta indeksi 744025, Azady köçesi, 5-nji jaý. EGTÝDB-niň kody: 26870138, şahsy salgyt belgisi 101161000114, telefon 39–17–68. Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarap Aýsoltan Nurullaýewa. Salgyt beýannamasynyň iberilen we alnan senesi: 2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 31-i. Aşgabat şäheriniň ýolagçy awtoulag döwlet önümçilik birleşiginiň ýolbaşçysy Reşit Hojaýew, baş hasapçysy Aýsoltan Nurullaýewa. Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy Batyr Rejepow, inspektory Hemra Saryýew, hasap boýunça işgär Aýjemal Annamämmedowa. Kameral barlagynyň tamamlanan senesi 2012-nji ýylyň 19-njy fewraly.

*19-njy tablisa*

**Emläk üçin salgyt boýunça beýannama**

| **1** | **2011-nji ýyl üçin** |
|---|---|
| 2 | Aşgabat şäheriniň Köpetdeg etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna |
| 3 | Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň doly ady: Aşgabat şäheriniň ýolagçy awtoulag döwlet önümçilik birleşigi |
| 4 | Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi: 744025 Welaýat_______________<br>Etrap Köpetdag Şäher Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ___________<br>Etrapça __________ şaýoly, köçe,geçelge: Azady köçesi<br>Jaý № 5. Korpus _________ Öý __________________ |

<table>
<tr><td>5</td><td colspan="5">Hakyky ýerleşýän salgysy:<br>Poçta indeksi: 744025 Welaýat ________<br>Etrap Köpetdag Şäher Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) __________<br>Etrapça _________ şaýoly, köçe,geçelge: Azady köçesi<br>Jaý № 5. Korpus ________ Öý _______________</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTYDB kody: 26870138</td><td>7</td><td>ŞSB: 101161000114</td><td>8</td><td>Telefon: 39-17-68</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="5">Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A.A we wezipesi: Aýsoltan Nurullaýewa, baş hasapçy</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="2">Iberilen senesi: 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 1-i</td><td>11</td><td colspan="2">Alnan senesi: 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 1-i</td></tr>
<tr><td>12</td><td colspan="5">I bap. Salgyt özeni we ol boýunça hasaplanan emläk üçin salgydyň pul möçberi</td></tr>
<tr><td>13</td><td colspan="4">Görkezijiler</td><td>Pul möçberi</td></tr>
<tr><td>14</td><td colspan="4">1</td><td>2</td></tr>
<tr><td>15</td><td colspan="4">Önümçilik maksatly esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy</td><td>6148102</td></tr>
<tr><td>16</td><td colspan="4">şol sanda Türkmenistanyň çäklerindäki işi şahamçanyň, wekilhananyň üsti bilen amala aşyrmaýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar üçin önümçilik maksatly we Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emläkleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy</td><td>–</td></tr>
<tr><td>17</td><td colspan="4">Önümçilik işinde peýdalanýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy</td><td>1148863</td></tr>
<tr><td>18</td><td colspan="4">Salgytdan boşadylýan we salgyt salynmaýan emlägiň ortaça ýyllyk galyndy bahasy</td><td>892821</td></tr>
<tr><td>19</td><td colspan="4">Salgyt özeni (15-nji setir goşmak 17-nji setir aýyrmak 18-nji setir)</td><td>6404144</td></tr>
<tr><td>20</td><td colspan="4">Salgyt özenine düzedişleriň girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni köpeldýän pul möçberler</td><td>495040</td></tr>
<tr><td>21</td><td colspan="4">Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni azaldýan pul möçberler</td><td>114845</td></tr>
<tr><td>22</td><td colspan="4">Salgyt özeniniň jemi (19-njy setir goşmak 20-nji setir aýyrmak 21-nji setir)</td><td>6784339</td></tr>
<tr><td>23</td><td colspan="4">Emläk üçin salgydyň pul möçberi (göterimde)</td><td>1%</td></tr>
<tr><td>24</td><td colspan="4">Salgyt özeninden ugur alyp hasaplanylan emläk üçin salgydyň jemi pul möçberi (22-nji setir x 23-nji setir)</td><td>67843</td></tr>
</table>

| | | |
|---|---|---|
| 25 | **II bap. Býujete tölenmäge degişli emläk üçin salgydyň pul möçberiniň hasaplamasy** | |
| 26 | Hasabat döwründe hasaplanylan emläk üçin salgydyň pul möçberi (şu hasabat döwri üçin öňki beýannamalar boýunça we ş.m) | 29742 |
| 27 | Goşmaça hasaplamaga degişli emläk üçin salgydyň pul möçberi (24-nji setir aýyrmak 26-njy setir), oňaýsyz netije 28-nji setirine girizilýär | 38101 |
| 28 | Azaldylmaga degişli emläk üçin salgydyň pul möçberi (27-nji setiriň oňaýsyz netijesi) | – |
| 29 | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dolulygyny we dogrudygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy Reşit Hojaýew ______ (goly)<br>Baş buhgalter Aýsoltan Nurullaýewa _______ (goly) | |
| 30 | Kameral barlagynyň netijesi ______________________<br>Kameral barlagynyň tamamlanan senesi: «19» fewral 2012 ý. | |
| 31 | Salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysy Batyr Rejepow _______ (goly)<br>Salgyt inspektory Hemra Saryýew _______ (goly) | |
| 32 | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy/azaldyldy: 38101 manat | |
| 33 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi «20» fewral 2012 ý.<br>Hasap boýunça işgär Aýjemal Annamämmedowa _______ (goly) | |

## «Emläk üçin salgyt» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Emläk üçin salgyt Türkmenistanyň salgyt ulgamyna haçan ornaşdyryldy? Emläk üçin salgyt haýsy çeşmeleriň hasabyna tölenýärdi? Haýsy emläk emläk üçin salgydyň binýady diýlip kabul edilýärdi? Emläk üçin salgyt haýsy tertipde hasaplanýardy? Emläk üçin salgydyň pul möçberi (stawkasy) haýsy ululykda kabul edilipdi? Kärhanalaryň haýsy emlägi emläk üçin salgytdan boşadylýardy?

2. Daşary ýurt döwletleriň salgyt ulgamynda hereket edýän emläk üçin salgyt haýsy emläklerden alynýar?

3. Daşary ýurt döwletleriň salgyt ulgamynda hereket edýän emläk üçin salgydyň töleýjileri kim?

4. Daşary ýurt döwletleriň salgyt ulgamynda hereket edýän emläk üçin salgydyň möçberi haýsy möçberler esasynda kesgitlenilýär? Emläge baha haýsy resminamanyň esasynda kesilýär?

5. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda emläk üçin salgydy töleýjiler kim?

6. Emläk lizinge ýa-da konsessiýa berlende, emläk üçin salgydy töleýjiler kim?

7. Emläk kärendä (kireýne) berlende, emläk üçin salgydy töleýjiler kim?

8. Döwlet ýa-da ýerli emläk kärendä berlende, emläk üçin salgydy töleýjiler kim?

9. Salgyt salynýan binýat birnäçe tarapyň umumy eýeçiliginde bolan halatynda, emläk üçin salgydy töleýji kim?

10. Umumy eýeçilikde durýan salgyt salynýan binýatlar boýunça emläk üçin salgydy töleýji kim?

11. Bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba kabul edilmedik gurluşyk desgalary ulanylan mahaly, emläk üçin salgydy tölemek borjy kimiň üstüne ýüklenýär?

12. Haýsy edara görnüşli taraplar emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar?

13. Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýatlar haýsylar?

14. Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynmaýan binýatlar haýsylar?

15. Emläk üçin salgydyň salgyt özeni näme?

16. Emläk üçin salgyt özeni hasaplanylanda maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy haýsy maglumatlaryň esasynda kesgitlenilýär?

17. Maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy hasaplananda, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasynda kesgitlenilen usullar ulanylýar?

18. Emläge gaýtadan nyrh kesilende, salgyt özenini hasaplamak maksady bilen emlägiň bahasy haýsy bahalary hasaba almak bilen kesgitlenilýär?

19. Salgyt özenini kesgitlemek maksady bilen, esasy serişdeleriň we maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy kesgitlenilende, olar satyn alnan mahaly tölenilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alynýarmy?

20. Birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin, degişlilikde salgyt özeni nähili tertipde kesgitlenilýär?

21. Emläk üçin salgydyň pul möçberi haýsy göterim ululykda bellenilýär?

22. Emläk üçin salgydyň hasaplaşyk möçberleri haýsy göterim ululykda bellenilýär?

23. Emläk üçin salgyt döwri haýsy döwre deň diýlip bellenilýär?

24. Emläk üçin hasabat döwri haýsy döwre deň diýlip ykrar edilýär?

25. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, haýsy edara görnüşli taraplar emläk üçin salgydy tölemekden boşadylýarlar?

26. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, edara görnüşli taraplaryň haýsy emläkleri emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynmaýan emläge degişli edilýärler?

27. Türkmenistantň Döwlet býujetine tölenmäge degişli emläk üçin salgydyň pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär?

28. Salgyt töleýji tarapyndan emläk üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasy salgyt gullugyna haýsy möhletde tabşyrylýar?

29. Salgyt töleýji tarapyndan emläk üçin salgyt boýunça düzülen salgyt beýannamasy boýunça hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberi haýsy möhletde tölenilýär?

30. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş Döwlet salgyt gullugy beýannamany tabşyrmagyň we emläk üçin salgydy tölemegiň başga möhletlerini belläp bilýärmi?

31. Beýleki döwletleriň kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky emläk üçin salgydyň pul möçberi kim tarapdan hasap edilýär?

32. Emläk üçin salgydyň pul möçberi hasap edilende, pul möçber haýsy kanunçylyga laýyklykda hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberinden köp bolmaly däl?

33. Emläk üçin salgydyň pul möçberini hasap etmek üçin, haýsy edaralaryň berýän resminamalry oňa esas bolup durýar?

34. Salgyt salmak binýady bolup durmaýan, şeýle-de ýeňillik berlen emläk boýunça daşary ýurtlaryň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanan we tölenen salgyt hasap edilmäge degişlimi?

35. Emläk üçin salgydy tölemekden boşamak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerini almak üçin, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durmaýan salgyt töleýji salgyt gullugyna haýsy resminamalary tabşyrmaly? Bu resminamalar haýsy möhletde tabşyrylmaly?

## III bap
## EDARA GÖRNÜŞLI TARAPLARYŇ PEÝDASYNDAN (GIRDEJISINDEN) ALYNÝAN SALGYT

### 3.1.9. Halkara salgyt hukuk gatnaşyklary ulgamyna we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna kärhanalaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň ornaşdyrylmagynyň tejribesi

Halkara salgyt tejribesine laýyklykda, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgyt kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň, paýdarlar jemgyýetleriniň, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň, banklaryň alýan girdejisine salynýan salgytdyr. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgyt proporsional möçberler (stawkalar) boýunça salgyt beýannamalary esasynda tölenýär. Daşary döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, jemi peýda bilen kesgitlenilen salgyt ýeňillikleriň we egilişikleriň aratapawudy salgyt salynýan binýat bolup durýar. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça berilýän salgyt ýeňilliklere we eglişiklere önümçilik, täjirçilik we ulag harajatlary, alnan karz serişdeler üçin tölenýän göterimler, mahabatlandyrma üçin harajatlar, diwidentler we beýleki harajatlar degişlidirler. Aýry-aýry döwletleriň salgyt ka-

nunçylygyna laýyklykda, beýleki salgyt ýeňillikleri we eglişikler göz öňünde tutulýar.

Peýdadan alynýan salgyt Tüçrkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwaryndaky «Kärhanalaryň, guramalaryň we beýleki ýuridiki taraplarynyň alýan peýdalaryna salgyt salmak hakynda» kararynyň esasynda 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyryldy we Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 31-nji dekabryndaky «Kärhanalaryň, guramalaryň we beýleki ýuridiki taraplarynyň alýan peýdalaryna salgyt salmagyň düzgünnamasyny tassyklamak hakynda» kararynyň esasynda üsti ýetirildi. Ýokarda bellenip geçilen kararlara laýyklykda, edara görnüşli taraplaryň jemi peýdasy salgyt salmagyň binýady bolup durýardy. Salgyt salynýan peýda goşulan baha üçin salgydy we goşmaça tölegleri hasaba almazdan, edara görnüşli taraplaryň önümi (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek üçin edilen harajatlaryň tapawudy görnüşinde kesgitlenilýärdi. Ýerleşdirmekden daşarky amallary geçirmekden alnan girdejileriň düzümine beýleki kärhanalryň işine paýly gatnazşmakdan alnan girdejiler, kärhana degişli paýnamalar, obligasiýalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar boýunça alnan girdejiler (diwidentler, göterimler), şeýle-de ykdysady jerimeler we ýetirilen zyýanyň öwezini töletdirmek görnüşinde alnan pul möçberleri goşmak bilen, önüm öndürmek we ony ýerleşdirmek bilen gös-göni baglanyşykly bolmadyk amallaryň geçirilmeginden gelip gowuşýan girdejiler goşulýardy.

Kärhanalryň, guramalaryň we beýleki edara görnüşli taraplaryň alnan peýdasyna peýdadan alynýan salgydyň möçberi 25 göterim, biržalar we broker kontoralary, şeýle-de dellalçylyk işi bilen meşgullanýan kärhanalar üçin 45 göterim derejede bellenilipdi. Aşakda sanalyp geçiljek kärhanalar peýdadan alynýan salgytdan doly möçberde boşadylýardy:

- döwlet belligine alnan pursadyndan başlap, iki ýylyň dowamynda oba hojalyk önümlerini öndürýän we gaýtadan işleýän kärhanalar;

– gurluşyk materiallaryny öndürýän täze döredilen kärhanalar, olar döwlet belligine alnan pursadyndan başlap, birinji ýyl salgyt tölemekden doly boşadylýardylar, ikinji ýyl salgydyň 50 göterimini töleýärdiler;
– işleýänleriň umumy sanynyň 50 göteriminden az bolmadyk garrylygy boýunça pensionerleriň, maýyplaryň, mekdepleriň we beýleki ýörite orta okuw mekdepleriniň okuwçylarynyň zähmetini ulanýan kärhanalar;
– peýdanyň bir bölegini bedenterbiýäni we sporty ösdürmäge gönükdirýän bedenterbiýe guramalary we birleşikleri, şeýle-de olaryň kärhanalary;
– dini guramalar we olaryň kärhanalarynyň alýan peýdasy.

Peýdadan alynýan salgytdan başga kärhanalar girdejileriň şu görnüşlerinden salgyt töleýärdiler:

1. Kärhanalara degişli paýnamalardan, obligasiýalardan we beýleki gymmat bahaly kagyzlardan, şeýle-de başga kärhanalaryň işine paýly gatnaşmakdan alynýan girdejilerden 15 göterim möçberinde;
2. Oýun oýnalýan öýlerden, awdiokasetalary kireýne bermekden we olara geçirilýän ýazgylardan, awtomatlarda pully oýnalýan oýunlardan alynýan girdejilerden 60 göterim möçberinde;
3. Açyk meýdançalarda, stadionlarda, sport köşklerinde we beýleki jaýlarda köpçülikleýin konsert-tomaşa çärelerini geçirmekden alynýan peýdadan 60 göterim möçberinde.

Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň ösmegi we kämilleşdirilmegi bilen, peýdadan alynýan salgydyň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibine düýpli üýtgetmeler girizildi we ol Halk Maslahatynda kabul edilen «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda öz beýanyny tapdy. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda, peýdadan alynýan salgyt Türkmenistanyň salgyt ulgamyna 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan ornaşdyryldy. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda ykrar edilen peýdadan alynýan salgydyň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibine soňky ýedi-sekiz ýylyň dowamynda birnäçe üýtgetmeler girizildi

we ol şu babyň 3.2.40-3.12.50-nji soraglarynda beýan ediljek ahyrky durkuny kabul etdi.

**Pul girdejileriniň aýry-aýry görnüşlerinden alynýan salgyt** ykdysady taýdan ösen käbir döwletleriň salgyt ulgamlarynda hereket edýär. Awstraliýa, Ispaniýa, Fransiýa döwletleriniň salgyt ulgamlaryny mysal hökmünde getirmek bolýar. Pul girdejileriniň aýry-aýry görnüşlerinden alynýan salgyt paýnamalar we obligasiýalar boýunça alynýan girdejilere we girdejileriň käbir görnüşlerine salynýar. Pul girdejileriň eýesinden salgyt onuň alýan girdejisiniň çeşmesinden tutulyp alynýar. Salgydyň pul möçberleri proporsional we aýry-aýry döwletlerde 20 göterimden 40 göterime çenli aralykda üýtgäp durýar.

**Paýlanylmadyk peýdadan alynýan salgyt** daşary ýurt döwletleriniň dahyllysy bolup durýan korporasiýalaryň peýdasyndan salgyt alnanda, salgyt töleýjileri diýlip ykrar edilýän aýry-aýry paýdarlar kompaniýalaryň, ätiýaçlandyryş amallaryny geçirýän guramalaryň, banklaryň we beýleki edara görnüşli taraplaryň diwidentleri tölemek üçin peýdalanylmadyk peýdasynyň bir böleginden alynýan salgytdyr. Käbir döwletlerde korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgydyň hereket edýän kada – kanunlaryny hususy kärhanalara degişlilikde ulanylmaga rugsat berilýär. Bu halatda salgyt peýdanyň umumy jemine bir bitewi möçber görnüşinde kesgitlenilmän, ol salgyt salynmagyň köpbasgançakly ulgamyny ulanmak bilen amala aşyrylýar. Ilkinji nobatda korporasiýalaryň alan peýdasyna peýdadan alynýan salgyt salynýar, soňra diwidentleri tölemek üçin niýetlenilen peýdanyň bir böleginiň çeşmesinden ýörite salgyt alynýar we iň soňunda bolsa, umumy girdejileriň düzüminde paýdarçylaryň alan diwidentlerinden girdeji salgydy tutulyp alynýar. Aýry-aýry döwletlerde peýdalanylmadyk peýdadan alynýan salgyt goşmaça salgyt görnüşinde ýa-da tersine, peýdanyň peýdalanylýan böleginden salgyt alnanda salgyt eglişigi görnüşinde hem ulanylyp bilinýär. Mysal üçin, Fransiýada salgydyň nominal möçberi (50 göterim) peýdanyň diňe peýdalanmadyk bölegine kesgitlenilýär. Paýdarçylaryň alýan diwidentlerine salynýan salgydyň möçberi 25 göterimden 50 göterime çenli, holding kompaniýalaryň üsti bilen paýlanylýan diwidentlerden alynýan salgydyň möçberi 2,5 göterimden 3,7 göterime çenli azaldylýar.

**Banklaryň girdejilerinden alynýan salgyt.** Türkmenistanda banklaryň girdejilerinden alynýan salgyt Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 31-nji dekabryndaky «Banklaryň girdejilerine salgyt salmak baradaky Düzgünnamany tassyklamak hakynda» 1090 belgili kararynyň esasynda 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyryldy. Banklaryň girdejilerine salynýan salgydy töleýjiler diýlip şu aşakdakylar ykrar edildi:

– täjirçilik banklary;
– Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet banky;
– daşary ýurtlaryň maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar, Türkmenistanyň Merkezi bankyndan ygtyýarnama alan daşary ýurt banklary we Türkmenistana dahylly bolmadyk banklaryň şahamçalary;
– aýry-aýry bank amallaryny gäçirmäge Türkmenistanyň Merkezi bankyndan ygtyýarnama alan karz edaralary.

Türkmenistanyň Merkezi banky we Türkmenistanyň Süýşürintgiler banky we olaryň edaralary «Banklaryň girdejilerine salgyt salmak baradaky Düzgünnama» laýyklykda girdejiden alynýan salgydy tölemekden boşadylýardylar. Salgyt salynýan binýady kesgitlemek maksady bilen, salgyt töleýjileriň alan girdejileriniň umumy jemi bellenilen çykdajylarynyň pul möçberine azaldylýardy. Salgyt salynýan binýady kesgitlemek maksady bilen, salgyt töleýjileriň alan girdejileriniň umumy jemi bellenilen çykdajylaryň pul möçberine azaldylýardy. Salgyt salmakdan şu girdejiler doly möçberde boşadylýardy:

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine, Türkmenistanyň Merkezi bankyna ýa-da olaryň kepillendirilmeginde berlen karzlar boýunça tölenen göterimler;

Döwlet obligasiýalary ýa-da beýleki gymmat bahaly kagyzlar boýunça alnan göterimler we diwidentler, şeýle-de döwletiň gymmat bahaly kagyzlarynyň öwezini dolmak üçin amal edilen işlerden alnan girdejiler.

«Banklaryň girdejilerine salgyt salmak baradaky Düzgünnamany tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyna laýyklykda, salgyt salynýan girdejiler şu çykdajylaryň pul möçberine azaldylýardy:

Täjirçilik banklarynyň depozitleri ätiýaçlandyrmak gaznasyna, batmakdan goraýan ätiýaçlandyrmak gaznasyna, göterim möçberleriniň (stawkalarynyň) aratapawut öwezi doluş gaznasyna, önümçiligi ösdüriş gaznasyna geçirilýän pul serişdeleriniň möçberine. Sanalyp geçilen pul gaznalaryň umumy pul möçberi çärýek balansynda görkezilýän peýdanyň 10 göterim pul möçberinden geçmeli däl;

Salgyt salynýan girdejiniň 1 göteriminden geçmezlik şerti bilen, haýyr-sahawat maksatlaryna geçirilýän tölegler.

Banklaryň girdejilerinden alynýan salgydyň pul möçberi (stawkasy) 30 göterime deň möçberde kesgitlenildi. Oba hojalygyna we oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän pudaklara karz pullary (olaryň karz goýumlarynyň umumy pul möçberinden 50 göterimden az bolmadyk pul möçberinde) berýän banklar üçin salgydyň möçberi 20 göterim möçberinde bellenildi. Başga banklaryň işine paýly gatnaşmakdan, banka degişli paýnamalar, obligasiýalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar boýunça diwidentlerden we göterimlerden alynýan girdejilere salgyt 15 göterim pul möçberinde kesgitlenildi. 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda «Peýdadan alynýan salgyt barada» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen, banklaryň girdejilerinden alynýan salgyt ýatyryldy.

### 3.2.10. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň töleýjileriniň, salgyt salynýan binýadyň, jemi girdejiniň kesgitlenilişi

**Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler.** Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler:

– Türkmenistanyň dahyllylary – edara görnüşli taraplar;

– Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalaryň üsti bilen iş alyp barýan ýa-da Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden

girdeji alýan Türkmenistanyň dahylsyzlary – edara görnüşli taraplar.

Türkmenistanyň Merkezi banky we Türkmenistanyň Ýarymaý Milli jemgyýeti peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar.

**Mysal.** 20-nji tablisada Türkmenistana dahylly we dahylsyz edara görnüşli taraplar sanalyp geçilýär. Şolaryň arasynda edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň töleýjileri bolup durýanlary we töleýjileri bolup durmaýanlary takyklamaly.

*20-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly we dahylsyz edara görnüşli taraplaryň sanawy**

| № | Edara görnüşli taraplaryň ady | Türkmenistana dahyllylygy ýa-da dahylsyzlygy | Türkmenistanyň çäginde we çäginden daşarda alnan peýda (girdeji) |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1 | «Abu Bekir» metjidi | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |
| 2 | «Uniwersal Tarym Maden Inşşat Pazarlama Tijaret we Sanaýi Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Dahylsyz | Türkmenistanyň çäginde we onuň çäginden daşarda |
| 3 | «Çemiks Interneýşnl B.W.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | Dahylsyz | Türkmenistanyň çäginde we onuň çäginden daşarda |
| 4 | «Aktiw Petrol Inşaat we Uluslararasy Taşymalyk Dyş Tijaret Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy | Dahylsyz | Türkmenistanyň çäginde we onuň çäginden daşarda |
| 5 | «Maks T.M.» hojalyk jemgyýeti | Dahylsyz | Türkmenistanyň çäginden daşarda |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 6 | «Hojamuhammet» hususy kärhanasy | Dahylsyz | Türkmenistanyň çägin-den daşarda |
| 7 | «Dogan Aý» hojalyk jem-gyýeti | Dahylsyz | Türkmenistanyň çäginden daşarda |
| 8 | «TBDSG» jogapkärçiligi çäklendirilen şereket | Dahylly | Türkmenistanyň çäginden daşarda |
| 9 | «Altyn Gümbez» açyk gör-nüşli paýdarlar jemgyýeti | Dahylly | Türkmenistanyň çäginden daşarda |
| 10 | «Tapgyr» hususy kärhana-sy | Dahylly | Türkmenistanyň çäginden daşarda |
| 11 | «Zehinli ýaşlar» hojalyk jemgyýeti | Dahylly | Türkmenistanyň çäginden daşarda |
| 12 | Aýna gapylaryny öndür-ýän döwlet kärhanasy | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |
| 13 | «Paýtagt» döwlet söwda merkezi | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |
| 14 | «Türkmensement» döwlet kärhanasy | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |
| 15 | «Baky Serdarym» hojalyk jemgyýeti | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde we onuň çäginden daşarda |
| 16 | «Türkmendöwletätiýaç-landyryş» guramasy | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |
| 17 | Türkmenistanyň Merkezi banky | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |
| 18 | «Zummeret» önümçilik söwda merkezi | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde we onuň çäginden daşarda |
| 19 | «Altyn däne» oba hojalyk önümlerini öndürýän hu-susy kärhanasy | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde we onuň çäginden daşarda |
| 20 | «Sowat» bilim merkezi | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |
| 21 | «Ussat» ýöriteleşdirilen ylmy-rejeleýiş taslama ussahanasy | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |
| 22 | Türkmenistanyň maýypla-ry dikeldiş merkezi | Dahylly | Türkmenistanyň çäginde |

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 148-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy 20-nji tablisada görkezilen 2-nji (Türkmenistanyň çäginde alnan peýda boýunça), 3-nji (Türkmenistanyň çäginde alnan peýda boýunça), 4-nji (Türkmenistanyň çäginde alnan peýda boýunça), 8–16 we 18-nji, 19-njy, 22-nji belgili edara görnüşli taraplar töleýärler. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 148-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, 20-nji tablisada görkezilen 2-nji (Türkmenistanyň çäginden daşarda alynýan peýda boýunça), 3-nji (Türkmenistanyň çäginden daşarda alynýan peýda boýunça), 4-nji (Türkmenistanyň çäginden daşarda alynýan peýda boýunça), 5–7-nji belgili edara görnüşli taraplar edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy tölemeýärler. Türkmenistanyň Merkezi banky (17-nji belgili) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 147-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda we 1-nji, 19-njy 20-nji, 21-nji hem-de 22-nji belgili edara görnüşli taraplar şol Kanunynyň 170-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgytdan boşadylýar.

**Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan binýat.** Hasabat (salgyt) döwründe salgyt töleýjiniň alan peýdasy, şeýle-de girdejileriň aýry-aýry görnüşleri edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan binýat bolup durýar. Alnan girdejilere degişli aýyrmalaryň pul möçberine azaldylan girdejileriň jemi edara görnüşli taraplaryň peýdasy hökmünde kesgitlenilýär. Türkmenistanyň çäklerinde we onuň daşynda alnan peýda (girdejä) edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt Türkmenistanyň dahyllaryna salynýar. Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalaryň üsti bilen alnyp barylýan işlerden we Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden alnan peýda (girdeji) edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplara salynýar.

**Jemi girdeji.** Salgyt töleýjiniň jemi girdejisine harytlary ýerleşdirmekden, hyzmatlary amal etmekden, işleri ýerine ýetirmekden, şeýle-de ýerleşdirmekden daşarky amallardan alynýan girdejiler goşulýar. Ýerleşdirmekden daşarky girdejileriň düzümine goşulýan girdejiler 6-njy şekilde şekillendirilýär.

Jemi girdejä goşulmaýar:

– gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň, paýçylaryň, agzalaryň) esaslyk maýa gatançlary, paýnamalaryň (paýlaryň) nomimal bahasyndan (ilkibaşdaky möçberinden) olary ýerleşdirmegiň bahasynyň artyk gelmegi netijesinde alnan girdejini goşmak bilen;

– gatnaşyjylaryň düzüminden çykanda ýa-da işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda, gatnaşyjynyň (paýdar, paýçy) edara görnüşli tarapyň esaslyk maýasyna ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde alan serişdeleri;

– şereketden çykylanda ýa-da işi ýatyrylýan şereketiň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda, bilelikde işlemek (şereket) barada ylalaşyga gatnaşyjynyň çäklerinde alan serişdeleri;

– gymmat bahaly kagyzlaryň bahasy üýtgände alnan oňyn tapawut;

– döwlet häkimýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimýet we öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgüdi bilen býujet guramalarynyň alýan emlägi;

– býujet serişdeleriniň, döwlet gaznalarynyň serişdeleriniň, mugt pullaryň (grantlaryň) we beýleki çeşmeleriň hasabyna maksatlaýyn maliýeleşdirmegiň çäklerinde salgyt töleýji tarapyndan alnan serişdeler we beýleki emläk;

– komissiýa ylalaşygy boýunça komisioner tarapyndan alnan emläk, şeýle-de baglaşylan ylalaşygyň şertlerine laýyklykda şonuň ýaly harajatlar komissioneriň çykdajylarynyň düzümine goşulmaga degişli bolmasa, komitent üçin komissioner tarapyndan amal edilen çykdajylaryň öwezini dolmagyň hasabyna alnan emläk. Bu tertip tabşyryk ylalaşygyna ýa-da şoňa meňzeş beýleki ylalaşyklara hem degişli;

– edara görnüşli taraplaryň pensiýa üpjünçiligi hakyndaky kanunçylyga laýyklykda alan we şahsy pensiýa hasaplaryna gönükdirilen maýa goýum girdejileri;

*6-njy şekil*

## Ýerleşdirmekden daşarky girdejileriň düzümine goşulýan girdejiler

Ýerleşdirmekden daşarky girdejileriň düzümine goşulýan girdejiler
1

Islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler
2

Beýleki edara görnüşli taraplaryň we şereketleriň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we beýleki serişdeler
3

Islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler
4

Ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki çäreler görnüşinde alnan serişdeler, şeýle-de ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagyndan alnan pullar
5

Öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan pullar
6

Türkmenistanyň Raýat Bitewi Kanunynda kesgitlenilen awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin hak, şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we iş nyşany ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak
7

Hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri
8

Ätiýaçlygyň hasabyna gümanly algylaryň hasabyna öň hasapdan öçürilen bergidarlardan alnan serişdeler
9

Hak islegiň möhletiniň geçmegi bilen baglylykda ýa-da gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň möçberi. Salgytlar (puşmana tölegler, jerimeler) boýunça umytsyz bergileriň hasapdan öçürilen möçberi muňa girmeýär
10

Daşary ýurt pulundaky amallar boýunça, şeýle-de daşary ýurt pulundaky gymmatlyklaryň we talapnamalaryň bahasy artdyrylanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçlar arzanladylanda oňyn hümmet tapawutlary, haçan-da harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), emläk hukuklarynyň ýerleşdirilen senesinde daşary ýurt puluna taraplar tarapyndan ylalaşyk esasynda kesgitlenen hümmet boýunça hasaplanylan ýüze çykan borçnamalaryň we talaplaryň pul möçberi manatda gelip gowşan hakyky pul möçberine gabat gelmände, salgyt töleýjide emele gelýän oňyn tapawut
11

Salgyt döwrüniň ahyryna çenli peýdalanylmadyk ätiýaçlyklaryň we gaznalaryň serişdeleri
12

Ulanmakdan aýrylan esasy serişdeler sökülende we böleklere bölünende alnan materiallaryň we beýleki emläkleriň bahasy
13

Haýyr – yhsan maksatly iş üçin alnan we bellenen maksada laýyk peýdalanylmadyk emlägiň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy
14

Tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artygynyň bahasy
15

Muzdsuz alnan emläk (işler, hyzmatlar), emläk hukugyny goşmak bilen
15

– zaýomlar we karzlar görnüşinde alnan serişdeler we beýleki emläk, şeýle-de olary üzmegiň hasabyna alnan serişdeler we beýleki emläk;

– salgydyň artyk tölenen ýa-da tutulyp alnan pul möçberi öz wagtynda gaýtaryp berilmedik halatlarynda alnan göterimler;

– täjirçilik däl guramalary saklamak we olaryň tertipnamalaýyn işlerini alyp barmak üçin maksatly gelip gowşan serişdeler, şol sanda agzalyk we haýyr-yhsan gatançlary, pul serişdeleri, miras alynýan emläk;

– borçnamalary üpjün etmek maksady bilen girew ýa-da tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan emläk;

– döwlet eýeçiligi görnüşindäki edara görnüşli tarap döredilende oňa berilýän serişdeler we beýleki emläk;

– işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary amal etmegiň) hökmanlygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen halatlarynda, işiň belli bir ugrunda olaryň üstüne ýüklenilen aýratyn wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde döwlet häkimýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň işleri ýerine ýetirmekden (hyzmatlary amal etmekden) alan serişdeleri;

– edara görnüşli tarap üýtgedilip gurnalanda, şol edara görnüşli tarapyň hukuk oruntutary (oruntutarlary) tarapyndan alnan emläk;

– býujet guramalary we telekeçilik däl edara görnüşli taraplaryň, şeýle-de döwlet häkimýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň peşgeş bermek barada ylalaşyk boýunça ýa-da mugt alan emlägi (işler, hyzmatlar);

– Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütlerine, şeýle-de pudaklaryň içinde mugt berlende ministrlikleriň we pudaklaryň dolandyryş edaralarynyň gözgütlerine laýyklykda edara görnüşli taraplaryň alan emlägi;

– daşary döwletleriň ýa-da halkara guramalarynyň Türkmenistana berýän halkara ynsanperwerlik, maliýe we tehniki kömek taslamalarynyň we maksatnamalarynyň çäklerinde alynýan emläk (işler, hyzmatlar).

Bir birligini satyn almak (döretmek) üçin amal edilen çykdajylar Türkmenistan boýunça kesgitlenilen iň az iş hakynyň 0,4 möçberinden geçmeýän mahabatlandyrma maksady bilen berilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy jemi girdejä goşulmaýar. Salgyt salyn-

ýan girdeji alýan ýa-da salgytdan boşadylýan salgyt töleýjiler şeýle girdejileriň hasabyny aýratynlykda alyp barýarlar.

**Mysal.** «Lors» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejisi 21-nji tablisada görkezilýär. Salgyt salmak maksady bilen, «Lors» hususys kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemini girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady üçin, «Lors» hususys kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 204761 manat (81704 manat + 54070 manat + 22333 manat + +5408 manat + 6215 manat + 35031 manat).

*21-nji tablisa*

**«Lors» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisi**

| № | Girdejiniň görnüşleri | Girdejiniň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Önümi ýerleşdirmekden alnan girdeji | 81704 |
| 2 | Gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmekden alnan girdeji | 54070 |
| 3 | Hyzmatlary amal etmekden alnan girdeji | 22333 |
| 4 | Bergi borçnamalar boýunça alnan göterimler | 5408 |
| 5 | Beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler | 6215 |
| 6 | Ätiýaçlandyryş ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş guramalardan alnan ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly | 35031 |

**Mysal.** «Deňlik» hususy kärhanasy 2011-nji hasabat ýylynda şu girdejileri alypdyr:

– önümi ýerleşdirmekden 103674 manat;

– bergi borçnamalary boýunça alnan göterimler 5010 manat;

– 11541 manat pul möçberinde gaýry edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we beýleki pul serişdeleri;

– 17783 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätyiýaçlandyryş guramalaryndan alnan öwezini doluş tölegleri;

– 46790 manat pul möçberinde karzlar görnüşinde alnan serişdeler we gaýry emläk, şeýle-de olary üzmegiň hasabyna alnan serişdeler we emläk.

Salgyt salmak maksady bilen, 2011-nji hasabat ýylynda «Deňlik» hususy kärhanasynyň alan jemi girdejisini hasaplamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Deňlik» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 138008 manat (103674 manat + 5010 manat + 11541 manat+ + 17783 manat).

**Mysal.** «Ak Gap» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisi 22-nji tablisada görkezilýär.

*22-nji tablisa*

**«Ak Gap» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri | Girdejiniň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Gurluşyk-gurnama işlerini geçirmekden alan girdejileri | 85703 |
| 2 | Ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki çäreler görnüşinde alnan serişdeler | 1687 |
| 3 | Ýitgileriň we zyýanlaryň öweziniň dolunmagyndan alan pul serişdeleri | 2474 |
| 4 | Awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy we şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin alnan hak | 4595 |
| 5 | Söwda nyşany, haryt nyşany, hyzmat nyşany üçin alnan hak | 3742 |
| 6 | Ätiýaçlygyň hasabyna gumanly algylaryň hasabyna öň hasapdan öçürilen bergidarlardan (debitorlardan) alnan serişdeler | 11036 |
| 7 | Gatnaşyjylaryň (agzalaryň) esaslyk maýa gatançlary | 16904 |
| 8 | Gatnaşyjylaryň düzüminden çykanda, gatnaşyjy tarapyndan edara görnüşli tarapyň esaslyk maýasyna ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde alnan serişdeler | 3800 |

Salgyt salmak maksady bilen, «Ak Gap» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Ak Gap» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 109237 manat (85703 manat + 1687 manat + 2474 manat + 4595 manat + 3742 manat + 11036 manat ).

**Mysal.** «Arkadaş» paýdarlar jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda şu girdejileri alypdyr:

– önümi ýerleşdirmekden 794105 manat;
– beýleki edara görnüşli taraplaryň işine we şereketlere paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we gaýry serişdeler 129056 manat;
– öň hasapdan öçürilen bergileriň üzülmeginden gelip gowşan pul serişdeleri 19709 manat;
– senagata, täjirçilik tejribä degişli maglumatlar üçin alnan hak 8942 manat;
– hak isleg möhletiniň geçmegi bilen gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň hasabyna alnan pul möçberleri 6703 manat;
– salgytlar boýunça umytsyz bergileriň hasapdan öçürilen pul möçberi 20146 manat;
– 4822 manat pul möçberinde daşary ýurt pulundaky amallar boýunça oňyn hümmet tapawut;
– 2501 manat pul möçberinde daşary ýurt pulundaky gymmatlyklaryň we talapnamalaryň bahasy artdyrylanda oňyn tapawut;
– 2900 manat pul möçberinde daşary ýurt pulundaky borçnamalar arzanladylanda emele gelen oňyn hümmet aratapawut;
– paýnamalary ýerleşdirmegiň bahasynyň olaryň nominal bahasyndan artyk gelýän girdeji 1733 manat.

Salgyt salmak maksady bilen, «Arkadaş» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Arkadaş» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 968738 manat (794105 manat + 129056 manat +19709

manat + 8942 manat + 6703 manat + 4822 manat + 2501 manat + +2900 manat).

**Mysal.** «Baýa» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisi 23-nji tablisada görkezilýär. Salgyt salmak maksady bilen, «Baýa» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

*23-nji tablisa*

**«Baýa» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri | Girdejiniň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Dürli hyzmatlary amala aşyrmakdan alan girdejisi | 63753 |
| 2 | Şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany, çyzgy, model, görnüş, gizlin formula, iş nyşany, ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak | 37300 |
| 3 | Hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri | 5520 |
| 4 | Salgyt aýyrmalaryň düzüminde göz öňünde tutulan, salgyt döwrüniň ahyryna çenli ulanylmadyk ätiýaçlyklardaky we gaznalardaky pul serişdeleri | 17580 |
| 5 | Ulanmakdan aýrylan esasy serişdeler sökülende we böleklere bölünende alnan materiallaryň we gaýry emläkleriň bahasy | 13637 |
| 6 | Haýyr-yhsan maksatlary üçin alnan we bellenilen maksatlara laýyk ulanylmadyk emlägiň bahasy | 29069 |
| 7 | Tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan artyk haryt-maddy gymmatlyklaryň bahasy | 5977 |
| 8 | Býujet serişdeleriniň hasabyna alnan serişdeler we emläk | 28158 |
| 9 | Mugt pullaryň (grantlaryň) hasabyna alnan serişdeler | 49440 |

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Baýa» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 172836 manat (63753 manat + 37300 manat + 5520 manat + +17580 manat + 13637 manat + 29069 manat + 5977 manat).

**Mysal.** Aşgabatda ýerleşýän Türkmenistanda ylmy we medeniýeti gollamak gaznasy (býujet guramasy) 2011-nji hasabat ýylynda şu girdejileri alypdyr:

– amal edilen täjirçilik işinden 49674 manat;
– 10294 manat pul möçberinde muzdsuz alnan emläk;
– 3905 manat pul möçberinde muzdsuz alnan emläk hukugy;
– 36132 manat pul möçberinde ýerli ýerine ýetiriji we ýerli özözüni dolandyryş edaralarynyň çözgüdi bilen alnan emläk;
– 14000 manat pul möçberinde maksatlaýyn maliýeleşdirmegiň çäklerinde alnan pul serişdeleri;
– 18000 manat pul möçberinde maksatlaýyn maliýeleşdirmegiň çäklerinde alnan döwlet gaznalarynyň serişdeleri;
– pensiýa üpjünçiligi hakyndaky kanunçylyga laýyklykda alnan we şahsy pensiýa hasaplaryna gönükdirilen maýa goýum girdejileri 1180 manat;
– 2441 manat pul möçberinde girew ýa-da borçnamalary üpjün etmek boýunça tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan emläk;
– 22046 manat pul möçberinde daşary döwletler we halkara guramalar tarapyndan Türkmenistana berilýän ynsanperwerlik, maliýe we tehniki kömek taslamalarynyň we maksatnamalarynyň çäklerinde alnan emläk;
– hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri 2202 manat.

Salgyt salmak maksady bilen, Aşgabatda ýerleşýän Türkmenistanda ylmy we medeniýeti gollamak gaznasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, Aşgabatda ýerleşýän Türkmenistanda ylmy we medeniýeti gollamak gaznasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi:

JG = 51876 manat (49674 manat + 2202 manat).

**Mysal.** «Türkmen – Zähmet» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri 24-nji tablisada görkezilýär. Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmen – Zähmet» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji ýylda alan jemi girdejisini takyklamaly.

*24-nji tablisa*

**«Türkmen – Zähmet» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri | Girdejiniň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Harytlary ýerleşdirmekden alan girdejileri | 247694 |
| 2 | Hyzmatlary amal etmekden alan girdejileri | 97045 |
| 3 | Paýdarlaryň esaslyk maýa goýumlary | 19976 |
| 4 | Paýnamalary ýerleşdirmegiň bahasynyň olaryň nominal bahasyndan artyk gelýän girdeji | 3405 |
| 5 | Gymmat bahaly kagyzlaryň bahasy üýtgände alnan oňyn tapawut | 2476 |
| 6 | Edara görnüşil tarap üýtgedilip gurlanda onuň mirasdüşeriniň alan emläginiň bahasy | 54929 |
| 7 | Muzdsuz alnan emläk hukugy | 75087 |
| 8 | Mahabatlandyrmak maksady üçin bahasy tölenmän ýaýradylýan harytlaryň bahasy | 24478 |
| 9 | Öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan pullar | 17600 |
| 10 | Tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artygynyň bahasy | 3008 |

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmen – Zähmet» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 440434 manat (247694 manat + 97045 manat + 75087 manat + 17600 manat + 3008 manat).

### 3.3.11. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alynýan jemi girdejini kesgitlemegiň aýratynlyklary

7-nji şekilde görkezilen muzdsuz berilýän we döwletiň haýryna geçirilýän emläkler we harytlar olary ýerleşdirmek diýlip hasap edilmeýär. Gaýry edara görnüşli taraplaryň we şereketleriň esaslyk maýalaryna gatançlar hökmünde emlägiň berilmegine hem harytlaryň ýerleşdirilmegi hökmünde garalmaýar.

*7-nji şekil*

**Ýerleşdirmek diýilp hasap edilmeýän muzdsuz berilýän we döwletiň haýryna geçirilýän emläkler we harytlar**




**Mysal.** «Guramaçy» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda önümi ýerleşdirmekden 465917 manat, hyzmatlary amal etmekden 121757 manat we gurnama-gurluşyk işlerini ýerine ýetirmekden 224484 manat pul möçberinde girdeji alypdyr. «Guramaçy» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda üýtgedilip gurlupdyr we ondan bölünip aýrylan «Beg-Bada» hususy kärhanasyna 157108 manat pul möçberinde emläk tölegsiz (muzdsuz) berlipdir we Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap häkimliginiň çözgüdi esasynda 1895385 manatlyk önümçilik, ýaşaýyş jaý we durmuş medeni maksatlary üçin niýetlenilen desgalar we binalar «Aşgabatçörek» döwlet önümçilik birleşigine geçirilipdir. Salgyt salmak maksady bilen, «Guramaçy» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Guramaçy» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 812158 manat (465917 manat + 121757 manat + 224484 manat).

**Mysal.** «Türkmenobasenagattaslama» döwlet taslama önümçilik kärhanasy 2011-nji hasabat ýylynda hyzmatlary amal etmekden 429710 manat we işleri ýerine ýetirmekden 142549 manat pul möçberinde girdeji alypdyr. 2011-nji hasabat ýylynda Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrap häkimliginiň çözgüdiniň esasynda ýer we medeni gymmatlyklar degerli derejede ulanylmandygy üçin «Türkmenobasenagattaslama» döwlet taslama önümçilik kärhanasynyň ýer uçastogynda ýerleşýän we bahasy 694962 manat bolan emläk döwletiň haýryna alnypdyr. Salgyt salmak masady bilen, «Türkmenobasenagattaslama» döwlet taslama önümçilik kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak masady bilen, «Türkmenobasenagattaslama» döwlet taslama önümçilik kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 572259 manat (429710 manat + 142549 manat).

Harytlar (işler, hyzmatlar) muzdsuz berlende, girdeji salgyt töleýji tarapyndan şeýle harytlar (işler, hyzmatlar) adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär. Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler muzdsuz berlende, girdeji olaryň galyndy bahalaryndan ugur alnyp hasaplanýar. Geleşige gatnaşýan taraplar çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalaryny kesgitlemedik ýagdaýlarynda, girdeji şolar ýaly harytlar (işler, hyzmatlar) salgyt töleýji tarapyndan adaty hak almak bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär. Harytlar deň däl derejede çalşylanda, jemi girdejä çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalaryna goşulýan goşmaça tölegleriň islendik pul möçberi goşulýar. Öz işgärleri üçin harytlar (işler, hyzmatlar) ýerleşdirilende, girdeji şolar ýaly harytlar (işler, hyzmatlar) salgyt töleýji tarapyndan adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär.

**Mysal.** «Gubadag» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda 109722 manat pul möçberinde öndürilen önümlerini ýerleşdiripdir we 178134 manatlyk hyzmatlary amal edipdir. 2011-nji hasabat ýylynda «Gubadag» hojalyk jemgyýeti öz müşderilerine şu harytlary, esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri muzdsuz beripdir:

– satyn alnan bahasy 16468 manat, adaty bahasy 18714 manat bolan harytlary;

– bazar bahasy 24156 manat, galyndy bahasy 13614 manat öň ulanyşda bolan esasy serişdeleri;

– ilkinji bahasy 6453 manat, galyndy bahasy 2224 manat öň ulanyşda bolan maddy däl aktiwleri.

«Maýyz» hususy kärhanasy bilen «Gubadag» hojalyk jemgyýetiniň arasynda 2011-nji hasabat ýylynda ylalaşyk baglaşylanda, çalşylýan harytlaryň bahasy kesgitlenilmändir. «Gubadag» hojalyk jemgyýetiniň «Maýyz» hususy kärhanasy bilen çalşylýan harytlaryň adaty bahasy 56813 manat. Salgyt salmak maksady bilen, «Gubadag» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Gubadag» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 379221 manat (109722 manat + 178134 manat + + 18714 manat + 13614 manat + 2224 manat + 56813 manat).

Işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň (daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň, wekilhanasynyň) girdejisi şu harytlar ýerleşdirilende salgyt töleýji tarapyndan ulanylýan hakyky bahalaryň esasynda kesgitlenilýär, emma:

– esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça – galyndy bahalaryndan;

– beýleki harytlar boýunça – satyn alnan bahalaryndan pes bolmadyk derejede kesgitlenilýär.

Ýeňillikli bahalar (tarif, kesilen nyrh) bellenen harytlar (işler, hyzmatlar) ýerleşdirilende, girdeji şeýle ýeňillikleri hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Bu aýdylanlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt göýberilýän harytlara (işlere, hyzmatlara) hem degişlidir.

Býujet guramalary üçin hem-de döwlet häkimýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryň çözgütleri boýunça ýerleşdirilýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler we amal edilýän hyzmatlar, şol sanda olar muzdsuz amala aşyrylanda,

girdeji olary ýerleşdirmegiň hakyky bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Şu aýdylanlar döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça durmuş we önümçilik maksatly desgalaryň muzdsuz berilmegine degişli däl.

**Mysal.** «Selbi we Myrat» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda önümi öndürmekden 245323 manat we hyzmatlary amal etmekden 88952 manat girdeji alypdyr. Ondan başga, 2011-nji hasabat ýylynda «Selbi we Myrat» hojalyk jemgyýeti «Mähek Daş» hususy kärhanasy bilen deň däl derejede harytlary çalyşmak hakynda geleşik baglaşypdyr. Ylalaşygyň şertlerine laýyklykda, çalşylýan harytlaryň pul möçberi 21689 manat we goşmaça tölegler 2783 manat pul möçberinde kesgitlenilipdir. 2011-nji hasabat ýylynda «Selbi we Myrat» hojalyk jemgyýeti öz öndüren önüminiň bir bölegini, ýagny 3496 manatlygyny özüniň sarp etmegi üçin ulanypdyr we öz işgärleriniň arasynda 2143 manatlyk harytlary arzadylan bahadan ýerleşdiripdir, olaryň adaty bahasy 5129 we 3306 manat. Özüniň sarp etmegi üçin ulanylýan harytlar we öz işgärleriniň arasynda ýerleşdirilýän harytlar boýunça degişli harajatlar peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara, şol sanda ulanyş tölegler arkaly goşulmaýar. Önümiň bir bölegi 2011-nji hasabat ýylynda ýeňillikli bahalar boýunça, ýagny 13695 manat pul möçberinde (onuň umumy möçberi) müşderileriň arasynda ýerleşdirilipdir, bu harytlaryň umumy möçberiniň adaty bahasy 17935 manat. «Selbi we Myrat» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda 8414 manat pul möçberinde öz öndüren önümlerini çagalar-ýetginjekler köşgüne (býujet guramasy) ýerleşdiripdir, onuň adaty bahasy 11715 manat.

Salgyt salmak maksady bilen, «Selbi we Myrat» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Selbi we Myrat» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 389291 manat [245323 manat + 88952 manat + +(21689 manat + 2783 manat) + 5129 manat + 3306 manat + 13695 manat + 8414 manat].

**Mysal.** «Tagamly» hususy kärhanasynyň işi 2011-nji hasabat ýylynda ýatyrylypdyr. Algydarlar (kreditorlar) bilen hasaplaşmak üçin, «Tagamly» hususy kärhanasy esasy serişdelerini 174592 manat (olaryň galyndy bahasy 25683 manat), maddy däl aktiwleri 19745 manat (olaryň galyndy bahasy 24417 manat), bar bolan harytlary 63732 manat (satyn alnan bahasy 91083 manat) pul möçberinde ýerleşdiripdir. Salgyt salmak maksady bilen, «Tagamly» hususy kärhanasynyň jemi girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Tagamly» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alnan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 290092 manat (174592 manat + 24417 manat + 91083 manat).

## 3.4.12. Bankyň jemi girdejisini we ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejisini kesgitlemegiň aýratynlyklary

**Bankyň jemi girdejisini kesgitlemegiň aýratynlyklary.** Bank edaralarynyň jemi girdejisi bank amallary geçirmekden alan girdejileriň we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň degişli maddalarynda (149-njy we 150-nji maddalary) göz öňünde tutulan girdejileriň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Bank amallardan alynýan girdejiler 8-nji şekilde görkezilýär.

Indi bolsa, 8-nji şekilde beýan edilen bank işinde ulanylýan käbir adalgalaryň we düşünjeleriň teswirlemesi. **Faktoring** – täjirçilik banklary we olaryň şahamçalary tarapyndan edara görnüşli taraplara amal edilýän maliýe hyzmatlarynyň bir görnüşidir. Maliýe hyzmatlarynyň bu görnüşiniň mazmuny şundan ybarat. **Faktor** – bank öz müşderilerinden algylary almak hukugyny satyn alýar we öz müşderileriniň algydarlaryna bolan talaplarynyň bir bölegini töleýär, ýagny bergidar tarapyndan tölenmeli tölegleriň möhleti ýetmänkä berginiň 70 göteriminden 90 göterime çenli pul möçberini öz müşderisine gaýtaryp berýär. Bergiler boýunça hasaplanan

*8-nji şekil*

## Bank amallaryndan alynýan girdejiler

Bank amallaryndan alynýan girdejiler
1

Bank tarapyndan çekilen pul serişdeleriniň hasabyna öz adyndan we öz hasabyna ýerleşdirmekden, karz bermekden alnan göterimler
2

Müşderilere, şol sanda korrespondent banklara hasaplary açmakdan we olary alyp barmakdan we olaryň tabşyryklary boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmakdan alnan girdejiler
3

Pul serişdelerini, wekselleri, töleg we hasaplaşyk resminamalaryny inkassasiýa etmekden we müşderilere kassa hyzmatlaryny amal etmekden alnan girdejiler
4

Nagt we nagt däl görnüşlerinde daşary ýurt puly we daşary ýurt pul gymmatlyklary bilen amal edilýän amallardan alnan girdejiler
5

Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar boýunça amallary geçirmekden alnan girdejiler
6

Pul görnüşinde ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutýan bank kepillendirmelerini, borçnamalaryny, awallaryny we üçünji tarap üçin kepil geçmek boýunça amallardan alnan girdejiler
7

Pul görnüşinde borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine talap hukugyny satyn almakdan alnan girdejiler
8

Depozitar hyzmat etmegi goşmak bilen, müşderiler bilen ylalaşyk boýunça pul serişdelerini we beýleki emläkleri ynamdar dolandyrmakdan alnan girdejiler
9

Resminamalary we gymmatlyklary saklamak üçin ýörite enjamlaşdyrylan jaýlary we seýfleri kärendä bermekden alnan girdejiler
10

Aragatnaşyk hyzmatlarynyň öwezini dolmagyň hasabyna müşderilerden alnan serişde görnüşindäki girdejiler
11

Bankyň zyýanyna öň hasapdan öçürilenden ýa-da olary döretmek üçin öň salgyt özeni azaldylan ätiýaçlygyň, geçirmeleriň hasabyna hasapdan öçürilen, yzyna gaýtarylýan karzlar boýunça bank edarasynyň pul möçberi görnüşinde alan girdejileri
12

Forfeýting, faktoring amallarynyň geçirilmeginden alnan girdejiler
13

Gymmat bahaly metallara we gymmat bahaly daşlara gaýtadan nyrh kesilende emele gelýän oňyn tapawut
14

Beýleki bank amallaryndan we hyzmatlaryndan alynýan girdejiler
15

göterimleri aýyrmak bilen, berginiň galan bölegi bergidar tarapyndan bergiler doly möçberde üzülensoň müşderä gaýtaryp berilýär. Bu amallaryň geçirilmeginiň netijesende, faktor-bankyň müşderileri algylary has çalt gaýtaryp almak mümkinçiligine eýe bolýar we şol sebäpli faktor-bankyna takyk göterim töleýär. Faktoring amallary amala aşyrylanda, müşderi bergidardan algyny almak hukugyny faktor-banka geçirýär. Faktoring söwda araçyllaryň amala aşyrýan amallarynyň bir görnüşi hökmünde XVI–XVII asyrlarda ýüze çykdy, soňra bolsa karzlaşdyrmagyň görnüşini kabul etdi. Forfeýting adalgasy pereňlileriň «forfaý» sözünden gelip çykýar we bütinleý ýa-da umumy pul möçberi manyny berýär. Forfeýting, köplenç daşary söwda amallary amala aşyrylanda ulanylýan adalgadyr, ol haryt satylanda satyjylary we ýurduň çäginden daşary harytlary çykarýan taraplary karzlaşdyrmagyň görnüşidir. Bank (forfeýter) satyjydan (harytlary ýurduň çäginden çykarýan tarap) alyjynyň (harytlary satyn alýan daşary ýurt müşderi) satyn alan harytlary üçin pul borçnamalaryny dessine satyn alýar (harytlar ýüklenip iberilende) we satyja möhletinden öň harydyň bahasyny doly ýa-da bölekleýin töleýär. Soňra ýüklenip iberilen harytlaryň bahasyny forfeýter-bank haryt satyja geçirýär we satyjy harytlaryň bahasyny forfeýter-bank töledi diýip haryt alyjyny habardar edýär. Ýüklenip iberilen harytlar üçin tölegler möhletinden öň töleneni üçin, forfoýter-bank haryt satyjydan göterim alýar. Öz mazmuny boýunça farfeýting amallary faktoring amallary bilen kybapdaş.

**Mysal.** «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça şahamçasynyň maliýe işleri 2011-nji hasabat ýylynda 25-nji tablisada görkezilýär. Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul

*25-nji tablisa*

**«Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri | Girdejiniň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Çekilen pul serişdeleriniň hasabyna öz adyndan we öz hasabyna ýerleşdirmekden alnan göterimler | 68156 |
| 2 | Karz pul serişdelerini bermekden alnan göterimler | 55785 |
| 3 | Müşderilere hasaplary açmakdan we olary alyp barmakdan,olaryň tabşyryklary boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmakdan alnan girdejiler | 563189 |
| 4 | Korrespondent banklara hasaplary açmakdan,olaryň tabşyryklary boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmakdan alnan girdejiler | 163712 |
| 5 | Paýnamalaryň (paýlary) ýerleşdiriş bahasynyň olaryň nominal bahasyndan artyk gelmeginiň netijesinde alnan girdeji | 22883 |
| 6 | Gymmat bahaly kagyzlaryň bahasy üýtgände alnan oňyn tapawut | 17043 |
| 7 | Pul serişdelerini, wekselleri, töleg we hasaplaşyk resminamalaryny inkassasiýa etmekden alnan girdejiler | 58063 |
| 8 | Kassa hyzmatlaryny amal etmekden alnan girdejiler | 142533 |

möçberi: JG = 1051438 manat (68156 manat +55785 manat + 563189 manat + 163712 manat + 58063 manat + 142533 manat).

**Mysal.** «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça şahamçasynyň maliýe işi 2011-nji hasabat ýylynda şu görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– 5449 manat pul möçberinde pul görnüşinde ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýan bank kepillendirmeleri, borçnamalary we amallary boýunça alnan girdejiler;

– 3077 manat pul möçberinde üçünji tarap üçin kepil geçmek boýunça amallardan alnan girdejiler;

– 5328 manat pul möçberinde pul görnüşinde borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine talap hukugyny satyn almakdan alnan girdejiler;

– müşderiler bilen ylalaşyk esasynda pul serişdelerini we gaýry emläkleri ynamdar dolandyrmakdan 9603 manat pul möçberinde alnan girdejiler;

– depozitar hyzmatlary amal etmekden 13093 manat pul möçberinde alnan girdejiler;

– 6783 manat pul möçberinde resminamalary we gymmatlyklary saklamak üçin ýörite enjamlaşdyrylan jaýlary we seýfleri kärendä bermekden alnan girdejiler;

– 3763 manat pul möçberinde aragatnaşyk hyzmatlarynyň öwezini dolmagyň hasabyna müşderilerden alnan girdejiler;

– faktoring amallarynyň geçirilmeginden 2235 manat pul möçberinde alnan girdejiler;

– bankyň zyýanyna öň ýazylan ýa-da döredilen ätiýaçlygyň öň hasapdan öçürilen serişdeleriniň hasabyna yzyna gaýtaryp berlen karzlar boýunça bank tarapyndan 24516 manat pul möçberinde alnan girdejiler (salgyt özenini öň azaltmak bilen);

– 8910 manat pul möçberinde girew ýa-da borçnamalary üpjün etmek üçin tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan emläk;

– 37188 manat pul möçberinde ýokarda duran bankyň çözgüdine laýyklykda mugt alnan emläk;

– çekilen pul serişdeleriniň hasabyna öz adyndan we öz hasabyna ýerleşdirmekden 42674 manat pul möçberinde alnan girdejiler.

Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 116521 manat (5449 manat + 3077 manat + 5328 manat + 9603 manat + 13093 manat + +6783 manat + 3763 manat + 2235 manat + 24516 manat + 42674 manat).

**Ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejisi.** Ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejileri ätiýaçlandyryş işinden alnan girdejileriň we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň degişli maddalarynda (149–150-nji maddalary) göz öňünde tutulan girdejileriň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Ätiýaçlandyryş işinden alnan girdejilere şu girdejiler degişlidirler:

– ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş, durmuş ätiýaçlandyrmasy ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjy). Şonuň bilen birlikde, durmuş ätiýaçlandyrmasy ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatançlary) ätiýaçlandyryjynyň (durmuş ätiýaçlandyryjysynyň) diňe ätiýaçlandyryş hakynyň paýy möçberinde onuň girdejisiniň düzümine goşulýar;

– ätiýaçlandyryş gorunda ätiýaçlandyrylýanlaryň paýynyň üýtgemegi göz öňünde tutulyp, geçen hasabat döwürlerinde döredilen ätiýaçlyk gorlarynyň azalan (yzyna gaýtarylan) pul möçberi;

– gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça berilýän haklar we tantýemler;

– durmuş ätiýaçlandyrmasy ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryjynyň haky;

– gaýtadan ätiýaçlandyrmaga berlen töwekgellik boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň paýynyň öweziniň gaýtadan ätiýaçlandyrylýan tarapyndan dolunan pul möçberi;

– ätiýaçlandyryjy dellalyň, ýumuşçynyň, sýurweýeriň we häläkçilikler boýunça wekiliň hyzmatlary üçin haklar;

– gaýtadan ätiýaçlandyrmaga kabul edilen töwekgellik boýunça baýraklaryň hasaplanyp ýazylan göterimi;

– Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda ýetirilen zyýan üçin jogapkär tarapa ätiýaçlandyryş ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryjynyň talap hukugyny ýerleşdirmek tertibinde alynýan pul möçberleri;

– ätiýaçlandyryş ylalaşygynyň şertleriniň ýerine ýetirilmändigi üçin jerimeleriň pul möçberi;

– gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşygy möhletinden öň ýatyrylan halatynda, ätiýaçlandyrma ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (gatançlarynyň) yzyna gaýtarylan pul möçberi;

– ätiýaçlandyryş işleri amala aşyrylanda alynýan beýleki girdejiler.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejisi kesgitlenilende, ätiýaçlandyryş işine mahsus bolan adalgalar we düşünjeler ulanylýar. Bu adalgalara we düşünjelere teswirleme geçireliň. **Tantýema** – kompaniýa tarapyndan (bu ýerde ätiýaçlandyryş guramasy göz öňünde tutulýar) alnan arassa peýdadan kompaniýanyň ýolbaşçylaryna tölenýän goşmaça hak we pul sylaglary. **Sýurweýer** – ätiýaçlandyryjynyň ýa-da ätiýaçlandyrylýanyň haýyşy boýunça ätiýaçlandyrylan ýa-da ätiýaçlandyrmaga degişli gämileri we ýüklenip iberilýän ýükleri gözden geçirýän wekillendirilen bilermen (ekspert).

**Mysal.** «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasynyň Aşgabat şäheri boýunça dolandyryş edarasynyň 2011–nji hasabat ýylynda alan girdejileri 26-njy tablisada görkezilýär. Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasynyň Aşgabat şäheri boýunça dolandyryş edarasynyň 2011–nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

*26-njy tablisa*

**«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasynyň Aşgabat şäheri boýunça dolandyryş edarasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri | Girdejileriň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjy) | 163515 |
| 2 | Gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjy) | 122199 |
| 3 | Ätiýaçlandyryş gorunda ätiýaçlandyrylýanlaryň paýynyň üýtgemegi göz öňünde tutulyp, geçen hasabat döwürlerinde döredilen ätiýaçlyk gorlarynyň azalan (yzyna gaýtaryp berlen) pul möçberi | 49157 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 4 | Gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça berilýän haklar we tantýemler | 64376 |
| 5 | Durmuş ätiýaçlandyryş ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryjynyň haky | 38873 |
| 6 | Gaýtadan ätiýaçlandyrmaga berlen töwekgelçilik boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň paýynyň öweziniň gaýtadan ätiýaçlandyrýanlar tarapyndan dolunýan pul möçberi | 37557 |
| 7 | Borçnamalary üpjün etmek üçin ýa-da girew tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan emläk | 30000 |
| 8 | Maksatly maliýeleşdirmegiň hasabyna alnan serişdeler we emläk | 49400 |

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasynyň Aşgabat şäheri boýunça dolandyryş edarasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 475677 manat (163515 manat + 122199 manat + 49157 manat + + 64376 manat + +38873 manat + 37557 manat).

**Mysal.** «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasynyň Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheri boýunça dolandyryş edarasynyň maliýe işi 2011-nji hasabat ýylynda şu görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– ätiýaçlandyryjy dellalyň, ýumuşçynyň, sýurweýeriň we heläkçilikler boýunça wekiliniň hyzmatlary üçin haklar 15682 manat;
– gaýtadan ätiýaçlandyrma kabul edilen töwekgelçilik boýunça baýraklaryň hasaplanyp ýazylan göterimi 21157 manat;
– ýetirilen zyýan üçin jogapkär taraplardan ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryjynyň talap hukugyny ýerine ýetirmek tertibinde alan pul möçberleri 49763 manat;
– ätiýaçlandyryş ylalaşygynyň şertleriniň ýerine ýetirilmändigi üçin jerimeleriň pul möçberi 7563 manat;
– gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşygy möhletinden öň ýatyrylan halatynda, ätiýaçlandyrma ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandy-

ryş baýraklary (gatançlaryň) yzyna gaýtaryp berlen pul möçberi 30212 manat;
- 56000 manat pul möçberinde döwlet gaznalarynyň serişdeleriniň hasabyna alnan serişdeler we emläk;
- 33749 manat pul möçberinde grantlaryň (mugt pullaryň) hasabyna alnan serişdeler we emläkler;
- 14949 manat pul möçberinde pensiýa üpjünçiligi hakyndaky kanunçylyga laýyklykda alnan we şahsy pensiýa hasaplaşyklaryna gönükdirilen maýa goýum girdejileri;
- 185629 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjy);
- 133504 manat pul möçberinde gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjy);
- 24341 manat pul möçberinde gaýtadan ätiýandyryş şertnamasy boýunça tölenýän haklar we tantýemler;
- 11062 manat pul möçberinde durmuş ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryjynyň haky;
- borçnamalary üpjün etmek hökmünde girew ýa-da tölegiň ujundan geçirme görnüşinde 17687 manat pul möçberinde alnan hak;
- 16001 manat pul möçberinde ýokarda duran gurama tarapyndan mugt berlen emläk.

Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasynyň Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheri boýunça dolandyryş edarasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasynyň Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheri boýunça dolandyryş edarasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi: JG = 478913 manat (15682 manat + 21157 manat + 49763 manat + 7563 manat + 30212 manat + 185629 manat+ + 133504 manat + 24341 manat + 11062 manat).

## 3.5.13. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar

Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin hasaba alynýan aýyrmalara 9-njy şekilde görkezilen girdejiler, şeýle-de telekeçilik we peýda (girdeji) almak üçin gönükdirilen beýleki iş bilen baglanyşykly çykdajylar we ýitgiler goşulýar. Şol bir harajatlar birnäçe çykdajy maddalarynda göz öňünde tutulan bolsa, onda salgyt salynýan girdeji hasaplananda bu harajatlar diňe bir gezek aýrylýar. Salgydyň dürli möçberleri boýunça salgyt salynýan girdejilere ýa-da salgytdan boşadylýan girdejilere degişli çykdajylar (harajatlar) aýratynlykda hasaba alynýar. Çykdajylary aýratyn hasaba almak mümkin bolmadyk halatynda, olar salgyt töleýjiniň ähli alnan girdejisinde degişli girdejiniň paýyna barabarlykda paýlanylýar. Görkezilen aýyrmalar diňe olar resminamalar esasynda tassyklanan halatynda kabul edilýär.

Şu aşakdakylar aýyrmalara goşulmaýar:

– «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 150-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda ýerlemek bolup durmaýan amallara degişli çykdajylar (harajatlar);

– peýda (girdeji) almak üçin gönükdirilen telekeçilik we işleriň beýleki görnüşleri bilen baglanyşykly bolmadyk çykdajylar we harajatlar;

– esasy serişdeleri satyn almak, olary oturtmak (gurnamak) boýunça çykdajylar (harajatlar) we düýpli häsiýetdäki beýleki çykdajylar, şeýle-de maddy däl aktiwler;

– berilýän ýa-da yzyna gaýtarylýan ssudalar we beýleki karzlar;

– diwidentler ýa-da şuňa meňzeş tölenýän tölegler, şol sanda bilelikdäki işe gatnaşyjylara tölenýän serişdeler;

– salgyt töleýjiniň başga edara görnüşli tarapyň ýa-da şereketiň esaslyk maýasyna goýumlary;

– salgyt töleýjiniň döreden gaznalarynyň we ätiýaçlyklarynyň hasabyna öwezi dolunýan çykdajylar (harajatlar);

– maksatly serişdeleriň we maksatly gelip gowuşmalaryň hasabyna amala aşyrylýan çykdajylar (harajatlar);

*9-njy şekil*

## Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin göz öňünde tutulýan aýyrmalar

**Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin göz öňünde tutulýan aýyrmalar**
1

Harytlar ýerleşdirilende, işler, ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende goşulan baha üçin salgydyň hasaplanan pul möçberi, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerleşdirilýän bahasyna olary öndürjiler tarapynda goşulýan goşmaça tölegiň pul möçberi, şeýle-de harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplar tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň we ätiýaçlandyryş pul möçberi
2

Türkmenistandaky töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidentler we beýleki girdejiler
3

Oýun işlerini geçirmekden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanşykly iş) alnan girdejiler
4

Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar), şulary goşmak bilen: maddy çykdajylar, zähmete hak tölemek üçin çykdajylar, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler, könelmäniň hasaplanylyp ýazylan möçberi, beýleki çykdajylar we ýitgiler
5

Ýerleşdirmekden daşary çykdajylar (zyýanlar)
6

Emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýygymlar (şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli maksada gönükdirilen ýygymdan başga)
7

Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilýän serişdeler
8

– toparyň ylalaşygy boýunça, şeýle-de komissioner tarapyndan komitentiň eden çykdajylarynyň öwezini dolmagyň hasabyna komissioneriň beren emläginiň bahasy, eger baglaşylan ylalaşygyň şertlerine laýyklykda şeýle harajatlar komissioneriň çykdajylarynyň düzümine goşulmaýan bolsa. Bu aýdylanlar tabşyryk ylalaşyklaryna we şoňa meňzeş ylalaşyklara hem degişlidir. **Komissioner** – komission hyzmatlarynyň amala aşyrylmagyny borçlanýan tarap, araçyl ýumuşçy. **Komitent** – öz hasabyna ylalaşygyň baglaşylmagyny, araçyllyk, komission hyzmatlaryň amala aşyrylmagyny tabşyryk berýän tarap.

– muzdsuz berlen emlägiň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy, şeýle-de şonuň bilen baglanyşykly çykdajylar;

– muzdsuz alnan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy;

– kömekçi hojalygy, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynyň, durmuş-medeni ulgamynyň binalaryny, okuw merkezlerini saklamak bilen baglanyşykly ýitgiler;

– maksatly maliýeleşdirmegiň çäklerinde, şeýle-de grantlar görnüşinde salgyt töleýjiniň beren pul serişdeleri we beýleki emlägiň bahasy;

– gatnaşyjylaryň düzüminden çykanlarynda gatnaşyjylara (paýdarlara, paýçylara, agzalara) ýa-da işi ýatyrylan edara görnüşli tarapyň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda olara berilýän pul serişdeleri ýa-da gaýry emlägiň bahasy;

– bilelikdäki işi hakyndaky şertnama (şerekete) gatnaşyjylar şeýle şereketden çykanlarynda ýa-da işi ýatyrylýan şereketiň emlägi oňa gatnaşyjylaryň arasynda paýlananda olara berilýän pul serişdeleri ýa-da gaýry emlägiň bahasy;

– esaslyk maýa köpelen halatynda, paýdarlaryň arasynda paýlanylýan salgyt töleýji – emitent tarapyndan berilýän paýnamalaryň bahasy;

– girew hökmünde we tölegiň ujundan geçirmek görnüşinde berlen emlägiň bahasy;

– Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen çykdajylaryň ölçeglerinden işgärleriň artyk çykdajylarynyň öwezini dolmak;

– gymmat bahaly kagyzlaryň bahasy üýtgände alnan oňaýsyz tapawut;

– oýun işinden girdejiler almak bilen baglanşykly çykdajylar (harajatlar).

Satyn alnan bahalary ýokarlandyrylan halatynda, aýyrmalara ýa-da ulanyş töleglere göni degişli daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyna «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasynyň düzgünleri ulanylyp bilinýär.

**Maddy çykdajylar.** Salgyt töleýjiniň maddy harajatlaryna 10-njy şekilde görkezilen harajatlar goşulýar. 10-njy şekiliň 10-njy dörtburçlugynda görkezilen önümçilik häsiýetli işlere we hyzmatlara önümi taýýarlamak, çig mallary we materiallary işläp taýýarlamak boýunça aýry-aýry amallary ýerine ýetirmek, sarp edilýän çig

*10-njy şekil*

## Salgyt töleýjiniň maddy çykdajylaryna degişli harajatlar

**Salgyt töleýjiniň maddy çykdajylaryna degişli harajatlar**
1

Soňra ýerleşdirmek üçin niýetlenilen harytlary satyn almak
2

Önüm öndürmekde, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary amal etmekde peýdalanýan çig maly we materiallary satyn almak
3

Öndürilen ýa-da ýerleşdirilýän hyratlary gaplamak we başga hili taýýarlamak üçin, şeýle-de başga önümçilik we hojalyk hajatlary üçin peýdalanylýan materiallary satyn almak
4

Gurallary, enjamlary, esbaplary, abzallary, ýörite geými we beýleki könelmä degişli bolmadyk emlägi satyn almak
5

Gurnamaga degişli toplaýjy önümleri satyn almak
6

Goşmaça işlenmäge degişli ýarym taýýar önümleri satyn almak
7

Tehnologik maksatlar, energiýany işläp çykarmak, jaýlary ýylatmak üçin harçlanylýan ýangyjy, suwy we energiýany satyn almak, şeýle-de energiýany özgertmek we geçirmek üçin çykdajylar
8

Peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik işi we başga işler bilen baglanyşykly beşleki maddy çykdajylar
9

Keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilýän önümçilik häsiýetli işleri we hyzmatlary satyn almak
10

Tebigaty goramak maksatly esasy serişdeleri we gaýry emlägi saklamak we peýdalanmak, hapalaýjy jisimleriň tebigi gurşawy ýol berilýän taşlandylar (zyňyndylar) üçin tölegler we ýerleriň rekultiwasiýasy üçin çykdajylary goşmaça bilen beýleki şonuň ýaly çykdajylar
11

Ýerleri rekultiwasiýa etmek we beýleki tebigaty goraýyş çäreleri üçin çykdajylar
12

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde tassyklanan tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde haryt-maddy gymmatlyklaryň ýetmezçiliginden we (ýa-da) zaýalanmagyndan çekilen zyýan
13

Öndürilende we (ýa-da) daşalanda tehnologik ýitgiler
14

Gazylyp alynýan peýdaly magdanlar gazylyp alnanda taýýarlyk işleri üçin çykdajylar
15

mallaryň we materiallaryň hilini kesgitlemek üçin synaglary geçirmek, amal edilýän tehnologiýa prosessleriniň berjaý edilişine gözegçilik geçirmek, esasy önümçilik serişdelerini abatlamak we başgalar degişlidirler. Önümçilik häsiýetli hyzmatlara keseki guramalaryň ulag hyzmatlary hem degişlidirler. Maddy çykdajylara goşulýan haryt-maddygymmatlyklaryň gymmady olaryň satyn alnyş bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär, şol sanda araçy guramalara tölenilýän komissiýa haklaryny, birja ýygymlaryny, gümrük paçlaryny, Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça ýygymlary we goşmaça tölegleri, ýükleri daşamak üçin çykdajylary we haryt-maddy gymmatlyklary satyn almak bilen baglanyşykly beýleki harajatlary goşmak bilen. Haryt-maddy gymmatlyklaryň bahasyna Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň degişli maddalaryna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 110-njy we 126-njy maddalary) laýyklykda hasap edilmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň we goşmaça tölegleriň möçberleri goşulmaýar. Maddy çykdajylaryň bahasyndan yzyna gaýtaryp berilýän galyndylaryň bahasy aýrylýar. Haryt-maddy gymmatlyklary bilen bile kabul edilen yzyna gaýtarylyp berilýän gabyň bahasy önüm iberiji tarapyndan şu gymmatlyklaryň bahasyna goşulan bolsa, onda ulanyp we ýerleşdirip bolaýjyk yzyna gaýtaryp berilýän gabyň bahasy gymmatlyklary satyn almak üçin amal edilen çykdajylaryň umumy pul möçberinden aýrylýar. Haryt-maddy gymmatlyklar bilen bile önüm iberijiden alnan yzyna gaýtaryp berilmeýän gabyň bahasy, olary satyn almak üçin amal edilen çykdajylaryň umumy pul möçberine goşulýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 106-njy maddasy), goşulan baha üçin salgytdan boşadylýan salgyt salynýan amallary amala aşyrmak üçin maddy çykdajylaryň düzümine goşulýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy, şeýle-de Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 96-njy maddasy) göz öňünde tutulan goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat bolup durmaýan amallar amala aşyrlanda ulanylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy, şonuň ýaly satyn alynýan harytlar (işler, hyzmatlar) boýunça tölenýän

goşulan baha üçin salgyt bilen aýyrmalara goşulýar. Şu aýdylanlar goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýan taraplaryň («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 2-nji bölegi) satyn alynýan harytlary (işleri, hyzmatlary) babatynda hem ulanylýar. Maddy çykdajylara goşulýan harytlaryň bahasyna Türkmenistanda öndürilýän we onuň çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça tölenen («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 126-njy maddasynda göz öňünde tutulan goşmaça töleg tölenmäge degişli bolmadyk harytlary öndürmek üçin çig mal, materiallar görnüşinde ýa-da olar beýleki maksatlar üçin peýdalananda) goşmaça tölegler hem goşulýar.

**Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar.** Pul we haryt görnüşinde zähmete hak tölemek üçin çykdajylara şu çykdajylar degişlidirler:

– kärhanada kabul edilen zähmete hak tölemek ulgamyna we onuň görnüşlerine laýyklykda bellenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin iş haky;

– önümçilik netijeleri üçin baýraklar, tarif möçberlerine we wezipe aýlyk haklaryna tölenýän goşmaça haklar;

– gijesine işlenendigi, köp çalşykly işde işlenendigi, hünärleriň utgaşdyrylandygy, hyzmat ediş zolagynyň giňelendigi, zähmetiň agyr, zyýanly, aýratyn zyýanly şertlerinde işlenendigi, iş wagtyndan artyk iş, dynç we baýramçylyk günlerinde iş üçin Türkmenistanyň iş kanunçylygyna laýyklykda öwez puly häsiýetdäki tölenýän tölegler;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere mugt berilýän jemagat hyzmatlary, iýmit, önümler, ýaşaýyş jaý üçin çykdajylar ýa-da olar boýunça tölenýän öwez pulunyň möçberi;

– işgärleriň naharlanmagy üçin çykdajylar, şol sanda naharlanmak başga adamlar tarapyndan guralan hem bolsa, eger-de şonuň ýaly çykdajylar zähmet şertnamasynda we (ýa-da) toparlaýyn şertnamada göz öňünde tutulan halatynda;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere berilýän, olaryň şahsy ulanylmagynda hemişelik galýan mugt berilýän zatlaryň (görnüşli lybasy, egin başlary goşmak bilen) bahasy (olaryň aşaklandyrylan baha boýunça satylmagy bilen baglanyşykly ýeňillikleriň pul möçberi);

– işgärleriň döwlet we (ýa-da) jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetiren wagtynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlarda saklanyp galýan wagty üçin olara hasaplanyp ýazylýan iş hakynyň pul möçberi;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda nobatdaky (her ýylky) we goşmaça rugsatlary (ulanylmadyk rugsatlary üçin öwezini dolmalar), ýetginjekleriň ýeňillikli sagatlary, çagany naharlamak üçin eneleriň işdäki arakesmeleri, saglygy goraýyş gözegçiliklerini geçmek, döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly wagt üçin tölenýän hak;

– edara görnüşli tarapy (şahamçany, wekilhanany) üýtgedip gurmak ýa-da ýatyrmak, işgärleriň sanyny ýa-da işgär düzümini kemeltmek bilen baglanyşykly işden boşadylýan işgäre hak tölemek;

– işden çykanda berilýän hemaýat puluny tölemek;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işgärleriň okuw wagtynda (hünär taýdan taýýarlyk, gaýtadan taýýarlamak we ş.m.) saklanyp galýan iş haky;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda köp ýyllap işländigi üçin birwagtlaýyn tölenýän hak;

– mejbur işsiz gezen wagty üçin ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda pes hak tölenýän işiň ýerine ýetirilen wagty üçin iş haky;

– Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilan mahalynda hakyky iş hakynyň derejesine çenli tölenen goşmaça töleg;

– hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça iş bejerijileriň töleýän tölegleri (gatançlary), şeýle-de ätiýaçlandyryş guramalary bilen işgärleriň peýdasyna baglaşylan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça iş berijiniň töleýän tölegleri (gatançlary);

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işler wahta usuly bilen ýerine ýetirilende goşmaça tölenýän tölegleriň pul möçberi;

– barlag geçirilýän, gan tabşyrylýan we her gezek gan tabşyrylandan soň berilýän dynç günleri üçin donor-işgärlere iş haky tölemek üçin çykdajylar;

– raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işgärleriň ýerine ýetiren işleri (hyzmatlary) üçin edara görnüşli tarapyň işgär düzüminde durmaýan işgärleriň iş haky (hususy telekeçiler bolup durýan adamlara tölenýän tölegler oňa degişli däl). Şonuň bilen birlikde, iş hakynyň pul möçberine işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirmek bilen baglanşykly maddy harajatlaryň bahasy goşulmaýar;

– geljekde işgärleriň zähmet rugsatlaryny tölemek üçin ätiýaçlyga we (ýa-da) köp ýyl işländigi üçin her ýyl tölenýän haky tölemek üçin ätiýaçlyga serişdeleri geçirmek görnüşindäki çykdajylar;

– zähmet ylalaşygynda (şertnamasynda) we (ýa-da) toparlaýyn ylalaşykda, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan işgärleriň peýdasyna edilen çykdajylaryň beýleki görnüşleri.

Aýyrmalar hökmünde kabul edilýän zähmete hak tölemek üçin çykdajylaryň düzüminde 11-nji şekilde görkeziljek çykdajylar göz öňünde tutulmaýar.

*11-nji şekil*

**Aýyrmalar hökmünde kabil edilýän zähmete hak tölemek üçin çykdajylaryň düzüminde göz öňünde tutulmaýan çykdajylar**



**Ulanyş tölegleri.** Salgyt töleýji tarapyndan girdeji almak üçin peýdalanylýan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça hasaplanýan ulanyş tölegleri salgyt töleýjiniň çykdajylaryna (harajatlaryna) goşulýar. Düýpli häsiýetli harajatlar salgyt töleýjiniň çykdajylaryna (aýyrmalaryna) ulanyş tölegleriniň üsti bilen goşulýar. Maddy däl aktiwler boýunça hasaplanýan ulanyş tölegleri diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen şertler berjaý edilende we olar girdeji almak üçin peýdalanylandygy hakykatda tassyklanylanda, aýyrmalar hökmünde hasaba alynýar.

Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy hasaplamak üçin, könelme hasaplanylýan emlägiň düzüminden muzdsuz alnan esasy serişdeler, şeýle-de telekeçi däl edara görnüşli taraplaryň, býujetdäki guramalaryň we jemgyýetçilik birleşmeleriniň emlägi aýrylýar, hatda şol emläk olar tarapyndan girdeji almak üçin peýdalanylýan hem bolsa. Könelme hasaplanylýan emlägiň bahasyna aýyrmalar hökmünde kabul edilýän düýpli häsiýetdäki harajatlar goşulmaýar. Kärendesine (kireýine) berlen emläk boýunça ulanyş tölegleriň pul möçberini kärendä(kireýine) beriji hasaplaýar. Lizinge berlen emläk boýunça ulanyş tölegleriniň pul möçberini lizinge alyjy hasaplaýar. Buýrujy tarapyndan bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba alynmadyk gurluşyk desgalary ulanylan mahaly, ulanylyş tölegleri esasy serişdeleriň hasabyna alynylyşy ýaly kabul edilýän tertip boýunça aýyrmalara goşulýar. Bu tertip şonuň ýaly beýleki halatlarda hem ulanylýar. Ulanyş tölegleri hasaplamak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertip ulanylýar.

**Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler ýerleşdirilende kabul edilýän aýyrmalar.** Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler (olaryň muzdsuz berilmegini goşmak bilen) ýerleşdirilende jemi girdejiden bu emlägiň ilkibaşky (balans) bahasy bilen olaryň ulanylan döwründe hasaplanan ulanyş tölegleriniň pul möçberiniň arasyndaky tapawut aýrylmaga degişlidir. Bu tertip hatardan çykan esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň ogurlanmagy we zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň günäkär taraplardan öwezi dolunan pul möçberleri, şeýle-de atiýaçlandyryş öwezini dolmalar babatynda hem ulanylýar.

**Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar we ýitgiler.** Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar we ýitgiler şu aşakdakylary öz içine alýar:

– ýer üçin töleg;

– oýlap tapyşlar we rasionalizatorçylyk teklipler üçin tölenýän hak;

– islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler görnüşindäki çykdajylar;

– wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça hemaýat pullar we Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen we iş berijiniň hasabyna işgärlere tölenilýän beýleki durmuş hemaýat pullary;

– täze iş ýerine geçende işgärlere berilýän hemaýat puly;

– ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar;

– kärende we lizing tölegleri;

– Türkmenistanyň Ministler Kabineti tarapyndan tassyklanylan ölçegleriň çäklerinde deňiz, derýa we howa gämileriniň ekipažlarynyň azyk rasiony üçin çykdajylar;

– keseki edara görnüşli taraplar tarapyndan işgärleri bermek boýunça hyzmatlar üçin çykdajylar;

– hyzmatdaşlygy ýola goýmak we saklamak maksady bilen, beýleki edara görnüşli taraplaryň gepleşiklere gatnaşýan wekillerini resmi taýdan kabul etmek we hyzmat etmek bilen baglanyşykly wekilçilik çykdajylary, ýöne bu çykdajylaryň pul möçberi jemi girdejiniň 1 göteriminden ýokary bolmaly däl;

– aragatnaşyk hyzmatlary üçin tölegler;

– auditorçylyk, hukuk, maslahat beriş, maglumat we beýleki dolandyryş hyzmatlary üçin çykdajylar;

– keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilen işler (amal edilen hyzmatlar) üçin komission ýygymlaryň we beýleki şunuň ýaly çykdajylaryň pul möçberi;

– hat-ýazuw harytlary üçin çykdajylar;

– öndürilen (satyn alnan) we (ýa-da) ýerleşdirilýän harytlary (işleri, hyzmatlary), salgyt töleýjiniň işini, haryt nyşanyny we hyzmat nyşanyny mahabatlandyrmak, şol sanda sergilere we ýarmarkalara gatnaşmak üçin çykdajylar;

– öz işgärlerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak üçin çykdajylar;

– işgärleri guramaçylykly toplamak üçin harajatlar;

– gorag we howpsuzlyk, zähmetiň kadaly şertlerini üpjün etmek üçin çykdajylar (emlägi goramak üçin hyzmatlar, ýangyna garşy çäreler, zähmetiň howpsuzlygy we edara görnüşli tarapyň çäklerinde gönüden göni ýerleşýän saglygy goraýyş otagyny we esbaplaryny saklamak bilen baglanyşykly beýleki şunuň ýaly çykdajylar);

– tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde gelip gowşan maddy serişdeleriň ýetmezçiligi sebapli ýitgiler;

– zyýan önüm öndürmekden çekilen zyýan;

– içerki önümçilik sebäpleri boýunça boş durmalardan çekilen ýitgiler;

– emlägi ätiýaçlandyrmak we ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri boýunça çykdajylar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154-nji we 156-njy maddalarynyň 1-nji böleklerinde görkezilen çykdajylardan başga);

– abatlaýyş gaznasyna, ykdysadyýetiň möwsümleýin pudaklaryndaky taýýarlyk işleri boýunça önüçilik harajatlarynyň ätiýaçlygyna, şeýle-de beýleki ulanylýan zatlary abatlamak üçin gelejekdäki harajatlar ätiýaçlygyna geçirmeler;

– täze önümçilikleri, sehleri we enjamlary taýýarlamak we özleşdirmek üçin çykdajylar;

– tehnologiýany kämilleşdirmek, önümçiligi guramak we dolandyrmak bilen baglanyşykly düýpli häsiýetli bolmadyk çykdajylar;

– kepillendirilen abatlama işleri we hyzmatlary üçin harajatlar;

– ýaşaýyş jaý-jemagat we durmuş binalaryny goşmak bilen, işi wahtalaýyn usul bilen amala aşyrýan kärhanalaryň wahta we wagtlaýyn şäherçeleri saklamak üçin çykdajylar;

– tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar;

Ýokarda görkezilen çykdajylardan (harajatlardan) başga, harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanşykly beýleki çykdajylar we tölegler 12-nji şekilde beýan edilýär. 12-nji şekiliň 2-nji dörtburçlugynda görkezilen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen ölçegleriň çäklerinde iş sapar çykda-

jylary işgärleriň iş sapar ýerine we hemişelik iş ýerine baryp-gelmegi, ýaşaýyş jaýynyň kireýi, gije-gündizlik çykdajylary (tölegleri), ygtyýarnamalary, posportlary, çakylyklary we şunuň ýaly resminamalary resmileşdirmek, konsullyk, aeroport ýygymlary, girmek hukugy üçin ýygymlar we beýleki şunuň ýaly tölegler we ýygymlar üçin çykdajylary öz içine alýar. Harytlary öndürmek we ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek bilen baglanyşykly gaýry çykdajylara we ýitgilere Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 110-njy maddasy) hasaplaşyga kabul edilmeýän esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk desgalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberleri hem goşulýar.

*12-nji şekil*

**Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar we tölegler**



**Ýerleşdirmekden daşary çykdajylar.** Önüm öndürmek we ýerleşdirmek bilen gös-göni baglanyşykly bolmadyk işi amala aşyrmak üçin amal edilýän harajatlar ýerleşdirmnekden daşary çykdajylaryň (ýitgileriň) düzümine goşulýar. Ýerleşdirmekden daşary çykdajylaryň düzümine goşulýan çykdajylar 13-nji şekilde şekillendirilýär. 13-nji şekilde görkezilen çykdajylardan başga, ýerleşdirmekden daşary çykdajylaryň düzümine şu çykdajylar we ýitgiler goşulýar:

– iberilen haryt-maddy gymmatlyklara, işlere, hyzmatlara degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, eger-de şeýle önüm ibermek boýunça karz bergisi (karz berýänleriň öňündäki borçnama) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 149-njy maddasynyň 2-nji böleginiň «g» bölümçesine laýyklykda hasabat döwründe hasapdan öçürilen bolsa;

– hak işleýiş möhletiniň geçendigi bilen baglanyşykly ýa-da başga bir esaslar boýunça hasapdan öçürilen berginiň pul möçberi;

– öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri;

– şol ýylyň hasabat (salgyt) döwründe ýüze çykarylan öňki salgyt döwürleriniň çykdajylary (zyýanlary);

– içerki önümçilik sebäpleri boýunça boş durmalardan çekilen ýitgiler, şeýle-de daşarky sebäpler boýunça boş durmalardan günäkär tarapyndan öwezi dolunmaýan ýitgiler;

– tebigy betbagtçylyklaryň ýa-da adatdan daşary ýagdaýlaryň netijeleriniň öňüni almak ýa-da ýok etmek bilen baglanyşykly harajatlary goşmak biulen, heläkçiliklerden we beýleki adatdan daşary ýagdaýlardan çekilýän ýitgiler;

– haryt-maddy gymmatlyklaryň tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk ýetmezçilikleri we (ýa-da) zaýalanmaklary sebäpli ýitgiler, şeýle-de günäkär adamalar bolmadyk (ýüze çykarylmadyk) halatlarynda ogurlyk sebäpli ýitgiler;

– talap etmek hukugyny bermek geleşigi boýunça ýitgiler;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döwlet emlägi kärendä berlende Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýän kärende göteriminiň bir böleginiň balansda saklaýjy tarapyndan geçirilýän pul möçberi;

*13-nji şekil*

## Ýerleşdirmekden daşary çykdajylaryň düzümine goşulýan çykdajylar

**Ýerleşdirmekden daşary çykdajylaryň düzümine goşulýan çykdajylar**
**1**

Bu iş olar üçin esasy iş bolmadyk edara görnüşli taraplar üçin – kärende (lizing) şertnamasy boýunça berlen emlägi saklamak üçin çykdajylar (by emläk boýunça ulanyş töleglerini goşmak bilen)
2

Gymmat bahaly kagyzlaryň satylan bahasy bilen olaryň satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut
3

Öz gymmat bahaly kagyzlarynyň çykarylmagyny guramak üçin we satyn alnan gymmat bahaly kagyzlara hyzmat etmek üçin çykdajylar
4

Daşary ýurt puly bilen geçirilýän amallar boýunça, şeýle-de daşary ýurt pulundaky gymmatlyklar we talaplar arzanladylanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçnamalaryň bahasy ýokarlandyrylanda ýüze çykýan oňaýsyz hümmet tapawudy, eger-de taraplaryň ylalaşmagy bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), emläk hukuklarynyň ýerleşdirilen (girdeji edilen) senesinde daşary ýurt pulunyň bellenilen hümmeti boýunça hasaplanylan borçnamalarynyň we talaplarynyň emele gelen möçberi manatda hakyky gelip gowşan (tölenen) möçbere laýyk gelmände, salgyt töleýjide döreýän oňaýsyz tapawut
5

Şübheli bergiler boýunça ätiýaçlygy döretmek üçin geçirimler
6

Işlere kazyýetde garamak bilen baglanyşykly çykdajylar
7

Hasaplanyp ýazylmadyk ulanyş tölegleriniň pul möçberini goşmak bilen, ulanmakdan çykarylan esasy serişdeleri hatardan çykarmak üçin çykdajylar, şeýle-de tamamlanmadyk gurluşygyň desgalaryny we gurnamak işleri tamamlanmadyk beýleki emläkleri sökmek, ýerasty baýlyklary goramak we beýleki şunuň ýaly işler üçin çykdajylar
8

Önümçilik kuwwatlyklaryny we binalaryny konserwasiýa we raskonserwasiýa etmek bilen baglanyşykly çykdajylar şol sanda konserwirlenen önümçilik kuwwatlyklaryny we binalary saklamak üçin harajatlar
9

Önümçilik tabşyryklaryny ýatyrmak üçin harajatlar, şeýle-de önüm bermedik önümçilik üçin harajatlar
10

Gap bilen baglanyşykly amallar boýunça çekilen zyýan
11

Türkmenistanyň Döwlet býujetine ýa-da başga döwletleriň býujetlerine tölenýän jerimelerden başga, puşmana tölegleri, jerime pullary we maliýe jerimeleriniň başga görnüşleri, şeýle-de ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak boýunça çykdajylar
12

Paýdarlaryň her ýylky ýygnagyny geçirmek üçin çykdajylar
13

– şereketiň işiniň netijeleri boýunça şerekete gatnaşyjy tarapyndan çekilýän zyýanlar;

– harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen gös-göni baglanyşykly bolmadyk beýleki çykdajylar.

**Mysal.** «Silk Road Grup S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy peýda almak maksady bilen, 2011-nji hasabat döwründe 13-nji tablisadaky çykdajylary amala aşyrypdyr.

«Silk Road Grup S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda ýerleşdirilen harytlary üçin tölän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 60357 manat, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilen geçirmeler 7162 manat. Salgyt salmak maksady bilen, «Silk Road Grup S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2011-nji-hasabat ýylynda amal edilen çykdajylarynyň jemini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Silk Road Grup S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylarynyň pul möçberi:
Ç = 309745 manat + 396666 manat + 156945 manat + 22095 manat + + 56951 manat + 4314 manat + 682 manat + 3729 manat + 1750 manat + 3801 manat + 1495 manat + 60357 manat + 7162 manat = = 1025692 manat.

**Mysal.** «Bozdemir Inşaat we Muhandeslik Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy peýda almak maksady bilen, 2011-nji hasabat ýylynda şu çykdajylary amala aşyrypdyr:

– 1675564 manat pul möçberinde gurluşyk-gurnama işlerini geçirmek üçin çig mal we materiallary satyn alypdyr;

– 561585 manat pul möçberinde satyn alnan gurallar, enjamlar, esbaplar, abzallar, ýörite geýimler we beýleki könelmä degişli bolmadyk emläk üçin edilen harajatlar;

– 712290 manat pul möçberinde bellenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan hakyky ýerine ýetirilen iş üçin tölenilen iş haky;

– gijesine işlenilendigi, köp çalşykly işde işlenilendigi, hünärleri utgaşdyrylandygy, hyzmat ediş zolagynyň giňeldilendigi, zähmetiň

*27-nji tablisa*

**«Silk Road Grup S.A.» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň peýda almak maksady bilen 2008-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylary**

| № | Çykdajylaryň görnüşleri | Çykdajylaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Soňra ýerleşdirmek üçin satyn alnan harytlar | 309745 |
| 2 | Önüm öndürmek üçin çig mal we materiallary satyn almak üçin harajatlar | 396666 |
| 3 | Bellenilen bahalardan, tarif möçberinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin tölenilen iş haky | 156945 |
| 4 | Önümçilikde ýetilen netijeler üçin tölenilen baýraklar, tarif möçberlerine we wezipe aýlyk haklaryna tölenilen goşmaça haklar | 22095 |
| 5 | Esasy serişdeler boýunça hasaplanylan ulanyş tölegleri | 56951 |
| 6 | Maddy däl aktiwler boýunça hasaplanylan ulanyş tölegleri | 4314 |
| 7 | Ýer üçin töleg | 682 |
| 8 | Oýlap tapyşlar we rasionalizatorçylyk teklipler üçin tölenen hak | 3729 |
| 9 | Islendik görnüşdäki bergiler boýunça tölenen göterimler | 1750 |
| 10 | Kärende şertnamasy boýunça berlen emlägi saklamak üçin çykdajylar | 3801 |
| 11 | Gymmat bahaly kagyzlaryň satylan bahasy bilen olaryň satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut | 1495 |
| 12 | Peýda (girdeji) almak üçin gönükdirilen telekeçilik we işiň beýleki görnüşleri bilen baglanyşykly bolmadyk çykdajylar (harajatlar) | 29799 |

agyr, zyýanly şertlerde işlenendigi, iş wagtyndan artyk iş, dynç we baýramçylyk günlerinde iş üçin 41589 manat pul möçberinde tölenilen öwezini doluş tölegler;

– 35700 manat pul möçberinde işgärlere mugt berilýän jemgyýetçilik hyzmatlary, iýmit, önümler, ýaşaýyş jaý boýunça çykdajylar ýa-da öwezini doluş pullarynyň möçberi;

– işgärleriň naharlanmagy üçin zähmet we toparlaýyn resminamalarynda 18505 manat pul möçberinde göz öňünde tutulan çykdajylar;

– 6692 manat pul möçberinde şahsy peýdalanmagynda hemişelik galýan mugt berilýän zatlaryň (şol sanda görnüşli lybaslar, eginbaşlar) bahasy;

– esasy serişdeler boýunça 205308 manat pul möçberinde hasaplanylan ulanyş tölegleri;

– maddy däl aktiwler boýunça 10950 manat pul möçberinde hasaplanylan ulanyş tölegleri;

– 3695 manat pul möçberinde maddy kömek;

– 144985 manat pul möçberinde esasy serişdeleri satyn almak we olary oturtmak boýunça çykdajylar;

– täze iş ýerine geçende 2166 manat pul möçberinde işgärlere tölenilen hemaýat puly;

– 18504 manat pul möçberinde kärende we lizing pul tölegleri.

«Bozdemir Inşaat we Muhandeslik Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda ýerine ýetiren gurluşyk-gurnama we beýleki işler üçin tölän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 188503 manat. «Bozdemir Inşaat we Muhandeslik Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda býujetden daşary gazna geçiren döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin tölegleriniň pul möçberi 161617 manat. «Bozdemir Inşaat we Muhandeslik Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda eden çykdajylarynyň jemini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Bozdemir Inşaat we Muhandeslik Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amal eden çykdajylarynyň pul möçberi: Ç = 1675564 manat + 561585 manat + 712290 manat + 41589 manat + 35700 manat + 18505 manat + 6692 manat + 205308 manat + 10950 manat+ + 2166 manat + 18504 manat + 188503 manat +161617 manat = =3638973 manat.

**Mysal.** «Paikl Pust LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy peýda almak maksady bilen, 2011-nji hasabat döwründe 28-nji tablisada görkezilen çykdajylary amala aşyrypdyr. «Paikl Pust LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy 2011-nji hasabat ýylynda önüm öndürmek we gaýry edilen işleri üçin tölän goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 317348 manat we býujetden daşary gazna geçiren döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin tölegleriň pul möçberi 29480 manat. «Paikl Pust LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amal eden çykdajylarynyň umumy pul möçberini takyklamaly.

*28-nji tablisa*

**«Paikl Pust LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amal eden çykdajylary**

| № | Çykdajylaryň görnüşleri | Çykdajylaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Önüm öndürmek üçin satyn alnan çig mal | 935098 |
| 2 | Satyn alnan gurnamaga degişli toplaýjy önümler | 229705 |
| 3 | Düýpli häsiýetli çykdajylar | 162589 |
| 4 | Bellenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin tölenilen iş haky | 133759 |
| 5 | Işgärleriň döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetiren wagtynda, olara hasaplanyp ýazylan iş hakynyň pul möçberi | 2949 |
| 6 | Nobatdaky (her ýylky) we goşmaça rugsatlary (ulanylmadyk rugsatlary üçin öwezini dolmalar) üçin tölenen hak | 5704 |
| 7 | Ýetginjekleriň ýeňillikli sagatlary üçin tölenen hak | 3028 |
| 8 | Çagany naharlamak üçin eneleriň işdäki arakesmeleri üçin tölenen hak | 1091 |
| 9 | Saglygy goraýyş gözegçiliklerini geçen wagtynda tölenen iş haky | 867 |
| 10 | Umumy ulanylýan ulag, ýörite ulaglar, edara ulagy bilen iş ýerine barmak üçin tölenilen töleg | 5128 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 11 | Esasy serişdeler boýunça ulanyş tölegler | 89696 |
| 12 | Maddy däl aktiwler boýunça ulanyş tölegler | 8369 |
| 13 | Aragatnaşyk hyzmatlary üçin tölenen tölegler | 13746 |
| 14 | Auditorçylyk, hukuk, maslahat beriş, maglumat we gaýry dolandyryş hyzmatlary üçin çykdajylar | 5556 |
| 15 | Keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilen işler üçin komission ýygymlaryň we gaýry şonuň ýaly çykdajylaryň pul möçberi | 17365 |
| 16 | Hat-ýazuw harytlary üçin çykdajylar | 248 |
| 17 | Önümçilik kuwwatlyklaryny we binalaryny saklamak üçin harajatlar | 16794 |
| 18 | Konserwirlenilen önümçilik kuwwatlyklaryny we binalaryny saklamak üçin harajatlar | 22697 |
| 19 | Işleri kazyýetde garamak bilen baglanyşykly çykdajylar | 415 |
| 20 | Ýatyrylan önümçilik tabşyryklary üçin harajatlar | 16093 |
| 21 | Önüm bermedik önümçilige edilen harajatlar | 13086 |

**Çözülişi.** «Paikl Pust LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylarynyň umumy pul möçberi: Ç = 935098 manat + +229705 manat + 133759 manat + 2949 manat + 5704 manat + 3028 manat + 1091 manat + 867 manat + 89696 manat + 8369 manat + +13746 manat + 5556 manat + 17365 manat + 248 manat + 16794 manat+ 22697 manat + 415 manat + 16093 manat + 13086 manat + +317348 manat + 29480 manat = 1863094 manat.

**Mysal.** «Çerçi Grup Petrol Gyda Tekstil Inşaat we Taahhut LTT ŞTI» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy peýda almak maksady bilen, 2011-nji hasabat ýylynda şu çykdajylary amala aşyrypdyr:

– 695104 manat pul möçberinde soňra ýerleşdirmek üçin niýetlenilen satyn alnan harytlaryň bahasy;

– 948965 manat pul möçberinde önüm öndürmek üçin satyn alnan çig mal we materiallar;

– goşmaça işlenmäge degişli satyn alnan ýarym taýýar önümleriň pul möçberi 537265 manat;

– işgärleriň sanyny ýa-da işgär düzümini kemeltmek bilen baglanyşykly işden boşadylýan işgärlere 11348 manat pul möçberinde tölenen tölegler;

– işden çykylanda tölenen hemaýat pullaryň möçberi 3786 manat;

– 5683 manat pul möçberinde işgärlere olaryň okuw wagtynda tölenen hak;

– 2474 manat pul möçberinde köp ýyllap işländigi üçin birwagtlaýyn tölenen hak;

– esasy serişdeler boýunça 95668 manat pul möçberinde hasaplanylan ulanyş tölegleri;

– maddy däl aktiwler boýunça 6104 manat pul möçberinde hasaplanylan ulanyş tölegleri;

– işgärlere kärhananyň kömekçi hojalygy tarapyndan goýberilýän önüm boýunça 5356 manat pul möçberinde baha tapawudy;

– 9549 manat pul möçberinde maddy däl aktiwleri satyn almak boýunça çykdajylar;

– 16145 manat pul möçberinde öndürilen harytlary, kärhananyň işini, haryt nyşanyny we hyzmat nyşanyny sergilerde we ýarmarkalarda mahabatlandyrmak üçin amal edilen çykdajylar;

– 9000 manat pul möçberinde işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak üçin çykdajylar;

– gorag we howpsuzlyk üçin, zähmetiň kadaly şertlerini üpjün etmek üçin 14937 manat pul möçberinde amal edilen çykdajylar;

– bellenilen bahalardan, tarif möçberinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin 132407 manat pul möçberinde tölenen hak;

– gap bilen baglanyşykly amallar boýunça 3083 manat pul möçberinde çekilen zyýanlar;

– 2694 manat pul möçberinde jerimeler, puşmana tölegleri, jerime pullary we maliýe çäreleriniň gaýry görnüşleri boýunça tölegler (býujete tölenýän maliýe jerimelerden we puşmana töleglerden başga);

– ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak boýunça 10377 manat pul möçberinde amal edilen çykdajylar;

– 37798 manatlyk iberilen haryt-maddy gymmatlyklara degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (karzdarlaryň öňündäki borçnama hasabat döwründe hasapdan öçürilipdir);

– hak işleýiş möhletiniň geçmegi bilen baglanşykly we gaýry bir esaslar boýunça hasapdan öçürilen berginiň (debitor bergidarlygy) 44114 manatlyk pul möçberi.

2011-nji hasabat ýylynda «Çerçi Grup Petrol Gyda Tekstil Inşaat we Taahhut LTT ŞTI» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy Türkmenistanyň býujetden daşary gaznasyna döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin 23662 manat we amala aşyran salgyt salynýan amallar boýunça 401757 manat goşulan baha üçin salgyt töläpdir. Salgyt salmak maksady bilen, «Çerçi Grup Petrol Gyda Tekstil Inşaat we Taahhut LTT ŞTI» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amal eden çykdajylarynyň jemini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Çerçi Grup Petrol Gyda Tekstil Inşaat we Taahhut LTT ŞTI» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amal eden çykdajylarynyň pul möçberi: Ç = 695104 manat + 948965 manat+ 537265 manat + 11348 manat + 3786 manat + 2474 manat + +5683 manat + 95668 manat + 6104 manat +16145 +manat + 9000 manat + 14937 manat + 132407 manat + 3083 manat + 2694 manat +10377 manat + 37798 manat + 44114 manat + 23662 manat + +401757 manat = 3002371 manat.

**Mysal.** «International Tubulars FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy peýda almak maksady bilen, 2011-nji hasabat ýylynda 29-njy tablisada görkezilen çykdajylary amala aşyrypdyr. «International Tubulars FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda 36696 manat pul möçberinde döwlet durmuş ätiýaçlandyryş tölegleriniwe ýerleşdirilen önümleri we amal eden işleri, hyzmatlary üçin 317047 manat pul möçberinde goşulan baha üçin salgydy töläpdir. Salgyt salmak maksady bilen, «International Tubulars FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amal eden çykdajylarynyň jemini takyklamaly.

*29-njy tablisa*

**«International Tubulars FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy tarapyndan 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylary**

| № | Çykdajylaryň görnüşleri | Çykdajylaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Önüm öndürmek üçin çig mal, materiallar | 1684716 |
| 2 | Tehnologik maksatlar, energiýany işläp çykarmak, jaýlary ýylatmak üçin harçlanýan ýangyjy, suwy we energiýany satyn almak, şeýle-de energiýany özgertmek we geçirmek üçin amal edilen çykdajylar | 25675 |
| 3 | Berilýän we yzyna gaýtaryp alynýan ssudalar we karzlar | 54482 |
| 4 | Esasy serişdeler boýunça ulanyş tölegler | 225247 |
| 5 | Maddy däl aktiwler boýunça ulanyş tölegler | 17715 |
| 6 | Keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan önümçilik häsiýetli ýerine ýetirilýän işler we hyzmatlar boýunça çykdajylar | 39189 |
| 7 | Keseki guramalaryň ýerine ýetiren ulag hyzmatlary boýunça çykdajylar | 15670 |
| 8 | Mejbury işsiz gezen wagty tölenen iş haky | 3094 |
| 9 | Bellenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin tölenen iş haky | 198832 |
| 10 | Pes hak tölenýän işiň ýerine ýetirilen wagty işgärlere tölenen iş haky | 10866 |
| 11 | Zähmete ukyplylygyny wagtlaýyn ýitiren mahalynda, hakyky iş hakynyň derejesine çenli işgärlere tölenen goşmaça tölegler | 3659 |
| 12 | Hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça iş berijiniň tölän tölegleri | 27080 |
| 13 | Ätiýaçlandyryş guramasy bilen işgärleriň peýdasyna baglaşylan şertnamalar boýunça iş berijiniň tölän tölegleri | 14707 |
| 14 | Işler wahta usuly bilen ýerine ýetirilende goşmaça tölenen tölegleriň pul möçberi | 48944 |
| 15 | Kärhananyň jemgyýetçilik işine kömekçi hojalygynyň göýberýän önümleri boýunça baha tapawudy | 7964 |
| 16 | Tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde gelip gowşan maddy serişdeleriň ýetmezçiligi sebäpli ýitgiler | 9743 |
| 17 | Zaýa önüm öndürmekden çekilen zyýan | 14697 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 18 | Içerki önümçilik sebäpleri boýunça boş durmalardan çekilen ýitgiler | 10275 |
| 19 | Emlägi ätiýaçlandyrmak we ätiýaçlandyrylyşyň gaýry görnüşleri boýunça çykdajylar | 32979 |
| 20 | Öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberi | 10715 |
| 21 | Hasabat döwründe ýüze çykarylan öňki salgyt döwrüniň çykdajylary (zyýanlary) | 20282 |
| 22 | Daşarky sebäpler boýunça boş durmalardan günäkär taraplardan öwezi dolunmaýan ýitgiler | 18481 |
| 23 | Tebigy betbagytçylyklardan, ýangynlardan, heläkçiliklerden we beýleki adatdan daşarky ýagdaýlardan çekilen ýitgiler | 18302 |

**Çözülişi.** «International Tubulars FZE» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amal eden çykdajylarynyň umumy pul möçberi: Ç = 1684716 manat + 25675 manat + 225247 manat + 17715 manat + 39189 manat+ 15670 manat + +3094 manat + 198832 manat + 10866 manat+ +3659 manat + 27080 manat + 14707 manat + +48944 manat + 9743 manat + 14697 manat + 10275 manat + 32979 manat + 20282 manat +18481 manat + 18302 manat + 10715 manat + 36696 manat + +317047 manat = 2804611 manat.

**Mysal.** «Ata Deri» hojalyk jemgyýeti peýda almak maksady bilen, 2011-nji hasabat ýylynda şu çykdajylary amala aşyrypdyr:

– 578549 manat pul möçberinde önüm öndürmek üçin çig mal we materiallar satyn alnypdyr;

– 6518 manat pul möçberinde hapalaýjy jisimleriň tebigy gurşawa ýol berilýän taşlandylary üçin tölegler;

– ýörite maksatly serişdeleriň we maksatly gelip gowuşmalaryň hasabyna 18957 manat pul möçberinde amala aşyrylan çykdajylar;

– 28076 manat pul möçberinde muzdsuz berlen emlägiň, ýerine ýetirilen işleriň, amal edilen hyzmatlaryň bahasy we olary bermek bilen baglanyşykly çykdajylar;

– 13517 manat pul möçberinde muzdsuz alnan harytlaryň bahasy;

– 20198 manat pul möçberinde kömekçi hojalygy saklamak bilen baglanyşykly çykdajylar;

– 34873 manat pul möçberinde ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynyň, durmuş–medeni ulgamynyň binalaryny, okuw merkezlerini saklamak bilen baglanyşykly ýitgiler;

– esasy serişdeler boýunça 42917 manat pul möçberinde ulanyş tölegleri;

– maddy däl aktiwler boýunça 4897 manat pul möçberinde ulanyş tölegleri;

– bellenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp 117743 manat pul möçberinde hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin iş haky;

– gezelençler we syýahatlar üçin satyn alnan ýollanmalar üçin 4523 manat pul möçberinde amal edilen çykdajylar;

– sport seksiýalaryndaky, gurnaklaryndaky we klublardaky okuwlar, medeni-tomaşa we bedenterbiýe (sport) çärelerine barmak üçin 5634 manat pul möçberinde çykdajylar;

– 23708 manat pul möçberinde ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar;

– kesgitlenilen ölçegleriň çäklerinde 14206 manat pul möçberinde iş sapar çykdajylary;

– çagyrylýan işgärler üçin ýaşaýyş jaýyny kireýne alyp bermek boýunça 12009 manat pul möçberinde çykdajylar;

– 5188 manat pul möçberinde önümçilikde şikes alynmagy zeraryly zähmete ukyplylygy ýitirilmegi bilen baglanyşykly tölenen hemaýat pullary;

– talap etmek hukugyny bermek geleşigi boýunça 21303 manat pul möçberinde ýitgiler;

– 16776 manat pul möçberinde harytlary öndürmek we ýerleşdirmek bilen gös-göni baglanyşykly bolmadyk gaýry çykdajylar;

«Ata Deri» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda 26184 manat pul möçberinde döwlet durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri töläpdir. Salgyt salmak maksady bilen, «Ata Deri» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda amal eden umumy çykdajylarynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Ata Deri» hojalyk jemgyýetiniň 2011– nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylarynyň umumy pul möçberi: Ç = 578549 manat + 6518 manat + 42917 manat + 4897 manat + 117743 manat + 23708 manat + 14206 manat + + 12009 manat + 5188 manat + 21303 manat + 16776 manat + 26184 manat = 869998 manat.

**Mysal.** «Kamaz FTS Korporation» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda peýda almak maksady bilen, 30-njy tablisada görkezilen çykdajylary amala aşyrypdyr. «Kamaz FTS Korporation» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda 14509 manat pul möçberinde döwlet durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri we salgyt salynýan amallar boýunça 108940 manat pul möçberinde goşulan baha üçin salgydy töläpdir. Salgyt salmak maksady bilen, «Kamaz FTS Korporation» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylarynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Kamaz FTS Korporation» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011– nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylarynyň pul möçberi: Ç = 602130 manat + 16140 manat + 62494 manat + 37094 manat + + 3453 manat + 5469 manat + 7794 manat + 1986 manat + 8980 manat + 14509 manat + 108940 manat = 868989 manat.

**Mysal.** «Red Pointkonstrukt SRL» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy peýda almak maksady bilen, 2011– nji hasabat ýylynda şu çykdajylary amala aşyrypdyr:

– soňra ýerleşdirmek üçin satyn alnan harytlaryň bahasy 1079349 manat;

– satyn alnan çig malyň we materiallaryň bahasy 797134 manat;

– gurnamaga degişli satyn alnan toplaýjy önümleriň bahasy 48375 manat;

– gymmat bahaly kagyzlaryň bahasy üýtgände 11183 manat pul möçberinde alnan oňaýsyz tapawut;

– esasy serişdeler boýunça 54099 pul möçberinde hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleri;

– maddy däl aktiwler boýunça 5418 manat pul möçberinde hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleri;

– 7261 manat pul möçberinde bank hyzmatlary boýunça tölegler;

*30-njy tablisa*

**«Kamaz FTS Korporation» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylary**

| № | Çykdajylaryň görnüşleri | Çykdajylaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Önüm öndürmek üçin satyn alnan çig mal we materiallar | 602130 |
| 2 | Ýeriň rekultiwasiýasy üçin çykdajylar | 16140 |
| 3 | Kärhana tarapyndan maksatly maliýeleşdirmegiň çäklerinde, şeýle-de grandlar görnüşinde berlen pul serişdeleri we beýleki emlägiň bahasy | 28575 |
| 4 | Girew hökmünde we tölegiň ujundan geçirmek görnüşinde berlen emlägiň bahasy | 24520 |
| 5 | Işgärlere bellenen çykdajylaryň ölçeglerinden artyk çykdajylaryň öwezini dolmak boýunça çykdajylaryň pul möçberi | 2256 |
| 6 | Kesgitlenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin iş haky | 62494 |
| 7 | Kadalaşdyryjy – tehniki we önümçilik maksatlary üçin peýdalanýan edebiýatdan gaýry abuna ýazylmaga degişli bolmadyk abuna ýazylyş üçin çykdajylar | 2647 |
| 8 | Esasy serişdeler boýunça hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleri | 37094 |
| 9 | Maddy däl aktiwler boýunça hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleri | 3453 |
| 10 | Port we aerodrom ýygymlarynyň pul möçberi | 5469 |
| 11 | Deňiz frahty, girmek we üstaşyr geçmek üçin ýygymlar | 7794 |
| 12 | Işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak hukugy üçin ýygymlar we tölegler | 1986 |
| 13 | Önümiň güwanamasy üçin çykdajylar | 8980 |

– kesgitlenilen bahalardan, tarif möçberlerinden we wezipe aýlyk haklaryndan ugur alnyp hasaplanylan, hakyky ýerine ýetirilen iş üçin 111297 manat pul möçberinde tölenen iş haky;

– işden çykylanda 1895 manat pul möçberinde tölenen hemaýat pullary;

– 1062 manat pul möçberinde işgärlere tölenen maddy kömek pullary;

– umumy peýdalanýan ulag, ýörite ulaglar, edaranyň ulagy bilen iş ýerine barmak we gaýtmak üçin 2484 manat pul möçberinde tölenen tölegler;

– 3735 manat pul möçberinde täze iş ýerine geçende işgärlere tölenen hemaýat pullary;

– 8363 manat pul möçberinde aragatnaşyk hyzmatlary üçin tölenen tölegler;

– 5400 manat pul möçberinde auditorlyk, hukuk, maslahat beriş, maglumat we beýleki dolandyryş hyzmatlary üçin çykdajylar;

– 2895 manat pul möçberinde işlere kazyýetde garamak bilen baglanyşykly çykdajylar.

«Red Pointkonstrukt SRL» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda döwlet durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri 20482 manat we salgyt salynýan amallar boýunça 286627 manat pul möçberinde goşulan baha üçin salgydy töläpdir. Salgyt salmak maksady bilen, «Red Pointkonstrukt SRL» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran umumy çykdajylarynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Red Pointkonstrukt SRL» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylarynyň umumy pul möçberi: Ç = 1079349 manat + 797134 manat + 48375 manat + 54099 manat + 5418 manat +7261 manat + 111297 manat + 1895 manat + 3735 manat + 8363 manat +5400 manat + 2895 manat + 20482 manat + 286627 manat = 2432330 manat.

**Mysal.** «Aşgabat» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylary 31-nji tablisada

beýan edilýär. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek maksady bilen, «Aşgabat» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işini geçirende amala aşyran çykdajylarynyň (aýyrmalarynyň) umumy pul möçberini hasaplap çykarmaly.

*31-nji tablisa*

**Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek maksady bilen, «Aşgabat» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işini häsiýetlendirilýän görkezijiler**

| № | Görkezijiler | Aýyrmalaryň umumy pul möçberine goşulýan we goşulmaýan çykdajylar, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Ýerleşdirilen harytlar boýunça hasaplanylan goşulan baha üçin salgyt | 107623 |
| 2 | Maddy çykdajylar | 797357 |
| 3 | Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar | 132490 |
| 4 | Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin tölegler | 23498 |
| 5 | Könelmäniň hasaplanyp ýazylan pul möçberi | 50856 |
| 6 | Gaýry çykdajylar we ýitgiler | 177598 |
| 7 | Ýerleşdirmekden daşary çykdajylar | 55065 |
| 8 | Emläk üçin salgyt | 7688 |
| 9 | Telekeçilik we peýda almak üçin gönükdirilen gaýry işler bilen baglanyşykly bolmadyk çykdajylar | 74118 |
| 10 | Esasy serişdeleri satyn almak we olary oturtmak bilen baglanyşykly çykdajylar | 59303 |
| 11 | Düýpli häsiýetli çykdajylar | 95465 |
| 12 | Maddy däl aktiwleri satyn almak bilen baglanyşykly çykdajylar | 4312 |
| 13 | Berilýän we yzyna gaýtaryp alynýan ssudalar we karz pullar | 35345 |
| 14 | Tölenen diwidentler | 17087 |
| 15 | Bilelikdäki işe gatnaşýan gatnaşyjylara tölenen serişdeler | 40295 |

Salgyt salynýan peýdany hasaplamak üçin, «Aşgabat» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işini geçirende amala aşyran çykdajylarynyň (aýyrmalarynyň) umumy pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin, «Aşgabat» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran maliýe-hojalyk işleri boýunça çykdajylaryň umumy pul möçberi: Ç = 107623 manat + 132490 manat + 23498 manat + 50856 manat + 177598 manat + 55065 manat + 7688 manat + 1040 manat = = 555858 manat.

**Mysal.** Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin «Sewerdorstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň maliýe-hojalyk işi 2011-nji hasabat ýylynda şu görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– 143297 manat pul möçberinde gurluşyk-gurnama işleri boýunça hasaplanylan goşulan baha üçin salgyt;

– 1283561 manat pul möçberinde maddy çykdajylar;

– 122185 manat pul möçberinde zähmete hak tölemek üçin çykdajylar;

– 23457 manat pul möçberinde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin tölegler;

– 58686 manatlyk könelmäniň hasaplanyp ýazylan pul möçberi;

– 185064 manat pul möçberinde gaýry çykdajylar we ýitgiler;

– 64831 manat pul möçberinde ýerleşdirmekden daşary çykdajylar;

– 13682 manat pul möçberinde emläk üçin salgyt;

– Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna 62745manat pul möçberinde gönükdirilen serişdeler;

– kärhananyň ýörite maksatly serişdeleriniň we gelip gowuşmalaryň hasabyna 24995 manat pul möçberinde amala aşyrylan çykdajylar;

– 24084 manat pul möçberinde muzdsuz berlen emlägiň bahasy;

– 36905 manat pul möçberinde muzdsuz alnan harytlaryň bahasy;

– kömekçi hojalygyny, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyny saklamak üçin 18601 manat pul möçberinde ýitgiler;

– durmuş-medeni binalary, okuw merkezini saklamak bilen baglanyşykly 24000 manat pul möçberinde çykdajylar;

– maksatly maliýeleşdirmegiň çäklerinde kärhananyň 34000 manat pul möçberinde beren pul serişdeleri;

– grand görnüşinde kärhananyň 31600 manat pul möçberinde berlen emläginiň bahasy;

– girew hökmünde we tölegiň ujundan geçirmek hökmünde kärhananyň 17398 manat pul möçberinde berlen emläginiň bahasy.

Salgyt salynýan peýdany hasaplamak üçin, «Sewerdorstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işini geçirende amala aşyran çykdajylarynyň (aýyrmalarynyň) umumy pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin, «Sewerdorstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylarynyň (aýyrmalaryň) umumy pul möçberi: Ç = 143297 manat + 1283561 manat + 122185 manat + 23457 manat + 58686 manat + 185064 manat + 64831 manat + 13682 manat + 62745 manat = 1957508 manat.

**Mysal.** Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek maksady bilen, «Özgertme» paýdarlar jemgyýetiniň maliýe-hojalyk işi 2011-nji hasabat ýylynda 32-nji tablisada beýan edilýän görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek maksady bilen, «Özgertme» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işi geçirilende amal edilen çykdajylarynyň (aýyrmalaryň) umumy pul möçberini hasaplamaly.

**Çözülişi**. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek maksady bilen, «Özgertme» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işi geçirilende amal edilen çykdajylarynyň (aýyrmalaryň) umumy pul möçberi: Ç (A) = 134557 manat + 1494319 manat + + 118523 manat + 20461 manat + 62956 manat + 123598 manat + + 87164 manat + 12297 manat + 38055 manat + 15367 manat + 27018 manat = 2134315 manat.

*32-nji tablisa*

**Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek maksady bilen, «Özgertme» paýdarlar jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işini häsiýetlendirýän görkezijiler**

| № | Görkezijiler | Aýyrmalaryň umumy jemine goşulýan we goşulmaýan çykdajylaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Önümi ýerleşdirmek boýunça hasaplanylan goşulan baha üçin salgyt | 134557 |
| 2 | Maddy çykdajylar | 1494319 |
| 3 | Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar | 118523 |
| 4 | Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin tölegler | 20461 |
| 5 | Könelmäniň hasaplanyp ýazylan pul möçberi | 62956 |
| 6 | Gaýry çykdajylar we ýitgiler | 123598 |
| 7 | Ýerleşdirmekden daşary çykdajylar | 87164 |
| 8 | Emläk üçin salgyt | 12297 |
| 9 | Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna gönükdirilen serişdeler | 38055 |
| 10 | Bilelikdäki işe gatnaşyjylara tölenen diwidentler we pul serişdeleri | 33778 |
| 11 | Gatnaşyjylaryň düzüminden çykanlarynda paýdarlara we paýçylara tölenen pul serişdeleri | 12163 |
| 12 | Esaslyk maýa köpelen halatynda, paýdarlaryň arasynda paýlanýan, kärhana-emitent tarapyndan berilýän paýnamalaryň bahasy | 22130 |
| 13 | Çykdajylaryň ölçeglerinden artyk gelýän çykdajylaryň öwezini dolmak üçin tölenen pul serişdeleriniň pul möçberi | 4151 |
| 14 | Gymmat bahaly kagyzlaryň bahasy üýtgände alnan oňaýsyz tapawut | 9881 |
| 15 | Edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we gaýry girdejiler | 15367 |
| 16 | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | 27018 |

**Mysal.** «Týan – Lun» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň balansynda 2011-nji hasabat ýylynyň başynda (1-nji ýanwarda) 475295 manat pul möçberinde (ilkinji baha boýunça) esasy serişdeler hasaba alnypdyr. 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeler boýunça 45968 manat pul möçberinde ulanyş tölegleri hasaplanypdyr. Ondan başga, 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeler 75091 manat pul möçberinde gaýry edara görnüşli taraplardan muzdsuz alnypdyr, olar boýunça ulanyş tölegleri 8205 manat pul möçberinde hasaplanypdyr we 71244 manat pul möçberinde esasy serişdeler kärendesine berlipdir (hasaplanylan ulanyş tölegleriň pul möçberi 7374 manat). 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeler 49385 manat pul möçberinde lizinge alnypdyr (hasaplanylan ulanyş tölegleriň pul möçberi 4940 manat) we 81197 manat pul möçberinde esasy serişdeler lizinge berlipdir (hasaplanylan ulanyş tölegleriň pul möçberi 7825 manat).

«Týan – Lun» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda düýpli häsiýetli harajatlary 157185 manat pul möçberinde amala aşyrypdyr, bu harajatlar boýunça 16485 manat pul möçberinde ulanyş tölegleri hasaplanypdyr. 2011-nji hasabat ýylynyň başyna (1-nji ýanwarda) «Týan–Lun» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň balansynda 14400 manat pul möçberinde maddy däl aktiwler hasaba alnypdyr. Maddy däl aktiwler boýunça 2011-nji hasabat ýylynda her aýda hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleriň pul möçberi 430 manat. Salgyt salmak maksady bilen, «Týan–Lun» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleriň umumy pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Týan–Lun» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça 2011-nji hasabat ýylynda hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleriň umumy pul möçberi: UT = 45968 manat + 7374 manat + 4940 manat + 16485 manat + (430 manat x 12 aý) = 79927 manat.

**Mysal.** «Soltra Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 2011-nji hasabat ýylynyň başyna balansyndaky 353285 manat pul möçberindäki esasy serişdeleriniň bir bölegini gaýry edara görnüşli taraplara 49747 manat pul möçberinde ýerleşdiripdir. «Soltra Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň gaýry edara görnüşli taraplara ýerleşdiren esasy serişdeleriniň satyn alyş bahasy (ilkibaşky bahasy) 51489 manat, olar boýunça 11504 manat pul möçberinde ulanyş tölegleri hasaplanypdyr. Ondan başga, «Soltra Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 2011-nji hasabat ýylynda «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnalynyň redaksiýasyna 2 sany kompýuteri muzdsuz beripdir, olaryň ilkibaşdaky umumy bahasy 14946 manat, hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleriň pul möçberi 7022 manat. «Soltra Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň balansynda 2011-nji hasabat ýylynyň başyna (1-nji ýanwarda) maddy däl aktiwler 12656 manat pul möçberinde hasaba alnypdyr. 2011-nji hasabat ýylynyň dowamynda maddy däl aktiwleriň bir bölegi gaýry edara görnüşli taraplara 4594 manat pul möçberinde muzdsuz berlipdir. Muzdsuz berlen maddy däl aktiwleriň ilkibaşdaky bahasy 5977 manat, olar boýunça hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleriň pul möçberi 3012 manat. Salgyt salmak maksady bilen, «Soltra Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeler we maddy däl aktiwler ýerleşdirilende jemi girdejiden aýrylýan aýyrmalaryň umumy pul möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «Soltra Korporeýşn» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy boýunça 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeler we maddy däl aktiwler ýerleşdirilende jemi girdejiden aýrylýan aýyrmalaryň umumy pul möçberi: A (aýyrmalar) = = (51489 manat –11504 manat) + (14946 manat – 7022 manat) + + (5977 manat – 3012 manat) = 50874 manat.

### 3.6.14. Esasy serişdeleri abatlamak, tebigy serişdeleri özleşdirmek, ylmy-barlag, taslama we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar

**Esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylar.** Aýyrmalar hökmünde kabul edilýän esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylar ätiýaçlyk şaýlarynyň we abatlamak üçin peýdalanýan sarp edilýän materiallaryň bahasyny, abatlamagy amala aşyrýan işgärleriň iş haky çykdajylaryny we bu abatlamagy öz güýçleri bilen alyp barmak bilen baglanyşykly beýleki çykdajylary, şeýle-de keseki taraplaryň güýçleri bilen ýerine ýetirilen işleri üçin tölenýän iş haky harajatlary öz içine alýar. Kärendeçi bilen kärendesine berijiniň arasynda baglaşylan şertnamada (ylalaşykda) kärendesine beriji tarapyndan çykdajylaryň öwezini dolmak göz öňünde tutulmadyk bolsa, kärendeçiniň kärendedäki esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylary babatda hem ýokarda beýan edilen düzgünler ulanylýar.

Esasy serişdeleri geljekde abatlamak üçin, salgyt töleýjiniň ätiýaçlyklary döretmäge haky bar. Esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylar degişli hasabat (salgyt) döwrüniň soňky gününde deň paýlar bilen çykdajylaryň hasabyna ýazylýar. Salgyt töleýji esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylaryň ätiýaçlygyny döreden halatynda, abatlamagy geçirmek üçin hakyky amala aşyrylan harajatlaryň pul möçberi bu ätiýaçlyk serişdeleriniň hasabyna hasapdan öçürilýär. Esasy serişdeleri abatlamak üçin hakyky amala aşyrylan harajatlaryň pul möçberi salgyt döwründe esasy serişdeleri abatlamak üçin döredilen geljekki çykdajylaryň ätiýaçlygynyň pul möçberinden artyk gelýän bolsa, onda salgyt salmak maksady bilen harajatlaryň galyndysy salgyt döwrüniň tamamlanan senesinden salgyt töleýjiniň beýleki çykdajylarynyň düzümine goşulýar. Eger-de salgyt döwrüniň soňuna esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylaryň ätiýaçlygynda galan serişdeleriň pul möçberi esasy serişdeleri abatlamak üçin şu salgyt döwründe hakyky amala aşyrylan harajatlaryň pul möçberinden artýan bolsa, onda ol salgyt salmak maksatlary üçin şu salgyt döwrüniň soňky senesindäki ýüze çykýan şeýle artyk pul möçberleri salgyt töleýjiniň girdejileriniň düzümine goşulýar.

**Mysal.** «Agtyklar» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda özüniň balansynda duran esasy serişdelerinde abatlamak işlerini geçiripdir. Esasy serişdelere geçirilen abatlyk işlerine edilen harajatlar 33-nji tablisada görkezilýär.

*33-nji tablisa*

**«Agtyklar» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeleri abatlamak üçin eden harajatlary**

| № | Esasy serişdeleri abatlamak üçin edilen harajatlaryň görnüşleri | Abatlamak işiniň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Ätiýaçlyk şaýlarynyň we abatlamak üçin ulanylýan sarp edilýän materiallaryň bahasy | 2165 |
| 2 | Abatlamagy amala aşyrýan işgärleriň iş hakyna edilýän çykdajylar | 1387 |
| 3 | Keseki edara görnüşli taraplar tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň tölegi üçin harajatlar | 617 |
| 4 | Abatlamagy öz güýçleri bilen alyp barmak bilen baglanyşykly gaýry çykdajylar | 949 |

«Agtyklar» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeleri abatlamak üçin 6400 manat pul möçberinde ätiýaçlyk döredipdir. Salgyt salmak maksady bilen, «Agtyklar» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeleri abatlamak üçin edilen çykdajylaryň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Agtyklar» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeleri abatlamak üçin edilen çykdajylaryň pul möçberi: Ç = 2165 manat + 1387 manat + 617 manat + 949 manat = = 5118 manat. «Agtyklar» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylaryň ätiýaçlygynda galan serişdeleriň pul möçberi esasy serişdeleri abatlamak üçin hakyky amala aşyrylan harajatlaryň pul möçberinden 1282 manat (6400 manat – 5118 manat) artyk gelýär. Şu tapawut, ýagny 1282 manat «Agtyklar» hojalyk jemgyýetiniň girdejileriniň düzümine goşulýar.

**Tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar.** Salgyt töleýjiniň ýerasty baýlyklary geologik taýdan öwrenmek, gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary gözlemek, taýýarlaýyş işleri geçirmek üçin çyk-

dajylary tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar diýlip ykrar edilýär. Tebigy we ugurdaş gazy hem-de nebit çykarmaklygy amala aşyrýan salgyt töleýjileriň beýleki taraplar tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri bilen bellenilen möçberlerde we tertipde ýerine ýetirilýän geologiýa-gözleg işleri üçin geçirmeleri hem şu çykdajylara goşulýar. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleri we döwletiň pudaklaýyn gaznalarynyň serişdeleri maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolmadyk halatynda, tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar (olar netije bermedik ýagdaýynda hem) beýleki çykdajylaryň düzümine goşulmaga degişlidirler. Tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar şeýle işleriň amala aşyrylan salgyt (hasabat) döwrüne degişli edilýär.

**Ylmy-barlag, taslama, tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar.** Esasy serişdeleri satyn almak, olary oturtmak we düýpli häsiýetdäki beýleki harajatlardan başga, ylmy-barlag, taslamalary işläp taýýarlamak we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar (olar netije bermedik ýagdaýynda hem) jemi girdejiden aýrylmaga degişlidirler.

**Mysal.** «Türkmengaz» döwlet konserniniň Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynda ýerleşýän ylmy-önümçilik birleşigi gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary gözlemek, taýýarlaýyş işleri geçirmek, tebigy magdanlary geologik taýdan öwrenmek bilen meşgullanýar. Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynda ýerleşýän ylmy-önümçilik birleşiginiň 2011-nji hasabat ýylynda tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin eden harajatlarynyň umumy pul möçberi 974585 manat. Ýokarda görkezilen harajatlaryň bir bölegi, ýagny 249675 manady döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna, 460000 manat pul möçberinde başga bir bölegi döwletiň pudaklaýyn gaznalarynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilipdir. Tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin edilen 197464 manat pul möçberindäki çykdajylar 2011-nji ýylda oňyn netije bermändir. Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynda ýerleşýän ylmy-önümçilik birleşiginiň öz serişdeleriniň hasabyna 2011-nji hasabat ýylynda geçirilen ylmy-barlag, taslamalary işläp taýýarlamak we tejribe-konstruktorçylyk işleri 533705 manat pul möçberinde

maliýeleşdirilipdir. Maliýeleşdirmegiň umumy jeminden 369294 manat pul möçberinde amala aşyrylan çykdajylar oňaýsyz netije beripdir. Beýleki çykdajylaryň umumy jemine goşulýan tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin edilýän çykdajylaryň pul möçberini hem-de jemi girdejiden aýrylýan aýyrmalar hökmünde kabul edilýän ylmy-barlag, taslamalary işläp taýýarlamak we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin edilen çykdajylaryň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Beýleki çykdajylaryň umumy jemine goşulýan tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin edilýän çykdajylaryň pul möçberi: Ç = (974585 manat – 249675 manat – 460000 manat) = 264910 manat. Jemi girdejiden aýrylýan aýyrmalar hökmünde kabul edilýän ylmy-barlag, taslamalary işläp taýýarlamak we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin edilen çykdajylaryň pul möçberi 533705 manat.

### 3.7.15. Bank we ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny amal etmek boýunça çykdajylar

**Bank hyzmatlaryny amal etmek boýunça çykdajylar.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154–163-nji maddalary) göz öňünde tutulan çykdajylardan başga, bank edaralarynyň çykdajylaryna şeýle-de şu çykdajylar goşulýar:

– bank goýumy (depozit) ylalaşyklary boýunça we hasaplarda duran serişdelerinden peýdalanylandygy üçin göterimler;

– öz bergi borçnamalary (obligasiýalary, depozit ýa-da süýşürintgiler güwanamalary, wekseller ýa-da başga borçnamalar) boýunça, şol sanda diskont görnüşindäki göterimler. **Diskont,** bu **«dickount»** diýen iňlis sözünden gelip çykyp, **indirim** diýmekdir;

– bankara karzlary, bank bilen onuň şahamçasynyň arasynda gaýtadan paýlanylýan karz serişdeleri boýunça göterimler;

– Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde bäsleşik esasda satyn alnanlary goşmak bilen satyn alnan gaýtadan maliýeleşdirme karzlary boýunça göterimler;

– bellenen tertipde tölenmeli möhleti gaýry goýlan (möhleti uzaldylan) bankara karzlary, şeýle-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça möhleti gaýra goýlan karzlar boýunça göterimler;

– müşderilere edilýän hasaplaşyk – kassa hyzmatlary, olara hasaplary açyp bermek, hasaplaşyk – kassa hyzmatlary üçin beýleki banklara tölenýän tölegleri we başga şonuň ýaly çykdajylary goşmak bilen, hyzmatlar we korrespondent gatnaşyklary üçin tölenýän komission ýygymlar;

– daşary ýurt pulunyň satyn alnandygy (satylandygy) üçin komission ýygymlary goşmak bilen, daşary ýurt pulunda amallary geçirmek boýunça çykdajylar we daşary ýurt pulunda geçirilýän amallar boýunça ýüze çykýan töwekgelçiliklerden goranmak we olary dolandyrmak boýunça çykdajylar;

– gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen amallary geçirmek boýunça çykdajylar;

– salgyt döwri babatda geçen ýyllar üçin hasaplaşyklar boýunça tölenen ýa-da yzyna gaýtaryp berlen göterimler ýa-da komission ýygymlar;

– bank işini amala aşyrmak üçin peýdalanýan esasy serişdeleriniň (esasy serişdeleriň aýry-aýry görnüşlerini goşmak bilen) kärendesi, şol sanda inkassasiýa etmek üçin awtomobil ulagynyň we bank resminamalaryny we gymmatlyklaryny, şeýle-de maddy däl emläkleri (brokerlik orunlaryny goşmak bilen) üçin ýörite awtomobil ulagyny ulanmak boýunça çykdajylar;

– faksmil we hemra aragatnaşygyny goşmak bilen, bank amallaryny we müşderilere hyzmat etmek boýunça aragatnaşyk hyzmatlary boýunça çykdajylar;

– hasaplaşyk – kassa we hasaplaýjy merkezleriniň hyzmatlary boýunça çykdajylar;

– forfeýting we faktoring amallary, şahsy we edara görnüşli taraplar bilen şertnama boýunça pul serişdelerini we gaýry emlägi ynamdar dolandyrmak boýunça çykdajylar;

– blankalary, bank habarynyň magnit we beýleki geçirijilerini, şeýle-de berk hasabatlylyk blankalaryny, çek, kwitansiýa, goýum

*34-nji tablisa*

**«Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäherinde ýerleşýän «Döwletli» şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda amala aşyran çykdajylary**

| № | Çykdajylaryň görnüşleri | Çykdajylaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Bank goýumy (depozit) ylalaşyklary boýunça we hasaplarda duran pul serişdelerinden peýdalandygy üçin göterimler | 37074 |
| 2 | Obligasiýalar, depozit we güwanamalar, wekseller we gaýry borçnamalar (öz bergi borçnamalary) boýunça göterimler, şol sanda diskont görnüşinde | 24355 |
| 3 | Bankara karzlar, bank bilen onuň şahamçalarynyň arasynda, şeýle-de bir bankyň şahamçalarynyň arasynda gaýtadan paýlanylýan karz serişdeleri boýunça göterimler | 17783 |
| 4 | Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilen tertipde bäsleşik esasynda satyn alnan gaýtadan maliýeleşdirme karz pullary boýunça göterimler | 20962 |
| 5 | Kesgitlenilen tertipde tölenmeli möhleti gaýra goýlan (möhleti uzaldylan) bankara karzlary, şeýle-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça möhleti gaýra goýlan karz pullary boýunça göterimler | 11305 |
| 6 | Hyzmatlar we korrespondent gatnaşyklary üçin tölenen komission ýygymlar | 14789 |
| 7 | Müşderilere hasaplaşyk-kassa hyzmatlaryny amal etmek, olara hasaplary açmak, hasaplaşyk-kassa hyzmatlary üçin beýleki banklara tölenýän tölegler boýunça çykdajylar | 19866 |
| 8 | Daşary ýurt pullary bilen amallary geçirmek, daşary ýurt pulundaky töwekgelçiliklerden goramak we dolandyrmak boýunça çykdajylar | 5689 |
| 9 | Daşary ýurt pulunyň satyn alnandygy (satylandygy) üçin komission ýygymlary (tölegleri) | 6508 |
| 10 | Salgyt döwri babatda geçen ýyllar üçin hasaplaşyklar boýunça tölenen ýa-da yzyna gaýtaryp berlen göterimler ýa-da komission ýygymlar | 12573 |
| 11 | Tölemek boýunça çykdajylar | 33141 |
| 12 | Bankyň işgärlerine tölenen maddy kömek | 3410 |
| 13 | Esasy serişdeleri satyn almak boýunça çykdajylar | 45355 |
| 14 | Düýpli häsiýetli çykdajylar | 69286 |
| 15 | Bank tarapyndan döredilen gaznalaryň we ätiýaçlyklaryň hasabyna öwezi dolunýan çykdajylar | 22328 |

we beýleki kitapçalaryny, banknotalar we şaýlyklar üçin gaplaýyş materiallaryny taýýarlamak, satyn almak we ibermek boýunça çykdajylar;

– töleg – hasaplaşyk serişdelerini taýýarlamak we ornaşdyrmak (plastik kartoçkalary, ýol çekleri we töleg – hasaplaşyk serişdeleri) boýunça çykdajylar;

– banknotalary, şaýlyklary, çekleri we beýleki hasaplaşyk – töleg resminamalarynyň inkassasiýasy üçin çykdajylar, şeýle-de banka ýa-da onuň müşderilerine degişli gymmatlyklary gaplamak (nagt pullaryň toplamagyny goşmak bilen), daşamak, ibermek we eltip bermek boýunça çykdajylar;

– gymmatlyklary daşamak we saklamak üçin inkassator bukjalaryny we haltalaryny abatlamak we düzetmek, şeýle-de olary satyn almak ýa-da ulanyp bolmajaklaryny çalyşmak boýunça çykdajylar;

– şahsy taraplaryň depozitleriniň kepillendiriş gaznasyny döretmek boýunça çykdajylar;

– pensiýalary we kömek pullaryny geçirmek boýunça çykdajylar.

**Mysal.** «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäherinde ýerleşýän «Döwletli» şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda 34-nji tablisada görkeziljek çykdajylary amala aşyrypdyr. Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäherinde ýerleşýän «Döwletli» şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda eden çykdajylarynyň umumy pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Aşgabat şäherinde ýerleşýän «Döwletli» şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda eden çykdajylarynyň umumy pul möçberi: Ç = 37074 manat + 24355 manat + 17783 manat + 20962 manat + 11305 manat + 14789 manat + 19866 manat + 5689 manat + + 6508 manat + 12573 manat + 33141 manat = 204045 manat.

**Mysal.** «Senagat» paýdarlar – täjirçilik banky 2011-nji hasabat ýylynda şu çykdajylary amala aşyrypdyr:

– esasy serişdeleriň kärendesi üçin tölegleri tölemek boýunça 16904 manat pul möçberinde çykdajylar;

– 15678 manat pul möçberinde pul serişdelerini inkassasiýa etmek üçin we bank resminamalaryny we gymmatlyklaryny daşamak üçin ýörite awtomobil ulagynyň ulanylmagy üçin tölenýän tölegler;

– 7398 manat pul möçberinde maddy däl emläkler we broker ýerleri üçin çykdajylar;

– 10982 manat pul möçberinde bank işini amala aşyrmak üçin esasy serişdeleriň aýry-aýry görnüşlerini ulanmak boýunça çykdajylar;

– 16036 manat pul möçberinde bank amallaryny amala aşyrmak we müşderilere hyzmat etmek boýunça aragatnaşyk hyzmatlary boýunça çykdajylar (şol sanda faksmil we hemra aragatnaşygy);

– 9758 manat pul möçberinde hasaplaşyk-kassa we hasaplaýjy merkezleriň hyzmatlary boýunça çykdajylar;

– 10415 manat pul möçberinde muzdsuz berlen emlägiň bahasy;

– 13405 manat pul möçberinde durmuş-medeni ulgamynyň binalaryny saklamak bilen baglanyşykly çykdajylar;

– 119342 manat pul möçberinde bank gullukçylarynyň we administratiw-tehniki işgärleriň zähmet haky;

– 14365 manat pul möçberinde esasy serişdeler boýunça ulanyş tölegleri;

– 19997 manat pul möçberinde faktoring amallary boýunça çykdajylar;

– 24873 manat pul möçberinde şertnama esasynda pul serişdelerini we emlägi ynamdar dolandyrmak boýunça çykdajylar;

– 11584 manat pul möçberinde blankalary, bank habarlaryny magnit we beýleki geçirijilerini, şeýle-de berk hasabatlylyk blankalary, çekleri, kwitansiýalary, goýum we beýleki kitapçalary, banknotalar we şaýlyklar üçin paýlaýyş materillaryny satyn almak we ibermek boýunça çykdajylar;

– 14740 manat pul möçberinde töleg-hasaplaşyk serişdelerini taýýarlamak we ornaşdyrmak (plastik kartoçkalary, ýol çekleri we gaýry töleg-hasaplaşyk serişdeleri) boýunça çykdajylar;

– 11944 manat pul möçberinde banknotalary, şaýlyklary, çekleri we gaýry hasaplaşyk – töleg resminamalarynyň inkassasiýasy üçin çykdajylar;

– 5201 manat pul möçberinde banka ýa-da onuň müşderilerine degişli gymmatlyklary gaplamak, daşamak, ibermek we eltip bermek boýunça çykdajylar;

– 6330 manat pul möçberinde gymmatlyklary daşamak we saklamak üçin inkassator bukjalaryny we haltalaryny abatlamak we düzetmek boýunça, şeýle-de olary satyn almak we ulanyp bolmajaklaryny çalyşmak boýunça çykdajylar;

– 16180 manat pul möçberinde şahsy taraplaryň depozitleriniň kepillendiriş gaznasyny döretmek boýunça çykdajylar;

– bank goýumy (depozit) ylalalaşyklary boýunça we hasaplarda duran pul serişdelerinden peýdalanylandygy üçin 35090 manat pul möçberinde hasaplanyp ýazylan göterimler;

– obligasiýalar, depozit we süýşürintgiler güwanamalary, wekselleri we gaýry borçnamalar (bankyň öz bergi borçnamalary) boýunça 19315 manat pul möçberinde hasaplanyp ýazylan göterimler;

– bankara karzlary, bank bilen onuň şahamçasynyň arasynda, şeýle-de bir bankyň şahamçalarynyň arasynda gaýtadan paýlanylan karz serişdeleri boýunça 9794 manat pul möçberinde hasaplanyp ýazylan göterimler.

Salgyt salmak maksady bilen, «Senagat» paýdarlar – täjirçilik bankynyň 2011-nji hasabat ýylynda eden çykdajylarynyň umumy pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Senagat» paýdarlar – täjirçilik bankynyň 2011-nji hasabat ýylynda eden çykdajylarynyň umumy pul möçberi: Ç = 16904 manat + 15678 manat + 7398 manat + 10982 manat + 16036 manat + 9758 manat + 119342 manat + 14365 manat + 19997 manat + 24873 manat + 11584 manat + 14740 manat + 11944 manat + 5201 manat + 6330 manat + 16180 manat + 35090 manat + 19315 manat + 9794 manat = 385511 manat.

**Ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny amal etmek boýunça çykdajylar.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154–163-nji maddalary) göz öňünde tutulan çykdajylardan başga, edara görnüşli taraplaryň ätiýaçlandyryş hyzmatlary amal etmek boýunça harajatlaryna goşulýan çykdajylar 13-nji şekilde görkezilýär.

*13-nji şekil*

**Ätiýaçlandyryş hyzmatlary amal etmek boýunça çykdajylar**




**Mysal.** «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň Lebap welaýaty boýunça dolandyryş edarasynyň 2011-nji hasabat ýylynda eden çykdajylary şu görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– gaýtadan ätiýaçlandyrylyşa berlen şertnamalar boýunça 55685 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş gatançlary;

– ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberiniň we ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar boýunça 182575 manat pul möçberinde tölenen tölegler;

– gaýtadan ätiýaçlandyrylyşa kabul edilen şertnamalar boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň paýynyň öwezini dolmak üçin 31307 manat pul möçberinde tölenen tölegler;

– komisision hak we gaýtadan ätiýaçlandyryş amallary boýunça 7374 manat pul möçberinde tölenen tantýemler;

– 15565 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş ätiýaçlyklaryny ýerleşdirmek bilen baglanyşykly harajatlar;

– 135587 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş guramasynyň işgärleriniň zähmet haky;

– 14305 manat pul möçberinde esasy serişdeler boýunça hasaplanylan ulanyş tölegleri;

– 10841 manat pul möçberinde maddy däl aktiwler boýunça ulanyş tölegleri;

– ätiýaçlandyryş işi bilen baglanyşykly özlerine edilen hyzmatlar üçin ätiýaçlandyryş brokerlerine, ýumuşçylaryna, sýurweýerlerine, heläkçilik komissarlaryna we gaýry edara görnüşli taraplara 18319 manat pul möçberinde tölenen komission haklar;

– 24096 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş işini üpjün etmek üçin zerur bolan ätiýaçlandyryş şahadatnamalaryny, berk hasabatlylyk blankalaryny we gaýry resminamalary taýýarlamak, çykarmak, kabul etmek, saklamak, ibermek we ornaşdyrmak bilen baglanyşykly çykdajylar;

– 60175 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş gatançlary 15 göterime çenli çäklerde ätiýaçlandyryş wakalaryň öňüni almak boýunça çäkli maliýeleşdirmek üçin harajatlar;

– ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça kesgitlenilen möçberiniň ätiýaçlandyryş ätiýaçlyklaryna 55296 manat pul möçberinde serişdeleriň geçirilmegi;

– 3458 manat pul möçberinde işgärlere tölenen maddy kömek pullary;

– 15089 manat pul möçberinde satyn alnan maddy däl aktiwler;

– 10000 manat pul möçberinde ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyny saklamak üçin çykdajylar;

– 12586 manat pul möçberinde okuw merkezlerini saklamak bilen baglanyşykly çykdajylar.

«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň Lebap welaýaty boýunça dolandyryş edarasy 2011-nji hasabat ýylynda döwlet durmuş ätiýaçlandyryş töleglerini 24544 manat pul möçberinde töläpdir. Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň Lebap welaýaty boýunça dolandyryş edarasynyň 2011-nji hasabat ýylynda eden çykdajylarynyň umumy pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň Lebap welaýaty boýunça dolandyryş edarasynyň 2011-nji hasabat ýylynda eden çykdajylarynyň umumy pul möçberi: Ç = 55685 manat + 182575 manat + 31307 manat + 7374 manat + 15565 manat+ 135587 manat +14305 manat + 10841 manat + 18319 manat + 24096 manat + + 60175 manat + 55296 manat + 24544 manat = 635669 manat.

### 3.8.16. Girdejileri we çykdajylary hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmegiň tertibi

**Girdejileri hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmegiň tertibi.** Harytlary ýerleşdirmekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary amal etmekden pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk (işler, hyzmatlar) görnüşinde girdejileriň hakyky gelip gowşuşyna garamazdan, harytlaryň ýüklenip iberilen, işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň amal edilen hasabat (salgyt) döwri girdejiniň alnan döwri diýlip hasap edilýär. Banklaryň öz adyndan we öz hasabyna bank tarapyndan çekilen pul serişdelerini ýerleşdirmekden, karz we zaýomlary bermekden göterim görnüşinde alan girdejileri, olaryň tölenen ýa-da salgyt töleýjiniň öňündäki berginiň başga bir usul bilen üzülen hasabat (salgyt) döwründe hasaba alynýar. Ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş, durmuş ätiýaçlandyr-

masy şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjy) ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan hasabat (salgyt) döwrüniň girdejisiniň düzümine goşulýar. Haçanda ylalaşyklar boýunça tölegler bölekleýin amala aşyrylanda, onda olar girdejiniň düzümine goşulmaýar. Şeýle ýagdaýda hakyň (gatanjyň) gelip gowşuşyna görä olar girdejä goşulýar ýa-da salgyt töleýjiniň öňündäki bolan bergisi başga usul bilen üzülende peýdalanylýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 97-nji maddasynyň 7-nji bölegi) laýyklykda, harytlaryň ýerleşdirilmegi diýlip ykrar edilýän tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylanda, girdejiler haryt ýetmezçiligi çykarylan hasabat (salgyt) döwründe hasaba alynýar. Şu ýagdaýlarda harytlar iberildi, işler ýerine ýetirildi we hyzmatlar amal edildi diýlip hasap edilýär:

– salgyt töleýji geleşikden ýa-da ylalaşykdan gelip çykýan ähli borçnamalary ýerine ýetiren halatynda we degişli pul möçberi salgyt töleýjä gürrüňsiz tölenmäge (öwezini dolmaga) degişli bolsa, hatda bu hukugy kanagatlandyrmak pursady gaýry möhletlere goýlan ýa-da tölegler bölekleýin amala aşyrylan bolsa-da;

– salgyt töleýji tarapyndan hyzmatlar amal edilende şertnamanyň şertlerinden gelip çykýan hyzmatlary amal etmegiň tamamlanan pursadyndan (şol sanda tapgyrlaýyn).

Uzak möhletleýin şertnamalar boýunça girdejiler her bir salgyt (hasabat) döwri boýunça olaryň hakyky ýerine ýetirilen möçberlerine laýyklykda görkezilýär. Üç aýyň dowamynda tamamlanmadyk islendik şertnama uzak möhletli şertnama diýlip hasap edilýär. Harytlary ýerleşdirmek üçin şertnamalar boýunça bu tertip, öndürilýän önümiň bir birligini taýýarlamagyň önümçilik tapgyry üç aýyň çäklerinde tamamlanmadyk harytlar babatynda hem ulanylýar. Toparyň (komissiýanyň) ylalaşygy we şonuň ýaly beýleki ylalaşyklar boýunça salgyt töleýji-komitent tarapyndan harytlar ýerleşdirilende, komissioneriň ýerleşdirmek baradaky habarnamasynda we (ýa-da) komissioneriň hasabatynda görkezilen komitente degişli emlägiň sarp edijä iberilen (berlen) sene-

*14-nji şekil*

**Salgyt töleýjiniň tölegi alan, şeýle-de oňa berginiň başga usul bilen üzülen güni ýerleşdirmekden daşary girdejiler üçin girdejiniň alnan güni diýlip hasap edilýän girdejileriň görnüşleri**

**Girdejileriň görnüşleri**
1

Islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler
2

Beýleki edara görnüşli taraplara we şereketlere paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we beýleki serişdeler
3

Ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlyk öwezini doluş puly
4

Ylalaşyk borçnamalaryň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki çäreler görnüşinde alnan serişdeler, şeýle-de ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagyndan alnan pullar
5

Türkmenistanyň Raýat Bitewi Kanunynda kesgitlenilen awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin, hak şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) senagata, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak
7

Ätiýaçlygyň hasabyna gümanly algylaryň hasabyna öň hasapdan öçürilen bergidarlardan alnan hak
8

si ýerleşdirmekden girdeji alnan sene diýlip hasap edilýär. 14-nji şekilde görkezilen girdejiler boýunça salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle-de salgyt töleýjä berginiň başga usul bilen üzülen güni, ýerleşdirmekden daşary girdejiler üçin girdejiniň alnan güni diýlip hasap edilýär. Tölegi salgyt töleýjiniň ýa-da onuň görkezmesiniň esasynda üçünji tarapyň alandygyna garamazdan, bu pul möçberi jemi girdejä goşulýar. Hak isleg möhletiniň geçmegi bilen baglylykda ýa-da gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň möçberi boýunça talap etmek hukugynyň tamamlanan güni we daşary ýurt pulundaky, şeýle-de pul gymmatlyklarynyň we talapnamalaryň bahasy artdyrylanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçlar arzanladylanda oňyn hümmet tapawudy boýunça daşary ýurt puly bilen hasaplaşyk geçirilen güni ýa-da daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgän güni, ýerleşdirmekden daşary girdejiler üçin

girdejiniň alnan güni diýlip hasap edilýär. 15-nji şekilde görkezilen girdejiler boýunça girdejiniň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni, ýerleşdirmekden daşary girdejiler üçin girdejiniň alnan güni diýlip hasap edilýär. Salgyt salmak maksady üçin, daşary ýurt pulundaky girdejiler degişli girdejiniň alnan senesinde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän hümmetine laýyklykda manatda hasaplanýar.

*15-nji şekil*

**Girdejiniň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni ýerleşdirmekden daşary girdejiler üçin girdejiniň alnan güni diýlip hasaplanýan girdejileriň görnüşleri**

**Girdejileriň görnüşleri**
1

Aýyrmalaryň düzüminde göz öňünde tutulan salgyt döwrüniň ahyryna çenli peýdalanylmadyk ätiýaçlyklaryň we gaznalaryň serişdeleri
2

Ulanmakdan aýrylan esasy serişdeler sökülende we böleklere bölünende alnan materiallaryň we beýleki emläkleriň bahasy
3

Haýyr-yhsan maksatly alnan, bellenen maksatda laýyk peýdalanylmadyk serişdeleriň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy
4

Tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artygynyň bahasy
7

Emläk hukugyny goşmak bilen muzdsuz alnan emläk (işler, hyzmatlar)
8

Emläk hukugyny goşmak bilen muzdsuz alnan emläk (işler, hyzmatlar)
8

**Mysal.** 35-nji tablisanyň 2-nji sütüninde edara görnüşli taraplaryň alan girdejileriniň (aýyrmalaryň) aýry-aýry görnüşleri sanalyp geçilýär. 35-nji tablisada görkezilýän girdejileriň haýsy döwre degişlidigini takyklamaly we alnan netijeleri şu tablisanyň 3-nji sütüniniň degişli setirine ýazmaly.

*35-nji tablisa*

**Edara görnüşli taraplaryň alýan girdejilerini hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmegiň tertibi**

| № | Edara görnüşli taraplaryň alýan girdejileriniň görnüşleri | «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan hasabat (salgyt) döwrüne degişliligi |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Harytlar ýerleşdirilende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende | Harytlaryň ýüklenen (iberilen), işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň amal eden hasabat (salgyt) döwri |
| 2 | Banklaryň öz adyndan we öz hasabyna bank tarapyndan çekilen pul serişdelerini ýerleşdirmekden, karz we nesýe bermekden göterim görnüşinde alan girdejileri | Göterim görnüşinde alnan girdejileri olaryň tölenen ýa-da salgyt töleýjiniň öňündäki berginiň başga usul bilen üzülen hasabat (salgyt) döwri |
| 3 | Atiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş, durmuş ätiýaçlandyrma şertnamalary boýunça alnan ätiýaçlandyryş haky (gatanjy) | Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan hasabat (salgyt) döwri |
| 4 | Ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş, durmuş ätiýaçlandyrma şertnamalary boýunça tölegler bölekleýin tölenende | Hakyň (gatanjyň) gelip gowuşýan hasabat (salgyt) döwri |
| 5 | Uzak möhletleýin şertnamalar boýunça alnan girdejiler | Şertnamalaryň hakyky ýerine ýetirilen möçberlerine laýyklykda her bir hasabat (salgyt) döwri |
| 6 | Salgyt töleýji-komitent tarapyndan toparyň ylalaşygy boýunça we gaýry ylalaşyklar boýunça harytlar ýerleşdirilende alnan girdejiler | Komissioneriň ýerleşdirmek baradaky habarnamasynda we (ýa-da) komissioneriň hasabatynda görkezilen komitente degişli emlägiň sarp edijä iberilen (berlen) senesi |
| 7 | Islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler | Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem berginiň başga usul bilen üzülen güni |
| 8 | Beýleki edara görnüşli taraplara we şereketlere paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we beýleki serişdeler | Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem berginiň başga usul bilen üzülen güni |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 9 | Ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşyklar boýunça ätiýaçlyk öwezini doluş pullar | Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem berginiň başga usul bilen üzülen güni |
| 10 | Ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we gaýry çäreler görnüşinde alnan serişdeler, şeýle-de ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagyndan alnan pullar | Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem berginiň başga usul bilen üzülen güni |
| 11 | Öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan pullar | Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem berginiň başga usul bilen üzülen güni |
| 12 | Awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin alnan hak | Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem berginiň başga usul bilen üzülen güni |
| 13 | Şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we iş nyşany, senagata, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin alnan hak | Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem berginiň başga usul bilen üzülen güni |
| 14 | Ätiýaçlygyň hasabyna gümanly algylaryň hasabyna öň hasapdan öçürilen bergidarlardan alnan serişdeler | Salgyt töleýji tarapyndan tölegiň alnan, şeýle hem berginiň başga usul bilen üzülen güni |
| 15 | Hak isleg möhletiniň geçmegi bilen baglylykda ýa-da gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň möçberi | Talap etmek hukugynyň tamamlanan güni |
| 16 | Daşary ýurt pulundaky amallar boýunça, şeýle-de pul gymmatlyklarynyň we talapnamalaryň bahasy artdyrylanda ýa-da daşary ýurt pulundadaky borçlar arzanladylanda onuň hümmet tapawudy boýunça alnan girdejiler | Daşary ýurt puly bilen hasaplaşyk geçirilen güni ýa-da daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgän güni |
| 17 | Hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri | Girdejileriň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 18 | Salgyt döwrüniň ahyryna çenli peýdalanmadyk ätiýaçlyk we gaýry gaznalaryň serişdeleri | Girdejileriň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni |
| 19 | Ulanmakdan aýrylýan esasy serişdeler sökülende we böleklere bölünende alnan materiallaryň we gaýry emläkleriň bahasy | Girdejileriň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni |
| 20 | Haýyr-yhsan maksatlary üçin alnan, kesgitlenilen maksada laýyk peýdalanylmadyk serişdeleriniň bahasy | Girdejileriň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni |
| 21 | Tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artan böleginiň bahasy | Girdejileriň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni |
| 22 | Muzdsuz alnan emläk (işler, hyzmatlar), şol sanda emläk hukugyny goşmak bilen | Girdejileriň emele gelmegine getiren ýagdaýyň bolup geçen hasabat (salgyt) döwrüniň soňky güni |

**Özara garaşly edara görnüşli taraplaryň girdejisini hasaba almagyň aýratynlyklary.** Özara garaşly edara görnüşli taraplaryň özara gatnaşyklarynda şunuň ýaly geleşiklerdäki adaty şertlerden tapawutlanýan şertler emele gelýän ýa-da bellenýän bolsa, olaryň biriniň alyp biljek, ýöne şeýle şertler sebäpli alynmadyk islendik girdejisi Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň düzgünlerine laýyklykda onuň salgyt salynýan girdejisine goşulýar.

**Lizingde peýdany kesgitlemegiň aýratynlyklary.** Emläk lizinge berlende, lizinge berijiniň jemi girdejisine lizinge berlen emläginiň satyn alnan bahasyndan ýa-da emlägi oturtmak, öndürmek üçin edilen harajatlardan artyk gelýän lizing tölegleriniň bir bölegi goşulýar. Lizinge berlen emlägiň satyn alnan bahasyndan ýa-da olary gurmak, öndürmek üçin amal edilen harajatlardan başga, lizing berijiniň aýyrmalaryna Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154–158-nji maddalar) göz öňünde tutulan gaýry çykdajylar hem goşulýar. Lizing alyjynyň jemi girdejisinden lizinge alnan emlägiň satyn alnan bahasyndan ýa-da olary gurmak, öndürmek üçin amal edilen harajatlardan artyk gelýän lizing tölegleriniň bir bölegi aýrylýar. Şonuň bilen birlikde,

lizinge alyjynyň jemi girdejisinden lizinge alnan esasy serişdeler (emläk) boýunça ulanyş tölegleri aýrylýar.

**Mysal.** «Rosukrenergo» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 2011-nji hasabat ýylynda «Žahid SKB» hojalyk jemgyýetine 548822 manat pul möçberinde öz emlägini lizinge beripdir. Lizinge berlen emläk «Rosukrenergo» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy tarapyndan 367384 manada satyn alnypdyr. «Rosukrenergo» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy 2011-nji hasabat ýylynda 371115 manat pul möçberinde çykdajy edipdir, şol sanda maddy çykdajylar 209585 manat, zähmete hak tölemek üçin çykdajylar 71383 manat, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler 13763 manat, könelmäniň hasaplanyp ýazylan pul möçberi 29046 manat, gaýry çykdajylar we ýitgiler 47338 manat. «Žahid SKB» hojalyk jemgyýetiniň lizinge alan emläginiň umumy bahasy (lizing tölegleri goşmak bilen) 634748 manat. Lizing tölegleriniň pul möçberi 185910 manat. Lizinge alnan esasy serişdeler boýunça 2011-nji hasabat ýylynda hasaplanylan ulanyş tölegleriň pul möçberi 39385 manat. «Rosukrenergo» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň (lizinge beriji) jemi girdejisine lizing tölegleriniň haýsy pul möçberi goşulýar? «Rosukrenergo» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň lizinge beren emläginiň satyn alan bahasy olary gurmak, öndürmek üçin amal eden harajatlaryna goşulýarmy? «Žahid SKB» hojalyk jemgyýetiniň (lizinge alyjy) jemi girdejisinden lizing tölegleriniň haýsy möçberi aýrylýar? «Žahid SKB» hojalyk jemgyýetiniň jemi girdejisinden lizinge alnan esasy serişdeler boýunça hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleri aýrylýarmy?

**Çözülişi.** «Rosukrenergo» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň jemi girdejisine lizinge berlen emlägiň satyn alnan bahasyndan ýa-da olary gurmak, öndürmek üçin harajatlardan 181438 manat (548822 manat – 367384 manat) pul möçberinde artyk gelýän lizing tölegleriniň bölegi goşulýar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 166-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, «Rosukrenergo» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň aýyrmalaryna 548822 manat pul möç-

berinde beren emläginiň satyn alan bahasy olary oturtmak, öndürmek üçin amal eden harajatlaryna goşulmaýar. 2011-nji hasabat ýylynda «Žahid SKB» hojalyk jemgyýetiniň jemi girdejisinden 85926 manat (634748 manat – 548822 manat) manat pul möçberinde lizinge berlen emlägiň satyn alnan bahasyndan ýa-da olary gurmak, öndürmek üçin harajatlardan artyk gelýän lizing tölegleriniň bölegi aýrylýar. «Žahid SKB» hojalyk jemgyýetiniň jemi girdejisinden lizinge alnan esasy serişdeleri boýunça 39385 manat pul möçberinde hasaplanyp ýazylan ulanyş tölegleri aýrylýar.

**Aýyrmalary hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmek.** Pul serişdeleriniň hakyky tölenen wagtyna we bu tölegleriň tölenilişiniň formalaryna (görnüşlerine) bagly bolmazdan, olary degişli hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul etmäge rugsat berilýär. Uzak möhletli şertnamalar boýunça, möwsümleýin häsiýetli işlerde we beýleki bellenen halatlarda, aýyrmalar Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenýän tertipde girdejileri we çykdajylary deňeçer we barabar emele getirmek ýörelgesinden ugur alyp, çykdajylaryň degişli bolan hasabat (salgyt) döwründe kabul edilýär.

Salgytlaryň pul möçberi, şeýle-de döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler olaryň hasaplanyp ýazylan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär. Türkmenistanyň töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan, beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidentler we girdejiler, olaryň alnan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar diýlip hasap edilýär. Oýun işinden alnan girdejiler olaryň alnan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär.

Maddy çykdajylar aýyrmalar hökmünde kabul edilýär:

– soňra ýerleşdirmek üçin satyn alnan harytlar satyn alyja (söwda işi) ýüklenip iberilen hasabat (salgyt) döwründe;

– haryt-maddy gymmatlyklaryň önümçilige geçirilen hasabat (salgyt) döwründe;

– salgyt töleýji tarapyndan kabul etmek-tabşyrmak ykrarhatyna ýa-da işleriň ýerine ýetirilendigini, hyzmatlaryň amal edilendigini tassyklaýan gaýry resminamalara gol çekilen hasabat (salgyt) döwründe;

– daş-töweregi hapalaýan jisimleriň ýol berilýän möçberdäki zyňyndylar (galyndylar) üçin tölegler olaryň amala aşyrylan hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär. Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar, olaryň hasaplanyp çykarylan salgyt (hasabat) döwründe aýyrmalar hökmünde ykrar edilýär. Ulanyş tölegleri olaryň hasaplanyp ýazylan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär.

Beýleki çykdajylar we ýitgiler, şeýle-de ýerleşdirmekden daşary çykdajylar we ýitgiler şu hasabat döwründe aýyrmalara goşulýar:

– şol döwür belli bolsa, hasaplanyp ýazylan (degişli bolan) döwründe;

– olaryň hasaplanyp ýazylan döwrüni kesgitlemek mümkin bolmadyk halatynda, tölegler boýunça borçnamalaryň ýüze çykan döwründe. Töleg boýunça borçnamalar harytlaryň alnan, işleri ýerine ýetirmegiň we hyzmatlaryň amal edilmeginiň tamamlanan (şol sanda tapgyrlaýyn) we hasaplaşyk geçirmek üçin esas bolup durýan resminamalaryň berlen putsadynda ýüze çykýar.

Ýetmezçilik, zaýa önüm çykarmak, boş durmalar, tebigy betbagtçylyklar, ýangyn, heläkçilikler bilen baglanyşykly çekilen zyýanlar, şeýle-de gaplar bilen amallar boýunça ýitgiler olaryň ýüze çykan döwründe aýyrmalara goşulýar. Esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylar, abatlaýyş işleriniň geçirilen hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär. Gymmat bahaly kagyzlaryň satylan we satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut onuň ýüze çykan hasabat (salgyt) döwrüne, daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemegi bilen baglanyşykly ýitgiler daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemeginiň bolup geçen hasabat döwrüne degişli edilýär. Karzdarlaryň hasapdan öçürilen haryt-maddy gymmatlyklary, işleri, hyzmatlary boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi we hasapdan öçürilen algynyň pul möçberi olaryň hasapdan öçürilen hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär.

Öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri olaryň tölenen hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalara goşulýar. Şu hasabat döwründe ýüze çykarylan geçen salgyt döwürleriniň çykdajylary (ýitgileri) şu hasabat (salgyt) döwrüniň aýyrmalaryna goşulýar.

Şereketiň işiniň netijeleri boýunça şerekete gatnaşyjynyň alan zyýany, oňa gatnaşyjylaryň arasynda ýitgileriň paýlanan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär. Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna degişli serişdeler olaryň geçirilmäge degişli hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde ykrar edilýär.

**Mysal.** 36-njy tablisanyň 2-nji sütüninde edara görnüşli taraplaryň eden çykdajylarynyň (aýyrmalaryň) aýry-aýry görnüşleri sanalyp geçilýär. 36-njy tablisada görkezilen çykdajylaryň (aýyrmalaryň) haýsy hasabat (salgyt) döwrüne degişlidigini takyklamaly we gelnen netijeleri şol tablisanyň 3-nji sütüninde beýan etmeli.

*36-njy tablisa*

**Edara görnüşli taraplaryň eden çykdajylaryny (aýyrmalaryny) hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmek**

| № | Edara görnüşli taraplaryň eden çykdajylarynyň (aýyrmalaryň) görnüşleri | «Salgytlar hakynda» Türkmenis-tanyň Bitewi kanunyna laýyklykda hasabat (salgyt) döwrüne degişliligi |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1 | Uzak möhletli şertnamalar boýunça möwsümleýin häsiýetli işlerde edilen çykdajylar | Çykdajylaryň degişli bolan hasabat (salgyt) döwri |
| 2 | Salgytlaryň pul möçberi, şeýle-de döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler | Hasaplanyp ýazylan hasabat (salgyt) döwri |
| 3 | Beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidentler we gaýry girdejiler (Türkmenistandaky töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan) | Olaryň alnan hasabat (salgyt) döwri |
| 4 | Oýun oýnalýan işlerden alnan girdejiler | Olaryň alnan hasabat (salgyt) döwri |
| 5 | Soňra ýerleşdirmek üçin satyn alnan harytlar boýunça çykdajylar | Satyn alyjylara iberilen hasabat (salgyt) döwri |
| 6 | Haryt-maddy gymmatlyklar boýunça çykdajylar | Önümçilige geçirilen hasabat (salgyt) döwri |
| 7 | Işleriň we hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi boýunça çykdajylar | Işleriň ýerine ýetirilendigini, hyzmatlaryň amal edilendigini tassyklaýan resminamalara gol çekilen hasabat (salgyt) döwri |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 8 | Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar | Hasaplanyp ýazylan hasabat (salgyt) döwri |
| 9 | Ulanyş tölegleri | Hasaplanyp ýazylan hasabat (salgyt) döwri |
| 10 | Beýleki çykdajylar we ýitgiler | Geçirilen hasabat (salgyt) döwri |
| 11 | Ýerleşdirmekden daşary çykdajylar | Geçirilen hasabat (salgyt) döwri |
| 12 | Ýetmezçilik, zaýa önüm öndürmek, boş durmalar, tebigy betbagtçylyklar, ýangyn, heläkçilikler bilen baglanyşykly çekilen zyýanlar, şeýle-de gaplar bilen geçirilen amallar boýunça ýitgiler | Olaryň ýüze çykan hasabat (salgyt) döwri |
| 13 | Esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylar | Abatlaýyş işleriniň geçirilen hasabat (salgyt) döwri |
| 14 | Gymmat bahaly kagyzlar satylan we satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut | Onuň ýüze çykan hasabat (salgyt) döwri |
| 15 | Daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemegi bilen baglanyşykly ýitgiler | Daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemeginiň bolup geçen hasabat (salgyt) döwri |
| 16 | Karzdarlaryň (kreditorlaryň) hasapdan öçürilen haryt-maddy gymmatlyklary, işleri, hyzmatlary boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | Olaryň hasapdan öçürilen hasabat (salgyt) döwri |
| 17 | Hasapdan öçürilen algynyň (debitor algydarlygy) pul möçberi | Olaryň hasapdan öçürilen hasabat (salgyt) döwri |
| 18 | Öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri | Olaryň tölenen hasabat (salgyt) döwri |
| 19 | Häzirki hasabat döwründe ýüze çykarylan geçen salgyt döwürleriniň çykdajylary (ýitgileri) | Häzirki hasabat (salgyt) döwri |
| 20 | Şereketiň işiniň netijesinde şerekete gatnaşyjynyň çekýän zyýany | Şerekete gatnaşyjylaryň arasynda paýlanan hasabat (salgyt) döwri |
| 21 | Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna gönükdirilen serişdeler | Olaryň tölenen hasabat (salgyt) döwri |

**Salgyt töleýjiniň işinden gelýän zyýanlar.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanan jemi girdejiden («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 149–153-nji maddalary) kesgitlenilen aýyrmalaryň (şol Kanunyň 154–166-njy maddalary) artyk gelýän pul möçberine salgyt töleýjiniň işinden gelýän zyýan diýlip düşünilýär. Ýitgiler soňky salgyt (hasabat) döwürlerine, ýöne üç ýyldan köp bolmadyk wagta geçirilýär we ol soňky döwrüniň jemi girdejisinden tutulyp alynmaga degişlidir.

## 3.9.17. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça berilýän ýeňillikler, salgyt özeni, salgydyň möçberleri, salgyt we hasabat döwürleri

**Peýdadan alynýan salgyt boýunça berilýän ýeňillikler.** 16-njy şekilde peýdadan alynýan salgytdan boşadylýan edara görnüşli taraplar görkezilýär. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary ýerleşdirmekden alnan peýda, diwidentler we beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan şerişdeler, humarly oýun işinden alynýan girdejileriň aýry-aýry görnüşleri peýdadan alynýan salgytdan boşadylmaýar. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar (öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) bolup, kiçi we orta telekeçiligiň subýektlere degişli bolsalar, onda olar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 172-nji maddasynyň 4-nji bölegi) göz öňünde tutulan möçber boýunça girdeji salgydyny tölemekden boşadylýarlar.

17-nji şekilde peýdadan alynýan salgyt salynanda salgyt salynýan peýdanyň (girdejiniň) azaldylýan pul möçberleri görkezilýär. Salgyt töleýjiler peýdadan alynýan salgydy tölemekden boşadylýan peýdanyň hasabyny aýratyn alyp barýarlar. Şonuň ýaly peýdany hasaplap ýazmak üçin aýyrmalaryň aýry-aýry böleklerini takyklamak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, olar ýeňillikleri hasaplamak üçin kabul edilýän

*16-njy şekil*

**Peýdadan alynýan salgytdan boşadylýan edara görnüşli taraplar**




harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan jemi girdejiniň umumy pul möçberine gatnaşmagyny ulanmak bilen kesgitlenilýär.

**Mysal.** 100%-i daşary ýurt maýa goýumy (inwestiýasy) bolan «Serhat LTD» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýylynda önümi öndürmekden we ýerleşdirmekden 259274 manat peýda alypdyr, şol sanda bilim babatynda işleri amala aşyrmakdan 37183 manat, oba hojalyk önümlerini ýerleşdirmekden 63695 manat (şol sanda oba hojalyk önümlerini senagat taýdan gaýtadan işlenilen önümleri ýer leşdirmekden 30131 manat) we protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden 57304 manat. Salgyt salmak maksady bilen, «Serhat LTD» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin salgyt salynýan peýdanyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Serhat LTD» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin salgyt salynýan peýdanyň pul möçberi: SSP = 259274 manat – 37183 manat – (63695 manat – 30131 manat) – 57304 manat = 133223 manat.

*17-nji şekil*

**Peýdadan alynýan salgyt salnanda peýdanyň azaldylan pul möçberleri**

**Peýdadan alynýan salgyt salnanda peýdanyň azaldylýan pul möçberi**
1

Bilim babatyndaky işden alnan peýda
2

Oba hojalyk önümlerini öndürýän edara görnüşli taraplaryň şol önümleri ýerleşdirmekden alýan peýdasynyň möçberi, ýöne ol önümler senagat taýdan gaýtadan işlenilmedik bolsalar
3

Maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursadyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşli taraplaryň öz öndüren öý guş we bedene etini (olaryň iýmitlik we iýmitlik däl subönümleri) we ony gaýtadan işlemekligiň netijesinde alnan önümleri ýerleşdirmekden alýan peýdasynyň möçberinde
4

Milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe syýahatçylyk zolaklaryň iş maksatlary üçin syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmeginden (hyzmatlaryň amal edilmeginden) alnan peýda
5

Milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegi, jemgyýetçilik iýmiti, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegi, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we başga hyzmatlarynyň guralmagyny hem goşmak bilen, syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlary etmekden, şeýle-de milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk infrastrukturasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlaryň amal edilmeginden alnan peýda. Şu ýeňillikler belenen tertipde milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginden daşarda şeýle hyzmatlar amal edilen mahalynda hem berilýär.
6

Protez-ortepediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alnan peýdanyň möçberi
7

**Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt özeni.** Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt özeni – salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 170-nji maddasy) ýeňillikleriň pul möçberine azaldylan salgyt (hasabat) döwründe alnan salgyt salynmaga degişli peýda. Peýdadan

alynýan salgyt boýunça salgyt özeni salgyt döwrüniň başyndan artýan jemler bilen her bir hasabat döwrüniň jemleri boýunça kesgitlenilýär. Salgyt töleýji salgyt (hasabat) döwründe zyýan çeken bolsa, onda şu salgyt (hasabat) döwründe salgyt özeni nola deň diýlip hasap edilýär.

Şereketiň işine gatnaşmakdan alnan girdeji boýunça salgyt özeni şu aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär:

– salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin şereketiň girdejileriniň we çykdajylarynyň hasabynyň alnyp barylmagy Türkmenistana dahylly bolup durýan şerekete gatnaşyjynyň biriniň üstüne ýüklenýär. Şeýle hasabyň alnyp barylmagy, şereketiň düzüminde amala aşyrylmaýan işden aýratynlykda ýöredilýär;

– peýdany kesgitlemek üçin hasaba alynýan aýyrmalaryň düzüminde salgyt özeni kesgitlenilende, şereket ylalaşygynda peýdany (ýitgileri) paýlamak göz öňünde tutulan bolsa, onda şerekete gatnaşyjynyň bilelikdäki işiň maksatlary üçin çykaran çykdaýjylary hasaba alynmaýar.

Salgydyň dürli pul möçberleri boýunça salgyt salynýan girdejileriň aýry-aýry görnüşleri boýunça salgyt özeni aýratynlykda hasaba alynýar. Önüm görnüşinde alynýan girdejiler geleşigiň bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy we 150-nji maddalaryna laýyklykda). Diwidentler we başga edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler boýunça salgyt özeni, çeşmesi Türkmenistan bolup duran şunuň ýaly serişdeleriň hasaplanyp ýazylan möçberini aýyrmalaryň möçberine azaltmazdan hasaplanýar. Şu girdejilere milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegi, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny goşmak hem syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlary etmekden, şeýle hem milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlaryň edilmeginden alnan girdejiler paýlanan mahalynda paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we beýleki serişdeler goşulmaýar.

Oýun işinden alynýan girdejiler boýunça girdeji salgydy, şu iş üçin ulanylýan jaýlaryň meýdanynda ýa-da oturylýan orunlaryň we oýun awtomatlarynyň sanyna baglylykda hasaplanylan kesgitli ululyk görnüşde bellenilýär. Hususy eýeçilikdäki «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli edara görnüşli taraplar üçin (öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) salgyt özeni, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda («Salgytlar hakynda» Türkmenistan Bitewi kanunynyň 149-njy maddasy) kesgitlenilýän umumy girdejiniň jeminden aýyrmalaryň möçberine azaltmazdan hasaplanylýar (Türkmenistanyň töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidentlerden we beýleki girdejilerden, oýun işlerinden girdejiler, ýerleşdirmekden daşary çykdajylardan başga). Ýokarda görkezilen girdejilere 18-nji şekilde beýan edilen girdejiler goşulmaýar.

*18-nji şekil*

**Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin salgyt özenine goşulmaýan girdejiler**

**Hususy eýeçilikdäki görnüşli taraplar üçin salgyt özenine goşulmaýan girdejiler**
1

Oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan edara görnüşli taraplaryň senagat taýdan gaýtadan işlenmegini geçen önümlerden başga, şeýle önümleri ýerleşdirmekden alýan girdejileri
2

Maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursadyndan başlap, birinji bellige alnan pursadyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşli taraplaryň öz öndüren öý guşlaryň we bedeneleriň etini (olaryň iýmitlik we iýmitlik däl subönümlerini) we ony gaýtadan işlemekligiň netijesinde alnan önümi ýerleşdirmekden alýan girdejileri
4

Protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alýan girdejileri
3

**Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň möçberleri.** Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň möçberleri:

– edara görnüşli taraplar – Türkmenistanyň dahyllylary üçin (esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan – bu işden alynýan peýda we oňa degişli ýerleşdirmekden daşary amallar babatynda başga) – 8 göterim;

– beýleki edara görnüşli taraplar üçin 20 göterim.

Diwidentler we beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgydyň pul möçberi 15 göterim ölçegde bellenýär. Humarly oýun işinden alynýan girdejiler boýunça salgydyň möçberleri:

– her bir oýun awtomaty üçin günde 30 manat;

– her bir oýun stoly üçin günde 370 manat;

– her bir oturylýan ýer üçin günde 7 manat;

– bu iş üçin peýdalanylýan jaýyň her bir kwadrat metri üçin günde 3 manat;

– tölegleri kabul edýän her bir kassa üçin günde 38 manat.

Humarly oýun işiniň aýry-aýry görnüşleri boýunça dürli salgyt möçberleri ulanylýan bolsa, onda salgydyň has ýokary möçberine getirýän salgyt möçberi ulanylýar. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin girdeji salgydyň ölçegi 2 göterim möçberde kesgitlenilýär.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly «Ak Ýüpek» hojalyk jemgyýetiniň maliýe-hojalyk işi 2011-nji hasabat ýylynda 37-nji tablisada görkezilen görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

*37-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly «Ak Ýüpek» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işiniň görkezijileri**

| № | Görkezijiler | Pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Önümi ýerleşdirmekden alnan girdejiler | 397287 |
| 2 | Gurluşyk-gurnama işleri amala aşyrmakdan alnan girdejiler | 948939 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 3 | Hyzmatlary amal etmekden alnan girdejiler | 215184 |
| 4 | Karzlar görnüşinde alnan girdejiler | 240000 |
| 5 | Borçnamalary üpjün etmek üçin girew ýa-da tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan emläk | 29684 |
| 6 | Harytlar ýerleşdirilende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylan pul möçberleri | 185016 |
| 7 | Paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we gaýry girdejiler | 27962 |
| 8 | Harytlary öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylar | 976107 |
| 9 | Bilelikdäki işe gatnaşyjylara tölenýän serişdeler | 44841 |
| 10 | Ýaşaýyş jaý-jemgyýetçilik hojalygyny saklamak bilen baglanyşykly çykdajylar | 36045 |
| 11 | Ylmy-barlag işleri geçirmek üçin edilen çykdajylar | 18400 |

Salgyt salmak maksady bilen, «Ak Ýüpek» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt özenini we peýdadan alynýan salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Ak Ýüpek» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt özeni: SÖ = (397287 manat + 948939 manat + +215184 manat) – (185016 manat + 27962 manat + 976107 manat + +18400 manat) = 353925 manat. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, «Ak Ýüpek» hojalyk jemgyýeti hususy eýeçilikdäki Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplara degişli edilmeýär we şol sebäpli «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 172-nji maddasynyň 1-nji böleginden ugur alyp, ol peýdadan alynýan salgydy 8 göterim möçberinde tölemeli. Diýmek, «Ak Ýüpek» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýyl üçin peýdadan alynýan salgydy şu pul möçberde tölemeli: PASPM = 353925 manat x x 8% : 100% = 28314 manat.

**Mysal.** «Aşgabathyzmat» gurluşyk we abatlaýyş döwlet önümçilik birleşiginiň (onuň esaslandyryş maýasy döwlete doly degişli) maliýe-hojalyk işi 2011-nji hasabat döwründe 38-nji tablisadaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

11. Sargyt № 2954

*38-nji tablisa*

**«Aşgabathyzmat» gurluşyk we abatlaýyş döwlet önümçilik birleşiginiň 2011-nji hasabat ýylynda maliýe-hojalyk işiniň görkezijileri**

| № | Görkezijiler | Pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Hyzmatlary amal etmekden alnan girdejiler | 1513214 |
| 2 | Ýerleşdirmekden daşarky alnan girdejiler | 65289 |
| 3 | Hyzmatlar amal edilende goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 177184 |
| 4 | Hyzmatlary amal etmek bilen baglanyşykly çykdajylar | 1009406 |
| 5 | Ýerleşdirmekden daşarky çykdajylar | 55668 |
| 6 | Kärhana tarapyndan gaznalaryň we ätiýaçlyklaryň hasabyna döredilen gaznalaryň hasabyna öwezi dolunýan çykdajylar | 36180 |
| 7 | Telekeçilik we peýda almak üçin gönükdirilen beýleki iş bilen baglanyşykyly bolmadyk çykdajylar | 17543 |
| 8 | Muzdsuz berlen emlägiň gymmady | 22494 |

Salgyt salmak maksady bilen «Aşgabathyzmat» gurluşyk we abatlaýyş döwlet önümçilik birleşigi boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin peýdadan alynýan salgydyň salgyt özenini we peýdadan alynýan salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Aşgabathyzmat» gurluşyk we abatlaýyş döwlet önümçilik birleşigi boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin peýdadan alynýan salgydyň salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = (1513214 manat + 65289 manat) – (177184 manat + +1009406 manat + 55668 manat) = 336245 manat. «Aşgabathyzmat» gurluşyk we abatlaýyş döwlet önümçilik birleşigi 2011-nji hasabat ýyl üçin peýdadan alynýan salgydy şu pul möçberde tölemeli: PASPM = 336245 manat x 20% : 100% = 67249 manat.

**Mysal.** «Güneş» hususy kärhanasy, «Maýsa» hojalyk jemgyýeti we «Arkadaş» jogapkärçiligi çäklendirilen bileleşik işi alyp barmak maksady bilen, «Ýiti» şereketini döredipdirler. «Güneş» husysy kärhanasy Türkmenistana dahylly, «Maýsa» hojalyk jemgyýeti we «Arkadaş» jogapkärçiligi çäklendirilen birleşik Türkmenistana dahylsyz. 2011-nji hasabat ýylynda «Ýiti» şereketi birleşik işleri amala aşyrmakdan

196505 manat girdeji alypdyr we bu girdejini almak üçin 122469 manat çykdajy edipdir. Şereketi döretmek hakyndaky ylalaşykda şerekete gatnaşyjylaryň arasynda peýdanyň paýlanylmagy göz öňünde tutulypdyr. «Ýiti» şereketi boýunça 2011-nji hasabat ýylynda hasaplanylan peýdadan alynýan salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Ýiti» şereketi boýunça 2011-nji hasabat ýylynda hasaplanylan peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi: PASPM = 196505 manat x 8% : 100% = 15720 manat.

**Mysal.** Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli tarap bolup hereket edýän «Altyn Bulak» hususy kärhanasy 2011-nji hasabat ýylynda 249685 manat girdeji alypdyr, şol sanda oba hojalyk önümlerini öndürmekden we ýerleşdirmekden 64141 manat (senagat taýdan oba hojalyk önümleriniň gaýtadan işlenilmeginden 38295 manat) we protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden we ýerleşdirmekden 53289 manat. Önüm öndürmek we ýerleşdirmek üçin «Altyn Bulak» hususy kärhanasy 2011-nji hasabat ýylynda 283669 manat çykdajy edipdir. Salgyt salmak maksady bilen, husysy eýeçilikdäki edara görnüşli tarap bolup hereket edýän «Altyn Bulak» hususy kärhanasy boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin girdeji salgydy boýunça salgyt özenini we girdeji salgydynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, «Altyn Bulak» kärhanasy boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin girdeji salgydy boýunça salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = 249685 manat – (64141 manat –38295 manat) – 53289 manat = 170550 manat. «Eýeçilik hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, «Altyn Bulak» hususy kärhanasy hususy eýeçilikdäki edara görnüşli tarapa degişli edilýär we ol girdeji salgydyny 2 göterim möçberinde tölemeli ( «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 172-nji maddasynyň 4-nji bölegi). Diýmek, «Altyn Bulak» hususy kärhanasynyň 2011-nji hasabat ýyly üçin tölemeli girdeji salgydynyň pul möçberi 3411 manat (170550 manat x 2% : 100%).

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň çäginde ýerleşýän «Gözel Zaman» hojalyk jemgyýeti humarly oýunlary geçirmek bilen meşgullanýar. «Gö-

zel Zaman» hojalyk jemgyýetiniň oýun oýnalýan otagynda 5 sany oýun oýnalýan awtomat, 3 sany oýun oýnalýan stol, 20 sany oturylýan ýer bar. Oýun oýnalýan otagyň meýdany 140 kwadrat metr. 2011-nji ýylyň noýabr aýynda işlenilen günleriň sany 26 gün. Salgyt salmak maksady bilen «Gözel Zaman» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin hasaplanylan girdeji salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Gözel Zaman» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin hasaplanylan girdeji salgydyň pul möçberi: GS = (5 x 30 manat x 26 gün) + (3 x 370 manat x 26 gün) + (20 x 7 manat x 26 gün) = 36400 manat ýa-da GS = (5 x 30manat x 26 gün) + (3 x x 370 manat x 26 gün) + (140m$^2$ x 3 manat x 26 gün) = 43680 manat.

**Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri.** Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin salgyt döwri salgyt ýylyna, hasabat döwri bolsa birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýylyna deň kesgitlenilýär. Oýun işinden alynýan girdeji salgydynyň salgyt we hasabat döwürleri senenama aýyna deň bellenilýär.

### 3.10.18. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň pul möçberiniň kesgitlenilişi we onuň tölenýän möhletleri. Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň tertibi

**Peýdadan alynýan salgydyň pul möçberiniň kesgitlenilişi.** Peýdadan alynýan salgydy, şeýle-de oýun işinden alynýan girdeijler boýunça salgydy salgyt töleýji özbaşdak hasaplaýar. Diwident we beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan girdejiler boýunça salgyt, her bir töleg tölenende salgyt ýumuşçysy tarapyndan hasaplanýar we tutulyp alynýar. Islendik görnüşde talaplaryň bes edilmegi, töleg diýlip hasap edilýär. Şunuň ýaly girdejileri tölemek borjy ýüze çykýan Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar, şu girdejiler babatynda salgyt ýumuşçysy diýlip ykrar edilýär.

Peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi salgyt binýadyny birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin salgydyň möçberine köpeltmek bilen hasaplanýar. Hasabat döwrüniň dowamynda peýdadan alynýan salgyt hakujy tölegler görnüşde aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

– çärýegiň birinji aýy üçin ondan öňki hasabat döwriniň iň soňky aýy üçin hasaplanan deslapky tölegleriň möçberinde;

– çärýegiň ikinji we üçünji aýlary üçin – şol ýylyň ondan öňki hasabat döwründäki salgydyň möçberine azaldylan hakyky möçberiniň 1/3 bölegine deň bolan möçberinde ( «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 39-njy maddasyny hasaba almak bilen)

Hakujy tölegleriň tölenmeli möhletine çenli geçen hasabat döwri üçin salgyt beýannamasynyň tabşyrylmaly möhleti dolmadyk ýa-da şeýle salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan düzülmedik we salgyt gullugyna tabşyrylmadyk bolsa, onda hasabat döwrüniň hakujy tölegleri geçen hasabat döwrüniň soňky aýy üçin hasaplanan hakujy tölegleriň pul möçberinde tölenýär. Şu tertipde hasaplanan deslapky tölegleriň pul möçberi çak edilýän (göz öňünde tutulan) salgyt binýadyndan ugur alnyp kesgitlenilýän peýdadan alynýan salgydyň pul möçberinden ep-esli tapawut berýän bolsa, onda Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli deslapky tölegler salgyt gullugy tarapyndan çak edilýän görkezijilerden ugur alnyp hasaplanýar. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, salgyt töleýji çärýek başlamazdan öň, salgyt hasabyna goýlan ýerindäki salgyt gullugyna indiki gelýän çärýek üçin çäk edilýän salgyt özeni baradaky maglumatlary tabşyrmalydyr.

Birinji çärýek üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli paýdadan alynýan salgydyň pul möçberi şol döwürde hasaplanyp ýazylan deslapky tölegleri, ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin bolsa – soňky çärýegiň deslapky töleglerini we şol ýylyň öňündäki hasabat döwri üçin hasaplanylyp ýazylan (bellenen) salgydy hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Diwident görnüşindäki we beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan girdejiler üçin salgydyň pul möçberi, salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt özenini salgyt möçberine köpeltmek bilen hasaplanýar.

Oýun işinden alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi her aýda salgyt möçberleriniň oňa laýyk gelýän görkezijileriniň hakyky ululygyna we hasabat döwründe işlenilen günleriniň sanyna köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Şu görnüşdäki girdejilerden salgyt hasaplananda, salgyt ýeňillikleri we salgyt boşatmalary göz öňünde tutulmaýar. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar girdeji salgydynyň jemini salgyt özenini salgydyň möçberine köpeltmek bilen hasaplaýarlar.

**Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň tölenýän möhletleri.** Peýdadan alynýan salgyt şu möhletlerde tölenýär:

– deslapky töleg görnüşinde – salgyt ýylynyň her ýylynyň 25-inde;

– birinji çärýegiň, birinji ýarym ýylyň, dokuz aýyň we salgyt ýylynyň jemi boýunça görkezilen döwürlerde peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmaly gününden soňky bäş gün möhletde.

Oýun işinden alynýan girdeji salgydy hasabat döwründen soňky aýyň 25-inden gijä galman tölenýär. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar girdeji salgydy birinji çärýegiň, birinji ýarym ýylyň, dokuz aýyň we salgyt ýylynyň jemleri boýunça şu görkezilen döwürler üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmak üçin bellenilen günden başlap, bäş gün möhletde töleýärler. Salgyt ýumuşçylary hökmünde çykyş edýän taraplar, salgydy tutup almak üçin bellenen günden başlap bäş gün möhletde (daşary ýurtda geçirilýän tölеglerde bolsa on bäş gün) salgydyň pul möçberini töleýärler.

**Mysal.** «Agroimpeks LTD» hojalyk jemgyýeti 2011-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda peýdadan alynýan salgyt boýunça hakujy tölegleri 1530 manat pul möçberde töläpdir. 2011-nji ýylyň fewral we mart aýlarynyň 25-ine hakujy tölegleri 1860 manat möçberde tölenilipdir. Geçen hasabat döwri üçin (2011-nji ýylyň I çärýegi) hakyky hasaplanan peýdadan alnan salgydyň pul möçberi 22500 manat. «Agroimpeks LTD» hojalyk jemgyýeti boýunça 2011-nji ýylyň aprel, maý we iýun aýlarynyň kesgitlenilen möhletleri boýunça hakujy tölegleriň möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Agroimpeks LTD» hojalyk jemgyýeti 2011-nji ýylyň aprel ýynyň 25-i möhleti boýunça peýdadan alynýan salgyt boýun-

ça hakujy töleglerini 1860 manat pul möçberinde tölemeli. 2011-nji ýylyň maý we iýun aýlarynyň 25-i möhleti boýunça «Agroimpeks LTD» hojalyk jemgyýetiniň tölemeli hakujy tölegleriniň pul möçberi 5750 manat [22500 manat –1530 – (1860 x x2)]:3.

**Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň tertibi.** Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasy maliýe hasabaty tabşyrmak üçin göz öňünde tutulan möhletlerde tabşyrylýar. Oýun işinden alynýan girdeji salgydy babatynda salgyt beýannamasy hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 20-sine çenli möhletde salgyt töleýjiniň salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna tabşyrylýar. Salgyt ýumuşçylary girdeji tölenen aýyndan soňky aýyň 20-sine çenli möhletde özüniň salgyt hasabynda duran ýerindäki salgyt gullugyna diwident we paýçy bolup gatnaşmakdan alnan beýleki serişdeler görnüşindäki girdeji salgydyny töleýän edara görnüşli taraplar, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň işläp düzen görnüşi boýunça hasaplanan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen salgydynyň pul möçberleri barada maglumatlary tabşyrmalydyrlar. Salgyt salynýan binýat bolmadyk hasabat döwürleri üçin býujet edaralary salgyt beýannamalaryny tabşyrmaýarlar.

**Mysal.** «Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda önümleri ýerleşdirmekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmatlary amal etmekden 2962589 manat we ýerleşdirmekden daşarky amallar boýunça 556709 manat girdeji alypdyr. 2011-nji hasabat ýylynda bahalaryň we tarifleriň üýtgemeginiň netijesinde geleşigiň pul möçberi üýtgedilipdir we salgyt özenine düzedişler girizilipdir, onuň netijesinde jemi girdejiniň pul möçberi 177144 manat köpeldilipdir. 2011-nji hasabat ýylynda käbir geleşikleriň doly we bölekleýin ýatyrylmagy sebäpli salgyt özenine girizilen düzedişleriň netijesinde jemi girdejiniň pul möçberi 125242 manat azaldylypdyr. 2011-nji hasabat ýylynda ýerleşdirilen harytlar, ýerine ýetrilen işler we amal edilen hyzmatlar üçin 376984 manat pul möçberinde goşulan baha üçin salgyt hasaplanylypdyr we goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerleşdirilýän bahasyna

161922 manat pul möçberinde goşmaça tölegler hasaplanypdyr we bu bahalaryň üstüne goşulypdyr. Ondan başga, «Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda beýleki eadara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan 89534 manat pul möçberinde diwidentleri we gaýry girdejileri, oýun işinden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanyşykly iş) 275164 manat pul möçberinde girdeji alypdyr.

«Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda şu çykdajylary edipdir:

– 1194064 manatlyk maddy çykdajylar;

– 413505 manatlyk zähmete hak tölemek boýunça çykdajylar;

– 65744 manatlyk döwlet ätiýaçlandyrmasy üçin tölegler;

– 182190 manatlyk könelmäniň hasaplanylyp ýazylan möçberi;

– 215002 manatlyk beýleki çykdajylar we ýitgiler;

– 94005 manatlyk ýerleşdirmekden daşarky çykdajylar we zyýanlar.

«Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy tarapyndan 2011-nji hasabat ýylynda 23044 manat emläk üçin salgyt tölenipdir. Ýerleşdirilen esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň ilkibaşdaky bahasy 88174 manat, olar ulanylan döwründe könelmäniň hasaplanylyp ýazylan möçberi 66463 manat. 2011-nji hasabat ýylynda salgyt özenine düzedişleriň girizilmeginiň netijesinde aýyrmalar 128047 manat pul möçberinde köpeldilipdir we 188585 manat pul möçberinde azaldylypdyr. «Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistadaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna 103824 manat pul möçberinde pul serişdelerini geçiripdir. Geçen salgyt döwründäki ýitgiler 176154 manat. 2011-nji hasabat ýyl üçin hasaplanylan peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi (hakujy töleg görnüşinde, şu hasabat döwri üçin öňki beýannamalar boýunça) 48373 manat. Peýdadan alynýan salgyt boýunça 2011-nji ýylda göz öňünde tutulan ýeňillikleriň pul möçberi 53410 manat.

**Goşmaça maglumatlar.** «Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň salgyt hasabyna alnan ýeri: Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gul-

lugy. Hukuk salgysy we hakyky ýerleşýän ýeri: Aşgabat ş., 1960-njy köçe, 18-nji jaý. Poçta indeksi: 744025. EGTÝDB-niň kody: 26832406, ŞSB 101341004534, telefon 45–44–07. Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarap-baş buhgalter Aýgul Hojaýewa. Beýannamanyň iberilen senesi: 2012-nji ýylyň 27-nji ýanwary, alnan senesi şol aýyň 28-i. «Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň ýolbaşçysy Hasan Turan, baş buhgalter Aýgül Hojaýewa, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygy Allamyrat Haşymow, salgyt inspektory Şirmyrat Rejebow, hasap boýunça işgär Bagtygül Nepesowa. Kameral barlagy 2012-nji ýylyň 21-nji fewralynda tamamlanypdyr.

Ýokarda getirilen sanlaryň we maglumatlaryň esasynda degişli hasaplamalary geçirmeli we 39-njy tablisada berilýän edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannamany düzmeli.

*39-njy tablisa*

**«Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy boýunça 2011-nji ýyl üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça beýannama**

| | |
|---|---|
| 1 | Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannama (2011-nji ýyl üçin ) |
| 2 | Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna |
| 3 | Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň doly ady: «Ekspres Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy |
| 4 | Hakyky salgysy<br>Poçta indeksi 744025 Welaýat ______________<br>Etrap Köpetdag Şäher Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ______________________<br>Etrapça _________________ şaýoly, köçe, geçelge 1960-njy<br>Jaý №18 Korpus ____________ Öý __________________ |
| 5 | Hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi 744025 Welaýat ______________<br>Etrap Köpetdag Şäher Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ______________________<br>Etrapça _________________ şaýoly, köçe, geçelge 1960-njy<br>Jaý №18 Korpus ____________ Öý __________________ |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **6** | EGTÝDB kody: 26832406 | **7** | ŞSB: 101341004534 | **8** | Telefon: 45-44-07 |
| **9** | Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A. we wezipesi: Aýgül Hojaýewa, baş hasapçy | | | | |
| **10** | Iberilen senesi: 2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 27-si | **11** | Alnan senesi: 2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 28-i | | |
| **12** | **Ibap. Salgyt özeni we ol boýunça hasaplanan peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň pul möçberi** | | | | |
| **13** | **Görkezijiler** | | | | **Pul möçberi** |
| **14** | **1** | | | | **2** |
| **15** | Jemi girdeji (15.1-nji setir goşmak 15.2-nji setir), şol sanda: | | | | 3519298 |
| **15.1** | harytlary ýerleşdirmekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary amal etmekden gelen girdejiler | | | | 2962589 |
| **15.2** | ýerlemekden daşarky amallardan alnan girdejiler | | | | 556709 |
| **16** | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda jemi girdejini köpeldýän pul möçberleri | | | | 177144 |
| **17** | Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda jemi girdejini azaldýan pul möçberleri | | | | 125242 |
| **18** | Düzedişleri hasaba almak bilen jemi girdeji (15-nji setir goşmak 16-njy setir aýyrmak 17-nji setir) | | | | 3571200 |
| **19** | Salgyt salynýan peýdany (girdejini) kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar – hemmesi (19.1 – den 19.8 aralygyndaky setirleriň möçberi), şol sanda: | | | | 3091158 |
| **19.1** | harytlar ýerleşdirilen, işler ýerine ýetirilen, hyzmatlar amal edilen mahaly goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylan pul möçberi | | | | 376984 |
| **19.2** | goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerleşdirilýän bahasyna şeýle harytlary öndürijiler tarapyndan goşulan goşmaça tölegiň pul möçberi | | | | 161922 |
| **19.3** | Türkmenistanyň töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan, beýleki edara görnüşindäki taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidentler we beýleki girdejiler | | | | 89534 |
| **19.4** | oýun işlerinden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanyşykly iş) girdejiler | | | | 275164 |
| **19.5** | harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar), aşakdakylary goşmak bilen | | | | 2070505 |

| | | |
|---|---|---|
| **19.5.1** | Maddy çykdajylar | 1194064 |
| **19.5.2** | Zähmete hak tölemek boýunça çykdajylar | 413505 |
| **19.5.3** | «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 156-njy maddasynyň 1-nji bölüminde görkezilen tölegleriň möçberinden döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler | 65744 |
| **19.5.4** | Könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberi | 182190 |
| **19.5.5** | Beýleki çykdajylar we zyýanlar | 215002 |
| **19.6** | Ýerleşdirmekden daşarky çykdajylar (zyýanlar) | 94005 |
| **19.7** | Emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | 23044 |
| **19.8** | Beýleki bellenilen aýyrmalar | – |
| **20** | Ýerleşdirilen esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň (şol sanda olaryň muzdsuz berilmegi) ilkibaşdaky (balans) bahasy bilen olar ulanylýan döwründe könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberiniň arasyndaky tapawut | 21711 |
| **21** | Salgyt özenine düzediş girizmegiň bellenilen halatlarynda aýyrmalary köpeldýän pul möçberleri | 128047 |
| **22** | Salgyt özenine düzediş girizmegiň bellenilen halatlarynda aýyrmalary azaldýan pul möçberleri | 188585 |
| **23** | Düzedişleri hasaba almak bilen salgyt salynýan peýdany (girdejini) kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar (19-njy setir goşmak 20-nji setir, goşmak 21-nji setir, aýyrmak 22-nji setir) | 3052331 |
| **24** | Türkmenistanyň Hökümetiniň ätiýaçlyk daşary ýurt pulundaky goruna gönükdirilýän serişdeler | 103824 |
| **25** | Peýda (girdeji) (18-nji setirden aýyrmak 23-nji setir, aýyrmak 24-nji setir), oňaýsyz netije 26-njy setire girizlýär | 415045 |
| **26** | Ýitgi (25-nji setiriň oňaýsyz netijesi) | – |
| **27** | Geçen salgyt döwründäki ýitgileriň hasabat döwrüne geçirilýäni | 176154 |
| **28** | Salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän peýda (girdeji) (25-nji setirden aýyrmak 27-nji setir), oňaýsyz netije 29-njy setire girizilýär | 238891 |
| **29** | Häzirki hasabat döwründe alnan peýda bilen üsti dolunmadyk öňki salgyt döwründäki ýitgiler (28-nji setiriň oňaýsyz netijesi) | – |

| | | |
|---|---|---|
| **30** | Häzirki hasabat döwründe alnan peýda bilen üsti dolunmadyk ýa-da hasabat döwründäki ýitgileri hasaba almak bilen öňki salgyt döwürlerinde çekilen ýitgiler (26-njy setiri goşmak 29-njy setir) | – |
| **31** | Salgyt salynýan peýdany (girdejini) azaldýan peýdanyň pul möçberi (peýdadan alynýan salgyt boýunça berilýän ýeňillikler) | 53410 |
| **32** | Salgyt özeni (28-nji setriden aýyrmak 31-nji setir) | 185481 |
| **33** | Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň möçberi, göterimde | 20 |
| **34** | Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň pul möçberi (32-nji setir köpeltmek 33-nji setir) | 37096 |
| **35** | **II bap. Býujete tölenmäge degişli peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň pul möçberiniň hasaplamasy** | |
| **36** | Hasabat döwründe hasaplanylan peýdadan (girdejiden) alynýan salgygdyň pul möçberi (hakujy töleg görnüşinde, şu hasabat döwri üçin öňki beýannamlar boýunça we ş.m.) | 48373 |
| **37** | Goşmaça hasaplamaga degişli peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň pul möçberi (34-nji setirden aýyrmak 36-njy setir), oňaýsyz netije 38-nji setire girizilýär | |
| **37.1** | 37-nji setir boýunça pul möçberi, hasabat döwründäki aýyň soňky gününde manatdaky hümmeti boýunça hasaplanan | – |
| **38** | Azaldylmaga degişli paýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň pul möçberi (37-nji setiriň oňaýsyz netijesi) | -11277 |
| **38.1** | 38-nji setir boýunça pul möçberi hasabat döwründäki aýyň soňky gününde manatdaky hümmeti boýunça hasaplanylan | |
| **39** | **III bap. Düşündiriş berýän maglumatlar** | |
| **40** | Haryt-maddy ätiýaçlygyna degişli kybapdaş harytlary hasaba almak üçin ulanylýan usul, haçan-da salgyt töleýjiniň salgyt salynýan desgalarynyň hususy hasabyny ýöretmeklik mümkinçiligi ýok bolsa ulanylýar (saýlanyp alnan usuly «X» belgi diýip bellemeli) | |
| | Bahalandyryş usuly, şunda ilkinji nobatda birinji satyn alnan ýa-da öndürilen harytlaryň bahasy öçürilýär | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | Bahalandyryş usuly, şunda ilkinji nobatda soňky satyn alnan ýa-da öndürilen harytlaryň bahasy öçürilýär | |
| | | Ortaça tölenen baha boýunça bahalandyryş usuly | |
| **41** | Döredilen gorlar ýa-da ätiýaçlandyryş gorlary hakynda maglumatlar (döredilen «X» belgi bilen bellemeli) | | |
| | | şübheli bergiler boýunça ätiýaçlyk gory | |
| | | ätiýaçlandyryş gorlary | |
| | | işgärleriň zähmet rugsadyny tölemek üçin ätiýaçlyk gory | |
| | | işlän ýyllary üçin her ýylky tölenýän sylag pullarynyň ätiýaçlandyryş gory | |
| | | ykdysady pudagy möwsümdäki işe taýýarlamak boýunça önümçilik çykdajylary, şeýle-de prokata berilýän esbaplary bejermek boýunça ätiýaçlandyryş gory | |
| | | geljekde esasy serişdeleri bejermek üçin (bejeriş gory) ätiýaçlandyryş gory | |
| | | başga ätiýaçlandyryş gorlary we gaznalary (görkezmeli) | |
| **42** | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dolulygyny we dogrudygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy: Hasan Turan __________ (goly)<br>Baş buhgalter: Aýgül Hojaýewa ____________ | | |
| **43** | Kameral barlagyň netijesinde : ______________________________________<br>____________________________________________________________<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 21-i | | |
| **44** | Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy:<br>Allamyrat Haşymow ______ (goly)<br>Salgyt inspektory: Şirmyrat Rejebow ______ (goly) | | |
| **45** | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy/azaldyldy – 11277 manat | | |
| **46** | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi: 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 22-si<br>Hasap boýunça işgär: Bagtygül Nepesowa ______ (goly) | | |

**Çözülişi.** «Ekspress Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň 2011-nji hasabat ýylynda alan jemi girdejisi 3519298 manat (2962589 manat + 556709 manat), ol beýannamanyň 15-nji setirine ýazylýar. Düzedişleri hasaba almak bilen jemi girdejiniň pul möçberi 3571200 manat (3519298 manat+ + 177144 manat – 125242 manat), ol beýannamanyň 18-nji setirine ýazylýar. «Ekspress Eýr LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy 2011-nji hasabat ýylynda harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly amal eden çykdajylary 2070505 manat (1194064 manat + 413505 manat + +65744 manat + 182190 manat + 215002 manat), ol beýannamanyň 19.5-nji setirine ýazylýar. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalaryň hemmesi 3091158 manat (376984 manat+ 161922 manat + 89534 manat + 275164 manat + 2070505 manat+ 94005 manat + 23044 manat), ol baýannamanyň 19-njy setirine girizilýär. Düzedişleri hasaba almak bilen salgyt salynýan peýdany (girdejini) kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalaryň pul möçberi 3052391 manat (3091158 manat + 21711 manat + 128047 manat – –188585 manat), ol beýannamanyň 23-nji setirine ýazylýar. Peýdanyň (girdejiniň) pul möçberi 415045 manat (3571200 manat – 3052331 manat – 103824 manat), ol beýannamanyň 25-nji setirine ýazylýar. Salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän peýda 238891 manat (415045 manat – 176154 manat), ol beýannamanyň 28-nji setirine girizilýär. Salgyt salynýan özen 185481 manat (238891 manat – 53410 manat), beýannamanyň ol 32-nji setirine giriziliýär. Peýdadan (girdejiden) alyýan salgydyň pul möçberi 37096 manat (185481 manat x x 20% : 100%), ol baýannamanyň 34-nji setirine ýazylýar. 2011-nji hasabat ýyly üçin azaldylmaga degişli peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň pul möçberi 11277 manat (37096 manat – 48373 manat).

**Mysal.** «Imi Sala» hususy kärhanasy oýun oýnalýan işler bilen meşgullanýar. Salgyt gullugynda bar bolan maglumatlara görä, 2011-nji ýylyň noýabr aýynda «Imi Sala» hususy kärhanasynda 8 sany oýun oýnalýan awtomat, 2 sany oýun oýnalýan stol we 48 sany oturylýan ýer hasapda dur. Oýun oýnamak üçin ulanylýan jaýyň tut-

ýan meýdany 164 kwadrat metr, tölegleri kabul edýän kassa dört sany 2011-nji ýylyň noýabr aýynda 26 iş güni bar. Şu hasabat döwri üçin öňki beýannamalar boýunça hasaplanan oýun işlerinden alynýan girdeji salgydyň pul möçberi 31490 manat.

**Goşmaça maglumatlar.** «Imi Sala» husysy kärhanasynyň salgyt hasabyna alnan ýeri: Aşgbat şäheriniň Aztlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugy. Hukuk salgysy we hakyky ýerleşýän ýeri: poçta indeksi 744021 Aşgabat ş., Magtymguly şaýoly, 48-nji jaý. EGTYDB kody 26810700. ŞSB: 102131004485. Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarap Merjen Atabaýewa, telefon: 39–00–00. Kärhananyň ýolbaşçysy Maksat Soltanow, baş buhgalter Merjen Atabaýewa. Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy Rahman Şeripow, salgyt inspektory Şöhrat Igdirow, hasap boýunça işgär Maral Berdiýewa. Beýannamanyň iberilen senesi 2011-nji ýylyň dekabr aýynyň 19-y, alnan senesi 2011-nji ýylyň dekabr aýynyň 20-si. Kameral barlagynyň tamamlanan senesi 2011-nji ýylyň dekabr aýynyň 27-i.

Ýokarda görkezilen maglumatlaryň esasynda degişli hasaplamalary geçirmeli we bu hasaplamalary 40-njy tablisada geçirilýän oýunly işlerden alynýan girdeji üçin salgyt boýunça beýannama girizmeli.

*40-njy tablisa*

**«Imi Sala» hususy kärhanasy boýunça oýunly işlerden alynýan girdeji üçin salgyt boýunça beýannama**

| | |
|---|---|
| **1** | **Oýunly işlerden alynýan girdeji üçin salgyt boýunça beýannama, 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin** |
| **2** | Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça<br>döwlet salgyt gullugyna |
| **3** | Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň doly ady:<br>«Imi Sala» husysy kärhanasy |
| **4** | Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi 744021 Welaýat ______________<br>Etrap: Azatlyk Şäher Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ______________________<br>Etrapça _________________ şaýoly, köçe, geçelge: Magtymguly şaýoly<br>Jaý №48 Korpus ____________ Öý __________________ |

<table>
<tr><td>5</td><td colspan="5">Hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi 744021 Welaýat ______________<br>Etrap Köpetdag Şäher Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ______________________<br>Etrapça __________________ şaýoly, köçe, geçelge: Magtymguly şaýoly<br>Jaý №48 Korpus _____________ Öý ___________________</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTYDB kody: 26810700</td><td>7</td><td>ŞSB: 102131004485</td><td>8</td><td>telefon: 39-00-00</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="5">Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A.a.<br>wezipesi: Merjen Atabaýewa</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="5">Salgyt töleýji – husysy telekeçiniň familiýasy __________ ady __________</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="5">Ýerleşýän ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: _________________ Welaýat ______________________<br>Etrap ________________________ Şäher ________________________<br>Ilatly ýer, (oba, şäherçe we ş.m.) _____________________________<br>Etrapça ___________________ Şaýoly, köçe, geçelge: _________________<br>Jaý ______________ Korpus __________________<br>Öý_____________________</td></tr>
<tr><td>12</td><td colspan="2">ŞSB:</td><td>13</td><td colspan="2">Telefon: 39–00–00</td></tr>
<tr><td>14</td><td colspan="2">Iberilen senesi: 2011-nji ýylyň dekabr aýynyň 19-y</td><td>15</td><td colspan="2">Alnan senesi: 2011 ýylyň dekabr aýynyň 20-si</td></tr>
<tr><td>16</td><td colspan="5">I bap. Oýunly işlerden alynýan girdeji üçin salgydyň pul möçberini hasaplamak</td></tr>
<tr><td>17</td><td>Görkezijiler</td><td>San birligi</td><td>Hasabat döwründe iş gününiň sany</td><td>Bir günde bir birlik üçin kesgitlenilen salgyt möçberi</td><td>Salgydyň pul möçberi</td></tr>
<tr><td>18</td><td>1</td><td>2</td><td>3</td><td>4</td><td>5</td></tr>
<tr><td>19</td><td>Oýun awtomatlary</td><td>8</td><td>26</td><td>30</td><td>6240</td></tr>
<tr><td>20</td><td>Oýun stoly</td><td>2</td><td>26</td><td>370</td><td>19240</td></tr>
<tr><td>21</td><td>Oturylýan ýerler ýa-da</td><td>48</td><td>26</td><td>7</td><td>8736</td></tr>
<tr><td>22</td><td>Bu iş üçin ulanylýan jaýyň tutýan meýdany (kwadrat metr)</td><td>164</td><td>26</td><td>3</td><td>12792</td></tr>
<tr><td>23</td><td>Tölegleri kabul edýän kassa</td><td>4</td><td>26</td><td>38</td><td>3952</td></tr>
</table>

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **24** | Jemi salgydyň pul möçberi (15-nji sütüniň 19-njy setirine goşmak 20-nji setir, goşmak 21-nji, 22-nji we 23-nji setirleriň iň uly pul möçberi) | | | | 38272 |
| **25** | **II bap. Býujete tölenmäge degişli oýun işlerinden alynýan girdeji üçin salgydyň pul möçberiniň hasaplamasy** | | | | |
| **26** | Hasabat döwri üçin hasaplanan oýun işlerinden alynýan girdeji üçin salgdyň pul möçberi (şu hasabat döwri üçin öňki salgyt beýannamalar boýunça we ş.m.) | | | | 31490 |
| **27** | Goşmaça hasaplanan oýun işlerinden alynýan girdeji üçin salgydyň pul möçberi (24-nji setirden aýyrmak 26-njy setir) | | | | 6782 |
| **28** | Azaldylmaga degişli edilen oýun işlerinden alynýan girdeji üçin salgydyň pul möçberi (27-nji setiriň oňaýsyz netijesi) | | | | – |
| **29** | Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy: Maksat Soltanow ________________ (goly)<br>Baş buhgalter: Merjen Atabaýewa ________________ (goly)<br>Hususy telekeçi ______________________________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady) | | | | |
| **30** | Kameral barlagyň netijesinde ______________________________________<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi: 27-nji dekabr 2009-njy ýyl | | | | |
| **31** | Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy: Rahman Şeripow ________________ (goly)<br>Salgyt inspektory: Şöhrat Igdirow ________________ (goly) | | | | |
| **32** | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahasy hasap sahypasynda hasaplanyldy / azaldyldy 6782 manat | | | | |
| **33** | Salgyt töleýjiniň şahasy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi: 28-nji dekabr 2011-nji ýyl<br>Hasap boýunça işgär: Maral Bediýewa ___________________ (goly) | | | | |

**Çözülişi.** «Imi Sala» hususy kärhanasy boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin oýunly işlerden alynýan girdeji üçin salgydyň pul möçberi aşakdaky mukdarda kesgitlenilen:

– oýun awtomatlardan 6240 manat (8 x 26 gün x 30 manat)

– oýun stollardan 19240 manat (2 x 26 gün x 370 manat)

– oturylýan ýerlerden 8736 manat (48 x 26gün x 7manat) ýa-da bu iş üçin ulanylýan jaýyň tutýan meýdanyndan 12792 manat (164 $m^2$ x

x 26 gün x 3 manat) ýa-da tölegleri kabul edýän kassadan 3952 manat (4 x 26 gün x 38 manat).

Oýunly işlerden alynýan girdeji üçin salgydyň jemi pul möçberi 38272 manat (6240 manat + 19240manat +12792 manat). «Imi Sala» hususy kärhanasy boýunça 2011-nji ýylyň noýabr aýy üçin goşmaça hasaplanylan oýun işlerinden alynýan girdeji üçin salgydyň pul möçberi 6782 manat (38272 manat – 31490 manat)

### 3.11.19. Aýry-aýry edara görnüşli taraplar tarapyndan peýdadan alynýan salgydy hasaplamagyň we tölemegiň tertibi. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölenen peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaplamak

**Aýry-aýry edara görnüşli taraplar tarapyndan peýdadan alynýan salgydy hasaplamagyň we tölemegiň tertibi.** Öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar, peýdadan alynýan salgydy şu Kanunyň düzgünlerinden ugur alyp hasaplaýarlar. Hasabat we salgyt döwri – salgyt ýyly «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçy we potratçynyň kömekçisi bolup durýan taraplaryň salgyt ýumuşçysynyň borçlarynyň ýerine ýetirilmegi, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Öz işlerini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça tabşyrylýan beýannamada salgyt özeni daşary ýurt pulunda görkezilýärler. Salgydy hasaplamak üçin, salgyt özeni Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasabat döwrüniň soňky senesindäki resmi hümmeti boýunça manatda hasaplanýar. Hasaplanan salgyt özeninden salgyt manatda hasaplanýar.

Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt salgyt töleýjiler tarapyndan daşary ýurt (erkin ýörginli) pulunda tölenilip bilinýär, şol sanda salgyt ýumuşçylarynyň üsti bilen. Bu ýagdaýda salgydyň daşary ýurt pulundaky tölenmäge degişli möçberi manatda hasaplanylan möçberlerinden ugur alyp, ol Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tölegiň senesinde hereket edýän resmi hümmeti boýunça gaýtadan daşary ýurt pulunda hasaplamak arkaly kesgitlenilýär.

**Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölenen peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaplamak.** Beýleki döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinden daşarda Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapyň tölän peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň pul möçberi Türkmenistanda peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt tölenende, hasap edilmäge degişlidir. Bu aýdylanlar iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda we bellenilen amal kadalary berjaý edilende, salgyt töleýjä gaýtaryp bilinmejek peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň pul möçberine degişlidir. Peýdadan alynýan salgydyň hasaplanylýan pul möçberi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinden daşarda alnan peýda (girdeji) babatynda hasaplanan peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň möçberinden artyk bolup bilmeýär. Daşary ýurt döwletleriniň salgyt ýa-da beýleki ygtyýarly edaralarynyň Türkmenistanyň çäklerinden daşarda salgydyň hakykatdan hem tölenendigini tassyklaýan resminamalary hasap etmek üçin esas bolup durýar.

### 3.12.20. Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplara salgyt salmak

**Türkmenistanyň çäklerinde işlerini hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplara salgyt salmagyň aýratynlyklary.** Hemişelik wekilhananyň üstünden Türkmenistanyň çäklerinde işini amala aşyrýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 149–177-nji maddalarynda bel-

lenen tertipde peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaplaýarlar, salgyt beýannamasyny tabşyrýarlar we salgyt töleýärler. Hemişelik wekilhananyň üstünden Türkmenistanyň çäklerinde işlerini amala aşyrýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň salgyt salynýan peýdasy (girdejisi) kesgitlenilende, 19-njy şekilde görkezilen aýratynlyklar göz öňünde tutulýar.

*19-njy şekil*

**Hemişelik wekilhananyň üstünden Türkmenistanyň çäklerinde işlerini amala aşyrýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň salgyt salynýan peýdasy (girdejisi) kesgitlenilende göz öňünde tutulýan aýratynlyklar**

**Salgyt salynýan peýda (girdeji) kesgitlenilende göz öňünde tutulýan aýratynlyklar**
1

Jemi girdejä Türkmenistanyň çäklerindäki iş bilen baglanyşykly alnan girdejiniň we şunuň ýaly hemişelik wekilhana degişli edilip bilinjek bölegi goşulýar
2

Daşary ykdysady amallardan alynan girdejiler jemi girdejä goşulmaýar, şol sanda hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrylmadyk daşary söwda amallary boýunça haryt ibermeklik
3

Emlägi, esasan, Türkmenistanyň çäklerine ýerleşýän emläkden ybarat bolan we hemişelik wekilhana degişli bolan edara görnüşli tarapyň – Türkmenistana dahylsyzynyň paýnamalary (kärhana paýly gatnaşmak hukugyny) ýerleşdirmekden alnan girdejileri jemi girdejä goşulýar
4

Türkmenistanda amala aşyrylýan iş bilen baglanyşykly çekilen çykdajylar, bu çykdajylaryň Türkmenistanda ýa-da onuň çäklerinden daşynda çekilendigine bagly bolmazdan, jemi girdejiden aýrylýar. Iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak hakyndaky Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başga şertler göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinden daşarky baş ýolbaşçy edarasynyň çeken dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylary şeýle çykdaja degişli edilmeýär. Şonuň ýaly hemişelik wekilhana degişli bolan peýda, şonuň ýaly şertlerde şoňa meňzeş iş bilen meşgullanýan başga bir garaşsyz edara görnüşli tarapyň alyp biljek peýdasyna laýyk gelmelidir.

Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap öz işlerini Türkmenistanyň çäklerinde we onuň daşynda amala aşyrýan bolsa we ol hemişelik wekilahananyň üstünden amala aşyrylýan işden alynýan peýdany kesgitlemäge mümkinçilik berýän girdejileri we çykdajylary, şeýle-de onuň aýry-aýry düzüm böleklerini aýratyn hasaba almagy alyp barmaýan halatynda, onda peýdanyň pul möçberi salgyt töleýji hökmünde hasaba alnan ýerindäki salgyt gullugy bilen ylalaşan hasaplamalaryň esasaynda takyklanýar. Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap – salgyt töleýji Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 180-nji maddasynyň 2-nji bölegi) göz öňünde tutulan girdejileri alnan bolsa, onda diňe salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan şeýle tassyklama berlen pursatynda hyzmatlary etmekligiň (işleri ýerine ýetirmekligiň) Türkmenistanyň çäklerinde bolan hemişelik wekilhananyň döremegine getirýändigi we Türkmenistandaky çäklerindäki iş bilen baglanyşykly alynýan we tölenilýän girdejiniň şeýle hemişelik wekilhana degişli bolýandygy baradaky ýazmaça tassyklama berlende, şeýle girdejini töleýän tarap salgydy tutup almaýar.

Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerindäki işi birnäçe hemişelik wekilhanalaryň döredilmegine getirýän pursadynda, salgyt özeni we salgydyň pul möçberi olaryň her biri boýunça hasaplanýar. Bu aýdylanlar bir tehnologik prosesiniň çäklerinde amala aşyrylýan şeýle işlere degişli däldir. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 180-nji maddasy) laýyklykda, girdejilerden salgyt tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen bolsa we şol girdejiler Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň üsti bilen işi amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň jemi girdejisiniň möçberine goşulanda, tölenmäge degişli salgydyň pul möçberi tutulyp alnan salgydyň pul möçberine azaldylýar.

Hemişelik wekilhananyň üsti bilen Türkmenistanda işi amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli tarap tarapyndan salgyt salynýan özeni kesgitlenilen mahaly hemişelik wekilhananyň iş-

gärleriniň zähmetine hak tölemek üçin baş ýolbaşçy edarasynyň zähmet şertnamasyna (ylalaşygyna) laýyklykda amal edilen we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 156-njy maddasy) göz öňünde tutulan düzgünlerine laýyklykda kesgitlenilen çykdajylary hasaba almaga onuň haky bardyr. Şeýle-de daşary ýurtly edara görnüşli tarap hemişelik wekilhanada işlemek üçin gysga we uzak möhletli iş saparlarynda gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek üçin baş ýolbaşçy edara tarapyndan iberilýän işgärlere zähmete hak tölemek üçin we iş saparlay üçin çyksajylary hasaba almga haklydyr, ýöne şonuň ýaly çykdajylar dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylarynyň düzüminde hasaba alynmaly däldigi şerti üpjün etmek bilen hasaba alynýar. Iş sapar çykdajylary şu möçberde kabul edilýär:

– Türkmenistanyň iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak şertnamasy (ylalaşygy) bolan daşary ýurt döwletleriniň dahyllylary – – edara görnüşli taraplar boýunça iş sapar çykdajylarynyň hakyky amal edilen möçberinde;

– beýleki halatlarda – Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilen ölçegleriniň çäklerinde.

Daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilahanaýň üsti bilen amala aşyrýan işine degişli salgyt salynýan peýda kesgitlenilende, onuň daşary ýurtlarda şahamçalarynyň we wekilhanalarynyň hiç bir çykdajylary aýyrmalar hökmünde hasaba alynmaýar. Türkmenistanda alnyp barylýan iş bilen gönüden-göni baglanyşykly çykdajylar kadadan çykma diýlip hasap edilýär. Şonuň ýaly çykdajylar daşary ýurtlardaky şahamçlaryň we wekilhanalaryň peýdasy kesgitlenilde harajatlaryň düzüminde hasaba alynmaýar. Şu harajatlary hasaba almak üçin degişli resminamlaýyn tassyklama (mysal üçin, auditorçylyk netijenamasy) bolmalydyr we olar boýunça aýratyn hasap alnyp barylmalydyr.

**Mysal.** «Interoýl LTD» daşary ýurt kompaniýasy öz işini Türkmenistandaky hemişelik wekilhanasynyň üsti bilen amala aşyrýar. «Interoýl LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekilhanasy 2011-nji hasabat döwründe Türkmenistanyň çäk-

lerinde geçirilen işlerinden 695794 manat möçberinde girdeji alypdyr. Ondan başga, 2011-nji hasabat döwründe «Interoýl LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekilhanasy hemişelik wekilhananyň üstinden amala aşyrylmadyk daşary ykdysady amallary boýunça 316859 manat pul möçberinde girdeji alypdyr. 2011-nji hasabat ýylynda hemişelik wekilhananyň Türkmenistanyň çäginde işleri geçirmek bilen baglanyşykly çykdajylaryň pul möçberi 543796 manat, şol sanda çykdajylaryň 249282 manady Türkmenistanyň çäginden daşarda amala aşyrylypdyr. «Interoýl LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekilhanasy boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Interoýl LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekilahanasy boýunça 2011-nji hasabat ýyly üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt özenininiň pul möçberi: SÖ = 695794 manat – 543796 manat = 151998 manat.

**Türkmenistandaky çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplara salgyt salmagyň aýratynlyklary.** Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirmeýän işi amala aşyrmakdan Türkmenistandaky çeşmelerden girdeji alnanda, girdeji salgydy salgyt ýumuşçysy tarapyndan aýyrmalary aýyrmazdan (goşulan baha çäin salgytdan başga) salgyt töleýjiniň jemi girdejisinden tutulyp alynýar (salgyt özeni). Şonuň bilen birlikde, girdeji salgydyň pul möçberi şunuň ýaly edara görnüşli tarapa tölenmäge degişli serişdelerinden her gezek töleg tölenende tutulyp alynýar, şol sanda haçanda şu tölegler Türkmenistanyň çäginiň daşynda geçirilýän bolsa. Islendik görnüşde taraplaryň bes edilmegi, töleg diýlip hasap edilýär. Ýokarda görkezilen girdejiler babatynda şunuň ýaly girdejileri tölemek borçlary ýüze çykýan edara görnüşli taraplar, salgyt ýumuşçylary diýlip ykrar edilýär. Olar 20-nji şekilde görkezilýär.

Salgyt ýumuşçysy tarapyndan girdeji salgydyny hasaplamak we tutup almak mümkin bolmadyk halatlarynda ýa-da hiç bir tarap salgyt ýumuşçysy hökmande ykrar edilip bilinmese, bu daşary ýurtly edara görnüşli tarap degişli salgyt gullugynda hasaba dur-

*20-nji şekil*

**Girdejileri tölemek borçlary ýüze çykýan salgyt ýumuşçylary (edara görnüşli taraplar)**




malydyr we salgydy tölemek boýunça borçlary özbaşdak ýerine ýetirmelidir. Bu aýdylanlar Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň, şeýle-de Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapyň paýnamalarynyň we gaýry gymmat bahaly kagyzlarynyň ýerleşdirilmegine hem degişlidir, haçan-da geleşige gatnaşaýan taraplar Türkmenistana dahylsyz bolan ýagdaýynda we olary satyn almak Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän hemişelik wekilhananyň, şahamçanyň hem-de wekilhananyň üstünden amala aşyrylmadyk bolsa. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçy we kömekçi potratçy bolup durýan taraplar salgyt ýumuşçylary hökmünde borçlaryny Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen tertipde ýerine ýetirýärler. Salgyt salmak maksady bilen, daşary ýurt pulunda görkezilen girdejiler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň girdejiniň tölenen senesinde bellenilen resmi hümmeti boýunça manatda gaýtadan hasaplanýar.

Peýdadan alynýan salgydy salmaga degişli Türkmenistandaky çeşmelerden alynýan girdejiler:

1. Diwidentler we Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alnan beýleki serişdeler;

2. Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler, şeýle-de Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar tara-

pyndan tölenýän islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler, eger-de bergi borjy Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly bolsa;

3. Töwekgelçiligi ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça Türkmenistanyň dahyllylary bolup duran edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan, şeýle-de ätiýaçlandyryş tölegleri Türkmenistanyň çäklerindäki şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly tölenýän bolsa, Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar tarapyndan tölenýän ätiýaçlandyryş tölegleri;

4. Türkmenistanyň dahyllylary bolup duran edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýa-da Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar tarapyndan Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda kesgitlenilen awtorlyk hukuklarynyň peýdalanylandygy we peýdalanmak hukugynyň berlendigi, şeýle-de şahadatnama, söwda nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we iş ýa-da senagat, täjirçilik, ylmy tejribe babatdaky maglumat üçin tölenýän hak, eger şonuň ýaly hukuklar Türkmenistanyň çäklerindäki şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly peýdalanýan bolsa;

5. Türkmenistanyň çäklerindäki gozgalmaýan emlägiň we Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçi tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň çäklerinde bellige alnan (döredilen) şahamçasy, wekilhanasy we hemişelik wekilhanasy bar bolan Türkmenistanyň dahylsyzy – edara görnüşli tarap tarapyndan şeýle şahamçanyň, wekilhananyň we hemişelik wekilhananyň maksatlaryna ulanmak üçin kärendä (kireýine) alynýan gozgalýan emlägiň kärendä (kireýine) berilmegi üçin tölegler. Bu aýdylanlar lizinge berlen emlägiň bahasynyň öwezini dolmagyň möçberinden geçýän böleginde lizing tölegleri babatda hem ulanylýar;

6. Türkmenistanyň dahyllylary bolup duran edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýa-da Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar tarapyndan tölenilýän Türkmenista-

nyň çäklerinde işleriň ýerine ýetirilmegi, hyzmatlaryň amal edilmegi üçin girdejiler, eger şunuň ýaly işler we hyzmatlar Türkmenistanyň çäklerindäki şahamça, wekilhana ýa-da hemişelik wekilhana üçin peýdalanýan bolsa. Işleriň ýerine ýetirilýän we hyzmatlaryň amal edilýän ýeri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 99-njy maddasy) laýyklykda kesgitlenilýär.

7. Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emlägi, şeýle-de Türkmenistanyň dahyllylary bolup duran edara görnüşli taraplaryň paýnamalary we beýleki gymmat bahaly kagyzlaryny ýa-da olara paýly gatnaşmak hukugyny ýerleşdirmekden alnan girdejiler. Şonuň bilen birlikde, salgyt salynýan girdeji gozgalmaýan emläk üçin «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 160-njy maddasyna laýyklykda, paýnamalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar ýa-da paýçy gatnaşmak hukugy üçin satuw bahasynyň we olary satyn almak we ýerleşdirmek boýunça çykdajylaryň aratapawudy hökmünde kesgitlenilýär. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt salynýan girdejini kesgitlemek mümkin bolmadyk ýagdaýynda, ol salgydy jemi girdejiniň umumy möçberinden tutup alýar. Salgyt töleýji tarapyndan degişli resminamalar salgyt gullugyna tabşyrylan halatynda, salgydyň pul möçberi gaýtadan hasaplanýar;

8. Şertnama borçnamalarynyň düzgünleriniň bozulandygy üçin Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplaryň we hususy telekeçileriň töleýän jerimeleri we puşmana tölegleri;

9. Halkara ýolagçylary gatnatmakdan we ýük daşamakdan alynýan girdejiler. Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýa-da Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar üçin ýükleri daşamak, ýolagçylary gatnatmak Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýerleşýän ýerler (nokatlar) arasynda geçirilmeýän ýagdaýlardan başga halatlarda, deňiz, derýa we howa gämileri, awtoulag serişdeleri ýa-da demir ýol ugurlary bilen ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak halkara ýolagçylary gatnatmak we ýük daşamak diýlip hasap edilýär, eger-de bu gatnatmalar, daşamalar

Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän hemişelik wekilhanalaryň maksatlary üçin amala aşyrylýan bolsa;

10. Hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrylýan iş bilen bagly bolmadyk Türkmenistandaky çeşmelerden alynýan beýleki şonuň ýaly girdejiler. Hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly bolmadyk Türkmenistanyň çeşmelerinden alynýan girdejiler 21-nji şekilde görkezilýär.

Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň salynmagyna degişli Türkmenistandaky çeşmelerden alynýan girdejilere şu girdejiler goşulmaýar:

– milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň amal edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we beýleki hyzmatlaryň guralmagyny goşmak bilen hyzmatlary amal etmekden, şeýle-de milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlaryň amal edilmeginden alnan girdejiler;

– milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary üçin syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmeginden (hyzmatlaryň amal edilmeginden) alnan girdejiler;

– Türkmenistanyň edara görnüşli taraplary – dahyllylary tarapyndan milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäklerinde syýahatçylaryň ýerleşdirilmegini, jemgyýetçilik iýmitini, hususy durmuş we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň amal edilmegini, güýmenje oýunlarynyň (humarly oýun täjirçiliginden başga) we başga hyzmatlaryň guralmagyny goşmak bilen syýahatçylary kabul etmek boýunça hyzmatlary amal etmekden, şeýle-de milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň dolandyrylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly hyzmatlaryň amal edilmeginden alnan girdejiler paýlananda olara paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we beýleki serişdeler;

*21-nji şekil*

**Hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanşykly bolmadyk çeşmelerinden alynýan girdejiler**

**Hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanşykly bolmadyk çeşmelerinden alynýan girdejiler**
1

Komissipa şertnamalary şertlerinde Türkmenistanyň çäklerinden daşardan getirilýän harytlaryň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşdirilmeginden alynýan girdejiler (daşary ýurtly edara görnüşly tarapyň belläp ýerleşdiriş bahasy bilen salgyt ýumuşçynyň ýerleşdirmek üçin getirilen harytlary satan has ýokary bahasynyň arasyndaky tapawut görnüşinde şol edara görnüşli tarapa tölenilýän girdeji)
2

Türkmenistanyň dahyllylary bolan beýleki edara görnüşli taraplaryň ýa-da Türkmenistanyň dahyllylary bolmadyk edara görnüşli taraplaryň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän şahamçalarynyň, wekilhanalarynyň we hemişelik wekilhanalarynyň we hemişelik wekilhanalarynyň peýdasynyň ýa-da emläginiň daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň haýryna paýlananda (hatda olaryň işi ýatyrylan hem bolsa) alnan girdejiler, eger-de iki gezek salgyt salmaklyk baradaky şertnamalara (ylalaşyklara) laýykda şonuň ýaly girdejilere diwidentler hökmünde garalmaýan bolsa
4

Gatnaşyjylaryň iň bolmanda biri Türkmenistanyň dahyllysy bolan halatynda, Türkmenistanyň çäginde bilelikdäki işi amala aşyrmagyň netijesinde şereketiň girdejileriniň bir bölegini daşary ýurt edara görnüşli tarapyň haýryna paýlananda alynýan girdejiler
3

Türkmenistanda dahylly edara görnüşli taraplar we hususy telekeçi tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň çäklerinde bellige alnan (döredilen) şahamçasy, wekilhanasy we hemişelik wekilhanasy bar bolan we hyzmatlar şeýle şahamçanyň, wekilhananyň we hemişelik wekilhananyň maksatlary üçin amal edilýän bolsa, Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar tarapyndan talaplary bermekden, araçyllykdan, tabşyryk şertnamalary, eýeçiligi ynanyp dolandyrmak şertnamalary boýunça tölenilýn tölegler. Talaplary bermekden alynýan girdejiler talap berlende ýa-da degişli borçnamalar bes edilende, alna girdejiniň möçberiniň görkezilen talaby satyn almak üçin çykdajylaryň möçberinden artýan möçberi hökmünde kesgitlenilýär
5

– milli syýahatçylyk zolaklarynda ýa-da olaryň çäklerinden daşarda diňe syýahatçylyk zolaklarynyň iş maksatlary üçin syýahatçylary kabul etmek boýunça täze obýektleriň we olaryň infrastrukturasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmeginiň, hyzmatlaryň amal edilmeginiň, şeýle-de harytlaryň eltilmeginiň maksatlary üçin alnan karzlar (zaýomlar) boýunça göterimler;

– diňe milli syýahatçylyk zolaklarynyň çäginde peýdalanylmagy bilen baglanyşykly tölenilýän Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda kesgitlenilen awtorlyk hukuklarynyň, şeýle-de şahadatnamalaryň, söwda belgisiniň, haryt nyşanynyň ýa-da hyzmat etmek nyşanynyň, çyzgynyň ýa-da modeliň, shemanyň, gizlin formulanyň we (ýa-da) prosesiň peýdalanylany ýa-da peýdalanmak hukugynyň berleni üçin ýa-da senagat, tääjirçilik ýa-da ylmy-tejribe babatdaky maglumatlar üçin tölenýän hak;

– milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde ýerleşýän gozgalmaýan we gozgalýan emlägiň kärendesi (hakyna tutma) üçin tölegler;

– milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň satylmagyndan alynýan girdejiler;

– Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplaryň (şol sanda daşary ýurtly şahsy taraplaryň) sirk hyzmatlaryny amal etmekden alýan girdejileri.

Salgyt ýumuşçylary tarapyndan girdeji salgydy 15 göterim möçberinde hasaplanýar. Girdeji salgydyny 15 göterim möçberinde hasaplamak, deňiz we howa gämilerini kärendä bermekden alnan girdejiler girmeýär. Deňiz we howa gämilerini kärendä bermekden alnan girdejiler üçin girdeji salgydynyň möçberi 6 göterime deňdir. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 168-nji maddasy) laýyklykda, töleg girdeji alnan diýlip hasap edilen aýynyň ahyrky senesinden soň geçirilen ýagdaýynda, salgydy tölemek salgyt ýumuşçysynyň serişdeleriniň hasabyna, soňundan salgyt töleýjä tölenilmeli serişdelerden tutup almak bilen amala aşyrylýar. Salgydy hasaplamak girdejiniň alnan, uzak möhletli şertnamalar boýunça bolsa – işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň amal edilen aýynyň ahyrky senesindä-

ki ýagdaýa görä amala aşyrylýar. Salgyt (şol sanda tölegler daşary ýurtlarda geçirilende hem) şol aý tamamlanandan soň 15 günden gijä galman tölenilýär.

Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapa girdejileri töleýän tarap, girdeji tölenilen aýdan soňky gelýän aýyň 20-sine çenli möhletde salgyt hasabynda duran ýerindäki salgyt gullugyna girdejiler tölenilen edara görnüşli taraplar, girdeji salgydynyň hasaplanan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen möçberleri, şeýle-de salgyt tutulyp alynmadyk taraplar hakyndaky maglumatlary bermäge borçludyr. Maglumatlaryň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşyp Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň dahylsyzy bolup durýan edara görnüşli taraplara girdeji töleýän salgyt ýumuşçylarynda salgydy tölemek möhlet geçenden soň, salgyt ýumuşçylary resminamalaýyn salgyt barlagynyň bellenilendigi barada habarly edilen pursadyna çenli töleg çeşmesinden salgydy saklamazlyk üçin esaslar emele gelende, olar tarapyndan öňki döwürlerde tölenen serişdelerden (töleglerden) salgyt tutulyp alynmaýar. Salgyt ýumuşçylarynyň salgydyň pul möçberini tutup almak we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek boýunça borçlaryny ýerine ýetirmezligi, olaryň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 90-njy maddasy) göz öňünde tutulan jogapkärçilige, şeýle-de salgydy tölemek üçin bellenilen möhletli bozmaklygy puşmana tölegleriň («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 70-nji maddasy) salynmagyna getirýär.

Türkmenistanyň dahylsyzy bolup durýan edara görnüşli tarapa girdejileri töleýän salgyt ýumuşçylarynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen bolsa we onuň netijesinde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 181-nji maddasynyň ikinji bölegi) talaplarynyň ýerine ýetirilmändigi üçin girdejiler boýunça salgyt goşmaça hasaplanandan soň salgyt ýumuşçylarynda salgydy töleg çykan çeşmesinden tutup almazlyk üçin esas ýüze çykan ýagdaýynda, salgyt ýumuşçylary sal-

gydy töleg çeşmesinden tutup almazlyk üçin esas bolup durýan resminamalary berenlerinden soň, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 83-nji maddasynyň ikinji bölegi) laýyklykda, barlagyň ykrarhaty boýunça kabul edilen karar ýatyrylmaga degişlidir. Şu ýagdaýda täze karar çykarylýar we oňa laýyklykda salgyt ýumuşçylaryny salgydyň goşmaça hasaplanan pul möçberini tölemek baradaky çözgüt kabul edilýär. Ulanylýan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri bolsa umumy bellenile tertipde tölenilýär.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýeti 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirmeýän Türkmenistanyň çeşmelerinden beýleki girderjileriň görnüşlerini alýan edara görnüşli taraplar bilen 41-nji tablisada görkezilen şertnamalary baglaşypdyr.

*41-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýetiniň 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda edara görnüşli taraplar bilen baglaşylan şertnamalary**

| № | 5Edara görnüşli taraplaryň ady | Şertnamanyň (kontraktyň) belgisi we senesi | Şertnama (kontrakt) boýunça amal edilmeli işleriň görnüşleri | Ylalaşyk boýunça tölenmeli pul möçberleri, tölegiň walýutasynda |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1 | «Seppelin Inter AG» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | № 47, 03.10.2011ý | «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýetiniň işine paýçy bolup gatnaşmak | 32040 manat (goşulan baha üçin salgytsyz) |
| 2 | «Alsim Alarko Sanaýi Tesisleri we Tijaret Aş» daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy | №49, 06.10. 2011ý. | «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýetiniň islendik görnüşlerindäki bergi borçnamalary boýunça tölän göterimleri | 17784 manat (goşulan baha üçin salgytsyz) |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3 | «Sumatek Korporeýşn SDN BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №56, 10.10.2011ý. | «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýetiniň töwekgelçiligi ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça tölän ätiýaçlandyryş tölegleri | 57314 manat (goşulan baha üçin salgydy goşmak bilen) |
| 4 | «Petrofarm Singapur PTE LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №59, 12.10.2011ý. | Awtor hukuklarynyň peýdalanylandygy we peýdalanmak hukugynyň berlendigi, şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany, hyzmat nyşany, çyzgy, model, görnüş, gizlin formula we senagat, täjirçilik, ylmy-tejribe babatdaky maglumatlar üçin «Emeks Türk-menistan LTD» hojalyk jemgyýeti tarapyndan tölenen hak | 108802 manat (goşulan baha üçin salgydy goşmak bilen) |
| 5 | «Berington LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №69, 17.10.2011ý. | «Empeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýeti tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emlägi kärendesine almak üçin tölenen kärende (kireý) tölegleri | 253298 manat (goşulan baha üçin salgytsyz) |
| 6 | «Awtokraz AG» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | №67, 21.10.2011ý. | «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýeti tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde ýerine ýetirilen işler, amal edilen hyzmatlar üçin tölenen girdejiler | 136698 manat (goşulan baha üçin salgytsyz) |
| 7 | «Zwezda energetiki» daşary ýurt Kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | №69, 25.10.2011ý. | Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emlägini we gymmat bahaly kagyzlaryny ýerleşdirendigi üçin «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýetiniň tölän girdejileri | 24109 manat (goşulan baha üçin salgytsyz) |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 8 | «Muhibullah Muradj LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | №70, 25.10.2011ý. | «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýeti tarapyndan borçnamalaryň bozulandygy üçin tölenen jerimeler we puşmana tölegler | 9797 manat |
| 9 | «Huaweý Tek Iuk KO LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | №72, 30.10.2011ý. | Halkara ýolagçy gatnatmakdan we ýük daşamakdan «Emeks Türkmenistan» hojalyk jemgyýetiniň tölän girdejileri | 2166116 manat |

Şu aşakdakylar boýunça Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplardan girdeji salgydy tutulyp alynmandyr we býujete geçirilmändir:

1. «Smit Ewraziýa Ink» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy. Şertnamanyň belgisi №60, baglaşylan senesi 13.10. 2011 ý. Şertnama boýunça tölenmeli tölegiň möçberi 28182 manat. Irlandiýa döwletine dahylly kompaniýa. Şertnamada göz öňünde tutulan işiň görnüşi: halkara ýük daşamak

2. «Seleks Enerji GMBH» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy. Şertnamanyň (kontraktyň) belgisi №64, 18.10.2011ý. Şertnama boýunça tölenmeli tölegiň pul möçberi 65166 manat. Şweýsariýa konfederasiýasyna dahylly kompaniýa. Şertnamada göz öňünde tutulan işiň görnüşi: gozgalýan emlägi kärendesine bermek.

**Goşmaça maglumatlar.** «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýetiniň salgyt hasabyna alnan ýeri: Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy. Hukuk salgysy we hakyky ýerleşýän ýeri: Aşgabat ş., 1980-nji köçe, 11-nji jaý, 2-nji korpus, 10-njy otag. Poçta indeksi: 744022. EGTÝDB kody: 26831541; ŞSB: 101131246768, telefon 45-00-18. «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysy Mehmet Salih, baş buhgalter Şirinjemal Hakgyýewa. Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy Merdan Çaryýew, salgyt inspektory Şöhrat Halekow, hasap boýunça işgär Arzygül Akmyradowa. Maglumatlaryň iberilen senesi 2011-nji ýylyň noýabr

aýynyň 18-i, alnan senesi 2011-nji ýylyň noýabr aýynyň 20-si. Kameral barlagynyň tamamlanan senesi 2011-nji ýylyň noýabr aýynyň 27-si. Ýokarda getirilen sanlaryň we maglumatlaryň esasynda degişli hasaplamalary geçirmeli we olary 42-nji tablisadaky edara görnüşli taraplaryň girdejisi üçin salgydyň pul möçberini salgyt ýumuşçysy tarapyndan alnan edara görnüşli tarap hakyndaky maglumatlarda görkezmeli.

*42-nji tablisa*

**Edara görnüşli taraplaryň girdejisi üçin salgdyň pul möçberini alan «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýeti (salgyt ýumuşçysy) hakynda maglumat**

<table>
<tr><td>1</td><td colspan="6">Edara görnüşli taraplaryň girdejisi üçin salgydyň pul möçberini salgyt ýumuşçysy tarapyndan alnan edara görnüşli taraplar hakynda maglumat, 2011-nji ýylyň oktýabr aýy üçin</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="6">Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="6">Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň doly ady:<br>«Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýeti</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="6">Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi: 744022 Welaýat ______________<br>Etrap: Köpetdag. Şäher: Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ________________<br>Etrapça______ şaýoly, köçe, geçelge: 1980-nji köçe, Jaý №11<br>Korpus № 2 Öý № 10</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="6">Hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: 744022. Welaýat __________________<br>Etrap: Köpetdag. Şäher: Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ________________________<br>Etrapça ___________ şaýoly, köçe, geçelge: 1980-nji köçe.<br>Jaý: № 11 Korpus № 2 Öý: № 10</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTYDB: 26831541</td><td>7</td><td colspan="2">ŞSB:101131246768</td><td>8</td><td>Telefon: 45–00–18</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="6">Salgyt ýumuşçysy – husysy telekeçiniň familiýasy ______________ ady _________<br>atasynyň ady _____</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="6">Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: ___________<br>Etrap _________ Şäher ___________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) _____________________________________<br>Etrapça ____________________ şaýoly, köçe, geçelge __________________<br>Jaý _____________Korpus _______________Öý ___________________</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="3">ŞSB:</td><td>12</td><td colspan="2">Telefon</td></tr>
</table>

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 13 | Iberilen senesi 2011-nji ýylyň noýabr aýynyň 18-i | | | | 14 | Alnan senesi: 2011-nji ýylyň noýabr aýynyň 20-si | | |
| 15 | **I bap. Girdeji üçin salgydyň tutulyp alnan we býujete geçirilen pul möçberleri hakynda maglumat** | | | | | | | |
| 16 | **Edara görnüşli tarapyň doly ady** | **Şertnamanyň (kontraktyň) belgisi we senesi** | **Ylalaşyk boýunça tölemeli pul möçberi, tölegiň walýutasynda** | **Salgyt özeni** | **Girdeji üçin salgyt** | | **Senesi** | |
| | | | | | **Salgydyň möçberi (göterimde)** | **Hasaplanan salgydyň pul möçberi 4-nji sütün x 5-nji sütün** | **Tutulyp alnan salgyt** | **Býujete geçirilen salgyt** |
| 17 | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** |
| 17.1 | «Seppelin Inter AG» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №47, 03.10.2011ý | 32040 | 32040 | 15 | 4806 | 06.10.2011ý | 07.10.2011ý |
| 17.2 | «Alsim Alarko Sanaýi Tesisleri we Tijaret Aş» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №49, 16.10.2011ý | 17784 | 17784 | 15 | 2668 | 09.10.2011ý | 10.10.2011ý |
| 17.3 | «Sumatek Korporeýşn SDN BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №56, 10.10.2011ý | 57314 | 49838 | 15 | 7476 | 14.10.2011ý | 15.10.2011ý |
| 17.4 | «Petrofarm Singapur LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №59, 12.10.2011ý | 108802 | 94610 | 15 | 14192 | 18.10.2011ý | 19.10. 2011ý |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 17.4 | «Petrofarm Singapur LTD» daşary ýurt kompaniýa- synyň Türkmenistandaky şahamçasy | №59, 12.10.2011ý | 108802 | 94610 | 15 | 14192 | 18.10.2011ý | 19.10. 2011ý |
| 17.5 | «Berington LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №63, 17.10. 2011 | 253298 | 253298 | 15 | 37995 | 20.10.2011ý | 21.10. 2011ý |
| 17.6 | «AwtoKraz AG» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | №67, 21.10.2011ý | 136698 | 136698 | 15 | 20505 | 24.10.2011ý | 25.10. 2011ý |
| 17.7 | «Zwezda energetiki» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №69, 25.10.2011ý | 24109 | 24109 | 15 | 3616 | 27.10.2011ý | 28.10. 2011ý |
| 17.8 | «Muhibullah Muradj» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | №70, 25.10.2011ý | 9797 | 9797 | 15 | 1470 | 26.10.2011ý | 27.10. 2011ý |
| 17.9 | «Huaweý Tek Ink KO LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | №72, 30.10.2011ý | 2166116 | 2166116 | 15 | 324917 | 31.10.2011ý | 02.11. 2011ý |
| 18 | **Jemi** | | 2805958 | 2784290 | x | 417645 | x | x |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 19 | **II bap. Türkmenistana dahyllysy edara görnüşli taraplardan tutulyp alynmadyk we býujete geçirilmedik girdeji üçin salgyt barada maglumat** | | | | | |
| 20 | **Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapyň doly ady** | **Şertnamanyň (kontraktyň) belgisi we senesi** | **Şertnama boýunça tölenmeli pul möçberi, tölegiň walýutasynda** | **Dahylly bolup durýan ýurdy** | **Şertnamada göz öňünde tutulan işleriň, hyzmatlaryň we ş.m. görnüşi** | **Girdeji üçin salgydyň tutulyp alynmazlygynyň sebäpleri** |
| 21 | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| 21.1 | «Smit Ewraziýa Ink» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | № 60, 13.10.2011ý | 28182 | Irlandiýa | Halkara ýük daşamak | Işler doly möçberde ýerine ýetirilmändir |
| 21.2 | «Seleks Enerji GMBH» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | № 64, 18.10.2011ý | 65166 | Şweýsariýa konfederasiýasy | Gozgalýan emlägi kärendesine bermek | Işler doly möçberde ýerine ýetirilmändir |
| 21.3 | | | | | | |
| 21.4 | | | | | | |
| 21.5 | | | | | | |
| 22.6 | | | | | | |
| 22.7 | | | | | | |
| 22.8 | | | | | | |
| | **Jemi** | | 93348 | | | |
| 23 | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dolulygyny we dogrudygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli taraplaryň ýolbaşçysy: Mehmet Salih ______________<br>(goly)<br>Baş buhgalter : Şirinjemal Hakgyýewa ______________<br>(goly)<br>Hususy telekeçi _________________________________ _______________<br>(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly) | | | | | |
| 24 | Kameral barlagynyň netijesi ____________________________________________<br>Kameral barlagynyň tamamlanan senesi: «27» noýabr 2011ý | | | | | |

| | |
|---|---|
| 25 | Salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysy: Merdan Çaryýew ______________ (goly)<br>Salgyt inspektory: Şöhrat Halekow ______________ (goly) |
| 26 | Şu beýýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy/ýazyldy: 417645 manat |
| 27 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi: «28» noýabr 2009-njy ýyl<br>Hasap boýunça işgär: Arzygül Akmyradowa ________________ (goly) |

**Çözülişi.** «Emeks Türkmenistan LTD» hojalyk jemgyýetiniň «Simatek Korporeýşn SDN BHD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasyna 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda tölän girdejiniň pul möçberi 57314 manat, bu ýerde salgyt özeni 49838 manat [57314 manat – (57314 manat x15 % : 115 %)], girdeji üçin salgydyň pul möçberi 7476 manat (49838 manat x15% : 100%). «Emeks Türkmenisan LTD» hojalyk jemgyýetiniň «Petrofarm Singapur PTE LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasyna 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda tölän girdejiniň pul möçberi 108802 manat, bu ýerde salgyt özeni 94610 manat [108802 manat – (108802 manat x 15% : 115%)], girdeji üçin salgydyň pul möçberi 14192 manat (94610 manat x 15% : 100%). Hasaplanylan pul möçberler edara görnüşli taraplaryň girdejisi üçin salgydyň pul möçberini salgyt ýumuşçysy tarapyndan alnan edara görnüşli taraplar hakyndaky maglumatlaryň I babynyň 17.3-nji we 17.4-nji setirleri boýunça ýazylýar. Girdeji üçin salgydyň tutulyp alnan we býujete geçirilen pul möçberi hakyndaky maglumatlaryň (I bap) beýleki setirleri boýunça (17.1-nji, 17.2-nji we 17.5-nji – 17.9-njy setirleri) hasaplanan salgydyň pul möçberi salgyt özenini salgydyň möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär.

**Iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak.** Salgyt gullugy Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplaryň talap etmekleri boýunça, olaryň peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy Türkmenistanda töländiklerini tassyklaýan resminamany bermelidirler. Resminamanyň görnüşini Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy kesgitleýär. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy tölemek-

den boşamak we beýleki salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmak üçin, salgyt töleýji Türkmenistanyň salgyt gullugyna arzany, şeýle-de salgyt döwrüniň dowamynda (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän ikitaraplaýyn salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakyndaky Türkmenistanyň ylalaşyk baglaşan döwletiň dahyllysy bolup durýandygyny resmi taýdan tassyklaýan tassyknamany tabşyrmalydyr. Tassyklama we arza salgyt ýa-da salgyt tölegi boýunça deslapky tölegleriň tölemezden öň hem, salgyt töleýjiniň salgydy tölemekden boşadylmaga ýa-da artykmaçlyk almaga dalaş edýän salgyt döwri tamamlanandan soňky gelýän üç ýylyň dowamynda hem tabşyrylyp bilinýär. Arzanyň görnüşi we ony tabşyrmagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilýär. Kesgitlenilen görnüş boýunça düzülmedik arza, ony tabşyrmagyň tertibiniň bozulmagy, salgyt gullugyna şeýle arza seretmezlige esas bolup durýar.

### «Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Halkara salgyt tejribesine laýyklykda, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy töleýjiler kim? Peýdadan alynýan salgyt haýsy möçberler esasynda tölenýär?
2. Daşary döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan binýat haýsy görnüşde takyklanýar? Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt ýeňillikleriň we eglişikleriň haýsy görnüşleri göz öňünde tutulýar?
3. Peýdadan alynýan salgyt haýsy resminamanyň esasynda we haçan Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyryldy.
4. Halkara salgyt tejribesine laýyklykda, peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň haýsy beýleki görnüşlerini bilýärsiňiz?
5. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler kim?
6. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan binýat näme?

7. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan binýat kesgitlenilende, peýda nähili tertipde takyklanýar?
8. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt Türkmenistana dahyllylaryň haýsy çeşmelerden alýan peýdasyna salynýar?
9. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt Türkmenistana dahylsyzlaryň haýsy çeşmelerden alýan peýdasyna salynýar?
10. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjileriň jemi girdejisine haýsy girdejiler goşulýar?
11. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjileriň jemi girdejisine haýsy girdejiler goşulmaýar?
12. Muzdsuz berilýän we döwletiň haýryna geçirilýän emläkleriň we harytlaryň haýsy görnüşleri ýerleşdirmek diýlip hasap edilýär?
13. Harytlar (işler, hyzmatlar) muzdsuz berlende, girdeji salgyt töleýji tarapyndan haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
14. Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler muzdsuz berlende, girdeji haýsy bahalardan ugur alnyp hasaplanýar?
15. Geleşige gatnaşýan taraplar çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalaryny kesgitlemedik ýagdaýlarynda, girdeji haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
16. Harytlar deň däl derejede çalşylanda, jemi girdejä haýsy pul möçberleri goşulýar?
17. Öz işgärleri üçin harytlar (işler, hyzmatlar) ýerleşdirilende, girdeji haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
18. Işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň (daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň, wekilhanasynyň) girdejisi haýsy bahalaryň esasynda kesgitlenilýär?
19. Ýeňillikli bahalar (tarif, kesilen nyrh) bellenilen harytlar (işler, hyzmatlar) ýerleşdirilende, girdeji haýsy tertipde kesgitlenilýär?
20. Mugt göýberilýän harytlar ýerleşdirilende, girdeji haýsy tertipde kesgitlenilýär?
21. Býujet guramalary üçin ýerleşdirilýän, şeýle-de telekeçi däl edara görnüşli taraplar hem-de döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň

ýerleşdirýän harytlary (işleri, hyzmatlary) boýunça girdeji, haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?

22. Bank edaralarynyň jemi girdejisi haýsy tertipde kesgitlenilýär?
23. Bank amallaryndan alynýan girdejileriň jemine girdejileriň haýsy görnüşleri goşulýar?
24. Faktoring bank amallary näme?
25. Forfeýting bank amallary näme?
26. Ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejisi haýsy tertipde kesgitlenilýär?
27. Ätiýaçlandyryş işinden alynýan girdejileriň jemine girdejileriň haýsy görnüşleri goşulýar?
28. Tantýema näme? Sýurweýer kim?
29. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin aýyrmalaryň düzümine girdejileriň we çykdajylaryň haýsy görnüşleri goşulýar?
30. Şol bir harajatlar birnäçe çykdajy maddalarynda göz öňünde tutulan bolsa, salgyt salynýan peýda hasaplananda bu harajatlar näçe gezek aýrylýar?
31. Salgydyň dürli möçberleri boýunça salgyt salynýan girdejilere ýa-da salgytdan boşadylýan girdejilere degişli çykdajylar (harajatlar) haýsy tertipde hasaba alynýar?
32. Çykdajylary aýratyn hasaba almak mümkin bolmadyk halatynda, olar haýsy tertipde paýlanylýar? Olar haýsy ýagdaýlarda çykdajylar diýlip kabul edilýär?
33. Çykdajylaryň haýsy görnüşleri aýyrmalara goşulmaýarlar?
34. Komissioner kim? Komitent kim?
35. Salgyt salmak maksady bilen, çykdajylaryň düzümine haýsy harajatlar goşulýar?
36. Maddy çykdajylara goşulýan haryt – maddy gymmatlyklaryň bahasy haýsy bahalardan we haýsy harajatlary goşmak bilen ugur alnyp kesgitlenilýär?
37. Haryt – maddy gymmatlyklaryň bahasyna hasap edilmäge goşulan baha üçin salgydyň we goşmaça tölegleriň pul möçberleri goşulýarmy?
38. Haryt – maddy gymmatlyklar bilen bile kabul edilen yzyna gaýtaryp berilýän gabyň bahasy önüm iberiji tarapyndan şu gymmatlyklaryň

bahasyna goşulan halatynda, ulanyp we ýerleşdirip boljak yzyna gaýtaryp berilýän gabyň bahasy gymmatlyklary satyn almak üçin amal edilen çykdajylaryň umumy pul möçberinden aýrylýarmy?

39. Haryt – maddy gymmatlyklar bilen bile önüm iberijiden alnan yzyna gaýtaryp berilmeýän gabyň bahasy, olary satyn almak üçin amal edilen çykdajylaryň umumy pul möçberine goşulýarmy?
40. Maddy çykdajylara goşulýan harytlaryň bahasyna Türkmenistanda öndürilýän we onuň çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça tölenen goşmaça tölegler goşulýarmy?
41. Zähmete hak tölemek üçin çykdajylaryň düzümine çykdajylaryň haýsy görnüşleri goşulýar?
42. Salgyt salmak maksady bilen, aýyrmalar hökmünde kabul edilýän zähmete hak tölemek üçin çykdajylaryň haýsy görnüşleri goşulmaýar?
43. Salgyt töleýji tarapyndan girdeji almak üçin peýdalanylýan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça hasaplanýan ulanyş tölegleri salgyt töleýjiniň çykdajylaryna goşulýarmy?
44. Düýpli häsiýetli harajatlar salgyt töleýjiniň çykdajylaryna (aýyrmalaryna) haýsy tölegleriň üsti bilen goşulýar?
45. Haýsy halatlarda maddy däl aktiwler boýunça hasaplanýan ulanyş tölegi aýyrmalar hökmünde kabul edilýär?
46. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy hasaplamak üçin, könelme hasaplanylýan emlägiň düzüminden haýsy emlägiň bahasy aýrylýar?
47. Könelme hasaplanylýan emlägiň bahasyna düýpli häsiýetdäki harajatlar goşulýarmy?
48. Kärendesine (kireýine) berlen emläk boýunça ulanyş tölegleriň pul möçberini kim hasaplaýar?
49. Lizinge berlen emläk boýunça ulanyş tölegleriniň pul möçberini kim töleýär?
50. Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler (olaryň muzdsuz berilmegini goşmak bilen) ýerleşdirilende, jemi girdejiden haýsy pul möçberleri aýrylýar?

51. Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylaryň we ýitgileriň düzümine haýsy çykdajylar we ýitgiler goşulýar?
52. Salgyt salmak maksady bilen, iş sapar çykdajylarynyň düzümine çykdajylaryň haýsy görnüşleri goşulýar?
53. Salgyt salmak maksady bilen, ýerleşdirmekden daşary çykdajylar diýlip haýsy çykdajylara düşünilýär?
54. Ýerleşdirmekden daşary çykdajylaryň düzümine çykdajylaryň haýsy görnüşleri goşulýar?
55. Aýyrmalar hökmünde kabul edilýän esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylaryň düzümine harajatlaryň haýsy görnüşleri goşulýar?
56. Esasy serişdeleri abatlamak üçin, salgyt töleýjiniň ätiýaçlyklary döretmäge haky barmy?
57. Esasy serişdeleri abatlamak üçin geljekki çykdajylar haýsy tertipde çykdajylaryň hasabyna ýazylýar?
58. Esasy serişdeleri abatlamak üçin hakyky amala aşyrylan harajatlaryň pul möçberi haýsy serişdeleriň hasabyna hasapdan öçürilýär?
59. Tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar diýlip haýsy çykdajylar hasap edilýär?
60. Ylmy-barlag, taslama, tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylara haýsy çykdajylar degişli edilýär we olar jemi girdejiden aýrylmaga degişlimi?
61. Bank hyzmatlaryny amal etmek boýunça çykdajylaryň düzümine çykdajylaryň haýsy görnüşleri goşulýar?
62. Ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny amal etmek boýunça çykdajylaryň düzümine çykdajylaryň haýsy görnüşleri goşulýar?
63. Haýsy döwür girdejiniň alnan döwri diýlip hasap edilýär?
64. Banklaryň öz adyndan we öz hasabyna bank tarapyndan çekilen pul serişdelerini ýerleşdirmekden, karz we zaýomlary bermekden göterim görnüşinde alan girdejileri haýsy hasabat (salgyt) döwründe hasaba alynýar?

65. Ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş, durmuş ätiýaçlandyrmasy şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş haky (gatanjy) haýsy hasabat (salgyt) döwrüniň girdejisiniň düzümine goşulýar?
66. Ylalaşyklar bölekleýin amala aşyrylanda, olar girdejiniň düzümine goşulýarmy?
67. Türkmensitanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, harytlaryň ýerleşdirilmegi diýlip ykrar edilýän tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylanda, girdejiler haýsy hasabat (salgyt) döwründe hasaba alynýar?
68. Haýsy ýagdaýlarda harytlar iberildi, işler ýerine ýetirildi we hyzmatlar amal edildi diýlip hasap edilýär?
69. Uzak möhletleýin şertnamalar boýunça girdejiler haýsy hasabat (salgyt) döwründe görkezilýär?
70. Toparyň (komissiýanyň) ylalaşygy we şonuň ýaly beýleki ylalaşyklar boýunça salgyt töleýji-komitent tarapyndan harytlar ýerleşdirilende, haýsy sene ýerleşdirmekden girdeji alnan sene diýlip hasap edilýär?
71. Ýerleşdirmekden daşary girdejiler üçin girdejiniň alnan senesi diýlip haýsy sene hasap edilýär?
72. Özara garaşly edara görnüşli taraplaryň özara gatnaşyklarynda şunuň ýaly geleşiklerdäki adaty şertlerden tapawutlanýan şertler emele gelýän ýa-da bellenýän bolsa, olaryň biriniň alyp biljek, ýöne şeýle sebäpli alynmadyk islendik girdejisi salgyt salyunýan girdejä goşulýarmy?
73. Lizingde peýdany kesgitlemegiň aýratynlyklary nämeden ybarat?
74. Uzak möhletli şertnamalar boýunça, möwsümleýin häsiýetli işlerde we beýleki bellenen halatlarda, aýyrmalar haýsy hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär?
75. Salgydyň pul möçberleri, şeýle-de döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär?
76. Türkmenistanyň töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan, beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan

diwidentler we girdejiler haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar diýlip hasap edilýär?

77. Oýun işinden alnan girdejiler haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär?
78. Maddy çykdajylar haýsy döwürde aýyrmalar hökmünde kabul edilýär?
79. Daş-töweregi hapalaýan jisimleriň ýol berilýän zyňyndylary (galyndylar) üçin tölegler haýsy hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär?
80. Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde ykrar edilýär?
81. Ulanyş tölegleri haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär?
82. Beýleki çykdajylar we ýitgiler, şeýle-de ýerleşdirmekden daşary çykdajylar we ýitgiler haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalara goşulýar?
83. Ýetmezçilik, zyýan önüm çykarmak, boş durmalar, tebigy betbagtçylyklar, ýangyn, heläkçilikler bilen baglanyşykly çekilen zyýanlar, şeýle-de gaplar bilen amallar boýunça ýitgiler haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalara goşulýar?
84. Esasy serişdeleri abatlamak üçin çykdajylar haýsy hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär?
85. Gymmat bahaly kagyzlaryň satylan we satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut, daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemegi bilen baglanyşykly ýitgiler haýsy hasabat döwrüne degişli edilýär?
86. Karzdarlaryň hasapdan öçürilen haryt – maddy gymmatlyklary, işleri, hyzmatlary boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi haýsy hasabat (salgyt) döwrüne degişli edilýär?
87. Öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalara goşulýar?
88. Şu hasabat döwründe ýüze çykarylan geçen salgyt döwürleriniň çykdajylary (ýitgileri) haýsy hasabat (salgyt) döwrüniň aýyrmalaryna goşulýar?

89. Şereketiň işiniň netijeleri boýunça şerekete gatnaşyjynyň zyýany haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde kabul edilýär?
90. Türkmenistanyň hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen serişdeleri haýsy hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalar hökmünde ykrar edilýär?
91. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt töleýjiniň işinden gelýän zyýan diýlip nämä düşünilýär?
92. Ýitgiler haýsy salgyt (hasabat) döwrüne geçirilýär we olar haýsy döwrüň jemi girdejisinden tutulyp alynýar?
93. Haýsy edara görnüşli taraplar peýdadan (girdejiden) alynýan salgytdan boşadylýarlar?
94. Edara görnüşli taraplaryň alan peýdasynyň (girdejisiniň) haýsy görnüşleri peýdadan (girdejiden) alynýan salgytdan boşadylmaýar?
95. Peýdadan alynýan salgyt salynanda, salgyt salynýan peýdanyň pul möçberi haýsy pul möçberlerine azaldylmaga degişli? Şonuň ýaly peýdany hasaplap ýazmak üçin aýyrmalaryň aýry-aýry böleklerini takyklamak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, olar haýsy tertipde kesgitlenilýär?
96. Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt özeni näme?
97. Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
98. Salgyt töleýji salgyt (hasabat) döwründe zyýan çeken bolsa, salgyt (hasabat) döwründe salgyt özeni nämä deň diýlip hasap edilýär?
99. Şereketiň işine gatnaşmakdan alnan girdejiler boýunça salgyt özeni haýsy aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär?
100. Önüm görnüşinde alynýan girdejiler haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
101. Diwidentler we beýleki edara görnüşli tarapyň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler boýunça salgyt özeni haýsy tertipde hasaplanýar?
102. Oýun işinden alynýan girdejiler boýunça girdeji salgydy haýsy ululygy ulanmak bilen bellenýär?

103. Husysy eýeçiligindäki edara görnüşli taraplar üçin salgyt özeni haýsy tertipde hasaplanýar?
104. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin salgyt özeni kesgitlenilende, onuň düzümine girdejileriň haýsy görnüşleri goşulmaýar?
105. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyna (girdejisine) salgyt salnanda, peýdadan (girdejiden) alynýan salgdydyň haýsy möçberleri (stawkalary) ulanylýar?
106.Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin salgyt döwri haýsy döwre deň diýlip hasap edilýär?
107. Oýun işinden alynýan girdeji salgydyň salgyt we hasabat döwürleri haýsy döwre deň diýlip hasap edilýär?
108. Peýdadan alynýan salgydy, şeýle-de oýun işinden alynýan girdejiler boýunça salgydy kim hasaplaýar?
109. Diwident we beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan girdejiler boýunça salgydy kim hasaplaýar we töleýär?
110. Peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär?
111. Hasabat döwrüniň dowamynda paýdadan alynýan salgyt haýsy görnüşde kesgitlenilýär?
112. Hakujy töleglериň tölenmeli möhletine çenli hasabat döwri üçin salgyt beýannamasynyň tabşyrylmaly möhleti dolmadyk ýa-da şeýle salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan düzülmedik we salgyt gullugyna tabşyrylmadyk bolsa, hasabat döwrüniň hakujy tölegleri haýsy pul möçberlerinde tölenýär?
113. Birnji çärýek üçin Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmäge degişli peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi haýsy pul möçberinde kesgitlenilýär?
114. Diwident görnüşindäki we beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan girdejiler üçin salgydyň pul möçberi haýsy tertipde hasaplanýar?
115. Oýun işinden alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär? Şu görnüşindäki girdejilerden salgyt hasap-

lanylanda, salgyt ýeňillikleri we salgyt boşatmalary göz öňünde tutulýarmy?
116. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar girdeji salgydyň jemini haýsy tertipde hasaplaýarlar?
117. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt haýsy möhletlerde tölenýär?
118. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasy haýsy möhletlerde tabşyrylýar?
119. Oýun işinden alynýan girdeji salgydy babatynda salgyt beýannamasy haýsy möhletde tabşyrylýar? Salgyt ýumuşçylary girdeji tölenen aýyndan soňky aýyň 20-sine çenli özüniň salgyt hasabynda duran ýerindäki salgyt gullugyna haýsy maglumatlary tabşyrmaga borçludyrlar?
120. Salgyt salynýan binýat bolmadyk hasabat döwürleri üçin býujet edaralary salgyt beýannamalaryny tabşyrmalymy?
121. Öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar peýdadan alynýan salgydy haýsy tertipde hasaplaýarlar? Hasabat we salgyt döwürleri haýsy döwre deň diýlip hasap edilýär?
122. Öz işlerini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar, edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça tabşyrylýan beýannamada salgyt özenini haýsy pulda görkezýärler? Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt haýsy pulda hasaplanýar? Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt daşary ýurt (erkin ýörgünli) pulunda tölenilip bilinýärmi?
123. Beýleki döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap tarapyndan peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt tölenende, ol hasap edilmäge degişlimi? Bu aýdylanlar haýsy şertlere laýyklykda berjaý edilýär we peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň haýsy möçberlerine degişli?
124. Hemişelik wekilhananyň üstünden Türkmenistanyň çäklerinde işlerini amala aşyrýan Türkmenistana dahylly edara görnüşli

tarapyň salgyt salynýan peýdasy (girdejisi) kesgitlenilende, haýsy aýratynlyklar göz öňüne tutulýar?

125. Türkmenistandaky çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplara salgyt salnanda, haýsy aýratynlyklar göz öňünde tutulýar?
126. Girdejileri tölemek borçlary ýüze çykýan salgyt ýumuşçylar (edara görnüşli taraplar) haýsy?
127. Peýdadan alynýan salgydy salmaga degişli Türkmenistanyň çeşmelerinden alynýan girdejiler haýsy?
128. Hemişelik wekilhananyň üstünden geçirilýän iş bilen baglanyşykly bolmadyk Türkmenistanyň çeşmelerinden alynýan girdejiler haýsy?
129. Salgyt ýumuşçylary tarapyndan girdeji salgydy haýsy möçberde tutulyp alynýar?
130. Deňiz we howa gämilerini kärendä bermekden alnan girdejiler üçin girdeji salgydy haýsy möçberde kesgitlenilýär?
131. Salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän taraplar tutup alan girdeji salgydynyň pul möçberini haýsy möhletde Türkmenistanyň Döwlet býujetine töleýärler? Tölegler daşary ýurtlarda geçirilende, salgydyň tutulyp alnan pul möçberi haýsy möhletde Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär?
132. Salgyt gullugy Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplaryň talap etmekleri boýunça, olaryň peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töländiklerini tassyklaýan resminamany bermelidirler. Bu resminamanyň görnüşini kim kesgitleýär? Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy tölemekden boşamak we beýleki ýeňilliklerden peýdalanmak üçin, salgyt töleýji salgyt gullugyna haýsy resminamalary tabşyrmaly? Resminamalar näçe ýylyň dowamynda tabşyrylyp bilinýär? Resminamanyň görnüşini kim kesgitleýär? Kesgitlenilen görnüş boýunça düzülmedik resminamalara salgyt gullugy seretmän bilýärmi?

**IV bap**

# ŞAHSY ADAMLARDAN ALYNÝAN GIRDEJI SALGYDY

## 4.1.21. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň halkara salgyt tejribesine ornaşdyrylmagy

Häzirki döwürde şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy daşary döwletleriň salgyt ulgamynda möhüm orun tutýar. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy ilkinji gezek wagtlaýyn çäre hökmünde 1798-nji ýylda Angliýada girizildi. 1842-nji ýyldan başlap, bu salgyt iňlis salgyt ulgamyna düýpli ornaşdyryldy. Başga döwletleriň çäklerinde bu salgyt XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başynda girizildi. Köp döwletleriň salgyt ulgamyna şahsy adamlardan alynýan salgydyň ornaşdyrylmagy a) işçi synpynyň talaplarynyň güýçlenmegi; b) ösüp barýan senagat pudaklarynyň güýçlenmegi; ç) býujet ýetmezçiligi bilen düşündirilýärdi.

Şahsy taraplaryň (işçileriň, gullukçylaryň we ş.m. taraplaryň) girdejileri girdejiden alynýan salgydyň binýadydyr. Dürli döwletleriň salgyt ulgamlaryna taryhy jähtden seljerme geçirilende, girdejiden alynýan salgydyň gurluşynyň iki görnüşi, ýagny Angliýada girizilen we häzirki döwre çenli hereket edýän sedulýar we ilkinji gezek Gündogar Prusiýada ornaşdyrylan global görnüşleri mälimdir. Girdejiniň çeşmesine (iş haky, diwident, renta we ş.m.) baglylykda şahsy adamlaryň girdejilerinden alynýan salgydyň sedulýar görnüşi girdejileriň böleklere bölünmegini göz öňünde tutýar. Her bir şedula salgydyň aýry möçberi ulanylýar. Iňlis kanunçylarynyň hasap etmekleri boýunça, sedulalar boýunça girdejä bölekleýin salgyt salynmagy «girdejiniň çeşmesiniň yzyndan ýetilmegini» we bu salgydy tölemekden boýun gaçyrmaklygynyň öňüniň alynmagyny maksat edinýär. Ýöne salgyt tejribesinde salgyt salmagyň bu görnüşi az netije berýär. Girdejiden alynýan salgydyň global görnüşinde salgyt girdejiniň alynýan çeşmesine bagly bolmazdan, salgyt töleýjiniň jemi girdejisinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Salgyt salmagyň şu görnüşiniň gurluşy

has ýönekeýräk, şonuň üçin hem ol ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde ulanylýar.

Şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgyt töleýjiniň arassa girdejisine hasaplanýar, başgaça aýdanyňda salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt boýunça berilýän ýeňillikleriň jemine azaldylan sap girdejä salynýar. Salgyt aýyrmalaryň düzüminde salgyt salynmaýan iň az möçber, salgyt töleýjiniň öz hünäri boýunça amal edýän çykdajylary, döwlet durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna tölenýän serişdeler we käbir beýleki salgyt ýeňillikleri göz öňünde tutulýar. Salgyt ýeňillikleriniň sanawy her bir döwletde dürli-dürlüdir we olar milli aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýär. Salgyt salynmaýan iň az möçber ykdysady taýdan ösen döwletlerde köp ugurly (uniwersal) salgyt ýeňilligi diýlip hasap edilýär. Salgyt salynmaýan iň az möçberden başga, salgyt töleýji öz sap girdejisini kesgitlenilen salgyt eglişiklere azaltmaga hukugy bardyr. ABŞ-da, Germaniýada, Ýaponiýada, Fransiýada salgyt eglişikleri köp sanly. Italiýada salgyt eglişikleri ýok, ýöne bu döwletiň salgyt ulgamynda salgyt eglişikleri salgyt karzy görnüşinde hereket edýärler.

ABŞ-nyň salgyt kanunçylygy boýunça salgyt töleýjiler özüniň sap girdejisinden şu salgyt aýyrmalary aýyrýarlar: lukmançylyk hyzmatlary üçin amal edilýän çykdajylar, onuň pul möçberi sap girdejiniň 5 göteriminden köp bolmaly däl; döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna tölenýän serişdeler; heläkçilik bilen baglanyşykly hadysalaryň netijesinde çekilen zyýanlar; çagalara we maýyplara berilýän salgyt ýeňillikleri; şahsy bergiler boýunça tölenýän göterimler; ýerli salgytlar we beýleki salgyt eglişikleri. Jemi girdejiden aýrylýan salgyt aýyrmalaryň pul möçberi maşgalasyz raýatlar üçin 2300 dollardan, maşgalaly raýatlar üçin 3400 dollardan geçmeli däl.

Işçileriň we gullukçylaryň girdejisinden alynýan salgyt girdejileriň çeşmesinden, ýagny nominal iş hakyndan ýygnalýar, başgaça aýdanyňda olaryň işleýän ýeriniň buhgalteriýasy tarapyndan tutulyp alynýar. Şol sebäpli bu salgytdan boýun gaçyrmak mümkinçiligi ýok. Maliýe ýyly tamamlanandan soň, işçiler we gullukçylar salgyt guramalaryna arzalaryny tabşyrýarlar. Bu arzada olar özlerine berilmeli salgyt ýeňillikleriniň we salgyt eglişikleriniň jemini görkezýärler.

Tabşyrylan arzanyň esasynda täzeden hasaplaşyk geçirilýär, artyk tölenen salgytlar gaýtaryp berilýär ýa-da indiki tölenjek tölegleriň hasabyna ýazylýar.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň möçberi (stawkasy) ýokarlandyryş (progressiw) we çylşyrymly progressiýa esasynda kesgitlenilýär. Soňky ýyllarda şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgydyň iň ýokary möçberiniň sany ep-esli azaldy. Salgyt salmagyň deňölçegli möçberlerini ulanmaga ymtylmalar has güýçlendi. ABŞ-da girdejiden alynýan salgydyň möçberleri 11 bilen 50 göterim, Angliýada 5 bilen 65 göterim, Italiýada 27 bilen 65 göterim, Ýaponiýada 10 bilen 70 göterim aralygynda üýtgäp durýar.

### 4.2.22. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy töleýjiler. Salgyt salynýan binýat we salgyt töleýjiniň Türkmenistandaky çeşmelerden alýan girdejileri

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy töleýjiler.** Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt salynýan binýat kesgitlenilende hasaba alynýan girdeji alýan şahsy adamlara şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy töleýjiler diýilýär.

**Salgyt salynýan binýat.** Salgyt töleýjiniň alan aşakdaky girdejileri salgyt salynmaga degişlidir:

– Türkmenistana dahylly şahsy adamlar üçin – olaryň alýan girdejileriniň çeşmelerine bagly bolmazdan;

– Türkmenistana dahylsyz şahsy adamlar üçin – Türkmenistandaky çeşmelerden.

**Salgyt töleýjiniň Türkmenistandaky çeşmelerden alýan girdejileri.** Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapdan, Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän şahamçasynyň, wekilhanasynyň we hemişelik wekilhanasynyň üstünden işini amala aşyrýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapdan, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan şahsy tarap-hususy telekeçiden alnan girdeji-

ler şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny salynmaga degişlidir. Girdejileriň görnüşleri 22-nji şekilde görkezilýär.

Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik iş ýeriniň üstünden telekeçilik işini we hünär hyzmatlaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly girdejiler hem şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salynýan girdejileriň düzümine goşulýar. Hususy telekeçiniň öz işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan hemişelik ýerine hemişelik iş ýeri diýlip düşünilýär. Hemişelik iş ýeri kesgitlenilende, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň düzgünleri («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň

*22-njy şekil*

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salmaga degişli girdejiler**

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salmaga degişli girdejiler**
1

- Zähmet ylalaşygy (şertnamasy) we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça ýerine ýetirilen işler üçin alnan hak, şeýle-de direktorlaryň galamhaklary we edara görnüşli tarapyň direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alýan beýleki şoňa meňzeş haklary
2
- Edara görnüşindäki taraplara we şereketlere paýly gatnaşmakdan alynýan diwidentler we beýleki serişdeler
3
- Islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler
4
- Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyryş tölegleri
5
- Pensiýalar, hemaýat pullary, talyp haklary we şuňa meňzeş tölegler
6
- Türkmenistanyň çäklerindäki emlägi kärendesine bermekden we olary beýleki bir görnüşde ulanmakdan alnan girdejiler
7
- Türkmenistanyň Raýat bitewi Kanunynda kesgitlenilen awtorlyk hukugyny peýdalanmakdan we hukugy peýdalanmaga bermekden, şeýle-de şahadatnamalary, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy, model, görnüş, gizlin formula we prosessi ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlary bermekden alnan hak
8
- Sungat işgäri, teatryň, kinonyň, radionyň, telewideniýanyň artisti ýa-da sazandasy, şeýle-de sportsmen hökmünde Türkmenistanyň çäklerinde işläp gazanan girdejileri, hatda bu girdejiler başga birine hasaplanyp ýazylan hem bolsa
9
- Pul we haryt görnüşindäki utuşlar
10
- Beýleki girdejiler
11

Bitewi kanunynyň 18-nji maddasy) ulanylýar. Hünärmenlik hyzmatlary garaşsyz ylmy, edebi, artistlyk, bilim ýa-da mugallymçylyk işlerini, şeýle-de lukmanlaryň (tebipleriň), hukukçylaryň, patent ynamdarlarynyň, inženerleriň, binagärleriň, auditorlaryň we hasapçylaryň garaşsyz işlerini öz içine alýar.

Diňe şahsy adamyň adyndan we onuň bähbitleri üçin amala aşyrylýan daşary söwda amallaryny (haryt çalşygyny goşmak bilen) geçirmegiň netijesinde şahsy adamlaryň Türkmenistandaky çeşmelerden alýan girdejileri, şahsy adamlardan alynýan girdejilerine degişli däl, eger-de şonuň ýaly amallar Türkmenistandaky hemişelik iş ýeriniň üstünden amala aşyrylmaýan bolsa. Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplaryň Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýa-da hemişelik wekilhanasynyň üstünden töleýän tölegleri Türkmenistandaky çeşmelerden alynýan girdejilere degişli edilmeýär. Hemişelik wekilhananyň zähmete hak tölemek üçin çykdajylary görnüşindäki girdejileri hem Türkmenistana dahylsyz şahsy taraplar üçin Türkmenistanyň çeşmelerinden alynýan girdejilere degişli edilýär.

### 4.3.23. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni we ony kesgitlemegiň aýratynlyklary. Salgyt özenine goşulmaýan girdejiler

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni.** Salgyt özeni kesgitlenilende, salgyt töleýjiniň hasabat (salgyt) döwründäki pul we natural formalarynda, şol sanda haryt (iş, hyzmat), şeýle-de maddy bähbit ýa-da durmuş eşretleri görnüşinde alan ähli girdejileri göz öňünde tutulýar. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy kesgitlenilende, maddy bähbitleri we durmuş eşretleri diýlip düşünilýän zatlar 23-nji şekilde görkezilýär.

Salgyt özeni salgydyň dürli möçberleri bellenilen girdejileriň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda hasaba alynýar. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň 10 göterim salgyt möçberi göz öňünde

*23-nji şekil*

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy kesgitlenilende maddy bähbitleri we durmuş eşretleri diýlip düşünilýän zatlar**

**Maddy bähbitler we durmuş eşretleri**
1

Salgyt töleýji babatda özara garaşly bolýan taraplar bilen geleşikler boýunça harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) we beýleki emlägiň ýeňillikli bahalar (tarifler) boýunça satyn alynmagy
2

Işgäriň – salgyt töleýjiniň iş berijiniň öňündäki bergisiniň ýa-da borçnamasynyň möçberiniň iş berijiniň çözgüdi boýunça hasapdan öçürilmegi
3

Peseldilen göterim möçberi boýunça karz almaklyk (Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda göz öňünde tutulan degişli ýagdaýlar üçin şonuň ýaly möçber kesgitlenilmedik halatlarda)
4

Işgärlerine – salgyt töleýjilere meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş baýraklaryny tölemek üçin iş berijiniň çykdajylary
5

Işgäriň – salgyt töleýjiniň öz işi bilen baglanyşykly bolmadyk harajatlarynyň öwezini dolmak üçin iş berijiniň çykdajylary
6

tutulan girdejiler üçin salgyt özeni şu kitabyň 4.4.24-nji soragynda beýan edilýän aýyrmalara azaldylan şonuň ýaly girdejileriň jemi görnüşinde kesgitlenilýär. Salgyt (hasabat) döwründe şu kitabyň 4.4.24-nji soragynda beýan edilýän aýyrmalaryň pul möçberi salgyt salynmaga degişli girdejileriň pul möçberinden köp bolsa, onda şu salgyt (hasabat) döwründäki salgyt özeni nola deň hasaplanýar. Şahsy adamlaryň ätiýaçlyk gatançlary görnüşinde tölän tölegleriнden meýletin ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça tölegleriniň artýan pul möçberi, ätiýaçlandyryş tölegleri boýunça salgyt özeni diýlip kesgitlenilýär. Şonuň bilen birlikde, ätiýaçlandyryş tölegleri boýunça salgyt özeni aýratynlykda, şeýle-de Türkmenbistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň187-nji maddasy) laýyklykda hasaba alynýar. Şerekete gatnaşmakdan alnan girdejiler boýunça salgyt özeni salgyt töleýji – hususy telekeçi tarapyndan şu aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär:

– salgyt salynýan girdejini takyklamak üçin aýyrmalaryň düzüminde salgyt özeni kesgitlenilende, bilelikdäki işiň maksatlary üçin şerekete gatnaşyjy tarapyndan çekilen çykdajylar göz öňünde tutulmaýar, eger-de oňa degişli çykdajylaryň pul möçberine azaldylan girdejileri paýlaşmak şereket ylalaşygynda göz öňünde tutulan bolsa;

– şerekete gatnaşyjylar Türkmenistana hem dahylly hem-de dahylsyz bolsalar, onda ylalaşyga laýyklykda şereketiň işini alyp barmagyň kimiň üstüne ýüklenendigine garamazdan, salgyt salmak maksady üçin şunuň ýaly şereketiň girdejileriniň we çykdajylarynyň hasabynyň alnyp barylmagy üstüne ýüklenen Türkmenistana dahylly taraplar hasabat (salgyt) döwrüniň netijeleri boýunça artýan jem bilen umumy girdejini ýa-da şerekete gatnaşyjylaryň her biriniň şular ýaly işden alýan salgyt salynmaga degişli girdejilerini kesgitleýärler.

Oýun işinden alynýan girdejiler boýunça girdeji salgydy kesgitlenilen ulylyk görnüşinde bellenýär we şu kitabyň 3.9.17 we 3.10.18-nji soraglarynda beýan edilýän tertipde hasaplanýar.

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özenini kesgitlemegiň aýratynlyklary.** Salgyt töleýjiniň salgyt özenini kesgitlemek üçin kabul edilýän girdejisi, aşakdaky ýagdaýlarda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) we gaýry emlägiň bahasy hökmünde hasaplanýar:

– salgyt töleýji tarapyndan edara görnüşli taraplardan we hususy telekeçilerden önüm, ýagny harytlar (işler, hyzmatlar) we beýleki emläk görnüşinde girdeji alnanda;

– telekeçilik işini ýa-da girdeji almaga gönükdirilen başga bir işi amala aşyrmagyň çäklerinde salgyt töleýjiler tarapyndan harytlar (işler, hyzmatlar) we emläk ýerleşdirilende.

Ýokarda görkezilen girdejiler salgyt salmak maksatlary üçin, harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň bahasyny kesgitlemegiň tertibine («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasy) laýyklykda geleşigiň bahasyndan ugur alnyp hasaba alynýar. Haryt düşünjesi şu okuw kitabynyň I kitabynyň 5.2.18 soragynda beýan edilen tertibe laýyklykda kesgitlenilýär. Harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek düşünjelerini kesgitlemek

üçin şu okuň kitabynyň I kitabynyň 5.3.19-njy soragynda beýan edilýän tertip ulanylýar. Emlägi kesekä bermek (döwletiň haýryna almak) harytlaryň ýerleşdirilmegi bolup durmaýar. Emlägiň ýerleşdirilmegi bolup durmaýan ýagdaýlar 24-nji şekilde görkezilýär.

*24-nji şekil*

**Emlägiň ýerleşdirilmegi bolup durmaýan ýagdaýlar**




Harytlar (işler, hyzmatlar) muzdsuz berlende, girdeji salgyt töleýjiniň harydy (işi, hyzmaty) adaty hak almak bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Öň ulanylan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler muzdsuz berlende, girdeji olaryň galan bahalaryndan ugur alnyp hasaplanýar. Bir birligini satyn almak (öndürmek) üçin çykdajylary Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň 0,4 ululygyndan geçmeýän mahabatlandyrma maksady bilen berilýän harytlaryň (işleriň,hyzmatlaryň) bahasy jemi girdejä goşulmaýar.

Geleşige gatnaşýan taraplar tarapyndan çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary bellenilmedik halatynda, girdeji salgyt töleýji tarapyndan şol harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) adaty ýerleşdirilýän bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Deň bolmadyk çalşykda jemi girdejä çalşylýan harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň bahalaryna islendik goşmaça pul möçberleri goşulýar. Işini bes edýän hususy telekeçileriň harytlary ýerleşdirilende, girdeji salgyt töleýji tara-

pyndan şu harytlar ýerleşdirilende onuň hakyky ulanylan bahalarynyň esasynda kesgitlenilýär, emma bu bahalar şu aşakdakylardan pes bolmaly däl:

– esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça – galyndy bahadan;

– beýleki harytlar boýunça – satyn alnan bahalardan.

Bilelikdäki guramalar, telekeçilik däl edara görnüşli taraplar hem-de döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary üçin ýerleşdirilýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler we amal edilýän hyzmatlar boýunça girdejiler, olaryň hakyky ýerleşdirilýän bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Salgyt töleýjiniň salgyt özenini kesgitlemek üçin hasaba alynýan daşary ýurt pulundaky girdejileri Türkmenistanyň Merkezi bankynyň girdejileriniň alnan senesindäki resmi hümmeti boýunça manatda hasaplanýar.

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň salgyt özenine goşulmaýan girdejiler.** Şahsy adamlaryň 25-nji şekilde görkezilen girdejileri şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň salgyt özenine goşulmaýarlar. 25-nji şekilde görkezilen girdejilerden başga, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň özenine şu girdejiler goşulmaýarlar:

1. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde alynýan, şu aşakdakylar bilen baglanyşykly öwezini doluş tölegleri:

– adamyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;

– zähmet borçnamalaryny ýerine ýetirmek, iş sapar çykdajylarynyň öwezini dolmak, ýörite geýimler, meýdan haklaryny tölemek we ş.m;

– başga ýere işe geçmek;

– mugt ýaşaýyş jaýlaryny bermek we jemagat hyzmatlaryny etmek;

– haryt görnüşinde berilmäge degişli pul üpjünçiliginiň tölegi we onuň ýerine tölenýän pul möçberleri;

– işgärleriň işden çykmagy. Şu töleglere Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan, işden boşan mahaly ol işgäre tölenýän tölegleriň ähli görnüşleri goşulýar;

*25-nji şekil*

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özenine goşulmaýan girdejiler**

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özenine goşulmaýan girdejiler**
1

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenýän hemaýat pullary (işe wagtlaýyn ukypsyzlygy sebäpli tölenýän hemaýat pullary oňa girmeýär)
2

Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň pensiýa kanunçylygynda bellenen tertipde kesgitlenilen pensiýalar, şeýle-de döwlet däl pensiýa ätiýaçlandyrmasy şertlendirilende alynýan pensiýalar, şahsy pensiýa toplanmalaryna hasaplanyp ýazylan göterimler, geçirilen ätiýaçlandyryş pensiýa gatançlarynyň pul möçberleriniň bellenen iň az möçberlerinden artyk pul serişdeleriniň alnan pul möçberleri
3

Şahsy taraplardan miras we peşgeş almak tertibinde pul we haryt görnüşindäki alynýan girdejiler (ylmy, edebi, sungat eserleriniň awtorlarynyň, şeýle-de açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň mirasdarlaryna tölenýän hak oňa goşulmaýar)
4

Ätiýaçlandyryş wakalaryň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly hökmany ätiýaçlandyryş, ömri meýletin ätiýaçlandyryş, emlägi meýletin ätiýaçlandyryş we jogapkärçiligi ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça tölenen ätiýaçlandyryş tölegleriniň pul möçberleri, adamyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmalar, ätiýaçlandyryjylaryň we ätiýaçlandyrylan adamlaryň saglygyny goraýyş çykdajylary. Galan halatlarda ätiýaçlandyryş gatançlary görnüşinde şahsy adamlaryň tölenen möçberinden meýletin ätiýaçlandyrma ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň artyk tölenen pul möçberi salgyt salynmaga degişlidir.
5

Salgyt döwründe Türkmenistanda bellenen iň az iş hakynyň on essesinden ýokary bolmadyk edara görnüşli taraplardan alynýan sowgatlaryň bahasy. Görkezilen ululykdan artýan pul möçberi bellenen umumy tertipde girdejä goşulýar.
6

Gan tabşyrýandygy (donor kömegi) üçin tölenýän hak
7

Aliment görnüşinde alnan serişdeler
8

– beýleki çykdajylaryň öwezini dolmak.

2. Ýokary okuw mekdeplerinde, ýörite hünärmentçilik mekdeplerinde okaýan talyplara, dini okuw mekdepleriniň diňleýjilerine bu okuw jaýlary tarapyndan bellenilýän, Türkmenistanyň Prezidenti, tertipnama laýyk işleriniň çäklerinde

jemgyýetçilik birleşikleri we gaznalar, daşary ýurt döwletleri, halkara we döwletara (hökümetara) guramalary tarapyndan döredilýän we tölenýän talyp haklary.

3. Şikes almagy ýa-da saglygyna başga hili zeper ýetmegi sebäpli zähmete ukyplylygyny ýitirmegi netijesinde, şeýle-de ekleýjisini ýitirmegi bilen baglanyşykly tölenýän birwagtlaýyn hemaýat pullary;

4. Telekeçilik işi netijesinde emlägi ýerleşdirmekden we paýnamalary, obligasiýalary, beýleki gymmat bahaly kagyzlary, kärhananyň işine paýly gatnaşmakdan alnan serişdelerden başga, eýeçilik hukugy esasynda raýatlara (şahsy adamlara) degişli emlägiň ýerleşdirilmeginden alnan serişdeler.

5. Şu aşakdakylary ýerleşdirmekden alynýan girdejiler:

– mellek ýerlerinde we şahsy kömekçi hojalyklarda ösdürilip ýetişdirilen oba hojalyk önümleri (şol sanda gülçülik we bal arysyny saklamak) haryt we olaryň gaýtadan işlenilen görnüşde. Şonuň bilen birlikde, mellek ýerleriniň we şahsy kömekçi hojalyklarynyň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň görkezilmegi hökmanydyr;

– haryt we gaýtadan işlenen görnüşde ýabany ösýän miweleri, kömelekleri, tohumlary, derman ösümlikleri, aw önümlerini, ösdürip ýetişdirilýän we tutulýan balyklary ýerleşdirmek.

6. Edara görnüşli taraplaryň raýatlara töleýän kömekleriniň pul möçberi:

– onuň möçberine garamazdan, tebigy betbagtçylyk ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlar bilen baglanyşykly alynýan serişdeler;

– başga ýagdaýlarda – salgyt döwrüniň dowamynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az iş hakynyň 10 essesinden ýokary bolmadyk möçberinde.

7. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda, milli howpsuzlyk edarasynda we harby birikmelerde çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylaryň alýan pul üpjünçiliginiň möçberleri, pul sylaglary we beýleki tölegler;

8. Mallary, tut ýüpek gurçuklaryny we ş.m. ösdürip ýetişdirmek we baga bakmak boýunça hyzmatlaryny amal etmekden alnan girdejiler.
9. Şu aşakdaky işlerden alnan girdejiler:

– oba hojalygynda kärendeçiler tarapyndan hojalyk kärende şertnamalary esasyndaky işlerden alnan girdejiler, şeýle-de içki hojalyk önümini we onuň gaýtadan işlenen önümini ýerleşdirmekden alnan girdejiler;

– oba hojalyk kärhanalarynda hakyna tutma işgärler tarapyndan alnan girdejiler. Dolandyryş edaralarynyň işgärleri (ýolbaşçylar, hünärmenler, gullukçylar) oňa girmeýärler;

– hususy eýeçiligindäki oba hojalyk önümlerini öndürijiler tarapyndan, olaryň öndüren oba hojalyk önümini we onuň gaýtadan işlenen önümini ýerleşdirmekden alnan girdejiler.

10. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hususylaşdyrmakdan alynýan hususylaşdyrylan emlägiň bahasy.
11. Raýatlaryň bank goýumlary, depozit güwanamalary boýunça göterimler.
12. Şahsy ýa-da toparlaýyn ýaryşlarda türgenleriň ýaryşyň resmi gurnaýjylaryndan alýan baýraklarynyň bahasy.
13. Bäsleşiklerde we ýaryşlarda alnan baýraklaryň, şeýle-de salgyt döwründe Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az iş hakynyň üç essesinden ýokary bolmadyk islendik utuşlaryň bahasy.
14. Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgütleri boýunça berilýän pul we zat baýraklary, sowgatlary we sylaglary.
15. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň daşary ýurda iberilen işgärleriniň zähmetine tölenýän haklar we olaryň daşary ýurt pulundaky alýan beýleki serişdeleri.
16. Edara görnüşli taraplaryň öz işgärlerine ýa-da olaryň deregine çagalar we ýetginjekler üçin we beýleki sagaldyş edaralaryna ýollamanamalaryň bahasyny, şeýle-de öz işgärleriniň gündizine ýa-da ýatymlaýyn alýan saglygy goraýyş, hyz-

matlarynyň bahasyny doly ýa-da bölekleýin öwezini dolmak üçin töleýän serişdeleri.

17. Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygynyň milli merkeziniň hasabyna doly ýa-da bölekleýin tölenýän maddy kömekler, ýollamanamalaryň we sowgatlaryň bahasy.
18. Türkmenistanyň Raýat Bitewi Kanunyna laýyklykda maşgala agzalary we (ýa-da) golaý garyndaşlary diýlip ykrar edilen raýatlaryň emläk we emläk däl gatnaşyklary bilen bagly amallardan alan girdejileri. Şu taraplaryň raýat–hukuk häsiýetli şertnamalary ýa-da zähmet şertnamalary (ylalaşyklary) netijesinde alýan girdejileri şol girdejileriň düzümine goşulmaýar.
19. Türkmenistanyň Prezidentiniň käbir çözgütlerine laýyklykda, raýatlaryň ýeňillikli bahalardan ýa-da olaryň bahasyny tölenmezden emläkleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alan maddy girdejileri:
21. Grantlar görnüşinde alnan girdejiler.
22. Sirk hyzmatlaryny amala aşyrýan şahslaryň zähmet haky, şol sanda daşary ýurt raýatlarynyň alýan girdejileri;

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, kabul edilmeýän girdejiler 26-njy şekilde görkezilýär. Şu aşakdakylar telekeçilik işinden alnan girdejileriň düzümine goşulmaýar:

– şereketden çykanda ýa-da ýapylan şereketiň emlägi onuň gatnaşyjylarynyň arasynda paýlananda, bilelikde işlemek barada şertnamanyň (şereketiň) gatnaşyjysynyň ilkibaşdaky gatanjynyň çäginde alan serişdeleri;
– toparyň şertnamasy boýunça komissioner tarapyndan alnan, şeýle-de komissioneriň komitetiň ýerine amal eden harajatlarynyň öwezini dolmak üçin baglaşylan şertnamanyň şertlerine laýyklykda, bu harajatlar komissioneriň çykdajylaryna goşulmaga degişli däl ýagdaýynda alan emlägi. Şu aýdylanlar tabşyryk şertnamalaryna ýa-da şuňa meňzeş beýleki şertnamalara hem degişlidir.

*26-njy şekil*

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, girdeji hökmünde kabul edilmeýän girdejiler**

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, girdeji hökmünde kabul edilmeýän girdejiler**
1

Salgyt töleýjiniň eýeçiligindäki we ygtyýaryndaky nagt we nagt däl daşary ýurt pulunyň hümmetiniň oňyn tapawudy (hususy telekeçileriň kassasynda we bank hasaplarynda bar bolan we telekeçilik işini amala aşyrmak üçin ulanýan daşary ýurt pulundan başgasy)
2

Salgydyň artyk tölenen ýa-da tutulyp alnan pul möçberi salgyt töleýjä gaýtaryp berilmedik ýagdaýynda, oňa geçirilýän göterimler
3

Karz serişdeleriniň islendik möçberi
4

Edara görnüşli tarap gatnaşyjylaryň düzüminden çykanda, onuň esaslyk maýasyna ilkibaşdaky gatanjyň çäklerinde ýa-da işi ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň emlägi oňa gatnaýjylaryň arasynda paýlananda, gatnaşyjynyň (paýdaryň, paýçynyň) alan serişdeleri
5

Gymmat bahaly kagyzlaryň gymmaty üýtgän ýagdaýynda emele gelýän oňyn tapawut
6

Borçnamalary üpjün etmek üçin girew ýa-da ujundan geçirme hökmünde alynýan emläk
7

27-nji şekilde görkezilen aýry-aýry şahsy taraplaryň girdejileri salgyt salynmaga degişli däl. Şeýle boşatmalary (ýeňillikleri) ulanmaga hukuklary tassyklamak, şol adamyň bellenen tertipde resminamalary (olaryň nusgalaryny) görkezmekleri bilen amala aşyrylýar. Daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryndan, konsullyk edaralaryndan, halkara we döwletara (hökümetara) guramalaryndan daşary ýurt raýatlarynyň, şeýle-de Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň alýan girdejileri salgyt salynmaga degişli däldir. Şunuň ýaly wekilçilikleriň (edaralaryň, guramalaryň) işgärleriniň öý hyzmatkärleri hökmünde alýan iş haklary salgyt salmakdan boşadylýar, eger-de olar Türkmenistanyň raýatlary däl ýa-da Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan bolsalar. Daşary ýurduň döwlet gullugynda duran raýatyň hakyna tutma işden alan girdejisi şol döwürde salgyt salynmaga degişli bolsa, onda şol girdejä Türkmenistanda salgyt salynmaýar.

*27-nji şekil*

**Alýan girdejileri salgyt salynmaga degişli däl aýry-aýry şahsy taraplaryň düzümi**




**Mysal**. Türkmenistana dahylly Eziz Çaryýarow 2011-nji hasabat ýylynda şu aşakdaky girdejileri alypdyr:

– «Täjir» hususy kärhanasyndan (Türkmenistana dahylly) 2484 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;
– «Agromar Interneýşnl Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasyndan 1304 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;
– şahsy tarap-hususy telekeçi Guwanç Baýryýewden (Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan) 2949 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;
– 280 manat pul möçberinde Tügrkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet üpjünçilik edarasyndan hemaýat puly alypdyr;
– 240 manat pul möçberinde işe wagtlaýyn ukypsyzlygy sebäpli hemaýat puly alypdyr;
– 1088 manat pul möçberinde ätiýaçlandyryş wakalary ýüze çykanda hökmany ätiýaçlandyryş ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş tölegleri alypdyr;

– «Täjir» hususy kärhanasyndan (edara görnüşli tarap) alan sowgatlarynyň bahasy 690 manat;
– Goçmyrat Çaryýewden (şahsy tarap) 2000 manat pul möçberinde miras görnüşinde girdeji alypdyr;
– 108 manat pul möçberinde ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen baglanyşykly öwezini doluş tölegleri alypdyr;
– 142 manat pul möçberinde başga ýere işe geçmek bilen baglanyşykly öwezini doluş tölegleri alypdyr;
– 97 manat pul möçberinde mugt ýaşaýyş jaýlaryny bermek we jemagat hyzmatlaryny amal etmek bilen baglanyşykly öwezini doluş tölegleri alypdyr;
– 205 manat pul möçberinde işden çykmagy bilen baglanyşykly öwezini doluş töleglerini alypdyr.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Eziz Çaryýarowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Şahsy tarap Eziz Çaryýarowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberi: GPM = 2484 manat + 1304 manat + 2949 manat + 240 manat + (690 manat – 50 manat x 10) = 7167 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy tarap Maksat Garrygulow 2011-nji hasabat ýylynda 43-nji tablisada görkezilen girdejileri alypdyr.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Maksat Garrygulowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** Şahsy tarap Maksat Garrygulowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberi: GPM = 3614 manat + 1255 manat + 1680 manat + 6566 manat + 551 manat + 132 manat + 4091 manat = 17889 manat.

15. Sargyt № 2954

*43-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly şahsy tarap Maksat Garrygulowyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri we olaryň alnan çeşmeleri | Alnan girdejileriň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Zähmet ylalaşygy (şertnamasy) we raýat–hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça ýerine ýetirilen işler üçin alnan hak | 3614 |
| 2 | Edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler | 1255 |
| 3 | Şahsy pensiýa toplanmalaryna hasaplanyp ýazylan göterimler | 49 |
| 4 | Ömri meýletin ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş wakalarynyň ýüze çykmagy sebäpli tölenýän ätiýaçlandyryş tölegleri, adamyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmalar | 474 |
| 5 | Ylmy, edebi, sungat eserleriniň awtorlarynyň, şeýle-de açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň mirasdüşeri hökmünde tölenen hak | 1680 |
| 6 | Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek, iş saparynyň çykdajylarynyň öwezini dolmak boýunça tölenen hak | 94 |
| 7 | «Enegyzyl» hususy kärhanasyndan (Türkmenistana dahylly) alnan girdejiler | 6566 |
| 8 | Paýlanylmadyk zähmet rugsady üçin öwezini doluş tölegleri | 551 |
| 9 | Gan tabşyrandygy (donor kömegi) üçin alnan hak | 20 |
| 10 | Meýletin ätiýaçlandyrma ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň ätiýaçlandyryş gatançlary görnüşinde tölenen möçberinden artyk gelýän möçberi | 132 |
| 11 | Eýeçilik hukugy esasynda özüne degişli emlägi ýerleşdirmekden alnan girdejiler | 2504 |
| 12 | Telekeçilik işi netijesinde emläkleri ýerleşdirmekden alnan girdejiler | 4091 |

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy tarap Bakyberdi Gurbanberdiýewiň 2009-njy hasabat ýylynda alan girdejileri şu aşakdakylar:

– şereketiň işine gatnaşmakdan 3784 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;

– «Täze jaý» hojalyk jemgyýetinden (Türkmenistana dahylly) 2388 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;

– şahsy tarap–hususy telekeçi Gurtdurdy Ojumowdan (Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan) 1549 manat girdeji alypdyr;

– islendik görnüşindäki bergi borçnamalar boýunça 572 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;

– 170 manat pul möçberinde geçirilen ätiýaçlandyryş pensiýa gatançlarynyň pul möçberleriniň kesgitlenilen iň az möçberinden ugur alnyp hasaplanan ätiýaçlandyryş gatançlarynyň pul möçberlerinden artyk gelýän pul serişdeleri;

– 106 manat pul möçberinde şikes almagy sebäpli zähmete ukyplylygyny ýitirmegi netijesinde tölenen birwagtlaýyn hemaýat pullary;

– «Täze jaý» hojalyk jemgyýetinden 300 manat pul möçberinde maddy kömek alypdyr (tebigy betbagtçylyklar bilen baglanyşykly);

– mellek ýerinde we şahsy kömekçi hojalygynda ösdürilip ýetişdirilen oba hojalyk önümlerini (haryt we olaryň gaýtadan işlenen görnüşinde) ýerleşdirmekden 2674 manat pul möçberinde girdeji alypdyr;

– haryt we gaýtadan işlenilen görnüşinde ýabany ösýän miweleri, hozlary we beýleki miweleri, kömelekleri, tohumlary, derman ösümliklerini, aw önümlerini, ösdürilip ýetişdirilýän we tutulyp alynýan balyklary ýerleşdirmekden 3434 manat pul möçberinde girdeji alypdyr.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek üçin, şahsy tarap Bakyberdi Gurbanberdiýewiň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap Bakyberdi Gurbanberdiýewiň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberi: GPM = 3784 manat + 2388 manat + + 1549 manat + 572 manat = 8293 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly Baýrammyrat Orazmyradow 2011-nji hasabat ýylynda 44-nji tablisada görkezilen girdejileri alypdyr.

*44-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly şahsy tarap Baýrammyrat Orazmyradowyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri we olaryň alnan çeşmeleri | Alnan girdejileriň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1 | Ýüpek gurçuklaryny ösdürip ýetişdirmek we mallary baga bakmak boýunça hyzmatlary amal etmekden alan girdejileri | 2789 |
| 2 | Oba hojalygynda kärendeçi hökmünde içki hojalyk kärende şertnamasy esasynda amal eden işlerinden alan girdejileri | 5596 |
| 3 | Içki hojalyk kärende şertnamasy boýunça alnan oba hojalyk önümini we onuň gaýtadan işlenen önümini ýerleşdirmekden alan girdejileri | 3097 |
| 4 | Hususy eýeçiligindäki oba hojalyk önümlerini we onuň gaýtadan işlenen önümlerini ýerleşdirmekden alan girdejileri | 2135 |
| 5 | Bank goýumlary we depozit güwänamalary boýunça alan göterimleri | 24 |
| 6 | Karz serişdeleri | 4000 |
| 7 | Eýeçiliginde we ygtyýarynda bar bolan nagt we nagt däl daşary ýurt pullarynyň hümmetiniň oňyn tapawudy | 28 |
| 8 | Pulhanasynda we bank hasaplarynda bar bolan we telekeçilik işini amala aşyrmak üçin ulanylýan daşary ýurt puly | 10104 |
| 9 | Ätiýaçlandyryş wakalary ýüze çykanda tölenen ätiýaçlandyryş tölegleri | 2867 |
| 10 | Türkmenistanyň çäklerindäki emlägi kärendesine bermekden we olary gaýry bir görnüşde ulanmakdan alan girdejileri | 3207 |

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Baýrammyrat Orazmyradowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap Baýrammyrat Orazmyradowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberi:

GPM = 2867 manat + 3207 manat = 6074 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy tarap Bahargül Saparowanyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri:

– 156 manat pul möçberinde hemaýat pullary;

– 2880 manat pul möçberinde talyp haky;

– sportsmen hökmünde Türkmenistanyň çäginde 1700 manat pul möçberinde alan girdejileri;

– 360 manat pul möçberinde pul we haryt görnüşindäki utuşlar;

– 1320 manat pul möçberinde aliment görnüşinde alan girdejileri;

– ekleýjisini ýitirmegi bilen baglanyşykly 300 manat pul möçberinde tölenen birwagtlaýyn hemaýat pullary;

– 240 manat pul möçberinde toparlaýyn ýaryşda sportsmen hökmünde ýaryşyň resmi gurnaýjylaryndan alan baýraklarynyň bahasy;

– 140 manat pul möçberinde bäsleşiklerde we ýaryşlarda alan baýraklarynyň we utuşlarynyň bahasy;

– 500 manat pul möçberinde Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgütleri boýunça berlen pul we gymmatlyklar, sowgatlar we sylaglar.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Bahargül Saparowanyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap Bahargül Saparowanyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberi: GPM = 1700 manat + 360 manat = 2060 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy tarap Mergen Täçnepesow 2011-nji hasabat ýylynda 45-nji tablisada görkezilen girdejileri alypdyr.

*45-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly şahsy tarap Mergen Täçnepesowyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri we olaryň alnan çeşmesi | Alnan girdejileriň pul möçberi, manatda |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunyna laýyklykda, maşgala agzalary we golaý garyndaşlary diýlip ykrar edilen raýatlaryň emläk we emläk däl gatnaşyklary bilen bagly amallardan alan girdejileri | 1902 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 2 | Maşgala agzalary we golaý garyndaşlary diýlip ykrar edilen raýatlaryň raýat -hukuk häsiýetli şertnamalary we zähmet şertnamalary (ylalaşyklary) netijesinde alan girdejileri | 1386 |
| 3 | Işleýän kärhanasyndan öz çagalary üçin çagalary sagaldyş edarasyna alan ýollamanamasynyň bahasy | 580 |
| 4 | Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygynyň milli Merkeziniň serişdeleriniň hasabyna özi üçin alan doly ýa-da bölekleýin tölenýän maddy kömekler, ýollamanamalaryň we sowgatlaryň bahasy | 366 |
| 5 | Türkmenistanyň Prezidentiniň käbir çözgütlerine laýyklykda, ýeňillikli bahalardan we olaryň bahasyny tölemezden emläkleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alan maddy girdejileri (bähbitleri) | 874 |
| 6 | Grantlar görnüşinde alan serişdeleri | 280 |
| 7 | Edara görnüşli tarapyň düzüminden oňa gatnaşyjy hökmünde çykanda, onuň esaslyk maýasyna ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde paýçy Mergen Täçnepesowyň alan serişdeleri | 1200 |
| 8 | Gymmat bahaly kagyzlaryň gymmaty üýtgände emele gelýän oňyn tapawut | 169 |
| 9 | Borçnamalary üpjün etmek üçin girew hökmünde alan emlägi. | 492 |
| 10 | Borçnamalary üpjün etmek üçin üjündan geçirme hökmünde alan emlägi | 37 |
| 11 | Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça bejeriş we abatlandyryş müdirliginden (Türkmenistana dahylly) alan girdejisi | 4840 |
| 12 | Sungat işgäri hökmünde Türkmenistanyň çäklerinde işläp gazanan girdejileri | 1764 |

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Mergen Täçnepesowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap Mergen Täçnepesowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberi: GPM = 4840 manat + 1764 manat = = 6604 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy tarap Baýrammuhammet Saparow 2011-nji hasabat ýylynda şu girdejileri alypdyr:

– 8789 manat pul möçberinde Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik iş ýeriniň üstünden telekeçilik işini amala aşyrmak bilen baglanyşykly alan girdejileri;

– 11035 manat pul möçberinde Türkmenistandaky hemişelik iş ýeriniň üstünden amala aşyrylmaýan, diňe Baýmuhammet Saparowyň adyndan we onuň bähbidi üçin amala aşyrylan daşary söwda amallaryndan alan girdejileri;

– ABŞ-nyň 1270 dollary möçberinde Türkmenistanyň çäklerinden daşarky şahamçasynyň üsti bilen Türkmenistana dahylly «Geriş» hususy kärhanasynyň şahsy tarap Baýmuhammet Saparowyň bankdaky daşary ýurt pulundaky hasabyna geçiren tölegleri;

– 2914 manat pul möçberinde «Arzuw – Maksat» edara görnüşli tarapyň direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alan haky;

– 3583 manat pul möçberinde Türkmenistanyň çäklerindäki emlägi kärendesine bermekden we olary beýleki görnüşde ulanmakdan alan girdejileri

– 5271 manat pul möçberinde Türkmenistanyň we gaýry döwletleriň pensiýa kanunçylygynda kesgitlenilen tertipde alan pensiýalary.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Baýmuhammet Saparowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap Baýmuhammet Saparowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberi: GPM = 8789 manat + 2914 manat + + 3583 manat = 15286 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy tarap Azat Hydyrlyýew 2011-nji hasabat ýylynda şu girdejileri alypdyr:

– 3692 manat pul möçberinde söwda we haryt nyşanlaryny, senagat, täjirçilik we ylmy tejribä degişli maglumatlary bermekden hak alypdyr;

– 4460 manat pul möçberinde Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik iş ýeriniň üstünden hünär hyzmatlaryny (bilim we mugallymçylyk işleri) amala aşyrmak bilen baglanyşykly alan girdejileri;

– 2084 manat pul möçberinde döwlet däl pensiýa ätiýaçlandyrmasy şertlerinde alan pensiýasy;

– 174 manat pul möçberinde Türkmenistanyň Ýaragly güýçlerinde çagyryş boýunça harby gullugy geçen mahalynda alan pul üpjünçiliginiň möçberi, pul sylaglary we beýleki tölegler.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Azat Hydyrlyýewiň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli alan girdejileriniň pul möçberi: GPM = 3692 manat + 4460 manat = 8152 manat.

**Mysal.** Şahsy tarap Çarymyrat Hydyrow 2011-nji hasabat ýylynda harytlary ýerleşdirmekden 9396 manat we hyzmatlary amal etmekden 1418 manat girdeji alypdyr. Ondan başga-da, 2011-nji hasabat ýylynda şahsy tarap Çarymyrat Hydyrow edara görnüşli tarap bolup durýan «Hakykat» hususy kärhanasyndan we hususy telekeçi Döwran Jumaýewden önüm (natural) görnüşinde, ýagny harytlar we gaýry emläkler görnüşinde girdeji alypdyr. Geleşikleriň şertlerine laýyklykda, alnan harytlaryň we emläkleriň umumy bahasy 3854 manat. Ýerden, medeni gymmatlyklardan bolmalysy ýaly peýdalanylmandygy üçin alynmaga degişli ýerdäki bahasy 2467 manat bolan emläk Aşgabat şäheriniň Çandybil etrabynyň häkimligi tarapyndan çykarylan çözgüdiň esasynda döwletiň hajatlary üçin alnypdyr. Şahsy tarap Çarymyrat Hydyrow 2011-nji hasabat ýylynda öz mirasdüşeri bolup duran Begenç Hydyrowa bahasy 5554 manat bolan emlägi beripdir. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Çarymyrat Hydyrowyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri boýunça salgyt salynmaga degişli salgyt özeniniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap Çarymyrat Hydyrowyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri boýunça salgyt salynmaga degişli salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = 9396 manat + + 1418 manat + 3854 manat = 14668 manat.

**Mysal.** Şahsy tarap Ýusup Orazdurdyýew 2011-nji hasabat ýylynda harytlary ýerleşdirmekden, hyzmatlary amal etmekden we işleri ýerine ýetirmekden 12564 manat girdeji alypdyr. Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrap häkimliginiň çözgüdi esasynda 2011-nji ýylda 2074 manat möçbe-

rindäki emläk mejbury ýagdaýda şahsy tarap Ýusup Orazdurdyýewiň elinden alnypdyr we 1794 manatlyk emläk miras alynýan emläge eýeçilik hukugy esasynda ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüni dolandyryş edarasyna geçirilipdir. Şahsy tarap Ýusup Orazdurdyýew 2011-nji hasabat ýylynda Muhammet Mädänowa harytlary, oň ulanylan esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri muzdsuz beripdir. Harytlaryň adaty bahasy 2355 manat, esasy serişdeleriň ilkinji bahasy 3773 manat, galyndy bahasy 1894 manat, maddy däl aktiwleriň ilkinji bahasy 720 manat, galyndy bahasy 244 manat. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Ýusup Orazdurdyýewiň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri boýunça salgyt salynmaga degişli salgyt özeniniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap Ýusup Orazdurdyýewiň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri boýunça salgyt salynmaga degişli salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = 12564 manat + 2355 manat + 1894 manat + 244 manat = 17057 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy tarap Gahryman Meretnyýazow 2011-nji hasabat ýylynda harytlary ýerleşdirmekden we hyzmatlary amal etmekden 9592 manat pul möçberinde girdeji alypdyr. 2011-nji hasabat ýylynda hususy telekeçi Muhammetnazar Nazarmyradow bilen geleşik şertnamalary baglaşylanda, çalşylýan harytlaryň bahasy kesgitlenilmän galypdyr. Şahsy tarap Gahryman Meretnyýazowyň hususy telekeçi Muhammetnazar Nazarmyradowa ýerleşdiren harytlarynyň adaty bahasy 1673 manat. Şeýle-de, 2011-nji hasabat ýylynda şahsy tarap Gahryman Meretnyýazow hususy telekeçi Atajan Atalyýew bilen 2677 manat pul möçberinde deň bolmadyk çalşyk amallary geçiripdir. Geleşik ylalaşygynyň şertlerine laýyklykda, satylan harytlaryň bahasyna 15 göterim möçberinde goşmaça baha goşulypdyr. Ondan başga-da, 2011-nji hasabat ýylynda şahsy tarap Gahryman Meretnyýazow edara görnüşli tarap bolan «Gara Batyr» hususy kärhanasyna öň ulanylan esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri ýerleşdiripdir. Esasy serişdeleriň ilkinji balans bahasy 1680 manat, hasaplanyp ýazylan könelmäniň bahasy 1244 manat. Maddy däl aktiwleriň ilkinji bahasy 940 manat, hasaplanyp ýazylan könelmäniň pul möçberi 396 manat. Şahsy adamlardan alynýan

girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap Gahryman Meretnyýazowyň 2011-nji hasabat ýylynda salgyt salynmaga degişli salgyt özeniniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap Gahryman Meretnyýazowyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri boýunça salgyt salynmaga degişli salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = 9592 manat + 1673 manat + (2677 manat + 2677 manat x 15% : 100%) + (1680 manat – 1244 manat) + (940 manat – 396 manat) = 15324 manat.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy tarap – hususy telekeçi Esenmyrat Gulow 2011-nji ýylda işini bes edipdir. Ammarda galan harytlary şahsy tarap – hususy telekeçi Esenmyrat Gulow 2497 manat pul möçberinde şahsy tarap – hususy telekeçi Ylham Begenjowa ýerleşdiripdir, bu harytlaryň satyn alyş bahasy 3049 manat. Esasy serişdelerini we maddy däl aktiwlerini «Minara» hususy kärhanasyna ýerleşdiripdir. Esasy serişdeleriň ilkinji balans bahasy 957 manat, galyndy bahasy 306 manat. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini kesgitlemek maksady bilen, şahsy tarap – hususy telekeçi Esenmyrat Gulowyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri boýunça salgyt salynmaga degişli salgyt özeniniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salmak maksady bilen, şahsy tarap – hususy telekeçi Esenmyrat Gulowyň 2011-nji hasabat ýylynda alan girdejileri boýunça şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt salynmaga degişli salgyt özeniniň pul möçberi: SÖ = 3049 manat + + 2286 manat + 306 manat = 5641 manat.

### 4.4.24. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň salgyt binýady kesgitlenilende jemi girdejiden aýrylýan aýyrmalar

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, salgyt töleýjiniň salgyt döwrüniň her aýynda 28-nji şekilde beýan edilýän salgyt aýyrmalaryna hukugy bar. 28-nji şekiliň 5-nji dörtburçlygynda görkezilýän salgyt töleýji üçin eklençdäki

adam diýlip, onuň doly eklenjinde bolan ýa-da ondan hemaýat alýan maşgala agzasy ykrar edilýär. Bu kömek onuň ýaşaýşynyň hemişelik we esasy çeşmesi bolup durýar. 29-njy şekilde beýan edilýär. Salgyt töleýji 28-nji şekiliň 3–6-njy dörtburçlyklarynda görkezilen babatynda birnäçe esas boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda, iň köp möçberde emele gelýän diňe bir esas boýunça salgyt aýyrmasy ulanylýar. Salgyt töleýjileriň meýletin pensiýa we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeleriň möçberinde salgyt aýyrmasyny ulanmaga hukugy bar.

Şahsy tarplaryň esasy iş ýeri boýunça iş berijiniň aýyrmalary hasaplanýan halatyndan başga ýagdaýlarynda, salgyt töleýjiler salgyt aýyrmalary özbaşdak hasaba alýarlar we olary salgyt beýannamalarynda görkezýärler. Tassyklanylan tertipde kesgitlenilýän salgyt aýyrmalary, bu salgyt aýyrmasyna hukuk berýän tassyklaýjy resminamalaryň (olaryň nusgalarynyň) esasynda berilýär. Salgyt döwrüniň dowamynda salgyt töleýjä salgyt aýyrmasy berilmedik ýa-da salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan möçberden az berlen bolsa, onda salgyt döwrüniň tamamlanmagy bilen salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasyna goşulan arzasynyň we şeýle salgyt aýyrmasyna hukuk berýän tassyklaýjy resminamalar esasynda, salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen möçberde salgyt aýyrmasyny bermek bilen salgyt gullugy salgyt özenine gaýtadan hasaplama geçirýär. Haçanda salgyt töleýji tarapyndan aýyrmalara hukugy tassyklaýan resminamalaryň (olaryň göçürme nusgalarynyň) berilmändiginiň ýa-da wagtynda berilmändiginiň netijesinde, şeýle aýyrmalar salgyt ýumuşçysy tarapyndan berilmedik ýa-da az möçberde berlen bolsa, salgyt özeni salgyt ýumuşçysy tarapyndan gaýtadan hasaplanylýar. Şahsy adamlardan tutulyp alynmadyk ýa-da salgyt ýumuşçylary tarapyndan doly möçberde tutulyp alynmadyk salgydyň pul möçberi şol adamlardan salgyt boýunça bergisi doly üzýänçä Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 46-njy maddasy) göz öňünde tutlan tertipde töletdirilýär.

**Telekeçilik işi, hünär hyzmatlary bilen baglanyşykly salgyt we beýleki aýyrmalar.** Salgyt özeni hasaplananda, salgyt töleýjileriň şu toparlary görkezilen salgyt aýyrmalaryna hukugy bar:

*26-njy şekil*

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, salgyt töleýjiniň her aýda salgyt aýyrmalary almaga bolan hukugy**

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, salgyt töleýjiniň her aýda salgyt aýyrmalary almaga bolan hukugy**
1

Islendik şahsy tarap – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az iş hakynyň bir essesi möçberinde
2

Adatdan daşary hadysalaryň (heläkçilikler, betbagtçylyklar we beýleki tebigy hadysalar) netijesinde, şeýle-de bu hadysalaryň öňüni almaklyga gatnaşmagyň netijesinde maýyp bolan şahsy tarap – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen az iş hakynyň dört essesi möçberinde
3

Çagalykdan maýyplardan, 1-nji we 2-nji topar maýyplardan, adatdan daşary hadysalaryň netijesinde, şeýle-de bu hadysalaryň öňüni almaklyga gatnaşmagyň netijesinde maýyp bolan şahsy taraplardan başga maýyplar – –Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az iş hakynyň iki essesi möçberinde
4

Garamagynda eklenip bilmeýän adamlary saklaýan şahsy tarap – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az iş hakynyň bir essesi möçberinde her bir eklenip bilmeýän adam üçin. Görkezilen salgyt aýyrmasy ýan-ýoldaşlara ýa-da maşgalanyň eklenip bilmeýänleri saklaýan başga bir agzasyna hem degişlidir.
5

Türkmenistany goran mahaly, şeýle-de Beýik Watançylyk urşunda, beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerinde ýa-da harby gullukda, içeri işler we milli howpsuzlyk edaralarynda gulluk döwründe ýaralanana, seňselän ýa-da maýyp bolup aradan çykan ýa-da söweş hereketleri bilen baglanyşykly keselläp aradan çykan harby gullukçylaryň ene-atasy we adamsy (aýaly) üçin –Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az iş hakynyň üç essesi möçberinde
6

**1.** Hususy telekeçiler – girdeji almak bilen baglanyşykly olar tarapyndan hakyky harçlanylan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň pul möçberinde. Şu çykdajylar edara görnüşli taraplar üçin bellenilen tertipde («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154–169-njy maddalary) aýrylmaga kabul edilýär. Şonuň ýaly tertip satuw bilen bagly bolmadyk çykdajylar (ýitgiler) babatynda hem ulanylýar.

*27-nji şekil*

**Salgyt töleýjiniň eklenjindäki we eklenjindäki adamlara degişli edilmeýän taraplar**




**2.** Raýat-hukuk häsiýetli (şol sanda hünär hyzmatlary) şertnamalary boýunça ýerine ýetirilen işlerden (amal edilen hyzmatlardan) girdeji alýan salgyt töleýjiler – şu işleri ýerine ýetirmek (hyzmatlary amal etmek) bilen gönüden-göni baglanyşykly, olar tarapyndan hakyky harçlanan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde.

**3.** Awtorlyk hakyny ýa-da ylym, edebiýat we sungat eserlerini döredendigi, ýerine ýetirendigi ýa-da başga bir görnüşde ulanandygy, açyşlar, oýlap tapyşlar we senagat nusgalary üçin hak alýan salgyt töleýjiler şu işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirmek bilen gönüden-göni baglanyşykly, olar tarapyndan hakyky harçlanan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde.

**4.** Gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallardan we kärhananyň işine paýly gatnaşmak hukugyny aýrybaşgalamakdan gir-

dejileri alýan salgyt töleýjiler – gymmat bahaly kagyzlary we kärhananyň işine paýly gatnaşmak hukugyny satyn almak we satmak bilen gönüden-göni baglanyşykly bolan hakykatda harçlanylan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde.

Ýokarda görkezilen çykdajylary resminamalar bilen delillendirmek mümkin bolmadyk ýagdaýynda, salgyt aýyrmalary 47-nji tablisada görkezilen möçberlerde kabul edilýär. Okuw kitabynyň I kitabyndaky 4.4.24-nji soragynda salgyt töleýjileriň salgyt salynmaga degişli girdejisini kesgitlemek üçin göz öňünde tutulýan salgyt aýyrmalary hökmünde, şu kitabyň I kitabyndaky 3.5.13-nji soragynda beýan edilen goşulan baha üçin salgydy hasaba almak bilen işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary amal etmek bilen baglanyşykly maddy çykdajylar hasaba alynýar. Salgyt özeni hasaplananda resminamalar bilen delillendirilen çykdajylar şol bir wagtda kesgitlenilen ölçegiň çägindäki çykdajylar hökmünde hasaba alynmaýarlar. Salgyt aýyrmalary salgyt töleýjilere olaryň tabşyrýan salgyt beýannamasynyň esasynda berilýär.

*47-nji tablisa*

**Çykdajylary resminamalar bilen delillendirmek mümkin bolmadyk ýagdaýynda kabul edilýän salgyt aýyrmalarynyň möçberleri**

| № | Hünär hyzmatlarynyň görnüşleri | Harajatlaryň ölçegi (girdejä göterim gatnaşygynda) |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Edebi eserleri döretmek, şol sanda teatr, kino, estrada we sirk üçin | 20 |
| 2 | Çeper-grafiki eserleri, çap üçin suratçylyk işleri, binagärlik we dizaýn eserlerini döretmek | 30 |
| 3 | Heýkeltaraşlyk eserlerini, ýadygärlik-bezeg suratlaryny, monumental-bezeg, bezeg-amaly sungatyny, gurluşly suratlary, dürli tehnikalarda ýerine ýetirilen teatr we kino sungatyny we şekillendirişi döretmek | 40 |
| 4 | Ses ýazgy(wideo, tele, kinofilm) eserlerini döretmek | 30 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 5 | Saz eserlerini döretmek:<br>saz-sahna (opera, balet, sazly komediýa) eserleri, simfoniýa, hor, kamera-saz eserleri, üflenip çalynýan orkestr üçin eserleri, kino, tele we wideofilimler hem-de teatr sahnalary üçin asyl nusgada sazlar | 40 |
| 6 | Beýleki saz eserleri, şol sanda çap etmeklige taýýarlanan saz eserlerini döretmek | 25 |
| 7 | Edebiýat we sungat eserlerini ýerine ýetirmek | 20 |
| 8 | Ylmy işleri we işläp taýýarlamalary döretmek | 20 |
| 9 | Açyşlar,oýlap tapyşlar we senagat nusgalaryny döretmek (ilkinji iki ýylda ulanylmagy üçin alnan girdejä) | 30 |

**Mysal.** «Abraý» hususy kärhanasynyň 2011-nji ýylyň noýabr aýynda öz işgärlerine ýerine ýetiren işleri üçin hasaplap ýazan zähmet hakynyň pul möçberi we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça berilýän ýeňillikler baradaky maglumatlar 48-nji tablisada görkezilýär. 48-nji tablisada görkezilen şahsy taraplaryň ählisi, 2011-nji ýylyň noýabr aýynda meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça tölegleri (umumy alan girdejilerinden 2 göterim möçberinde) we meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça tölegleri (umumy alan girdejilerinden 4 göterim möçberinde) töläpdirler.

1. «Abraý» hususy kärhanasynyň her bir işgäriniň we gullukçysynyň meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça tölän töleginiň pul möçberini takyklamaly. Hasaplamalaryň netijelerini 48-nji tablisanyň 4-nji sütüniniň degişli setirlerine ýazmaly.
2. «Abraý» hususy kärhanasynyň her bir işgäriniň we gullukçysynyň meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça tölän töleginiň pul möçberini takyklamaly. Hasaplamalaryň netijelerini 48-nji tablisanyň 5-nji sütüniniň degişli setirlerine ýazmaly.
3. «Abraý» hususy kärhanasynyň her bir işgärinden we gullukçysyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça sal-

48-nji tablisa

**«Abraý» hususy kärhanasynyň 2011-nji ýylyň noýabr aýynda öz işgärlerine ýerine ýetirilen işleri üçin hasaplap ýazan zähmet hakynyň pul möçberi we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça berilýän ýeňillikler baradaky maglumatlar**

| № | Kärhananyň işgärleriniň, gullukçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Hasaplanyp ýazylan zähmet haky, manat | Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeler, manat | Meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeler, manat | Salgyt boýunça berilýän salgyt ýeňilliklerine bolan hukuk | Salgyt özeni, manat | Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 1 | Gummanowa Miwe | 500 | 10 | 20 | Weteranlar derejesine degişli | 420 | «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 187-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda salgyt tölemekden boşadylýar |
| 2 | Jumadurdyýewa Merjen | 440 | 8,8 | 16,6 | Çagalykdan maýyp | 364,6 | Salgydy tölemekden boşadylýar |
| 3 | Mäminowa Parça | 560 | 11,2 | 22,4 | Iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde | 476,4 | 48 |
| 4 | Gutlyýew Ýazmyrat | 600 | 12 | 24 | 1-nji topara degişli maýyp | 514 | Salgydy tölemekden boşadylýar |
| 5 | Hasanow Hasan | 540 | 10,8 | 21,6 | Iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde | 457,6 | 46 |
| 6 | Kakaýew Meýlis | 360 | 7,2 | 14,8 | 2-nji topara degişli maýyp | 288 | Salgydy tölemekden boşadylýar |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 7 | Rozyýew Hydyr | 600 | 12 | 24 | Iň az iş hakynyň bir essesi möçberinde | 5584 | 558 |
| 8 | Hojalyýewa Uzukjemal | 500 | 10 | 20 | Iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde | 420 | 42 |
| 9 | Saýatow Arslan | 560 | 11,2 | 22,4 | «Edermen» medaly bilen sylaglanan | 526,4 | 26 |
| 10 | Ýemşikow Arslan | 640 | 12,8 | 25,6 | Iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde | 551,6 | 55 |
| 11 | Ýollyýew Balkan | 540 | 10,8 | 21,6 | Iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde | 457,6 | 46 |
| 12 | Täjow Berdimyrat | 540 | 10,8 | 21,6 | Söweş hereketleri netijesinde maýyp bolan | 457,6 | Salgydy tölemekden boşadylýar |
| | **Jemi** | x | x | x | | x | |

gyt özeniniň pul möçberini takyklamaly. Hasaplamalaryň netijelerini 48-nji tablisanyň 7-nji sütüniniň degişli setirlerine ýazmaly.

4. «Abraý» hususy kärhanasynyň her bir işgäriniň we gullukçysynyň 2011-nji ýylyň noýabr aýynda tölän şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini takyklamaly. Hasaplamalaryň netijelerini 48-nji tablisanyň 8-nji sütüniniň degişli setirlerine ýazmaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 187-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, «Abraý» hususy kärhanasynyň işgärleri we gullukçylary Gummanowa Miwe, Jumadurdyýewa Merjen, Gutlyýew Ýazmyrat, Kakaýew Meýlis, Täjow Berdimyrat şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny tölemekden

doly möçberde boşadylýarlar. «Edermenlik» medaly bilen sylaglanan Saýatow Arslan «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 187-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň 50 göterimini töleýär. Arslan Saýatowyň şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň tölemeli pul möçberi: GS = [560 manat – (560 manat x 2% : 100%) – (560 manat x 4% : 100%)] x 10% :100% x 50% : 100% = 26,3 manat. Parça Mämikowanyň hasabat döwri üçin tölemeli şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi: [560 manat – (560 manat x x 2% : 100%) – (560 manat x 4% : 100%) – 50 manat] x 10 % : : 100% = 47,6 manat. Hasan Hasanowyň, Hydyr Rozyýewiň, Uzukjemal Hojalyýewanyň, Arslan Ýemşikowyň, Balkan Ýollyýewiň tölemeli şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi ýokarda görkezilen tertipde hasaplanýar.

**Mysal.** Söweş hereketleri bilen baglanyşykly keselläp aradan çykan harby gullukçynyň aýaly Bibitäç Italmazowa 2011-nji hasabat ýylynda 5094 manat pul möçberinde girdeji alypdyr (salgyt döwri bir ýyl). Bibitäç Italmazowa göreji boýunça maýyp we onuň eklenjinde 5 adam bar. Salgyt salmak maksady bilen, Bibitäç Italmazowanyň 2011-nji hasabat ýylynda tölemeli şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji maddasynyň 1-nji böleginiň «ç» bölekçesine laýyklykda, Bibitäç Italmazowanyň 2011-nji hasabat ýylynda 1200 manat (12 aý x 2 x 50 manat) pul möçberinde salgyt aýyrmalaryny ulanmaga hukugy bar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji maddasynyň 1-nji böleginiň «e» bölekçesine laýyklykda, Bibitäç Italmazowanyň 2011-nji hasabat ýylynda 1800 manat (12 aý x 3x x 50 manat) pul möçberinde salgyt aýyrmalaryny ulanmaga hukugy bar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji maddasynyň 1-nji böleginiň «d» bölekçesine laýyklykda, Bibitäç Italmazowanyň 2011-nji hasabat ýylynda 3000 manat (12 aý x 5 adam x 50 manat) pul möçberinde salgyt aýyrmalaryny ulanmaga haky bar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji

maddasynyň 1-nji bölümine laýyklykda, Bibitäç Italmazowanyň birnäçe esas boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda, ol iň köp möçberde emele gelýän diňe bir esas boýunça salgyt aýyrmasyny ulanyp bilýär. Diýmek, Bibitäç Italmazowa 2011-nji hasabat ýylynda şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny 209 manat [(5094 manat – 3000 manat) x 10% : 100%] pul möçberinde tölemeli.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly şahsy taraplar – salgyt töleýjileriň 2011-nji hasabat ýylynda awtorlyk, ylym, edebiýat we sungat eserlerini döredendigini, ýerine ýetirendigini ýa-da başga bir görnüşde ulanandygy, açyşlar, oýlap tapyşlar we senagat nusgalary üçin alan girdejileriniň, bu işleri geçirmek üçin eden harajatlarynyň möçberleri 49-njy tanlisada görkezilýär. Salgyt töleýjileriň harajatlary resminamalar arkaly tassyklanylmadyk.

**1.** 49-njy tablisanyň 6-njy sütünininiň degişli setirleri boýunça her bir şahsy tarap – salgyt töleýjiniň amal eden harajatlarynyň möçberini takyklamaly.

**2.** 49-njy tablisanyň 8-nji sütünininiň degişli setirleri boýunça her bir şahsy tarap – salgyt töleýji üçin şahsy adamlardan alynýan salgyt boýunça salgyt özenini kesgitlemeli.

**3.** 49-njy tablisanyň 9-njy sütünininiň degişli setirleri boýunça her bir şahsy tarap – salgyt töleýjiniň tölemeli şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini takyklamaly.

Hasaplanyp çykarylan netijeleri 49-njy tablisanyň degişli setirlerine ýazmaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 189-njy maddasyna laýyklykda, telekeçilik işi we hünär hyzmatlary amal aşyrýan şahsy taraplaryň girdejilerine şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi şu tertipde kesgitlenilýär (şahsy tarap Serdar Jumaýewiň mysalynda): ŞAAGS = [16489 manat –(16489 manat x 20% : 100%) – 2882 manat] x 10% : 100%= =1031 manat. 49-njy tablisada görkezilen beýleki şahsy taraplar babatynda şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny hasaplamak ýokarda beýan edilen tertipde geçirilýär.

*49-njy tablisa*

**Türkmenistana degişli şahsy taraplar – salgyt töleýjiler tarapyndan 2011-nji hasabat ýylynda amal edilen işler, alnan girdejiler we bu girdejileri almak üçin edilen harajatlar hakynda maglumat**

| № | Şahsy tarap – salgyt töleýjiniň familiýasy, ady atasynyň ady | Hasabat döwründe amal eden işleriniň görnüşleri | Şahsy tarap – salgyt töleýjiniň hasabat döwründe alan girdejisiniň pul möçberi, manat | Harajatlaryň ölçegi (girdejä göterim görnüşinde) | Harajatlaryň pul möçberi | Maddy harajatlaryň pul möçberi, manat | Salgyt özeni (4-nji setirden aýyrmak 6-njy setir, aýyrmak 7-nji setir) | Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| 1 | Jumaýew Serdar | Edebi eserleri döretmek | 16489 | 20 | 3298 | 2882 (şol sanda GBUS 376) | 10309 | 1031 |
| 2 | Meredow Hojamberdi | Teatr, kino, estrada we sirk üçin edebi eserleri döretmek | 24194 | 20 | 4839 | 7252 (şol sanda GBUS 946) | 12103 | 1210 |
| 3 | Söýünow Ibragim | Heýkeltaraşlyk eserlerini, ýadygärlik – bezeg suratlaryny, gurluşly suratlary döretmek | 48117 | 40 | 19247 | 10659 (şol sanda GBUS 1392) | 18201 | 1820 |
| 4 | Ýangibaýew Azatjan | Dürli tehnikalarda ýerine ýetirilen teatr, kino we şekillendiriş sungatyny döretmek | 13216 | 40 | 5286 | 3092 (şol sanda GBUS 403) | 4838 | 484 |

*49-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 5 | Ýazmämmedow Guwanç | Sazýazgy (wideo, telekinofilm) eserlerini döretmek | 24519 | 30 | 7356 | 4834 (şol sanda GBUS 631) | 12329 | 1233 |
| 6 | Gurtjanow Kakajan | Sazsahna (opera, balet, sazly komediýa) eserlerini döretmek | 17054 | 40 | 6822 | 2016 (şol sanda GBUS263) | 8216 | 822 |
| 7 | Hudaýberdiýew Täçmyrat | Simfoniýa, hor, kamera-saz eserlerini döretmek | 9768 | 40 | 3907 | 2482 (şol sanda GBUS 324) | 3379 | 338 |
| 8 | Töräýew Töre | Üflenip çalynýan orkestr üçin eserleri döretmek | 7300 | 40 | 2920 | 1615 (şol san- da GBUS 211) | 2765 | 277 |
| 9 | Bagyýew Guwanç | Kino, tele we wideo filmler hem-de teatr sahnalary üçin asyl nusgada sazlary döretmek | 15364 | 40 | 6146 | 3756 (şol san- da GBUS 490) | 5462 | 546 |
| 10 | Atadurdyýew Serdar | Çap etmeklige taýýarlanylan saz eserlerini döretmek | 8880 | 25 | 2220 | 1440 (şol san- da GBUS 188) | 5220 | 522 |
| 11 | Garaýew Berdimyrat | Edebiýat we sungat eserlerini döretmek | 6000 | 20 | 1200 | 1087 (şol san- da GBUS 142) | 3713 | 371 |
| 12 | Durdymyradowa Maral | Ylmy işleri we işläp taýýarlamalary döretmek | 16180 | 20 | 3236 | 3080 (şol san- da GBUS 402) | 9864 | 986 |
| 13 | Haýydow Begenç | Açyşlar, oýlap tapyşlar we senagat nusgalaryny döretmek | 28092 | 30 | 8428 | 5760 (şol san- da GBUS 751) | 13904 | 13909 |

## 4.5.25. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça kesgitlenilýän girdejiniň hakyky alnan senesi. Salgydyň salgyt we hasabat döwürleri. Salgydyň möçberleri we salgydy hasaplamagyň tertibi

**Girdejiniň hakyky alnan senesi.** Girdejiniň hakyky alnan senesi 28-nji şekilde beýan edilen tertipde kesgitlenilýär. Telekeçilik işini amala aşyrmakdan girdejileriň hakyky alnan senesi Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 168-nji maddasy) laýyklykda kesgitlenilýär.

**Salgyt we hasabat döwri.** Salgyt ýyly salgyt döwri diýlip ykrar edilýär. Salgyt ýylynyň dowamynda beýannama tabşyrmak talap edilen halatynda, girdejileriň aýry-aýry görnüşleri boýunça hasabat döwri birinji ýarym ýyl we salgyt ýyl hökmünde bellenýär.

**Salgyt möçberi.** Salgyt möçberi 10 göterim derejede kesgitlenilýär. Şahsy taraplaryň humarly oýun işinden alýan girdejileri şu okuw kitabynyň I kitabyndaky 3.9.17-nji soragynda beýan edilen möçberler boýunça salgyt salynmaga degişlidir.

*28-nji şekil*

**Girdejiniň hakyky alnan senesi**



**Salgydy hasaplamagyň tertibi.** Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni babatyndaky salgydyň pul möçberi, salgyt özeniniň pul möçberini salgyt möçberine köpeltmek arkaly hasaplanýar. Oýun işinden girdejiler boýunça salgyt özeni babatyndaky salgydyň pul möçberi şu okuw kitabynyň I kitabyndaky 3.9.17-nji soragynda bellenen salgyt möçberleriniň oňa laýyk görkezijileriniň hakyky ululygynyň we hasabat döwründe işlenilen günleriň sanynyň jemi hökmünde hasaplanýar. Salgydyň umumy pul möçberi hasaplanyp çykarylan aýry-aýry salgyt pul möçberleriniň goşulmasy netijesinde alnan möçberdir. Salgydyň umumy pul möçberi hasabat (salgyt) döwrüniň jemleri boýunça salgyt töleýjiniň ähli girdejilerinden (degişli hasabat döwrüniň içinde alnan) hasaplanyp çykarylýar. Salgydyň pul möçberi manatda kesgitlenilýär. Salgydyň 50 teňňeden az pul möçberi hasaplanylmaýar, 50 teňňe we ondan hem ýokary bolsa doly manada çenli köpeldilýär.

**Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary tarapyndan salgydyň hasaplanylyşy we tölenilişi.** Potratçylar ýa-da kömekçi potratçylar hökmünde «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işini amala aşyrýan taraplaryňkyda hakyna işleýän şahsy adamlaryň alýan girdejisinden salgydy hasaplap çykarmak we tölemek, şu Kanunyň düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

### 4.6.26. Salgyt ýumuşçylary tarapyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň hasaplanyp çykarylmagy we tölenilmegi

29-njy şekilde görkezilen salgyt ýumuşçylary diýlip ykrar edilen taraplar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen, özlerinde ýa-da özleri bilen bolan gatnaşyklar netijesinde girdeji alan salgyt töleýjilerden hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberini tutup almaga we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmäge borçludyrlar. Şu okuw kitabynyň I kitabyndaky 4.2.22 soragynda görkezilen tölegleri töleýän taraplar salgyt ýumuşçylary diýlip ykrar edilýärler. Aklawjylaryň alýan girdejisinden salgyt aklawjylaryň geňeşligi (olaryň edarasy) tarapyndan

hasaplanylyp çykarylýar, tutulyp alynýar we tölenýär. Salgydy hasaplap çykarmak we tölemek, salgyt ýumuşçysynyň salgyt töleýjä töleýän ähli girdejilerinden tölenýär. Şu girdejileriň düzümine hususy telekeçilere tölenýän girdejiler goşulmaýar.

*29-njy şekil*

**Salgyt töleýjileriň girdejilerinden salgydy hasaplaýan, tutup alýan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirýän salgyt ýumuşçylary**




Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň pul möçberini hasaplamak, salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt döwründen başlap, her bir aýyň jemi boýunça ösýän jemde şol girdejilere degişli 10 göterim möçberi ulanylýan we şol salgyt döwrüniň geçen aýlarynda tutulyp alnan salgydyň pul möçberini hasap etmek bilen, şu döwürde salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjä hasaplanyp ýazylan ähli girdejiler babatynda geçirilýär. Şonuň bilen birlikde, salgyt ýumuşçysy girdejiniň möçberini Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan aýyrmalaryň («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji we 189-njy maddalary) möçberine azaltmazdan, salgydyň pul möçberini hasaplap çykarýar. Şu aýdylanlar esasy iş ýerinde zähmet ylalaşygy boýunça ýerine ýetirilen, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan aýyrmalar («Salgytlar hakynda| Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji m,addasy) berilýän iş üçin tölenýän haka degişli däl. Bu aýyrmalar salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiniň işiniň birinji doly bolmadyk aýy üçin haklarynyň tölenmegine degişlilikde ulanylmaýar.

Hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberini salgyt töleýjiden tutyp almak, salgyt töleýjä ýa-da onuň tabşyrygy boýunça üçünji tarapa tölenmäge degişli pul serişdeleriniň hasabyna salgyt ýumuşçysy tarapyndan her gezek töleg tölenende amala aşyrylýar. Girdejini tölemek üçin bankdan nagt pul serişdeleriniň hakyky alnan gününden gijä galman, şeýle-de salgyt töleýjiniň hasabyna ýa-da onuň tabşyrygy boýunça üçünji tarapyň hasabyna salgyt ýumuşçylarynyň bankdaky hasaplardan girdejiniň geçirilen gününde, salgyt ýumuşçylary hasaplanyp çykarylan we tutulyp alnan salgydyň pul möçberini Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmäge borçludyrlar. Beýleki halatlarda salgyt ýumuşçylary hasaplanyp çykarylan we tutulyp alnan salgydyň pul möçberini salgyt töleýjiniň girdejini hakyky alan gününden soňky gelýän günden gijä galman geçirýärler. Bu tertip salgyt töleýji girdejini natural görnüşde alanda hem berjäý edilýär.

Salgyt ýumuşçysynyň salgyt töleýjiden hasaplap çykaran we tutup alan salgydynyň jemi möçberi salgyt ýumuşçysynyň salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna tölenýär. Edara görnüşli taraplaryň aýrybaşgalanan bölümleriniň ýeri boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň pul möçberi, şu aýrybaşgalanan bölümleriň işgärlerine hasaplanyp çykarylýan we tölenilýän, salgyt salynmaga degişli bolan girdejiniň pul möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Salgyt töleýjileriň beren arzalary esasynda, salgyt ýumuşçylary Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň tassyklan görnüşi boýunça olaryň alan girdejileri we olardan tutulyp alnan salgydyň pul möçberleri barada güwanamalary berýärler.

Salgyt töleýjiniň girdejisinden artykmaç tutulyp alnan salgydyň pul möçberleri salgyt töleýjiniň degişli arzasynyň berlen gününden 30 günden gijä galman salgyt ýumuşçysy tarapyndan yzyna gaýtaryp berilýär. Şahsy adamlardan tutulyp alynmadyk ýa-da salgyt ýumuşçylary tarapyndan doly tutulyp alynmadyk salgydyň pul möçberi, şol adamlar salgyt boýunça bergisini doly üzýänçä, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde olara bu bergiler boýunça tölegler töletdirilýär. Salgyt ýumuşçylary geçen aýdan soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman, salgyt hasabynda duran ýerindä-

ki salgyt gullugyna salgyt töleýjileri tarapyndan tölenýän we olardan tutulyp alynýan salgydyň pul möçberleri barada Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanan görnüş boýunça maglumat tabşyrýarlar.

### 4.7.27. Salgyt töleýjiler tarapyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň hasaplanylyşy we tölenilişi. Salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň tertibi

**Salgyt töleýjiler tarapyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň hasaplanylyşy we tölenilişi.** Salgydy hasaplap çykarmagy we tölemegi 30-njy şekilde görkezilen salgyt töleýjiler alyp barýarlar. 30-njy şekilde görkezilen salgyt töleýjiler Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini şu okuw kitabynyň I kitabyndaky 4.5.25-nji soragynda beýan edilen tertipde hasaplaýarlar. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy pul möçberi salgyt töleýji tarapyndan, salgyt töleýjä girdeji tölenende salgyt ýumuşçysy tarapyndan tutulyp alnan salgydyň pul möçberini hasaba almak bilen hasaplanýar. Salgyt beýannamasynyň esasynda hasaplanan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy pul möçberi hasabat döwründen soňky gelýän ikinji aýyň 10-undan gijä galman, daşary ýurt raýatlary bolsa, geçen salgyt ýylyndan soňky gelýän ýylyň aprel aýynyň 15-inden gijä galman tölenýär.

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň tertibi.** 30-njy şekilde görkezilen salgyt töleýjiler (daşary ýurt raýatlaryndan başga) salgyt beýannamasyny hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna tabşyrýarlar. Daşary ýurt raýatlary salgyt beýannamasyny geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň aprel aýynyň 1-inden gijä galman tabşyrýarlar. Salgyt beýannamasyny tabşyrmak borjy üstüne

ýüklenmedik şahsy taraplaryň, salgyt döwrüniň tamamlanmagy bilen tutuş salgyt döwri boýunça salgydyň pul möçberini gaýtadan hasaplamak üçin, girdeji salgydy baradaky beýannamany öz ýaşaýan ýerindäki salgyt gullugyna tabşyrmaga haklary bardyr.

*30-njy şekil*

**Salgydy hasaplap çykarmagy we tölemegi alyp barýan salgyt töleýjiler**

**Salgydy hasaplap çykarmagy we tölemegi alyp barýan salgyt töleýjiler**
1

Hakyna tutma şertnamasy ýa-da islendik emlägi kärendä bermek şertnamasy boýunça girdejileri goşmak bilen raýat – hukuk häsiýetli şertnamalary esasynda salgyt ýumuşçylary bolmadyk şahsy taraplardan hak alýanlar
2

Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistana dahyllylar
3

Raýat – hukuk ylalaşyklary boýunça girdeji alýan hususy telekeçiler we şahsy taraplar (şol sanda hünär hyzmatlaryndan). Şu girdejiler alnanda, salgyt ýumuşçylary tarapyndan salgyt tutulmaly däl.
4

Salgyt ýumuşçylary tarapyndan salgyt tutulyp alynmaýan girdejileri alýanlar
5

Salgyt ýylynyň dowamynda daşary ýurtly şahsy tarap, salgyt salmagyň ýokarda bellenilen tertibine laýyklykda salgyt salynmaga degişli işini togtadan we Türkmenistanyň çäklerinden daşary çykyp giden mahalynda, Türkmenistanyň çäginde bolan wagtynda häzirki hasabat (salgyt) döwründe hakyky alan girdejileri baradaky salgyt beýannamasyny Türkmenistanyň çäginden daşary çykyp gitmeginden bir aýdan gijä galman tabşyrmalydyr. Salgyt beýannamasy boýunça goşmaça hasaplanyp çykarylan salgydyň tölenilmegi, beýannamany tabşyrmagyň ýokarda bellenilen tertibinde şeýle beýannamanyň tabşyrylan pursadyndan on bäş günden gijä galman berjaý edilmelidir. Salgyt töleýjiler salgyt beýannamalarynda hasabat (salgyt) döwründe özleriniň alan girdejileri, olaryň çeşmeleri, salgyt aýyrmalary, salgyt ýumuşçylarynyň tutup alan salgydynyň pul möçberleri, hasabat (salgyt) döwri boýunça tölenmäge (goşmaça tölenmäge) ýa-da yzyna gaýtaryp berilmäge degişli salgydyň pul möçberlerini beýan edýärler.

### 4.8.28. Hususy telekeçileriň girdejilerine salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy

Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň belleýän işleriniň sanawy boýunça telekeçilik işiniň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmakdan girdeji alýan hususy telekeçilere degişlidir. Şu kitabyň I kitabyndaky 4.4.24-nji soragynda bellenen aýyrmalaryň pul möçberini azaltmazdan, salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy girdeji salgydynyň kesgitlenilen ulgamyny (kesgitlenilen patent tölegi), şeýle-de telekeçilik işinden alynýan umumy girdejiden (goşmaça patent tölegi) hasaplanyp çykarylýan salgydy göz öňünde tutýar. Şonuň bilen birlikde, şu kitabyň I kitabyndaky 4.3.23-nji soragyň çäklerinde berilýän 25-nji şekilde görkezilen ýeňillikler ulanylmaýar.

Girdeji salgydynyň kesgitlenilen ululygy (kesgitlenilen patent tölegi) telekeçilik işiniň her bir görnüşi boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär. Telekeçilik işiniň birnäçe görnüşleri amala aşyrylanda, kesgitlenilen patent töleginiň iň ulusy tölenýär. Kesgitlenilen patent tölegi salgyt töleýjiniň telekeçilik işini amala aşyrmagy niýet edýän döwri başlanmanka tölenýär. Şu döwür üç aýdan az bolmaly däl. Salgyt töleýjiniň amala aşyrýan işini wagtlaýynça togtatmagy şu döwür üçin kesgitlenilen patent tölegini tölemek boýunça borçnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň aradan aýrylmagyna, kesgitlenilen patent tölegi tölenilen döwürde bolsa – onuň pul möçberiniň üýtgedilmegine getirmeýär.

Kesgitlenilen patent töleginiň hasaplanan pul möçberi şu ýagdaýlarda üýtgedilip bilinýär:

– görkezilen döwürde salgyt töleýji tarapyndan işiň kesgitlenilen patent töleginiň has ýokary derejesi bellenen görnüşi amala aşyrylanda;

– hususy telekeçi hökmünde salgyt töleýji tarapyndan iş bes edilende.

Salgyt töleýji aradan çykan halatynda, kesgitlenilen patent tölegi onuň hukuk oruntutaryna gaýtarylyp berilýär ýa-da salgytlar, şeýle-de maliýe jerimeler we puşmana tölegler boýunça bergileri

üzmegiň hasabyna hasaplanýar. Şu aýdylanlar artyk tölenilen goşmaça patent tölegine hem degişlidir. Kesgitlenilen patent tölegini gaýtadan hasaplamak işi, hususy telekeçi tarapyndan işiň täze görnüşini amala aşyrmagy başlamazdan ýa-da işiň bes edilmezinden öň, salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna tabşyrylýan arzasynyň esasynda geçirilýär. Salgyt töleýjiniň salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenen nusga boýunça kesgitlenilen patent tölegini töländigine şaýatlyk edýän resminamany (patenti) salgyt töleýjä berýär. Patent salgyt töleýjiniň telekeçilik işini amala aşyrmagy niýet edýän döwri başlanmanka berilýär (uzaldylar). Patent salgyt töleýjiniň telekeçilik işini amala aşyrmagy maksat edinýän döwrüniň başlanmagyna çenli on günden giç bolmadyk möhletde salgyt babatda hasaba alynýan ýerindäki salgyt gullugyna onuň tabşyrýan arzasynyň esasynda berilýär (uzaldylýar). Şu möhleti bozmak bilen patentiň güýjüni uzaltmak (täzesini bermek) üçin salgyt töleýji salgyt gullugyna ýüz tutan halatynda, patentiň güýji patentde görkezilen döwrüň tamamlanýan möhletinden soňky gelýän seneden başlap uzaldylmaga (täzesini bermäge) degişlidir. Şonuň bilen birlikde, kesgitlenilen patent töleginiň wagtynda tölenmezligi, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 70-nji maddasy) laýyklykda puşmana töleginiň ulanylmagyna getirýär.

Goşmaça patent tölegi telekeçilik işiniň aýry-aýry görnüşleri amala aşyrylanda harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alynýan umumy girdejiniň jeminden, şeýle-de 31-nji we 32-nji şekillerde görkezilen ýerleşdirmekden daşarky amallar bilen baglanyşykly girdejileri we çykdajylary goşmak bilen hasaplanýar. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan girdejini kesgitlemek üçin, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň degişli düzgünleri («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 186-njy maddasy we 187-nji maddanyň ikinji we üçünji bölekleri) ulanylýar. Goşmaça patent tölegini hasaplamak üçin, ýokarda görkezilenlere we 31-nji we 32-nji şekilde beýan edilen ýerleşdirmekden daşarky girdejilere we çykdajylara laýyklykda kesgitlenilýän umumy girdeji salgyt özeni diýlip hasaplanýar.

*31-nji şekil*

**Hususy telekçilerde hasaba alynýan ýerleşdirmekden daşarky girdejiler**

**Hususy telekçilerde hasaba alynýan ýerleşdirmekden daşarky girdejiler**
1

Ätiýaçlandyryş ýa-da gaýtadan baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlyk öwezini dolmalar
2

Ylalaşyk borçlarynyň bozulandygy üçin jerime we beýleki jerimeler görnüşinde alnan serişdeler, şeýle-de ýitgileriň we zyýanlaryň öwezini dolmakdan alnan pul möçberleri
3

Ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan pul möçberleri
4

Salgytlar, jerimeler we puşmana tölegleri boýunça tölenjegine umyt bolmadyk pul möçberlerinden başga, talap möhletiniň geçendigi üçin ýa-da başga esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň pul möçberleri
5

Daşary ýurt puly bilen geçirilen amallar boýunça, şeýle-de daşary ýurt pulundaky gymmatlyklaryň we talaplaryň bahasy gymmatladylanda ýa-da daşary ýurt pulunda görkezilen borçlar arzanladylanda oňyn tapawut
6

Hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri
7

Ulanmakdan çykarylan serişdeler ýok edilen halatynda ýa-da sökülende alnan materiýallaryň ýa-da beýleki emläkleriň bahasy
8

Tükelleýiş işleriniň geçirilmeginiň netijesinde ýüze çykarylan haryt – maddy gymmatlyklaryň artygynyň bahasy
9

Gaýry ýerleşdirmekden daşarky girdejiler
10

Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy bellenen telekeçilik işinden alnan girdeji salgydynyň pul möçberini (goşmaça patent tölegi) umumy girdejiniň 2 göterimi möçberinde kesgitleýär. Salgyt ýylynyň dowamynda beýannama tabşyrmak talap edilen halatynda, hasabat (salgyt) döwri birinji ýarym ýyl we salgyt ýyly diýlip hasap edilýär. Hasabat döwri üçin goşmaça patent tölegi salgyt özenini bellenilen salgyt möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Salgyt beýannamasy salgyt töleýjiler tarapyndan hasabat döwründen soňky gelýän ikinji aýyň 15-inden gijä galman salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna tabşyrylýar. Salgyt beýannamasy

*32-nji şekil*

**Hususy telekeçilerde hasaba alynýan ýerleşdirmekden daşarky çykdajylar**




esasynda hasaplanan Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşmaça patent tölegi geçen hasabat döwründen soň gelýän ikinji aýyň 25-inden gijä galman tölenýär.

**Mysal.** Şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy babatynda salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýar. 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýylynda şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew harytlary ýerleşdirmekden 295668 manat girdeji alypdyr. Ondan başga-da, şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew ýerleşdirmekden daşarky amallary geçirmekden şu girdejileri alypdyr:

– ätiýaçlandyryş ýa-da gaýtadan baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça 15697 manat pul möçberinde ätiýaçlyk öwezini dolmalar;

– 1664 manat pul möçberinde jerimeler görnüşinde ylalaşyklaryň şertleriniň bozulandygy üçin alnan serişdeler;
– 2016 manat pul möçberinde zyýanyň öwezini dolmakdan alnan serişdeler;
– 2594 manat pul möçberinde ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan serişdeler;
– talap möhletiniň geçmegi sebäpli we başga esaslar boýunça 4269 manat pul möçberinde hasapdan öçürilen kreditor bergileri;
– daşary ýurt puly bilen geçirilen amallar boýunça 411 manat pul möçberinde ýüze çykan oňyn tapawut;
– 2673 manat pul möçberinde hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri;
– 2313 manat pul möçberinde ulanmakdan çykarylan esasy serişdeler ýok edilen ýagdaýynda we sökülende alnan materiallaryň we gaýry emläkleriň bahasy;
– 945 manat pul möçberinde tükelleýiş işleriniň geçirilimeginiň netijesinde ýüze çykarylan haryt – maddy gymmatlyklaryň artygynyň bahasy.

Şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew 2011-nji ýylyň 1-nji ýarym ýylynda ýerleşdirmekden daşarky girdejileri almak bilen, 50-nji tablisada görkezilen ýerleşdirmekden daşarky çykdajylary amala aşyrypdyr.

2011-nji ýylyň birinji ýarym ýylynda bahalaryň we nyrhlaryň üýtgemeginiň netijesinde salgyt özenine düzediş girizildi we girdeji 7784 manat pul möçberinde artdyryldy. Baglaşylan geleşik ylalaşygynyň bölekleýin ýatyrylmagy sebäpli, salgyt özeni 11647 manat pul möçberinde azaldyldy. Girdeji salgydynyň hasabat döwründe öňki beýannamalr boýunça hasaplanyp ýazylan pul möçberi 1070 manat.

**Goşmaça maglumatlar.** Şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda salgyt hasabyna alnypdyr. Şahsy salgyt belgisi: 101122763478, pasporty: I-AŞ, belgisi №86496, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň häkimligi tarapyndan 2001-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda berlen. Raýatlygy: Türkmenistan. Doglan senesi: «14» iýun

*50-nji tablisa*

**Şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýewiň 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýylynda ýerleşdirmekden daşarky amallary geçirmek üçin eden çykdajylary**

| № | Ýerleşdirmekden daşarky amallar boýunça amal edilen çykdajylaryň görnüşleri | Pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Daşary ýurt puly bilen geçirilen amallar boýunça oňaýsyz hümmet tapawudy | 240 |
| 2 | Kazyýetde işlere seridilendigi üçin çykdajylar | 113 |
| 3 | Tölenen jerimeler, puşmana tölegleri we maliýe jerimeleri | 745 |
| 4 | Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça çykdajylar | 1496 |
| 5 | Talap möhletiniň geçendigi üçin we gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen debitor algylaryň jemi | 3534 |
| 6 | Ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri | 2024 |
| 7 | Hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň çykdajylary (ýitgileri) | 2490 |
| 8 | Tebigy betbagtçylykdan, ýangyndan, heläkçiliklerden we gaýry adatdan daşary hadysalardan çekilen ýitgiler | 11329 |
| 9 | Heläkçiliklerden we gaýry adatdan daşary hadysalardan çekilen ýitgileri aradan aýyrmak we düzetmek üçin edilen çykdajylar | 3382 |

1971 ý. Doglan ýeri: Aşgabat şäheri. Türkmenistanda ýaşaýan ýeriniň salgysy: poçta indeksi: 744025, Ýunus Emre köçesi, 7-nji jaý, 6-njy otag, telefon 45-17-23. Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy Amangeldi Annageldiýew, salgyt inspektory Begenç Gurbannazarow, hasap boýunça işgär Oguljan Garaýewa. Kameral barlagynyň tamamlanan senesi: 2011-nji ýylyň 10-njy awgusty. Salgyt beýannamasynyň iberilen senesi: 2011-nji ýylyň 1-nji awgusty, salgyt gullugy tarapyndan alnan sensi 2011-nji ýylyň 2-nji awgusty.

Şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew alan girdejileriniň, ýerleşdirmekden daşarky alan girdejileriniň 50-nji tablisada berilýän sanlaryň, geçirilen hasaplamalaryň we goşmaça maglumatlaryň esasynda 51-nji tablisada beýan edilýän salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyna degişli bolan şahsy taraplar – hususy telekeçilerden alynýan girdeji salgydy baradaky salgyt beýannamasyny düzmeli.

## Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyna degişli bolan hususy telekeçi – şahsy tarap Begenç Annaýewden alynýan girdeji salgydy barada beýannama (goşmaça patent tölegi)

| | |
|---|---|
| 1 | **Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyna degişli bolan hususy telekeçi – şahsy tarap Begenç Annaýewden alynýan girdeji salgydy barada beýannama (goşmaça patent tölegi)**<br>2011-nji ýylyň «01» ýanwaryndan 2011-nji ýylyň «30» iýun aralygyndaky döwür üçin |
| 2 | Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna |
| 3 | **I bap. Salgyt töleýji barada maglumat** |
| 4 | ŞSB: 101122763478 Familiýasy: Annaýew<br>Ady: Begenç Atasynyň ady:________ |
| 5 | Şahsyýeti tassyklaýan resminamanyň görnüşi: pasport seriýa: I-AŞ. Belgi: 86496. Berlen senesi: «27» ýanwar 2001ý.<br>Resminama kim tarapyndan we haçan berlipdir: Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap häkimligi<br>Raýatlygy: Türkmenistan |
| 6 | Doglan senesi;: 1971 ýyl, «14» iýun. Doglan ýeri: Aşgabat şäheri |
| 7 | Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: 744025 Welaýat ________<br>Etrap: Köpetdag Şäher: Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ________<br>Etrapça ________ şaýoly, köçe geçelge: Ýunus Emre<br>Jaý: №7 Korpus ________ Otag: 6 Telefon: 45–17–23 |
| 8 | **II bap. Beýannamanyň berlendigi barada maglumat** |
| 9 | Beýannama hut özüm tarapdan (ygtyýarly adamyň üsti bilen) poçta arkaly berildi |
| 10 | Berlen senesi: 2011-nji ýylyň awgust aýynyň «01» |
| 11 | Salgyt gullugyna gowşan we onda bellige alnan senesi: 2011-nji ýylyň awgust aýynyň «02» |
| 12 | **III bap. Jemi girdejiniň pul möçberi barada maglumat** |
| 13 | Telekeçilik işini amala aşyrmakdan alynýan jemi girdejiniň pul möçberiniň («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 200-nji maddasynyň güýji degişli bolmadyk işden alynýan girdejilerden başga) jemi: **328250,** şol sanda |
| 14 | Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan girdejiler 295668 manat |
| 15 | Ýerleşdirmekden daşarky girdejiler 32582 manat |
| 16 | Ýerleşdirmekden daşarky çykdajylar 25353 manat |
| 17 | Salgyt özenine düzediş girizilen halatlarynda girdejiniň artan pul möçberi 7784 manat |
| 18 | Salgyt özenine düzediş girizilen halatlarynda azaldylýan pul möçberi 11647 manat |
| 19 | Düzedişleri hasaba almak bilen girdejiniň pul möçberi 299034 manat |

| | |
|---|---|
| 20 | **IV bap. Salgydyň pul möçberiniň (goşmaça patent töleginiň) hasaplamasy** |
| 21 | Salgyt möçberi 2 göterim |
| 22 | Hasaplanan salgydyň pul möçberi (19-njy setir x 21-nji setir) 5981 manat |
| 23 | Salgydyň hasabat döwri üçin hasaplanyp ýazylan pul möçberi (şol döwür üçin öňki beýannamalar boýunça we ş.m.) 1070 manat |
| 24 | Salgydyň goşmaça hasaplanylyp ýazylmaga degişli pul möçberi (22-nji setir aýyrmak 23-nji setir), bu ýerde oňaýsyz netije 25-nji setire ýazylýar: 4911 manat |
| 25 | Salgydyň gaýdyp almaga degişli pul möçberi (24-nji setiriň oňaýsyz netijesi) ________________ |
| 26 | **V bap. Çykdajylar we sap girdejiler barada maglumat** |
| 27 | Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar), şulary goşmak bilen:<br>maddy çykdajylar __________________ manat<br>iş hakyny tölemek üçin çykdajylar __________________ manat<br>«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 156-njy maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen tölegleriň pul möçberinden döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin geçirmeler __________________ manat<br>hasaplanyp ýazylan könelmäniň pul möçberi __________________ manat<br>ýerleşdirilen esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň (olaryň mugt berilmegini goşmak bilen)<br>ilki başky (balans) bahasy bilen olaryň peýdalanylan döwründe hasaplanan könelme geçirmeleriniň arasyndaky tapawut _________ manat |
| 28 | Telekeçilik işini «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 200-nji maddasynyň güýji degişli bolmadyk işden başgasyny amala aşyrmakdan alan sap girdejisi __________________ manat |
| 29 | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dogrulygyny we dolulygyny tassyklaýaryn:<br>Salgyt töleýji Annaýew Begenç __________________<br>(goly) |
| 30 | **VI bap. Salgyt gullugynyň bellikleri** |
| 31 | Kameral barlagynyň netijesi ____________________________________<br>Kameral barlagynyň tamamlanan senesi: 2011-nji ýylyň awgust aýynyň «10-y» |
| 32 | Salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysy: Annageldiýew Amangeldi ________<br>(goly)<br>Salgyt inspektory: Gurbannazarow Begenç ________________<br>(goly) |
| 33 | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanylyp ýazyldy: 4911 manat |
| 34 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi «11» awgust 2011 ýyl<br>Hasap boýunça işgär: Oguljan Garaýewa ________________<br>(goly) |

**Çözülişi.** Şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýylynda harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden 295668 manat, ýerleşdirmekden daşarky girdejileri 32582 manat (15697 manat + 1664 manat + 2016 manat + 2594 manat + 4269 manat + 411 manat + 2673 manat + 2313 manat + 945 manat) pul möçberinde alypdyr. Telekeçilik işini amala aşyrmakdan şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýylynda alan jemi girdejisiniň pul möçberi 328250 manat (295668 manat + 32582 manat), bu jem salgyt beýannamasynyň 13-nji setirine ýazylýar. Ýerleşdirmekden daşarky girdejileri almak üçin, şahsy tarap – hususy telekeçi Begenç Annaýew 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýylynda 25353 manat (240 manat + 113 manat + 745 manat + 1496 manat + 3534 manat + 2024 manat + 2490 manat+ +11329 manat + 3382 manat) pul möçberinde çykdajy edipdir. Bu jem salgyt beýannamasynyň 16-njy setirine ýazylýar. Düzedişleri hasaba almak bilen, girdejiniň pul möçberi 299034 manat (295668 manat +32582 manat – 25353 manat + 7784 manat – 11647 manat), bu jem salgyt beýannamasynyň 19-njy setirine ýazylýar. 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýyly üçin hasaplanylan salgydyň pul möçberi 5981 manat (299034 manat x 2% : 100%), salgyt beýannamasynyň 22-nji setirine ýazylýar. 2011-nji ýylyň birinji ýarym ýyl üçin salgydyň goşmaça hasaplanyp ýazylmaga degişli pul möçberi 4911 manat (5981 manat – 1070 manat), salgyt beýannamasynyň 24-nji setirine ýazylýar.

### 4.9.29. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak

**Iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak.** Beýleki döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistana dahylly şahsy tarap tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölän girdeji salgydynyň pul möçberi, Türkmenistanda girdeji salgydyny tölän wagtynda hasaba alynýar. Hasaplaşylýan salgydyň pul möçbe-

ri Türkmenistanyň çäklerinden daşarda alnan girdejä degişlilikde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanylyp çykarylan girdeji salgydynyň möçberinden köp bolmaly däl.

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda salgydyň tölenendigini tassyklaýan daşary ýurt döwletleriniň salgyt ýa-da gaýry ygtyýarly edaralarynyň resminamalary salgydy hasap etmäge esas bolýar. Şu aýdylanlar iki gezek salgyt salmaklygy aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda we bellenilen amal kadalary berjaý edilende şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň salgyt töleýjä gaýtaryp bilinmejek pul möçberine degişlidir.

Salgydy tölemekden boşamak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerini almak üçin, Türkmenistana dahylsyz salgyt töleýji arza, şeýle-de degişli salgyt döwründe (ýa-da onuň bir böleginde) Türkmenistan bilen hereket edýän iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak barada şertnama (ylalaşyk) baglaşylan ýurduň dahyllysydygy baradaky resmi tassyknamany Türkmenistanyň salgyt gullugyna tabşyrmalydyr. Tassyknama we arza salgyt töleýji tarapyndan girdeji salgydy tölenmänkä salgyt gullugyna berlip bilinýär. Galyberse-de, girdeji salgydyny tölemekden boşamak we beýleki salgyt eglişikleri almak üçin, salgyt töleýjiniň salgyt döwri tamamlanandan soň üç ýylyň dowamynda bu resminamalary salgyt gullugyna tabşyrmaga hukugy bardyr. Arzanyň görnüşi we ony tabşyrmagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilýär. Bellenilen görnüş boýunça düzülmedik arza we ony tabşyrmagyň tertibiniň bozulmagy, şeýle arza seretmekden salgyt gullugyna boýun gaçyrmaga esas bolýar.

**Türkmenistanda tölenilen girdeji salgydynyň pul möçberi hakynda tassyknama.** Türkmenistana dahylsyz salgyt töleýjileriň Türkmenistanda girdeji salgydyny hakykatdan hem töländiklerini tassyklaýan haýyş hatlary boýunça, salgyt gullugy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenilen görnüşdäki resminamany bermäge borçludyr.

**«Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar**

1. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy haçan we haýsy döwletiň salgyt ulgamyna ilkinji gezek girizildi?
2. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň aýry-aýry döwletleriň salgyt ulgamyna ornaşdyrylmagynyň esasy sebäpleri nämeden ybarat?
3. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň gurluşynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
4. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň gurluşynyň Sedulýar görnüşiniň mazmuny nämeden ybarat?
5. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň gurluşynyň global görnüşiniň mazmuny nämeden ybarat?
6. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň töleýjileri kim?
7. Türkmenistana dahylly şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt salynýan binýat näme?
8. Türkmenistana dahylsyz şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt salynýan binýat näme?
9. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, kimden alnan girdejiler şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny salynmaga degişli?
10. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salynmaga degişli girdejileriň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
11. Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik iş ýeriniň üstünden telekeçilik işini we hünär hyzmatlaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly girdejiler şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny salynmaga degişlimi?
12. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny salmak maksady bilen, haýsy ýer hemişelik iş ýeri diýlip hasap edilýär? Hemişelik iş ýeri kesgitlenilende, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň haýsy kadalary ulanylýar?
13. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny salmak maksady bilen, hünärmenlik hyzmatlary haýsy garaşsyz işleri öz içine alýar?

14. Salgyt salmak maksady bilen, şahsy adamlaryň alýan haýsy girdejileri şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny salynmaga degişli edilmeýär?
15. Hemişelik wekilhananyň zähmete hak tölemek üçin çykdajylary görnüşdäki girdejileri, Türkmenistana dahylsyz şahsy taraplar üçin Türkmenistanyň çeşmelerinden alynýan girdejilere degişli edilýärmi?
16. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, haýsy girdejiler göz öňünde tutulýar?
17. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy kesgitlenilende, maddy bähbitlere we durmuş eşretlere haýsy zatlar degişli edilýär?
18. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň salgyt özeni haýsy görnüşde kesgitlenilýär?
19. Haýsy ýagdaýlarda şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň salgyt özeni 0 (nola) deň diýlip hasap edilýär?
20. Ätiýaçlandyryş tölegleri boýunça şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär? Ätiýaçlandyryş tölegleri boýunça salgyt özeni «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasyna laýyklykda hasaba alynýar?
21. Şerekete gatnaşmakdan alnan girdejiler boýunça şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň salgyt özeni salgyt töleýji – hususy telekeçi tarapyndan haýsy aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär?
22. Oýun işinden alynýan girdejiler boýunça girdeji salgydy haýsy tertipde kesgitlenilýär?
23. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özenini kesgitlemek üçin kabul edilýän girdeji haýsy bahalardan ugur alnyp hasaplanýar?
24. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny kesgitlemek maksady bilen, emlägi kesekä bermek (döwletiň haýryna almak) harytlaryň ýerleşdirilmegi diýlip hasap edilýärmi?
25. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny kesgitlemek maksady bilen, emlägiň ýerleşdirilmegi bolup durmaýan ýagdaýlara haýsy ýagdaýlar degişli?

26. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny hasaplamak maksady bilen, harytlar (hyzmatlar, işler) muzdsuz berlende, girdeji haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
27. Geleşige gatnaşýan taraplar tarapyndan çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary bellenilmedik halatynda, girdeji haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
28. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny hasaplamak maksady bilen, deň bolmadyk çalşykda jemi girdeji haýsy tertipde kesgitlenilýär?
29. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny hasaplamak maksady bilen, işini bes edýän hususy telekeçileriň harytlary ýerleşdirilende, girdeji haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
30. Bileleikdäki guramalar, telekeçilik däl edara görnüşli taraplar hem-de döwlet häkimýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary üçin ýerleşdirilýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler we amal edilýän hyzmatlar boýunça girdejiler haýsy bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär?
31. Şahsy adamlardan alynýan girdejileriň haýsy görnüşleri şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň salgyt özenine goşulmaýar?
32. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, haýsy girdejiler girdeji hökmünde kabul edilmeýär?
33. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny kesgitlemek maksady bilen, haýsy girdejiler telekeçilik işinden alynýan girdejileriň düzümine goşulmaýar?
34. Haýsy şahsy taraplaryň girdejileri şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny salynmaga degişli däl?
35. Haýsy ýagdaýlarda daşary ýurt raýatlarynyň girdejileri şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny salynmaga degişli edilmeýär?
36. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, şahsy tarapyň haýsy salgyt aýyrmalary almaga hukugy bar?
37. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, salgyt töleýjiniň eklenjindäki we eklenjindäki taraplara degişli edilmeýän adamlara haýsy taraplar degişli edilýär?

38. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça şahsy tarapyň birnäçe esas boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda, salgyt aýyrmasy haýsy tertipde ulanylýar?
39. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy babatynda salgyt töleýjiniň meýletin pensiýa we (ýa-da) saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeleriň möçberinde salgyt aýyrmalaryny ulanmaga hukugy barmy?
40. Salgyt özeni kesgitlenilende, işi telekeçilik işi, hünär hyzmatlary bilen baglanyşykly salgyt töleýjileriň haýsy toparlarynyň salgyt aýyrmalaryny almaga hukugy bar?
41. Işi telekeçilik işi, hünär hyzmatlary bilen baglanyşykly salgyt töleýjileriň çykdajylary resminamalar bilen delillendirilmedik ýagdaýlarynda, salgyt aýyrmalary haýsy möçberde kabul edlýär?
42. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni hasaplanylanda, resminamalar bilen delillendirilen çykdajylar şol bir wagtda kesgitlenilen ölçegiň çägindäki çykdajylar hökmünde hasaba alynýarmy?
43. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende, salgyt aýyrmalary salgyt töleýjilere haýsy resminamanyň esasynda berilýär?
44. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça kesgitlenilýän girdejiniň hakyky alnan senesi diýlip haýsy sene hasap edilýär?
45. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça haýsy döwür salgyt ýyly diýlip kabul edilýär?
46. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt ýylynyň dowamynda salgyt beýannamasyny tabşyrmak talap edilen halatynda, girdejileriň aýry-aýry görnüşleri boýunça hasabat döwri diýlip haýsy döwür kabul edilýär?
47. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt möçberi haýsy derejede kesgitlenilýär?
48. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň umumy pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär?
49. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň umumy pul möçberi salgyt töleýjiniň haýsy girdejilerinden ugur alnyp hasaplanýar?

50. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi haýsy pul birliginde we haýsy tertipde hasaplanýar?
51. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy babatynda, kime salgyt ýumuşçylary diýilýär?
52. Aklawjylaryň alan girdejilerinden girdeji salgydyny kim hasaplap çykarýar we tutyp alýar?
53. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjä girdeji tölenende, salgydy hasaplap çykarmak we tölemek borjy salgyt töleýjiniň alýan ähli girdejilerine degişlimi ýa-da onuň diňe aýry-aýry görnüşlerine? Hususy telekeçilere girdeji tölenende, bu tertip ulanylýarmy?
54. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň pul möçberini hasaplap çykarmak salgyt ýumuşçysy tarapyndan haýsy tertip-düzgüni berjaý etmek bilen amala aşyrylýar? Salgydyň pul möçberi hasaplananda, salgyt töleýjä tölenilen jemi girdejiniň möçberi aýyrmalaryň möçberine azaldylýarmy? Eger-de bu soraga dogry jogap beren bolsaňyz, onda esasy işleýän ýeri boýunça zähmet ylalaşygy (kontrakty) boýunça tölenýän haka ýokardaky orta atylýan sowala siziň beren dogry jogabyňyz degişlimi?
55. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiden hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberiniň tutulyp alynmagy haýsy ýagdaýlarda we haýsy serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar?
56. Salgyt ýumuşçylary hasaplanylyp çykarylan we tutulyp alnan salgydyň pul möçberini haýsy möhletlerde Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmäge borçludyrlar. Salgyt töleýji salgyt ýumuşçysyndan girdejini önüm görnüşinde alanda, onda salgydyň pul möçberi salgyt ýumuşçysy tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet býujetine haýsy möhletde geçirilmeli?
57. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiden hasaplanyp çykarylan we tutulyp alnan salgydyň jemi pul möçberi haýsy döwlet salgyt gullugynyň hasabyna geçirilýär?
58. Salgyt ýumuşçylary salgyt töleýjilere olaryň alan girdejileri we tutulyp alnan salgydyň pul möçberleri hakynda haýsy resminamany bermäge borçly we bu resminamany bermäge näme esas bolup bilýär?

59. Salgyt töleýjiniň girdejisinden artykmaç tutulyp alnan salgydyň pul möçberi salgyt töleýjiniň arzasynyň berlen gününde başlap, näçe günden gijä galman yzyna gaýtarylyp berilýär?
60. Salgyt ýumuşçylary salgyt töleýjiler tarapyndan tölenýän we olardan tutulyp alynýan pul möçberleri hakyndaky maglumatlary döwlet salgyt gullugyna haýsy möhlete çenli tabşyrmaga borçludyrlar?
61. Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy pul möçberi salgyt töleýji tarapyndan salgydyň tutulyp alnan haýsy möçberini hasaba almak bilen hasaplanýar?
62. Türkmenistanyň raýatlary bolup duran taraplar tarapyndan salgyt beýannamasynyň esasynda hasaplanan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy pul möçberi haýsy möhlete çenli tölenmeli?
63. Salgyt beýannamasynyň esasynda hasaplanan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy pul möçberini daşary ýurt raýatlary haýsy möhlete çenli tölemeli?
64. Salgyt töleýji tarpyndan salgyt beýannamasy haýsy möhlete çenli we haýsy salgyt gullugyna tabşyrylmaly?
65. Daşary ýurt raýatlary tarapyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça düzülýän salgyt beýannamasy haýsy möhlete çenli salgyt gullugyna tabşyrylmaly?
66. Salgyt ýylynyň dowamynda daşary ýurtly şahsy tarap alynýan girdejilere salgyt salynmaga degişli işini togtadan we Türkmenistanyň çäklerinden daşary çykyp giden ýagdaýynda, Türkmenistanyň çäginde bolan wagtynda hasabat (salgyt) döwründe alan hakyky girdejileri baradaky düzen salgyt beýannamasyny haýsy möhletden gijä galman salgyt gullugyna tabşyrmaly?
67. Salgyt beýannamasy boýunça goşmaça hasaplanylyp çykarylan salgydyň pul möçberi näçe günden gijä galman tölenmeli?
68. Salgyt töleýji tarapyndan düzülen we salgyt gullugyna tabşyrylýan we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt beýannamasynda haýsy görkezijiler görkezilýär?

69. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy boýunça telekeçileriň girdeji alýan işleriniň sanawyny kim kesgitleýär?
70. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanmak üçin, telekeçi işe başlamagyndan näçe gün öň salgyt gullugyna resminamanyň haýsy görnüşini tabşyrmaly?
71. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy haýsy tölegleriň tölenilmegini göz öňüne tutýar?
72. Salgytlar boýunça ýeňillikleri bermek babatynda salgyt salmagyň ýeňillikli usulyny ulanýan telekeçiler üçin, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddalarynda göz öňünde tutulan salgyt ýeňillikleri ulanylmaýar?
73. Girdeji salgydynyň kesgitlenilen tölegi (kesgitlenilen patent tölegi) telekeçilik işleriniň her bir görnüşi boýunça bellenilýär. Telekeçi telekeçilik işleriniň birnäçe görnüşlerini amala aşyranda, kesgitlenilen patent töleginiň haýsysy ulanylýar?
74. Kesgitlenilen patent tölegi haýsy döwür başlanmanka tölenýär we kesgitlenilen patent töleginiň tölenýän döwri näçe aýdan az bolmaly däl?
75. Salgyt töleýji tarapyndan görkezilen döwürde amal edýän işiniň bes edilmegi, kesgitlenilen patent töleginiň hasaplanan möçberiniň üýtgemegine getirýärmi?
76. Kesgitlenilen patent töleginiň hasaplanan möçberi haýsy ýagdaýlarda üýtgedilip bilinýär?
77. Döwlet salgyt gullugy salgyt töleýjä haýsy resminamany berýär?
78. Goşmaça patent tölegi haýsy tertipde hasaplanýar?
79. Goşmaça patent tölegi kesgitlenilende, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan girdejini hasaplamak üçin «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddalarynyň düzgünleri ulanylýar?
80. Goşmaça patent töleginiň salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?
81. Goşmaça patent töleginiň özeni kesgitlenilende, ýerleşdirmekden daşarky girdejileriň haýsy görnüşleri hasaba alynýar?

82. Goşmaça patent töleginiň özeni kesgitlenilende, ýerleşdirmekden daşarky çykdajylaryň düzüminde haýsy çykdajylar hasaba alynýar?
83. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy bellenilen telekeçilik işinden alnan girdejä salgydyň möçberi haýsy derejede kesgitlenilýär?
84. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan telekeçiler üçin hasabat (salgyt) döwri diýlip haýsy döwür kabul edilýär?
85. Hasabat (salgyt) döwri üçin goşmaça patent töleginiň pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär?
86. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulagamyny ulanýan hususy telekeçiler – şahsy taraplardan alynýan girdeji salgydy baradaky beýannama salgyt gullugyna haýsy senä çenli tabşyrylýar?
87. Salgyt beýannamasynyň esasynda hasaplanyp çykarylan Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşmaça patent tölegi haýsy senä çenli tölenmeli?
88. Beýleki döwletleriň salgyt kanunçylygyna laýyklykda şahsy taraplaryň girdeji salgydyny şol döwletleriň çäklerinde tölänlerinde, olar Türkmenistanda girdeji salgydyny tölän wagtynda, girdeji salgydynyň bu pul möçberi hasaba alynmaga degişlimi?
89. Hasaplaşylýan salgydyň pul möçberi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda hasplanylan girdeji salgydynyň pul möçberinden köp bolup bilýärmi?
90. Hasaplaşylmaga degişli girdeji salgydynyň pul möçberine hasaplaşyk geçirmäge haýsy guramalaryň resminamalary esas bolýar?
91. Girdeji salgydyny tölemekden boşamak we beýleki salgyt ýeňillikleri almak üçin, Türkmenistana dahylsyz şahsy taraplar Türkmenistanyň salgyt gullugyna haýsy resminamalary tabşyrýarlar? Resminamalaryň görnüşini we olary tabşyrmagyň tertibini kim kesgitleýär?
92. Türkmenistanyň salgyt gullugy Türkmenistana dahylsyz şahsy taraplar – salgyt töleýjileriň haýyş hatlary boýunça özleriniň Türkmenistanda girdeji salgydyny hakykatdan hem töländiklerini tassyklaýan resminamany bermäge borçlumy?

# V bap
# ÝERLI ÝYGYMLAR

## 5.1.30. Mahabatlandyrma üçin ýygym

**Mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjiler** – täjirçilik häsiýetli mahabatlandyrmany ýaýradýan şahsy we edara görnüşli taraplar. Öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjiler bolup durmaýarlar. Töleýji tarpyndan özbaşdak ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we mahabatlandyrma gulluklarynyň üstünden ýaýradylýan täjirçilik häsiýeti bolan mahabatlandyrma **mahabatlandyrma üçin ýygymyň ýygym salynýan binýadydyr.** Mahabatlandyrma üçin ýygym boýunça ýygym salynmaýan mahabatlandyrma 33-nji şekilde görkezilýär.

*33-nji şekil*

**Mahabatlandyrma üçin ýygym boýunça ýygym salmagyň binýady hökmünde seredilmeýän mahabatlandyrma**




Mahabatlandyrma maglumatlaryny taýýarlamak we ýaýratmak bilen gönüden-göni baglanyşykly harajatlaryň jemi **mahabatlandyrma üçin ýygymy hasaplamagyň özenidir.** Mahabatlandyrma üçin harajatlaryň görnüşleri 34-nji şekilde beýan edilýär. Mahabatlandyrma maglumatlaryny taýýarlamak we ýaýratmak bilen gönüden-göni

*34-nji şekil*

**Mahabatlandyrma üçin harajatlar**

**Mahabatlandyrma üçin haratjatlar**
1

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üstünden mahabatlandyrma çärelerini (şol sanda metbugat bildirişleri bermek, radio we telewideniýe boýunça gepleşikleri guramak) geçirmek we telekommunikasiýa ulgamlary boýunça çykdajylar
2

Köpçülikleýin mahabatlandyrma çäreleri geçirilýän wagtynda ýaryşlaryň ýeňijilerine gowşurylýan baýraklary satyn almak (taýýarlamak) üçin çykdajylar, şeýle-de mahabatlandyrmanyň beýleki görnüşleri boýunça çykdajylar
3

Mahabatlandyrma stendlerini we mahabatlandyrma şitleriniň taýýarlanmagyny goşmak bilen, yşkly we beýleki daşky mahabatlandyrma üçin çykdajylar
4

Sergilere, ýarmarkalara, ekspozisiýalara gatnaşmak, witrinalary, satuw sergilerini, nusgalyk otaglary, görkezilýän zallary bezemek, salgyt töleýji tarapyndan ýerine ýetirilýän işler we amal edilýän hyzmatlar we (ýa-da) salgyt töleýjiniň özi barada maglumat berýän mahabatlandyrma kipatçalaryny we kataloglary taýýarlamak, görkezilýän wagtynda özüniň başky hilini doly ýa-da kem-käsleýin ýitiren harytlaryň bahasyny arzanlatmak üçin çykdajylar
5

baglanyşykly çykdajylaryň hasabyny töleýjiler aýratyn alyp barýarlar. Degişli salgyt (hasabat) döwri üçin ýygym özeni şol salgyt (hasabat) döwründe harçlanan we salgyt salynýan peýdany kesgitlemek maksady bilen Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154-nji maddasy) laýyklykda aýyrmalara degişli edilýän mahabatlandyrma üçin harajatlaryň jemi hökmünde kesgitlenilýär.

Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberi şu derejelerde bellenilýär:

– Aşgabat şäheri boýunça – mahabatlandyrma harajatlarynyň bahasynyň 5 göterimi;
– welaýat merkezleri bolup durýan şäherleri üçin – mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 4 göterimi;
– beýleki ilatly ýerler üçin – mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 3 göterimi.

Mahabatlandyrma üçin ýygymyň salgyt we hasabat döwri kalendar çärýegine laýyklykda kesgitlenilýär. Mahabatlandyrma üçin

ýygymyň pul möçberini ýygym töleýjiler özbaşdak hasaplaýarlar. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň býujete tölenmeli pul möçberi ýygymyň özenini ýygymyň möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär.

Mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjileriň her biri her bir hasabat döwri üçin mahabatlandyrma ýygymy boýunça beýannamany tabşyrmalydyrlar. Geçen hasabat döwri üçin mahabatlandyrma üçin ýygym boýunça beýannama hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 20-sinden gijä galman tabşyrylýar. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň pul möçberi ýygym töleýji tarapyndan hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman tölenýär.

**Mysal.** «Integral» hususy kärhanasy mahabatlandyrma işleri bilen meşgullanýar. 2011-nji ýylyň III çärýeginde «Integral» hususy kärhanasy mahabatlandyrma işlerini geçirmek üçin 52-nji tablisada görkezilen harajatlary amal edipdir. 2011-nji ýylyň III çärýeginde bahalaryň üýtgemegi sebäpli mahabatlandyrma üçin ýygymyň ýygym özeni 1740 manat pul möçberinde artdyryldy we şertnamalaryň bölekleýin ýatyrylmagy sebäpli ýygym özeni 2505 manat pul möçberinde azaldyldy. 2011-nji ýylyň III çärýeginde öňki beýannamalar boýunça mahabatlandyrma üçin ýygymyň hasaplanylyp ýazylan pul möçberi 576 manat.

**Goşmaça maglumatlar.** «Integral» hususy kärhanasy Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda salgyt hasabyna alnypdyr. Hukuk salgysy we hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy: poçta indeksi 744026, Aşgabat şäheri, Köpetdag etraby, Garaşsyzlyk şaýoly, 80-nji jaý, 5-nji otag. EGTÝDB kody: 26664709, ŞSB: 101131000079, telefon 48-17-64. Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarap Güljahan Meretgeldiýewa. Beýannamanyň iberilen senesi: «19» oktýabr 2011-nji ýyl, alnan senesi 2011-nji ýylyň 20-nji oktýabry «Integral» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy Serdar Aşyralyýew, baş hasapçysy Güljahan Meretgeldiýewa. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň ýolbaşçysy Merdan Çaryýew, salgyt inspektory Maksat Ataýew, hasap boýunça işgär Tawusjemal Bäşimowa. Kameral barlagynyň tamamlanan senesi: «30» oktýabr 2011 ýyl.

*52-nji tablisa*

**«Integral» hususy kärhanasynyň 2011-nji ýylyň III çärýeginde mahabatlandyrma işlerini geçirmek üçin eden harajatlary**

| № | Mahabatlandyrma işlerini geçirmek üçin edilen harajatlaryň görnüşleri | Harajatlaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (şol sanda metbugatda bildirişler, radio we telewideniýe boýunça gepleşikler) we telekommunikasiýa ulgamlarynyň üsti bilen mahabatlandyrma çäreleri üçin çykdajylar | 8582 |
| 2 | Mahabatlandyrma stendlerini we şitleri taýýarlamagy goşmak bilen, yşykly we beýleki daşarky mahabatlandyrma üçin çykdajylar | 7235 |
| 3 | Sergilere, ýarmarkalara, ekspozisiýalara gatnaşmak, witrinalary, satuw sergilerini, nusgalyk otaglaryny we görkeziş zallaryny bezemek, gurama tarapyndan ýerine ýetirilýän işler we amal edilýän hyzmatlar we guramalaryň özi baradaky maglumatlary özünde jemleýän mahabatlandyryş kitapçalaryny taýýarlamak, görkezilýän döwründe özüniň başky hilini doly ýa-da kem-käsleýin ýitiren harytlary arzanlatmak üçin çykdajylar | 11146 |
| 4 | Köpçülikleýin mahabatlandyrma çäreleri geçirilýän wagtynda baýrakly oýunlaryň ýeňijilerine gowşurylýan baýraklary satyn almak (taýýarlamak) üçin çykdajylar, şeýle hem mahabatlandyrmanyň beýleki görnüşleri üçin çykdajylar | 3488 |

52-njy tablisada berilýän maglumatlaryň we goşmaça maglumatlaryň esasynda 53-nji tablisada getirilýän mahabatlandyrma üçin ýygym baradaky beýannamany doldurmaly.

*53-nji tablisa*

**«Integral» hususy kärhanasynyň 2011-nji ýylyň III çärýegindäki mahabatlandyrma işi üçin ýygym barada beýannama**

| | |
|---|---|
| 1 | **Mahabatlandyrma üçin ýygym barada beýannama,**<br>2011-nji ýylyň III çärýegi üçin |
| 2 | Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna |
| 3 | Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň doly ady: «Integral» hususy kärhanasy |

<table>
<tr><td>4</td><td colspan="5">Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi 744026 Welaýat ____________________<br>Etrap: Köpetdag Şäher: Aşgabat ________________<br>Ilatly ýer (oba, şaherçe we ş.m.) _____________________________________<br>Etrapça ________________________ şaýol, köçe geçelge: Garaşsyzlyk şaýoly<br>Jaý № 80 Korpus ____________________ Öý № 5</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="5">Hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: 744026 Welaýat ________________________<br>Etrap: Köpetdag Şäher: Aşgabat<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) ______________________________________<br>Etrapça _________________ şaýoly, köçe, geçelge: Garaşsyzlyk şaýoly<br>Jaý: № 80 Korpus ______________ Öý: № 5</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTÝDB kody: 26664709</td><td>7</td><td>ŞSB:<br>101131000079</td><td>8</td><td>telefon:<br>48-17-64</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="5">Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A.A. we wezipesi: Güljahan Meretgeldiýewa, baş hasapçy</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="5">Salgyt töleýji – şahsy tarapyň familiýasy _______ ady ______ atasynyň ady ______</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="5">Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: ______________ Welaýat _________________________<br>Etrap: _____________________ Şäher: ___________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) __________________________________<br>Etrapça _________________ şaýoly, köçe geçelge: ____________________<br>Jaý ________________ Korpus ______________ Öý ___________________</td></tr>
<tr><td>12</td><td colspan="2">ŞSB</td><td>13</td><td colspan="2">Telefon</td></tr>
<tr><td>14</td><td colspan="2">Iberilen senesi: 2011-nji ýylyň oktýabr aýynyň «19-y»</td><td>15</td><td colspan="2">Alnan senesi: 2011-nji ýylyň oktýabr aýynyň «20-i»</td></tr>
<tr><td>16</td><td colspan="5">I bap. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň özeni we hasaplanan pul möçberi</td></tr>
<tr><td>17</td><td colspan="4">Görkezijiler</td><td>Pul möçberi</td></tr>
<tr><td>18</td><td colspan="4">Hasabat döwründäki özeni (mahabatlandyrma üçin harajatlar) – jemi şol sanda:</td><td>30451</td></tr>
<tr><td>18.1</td><td colspan="4">köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (şol sanda metbugatda bildirişler, radio we telewideniýe boýunça gepleşikler) we telekommunikasiýa ulgamlarynyň üsti bilen mahabatlandyrma çäreleri üçin çykdajylar</td><td>8582</td></tr>
<tr><td>18.2</td><td colspan="4">mahabatlandyrma üçin stendleri we şitleri taýýarlamagy goşmak bilen, yşykly we beýleki daşarky mahabatlandyrma üçin çykdajylar</td><td>7235</td></tr>
<tr><td>18.3</td><td colspan="4">sergilere, ýarmarkalara, ekspozisiýalara gatnaşmak, witrinalary, satuw sergilerini, nusgalyk otaglary we görkeziş zallaryny bezemek, gurama tarapyndan ýerine ýetirilen işler we edilýän hyzmatlar we (ýa-da) guramanyň özi baradaky maglumatlary özünde jemleýän mahabatlandyryş kitapçalaryny we kataloglaryny taýýarlamak, görkezilýän döwründe özüniň başky hilini doly ýa-da kem-käsleýin ýitiren harytlary arzanlatmak üçin çykdajylar</td><td>11146</td></tr>
</table>

| | | |
|---|---|---|
| 18.4 | köpçülikleýin mahabatlandyrma çäreleri geçirýän wagtynda baýrakly oýunlaryň ýeňijilerine gowşurylýan baýraklary satyn almak (taýýarlamak) we şeýle mahabatlandyrmanyň beýleki görnüşleri üçin çykdajylar | 3488 |
| 19 | Bellenilen düzedişler girizilen halatynda ýygym özenini artdyrýan pul möçberi | 1740 |
| 20 | Bellenilen düzedişler girizilen halatynda ýygym özenini azaldýan pul möçberi | 2505 |
| 21 | Düzedişleri göz öňünde tutmak bilen, mahabatlandyrma üçin ýygymyň özeni (18-nji setire goşmak 19-njy setir, aýyrmak 20-nji setir) | 29686 |
| 22 | Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberi, göterimde | 5 |
| 23 | Mahabatlandyrma üçin ýygymyň pul möçberi (21-nji setir x 22-nji setir) | 1484 |
| 24 | **Mahabatlandyrma üçin ýygymyň býujete tölenmäge degişli pul möçberini hasaplamak** | |
| 25 | Hasabat döwründe mahabatlandyrma üçin ýygymyň hasaplanylyp ýazylan pul möçberi (şu döwür üçin öňki beýannamalar boýunça) | 576 |
| 26 | Mahabatlandyrma üçin ýygymyň goşmaça hasaplanylyp ýazylmaga degişli pul möçberi (23-nji setirden aýyrmak 25-nji setir), bu ýerde oňaýsyz netije 27-nji setire ýazylýar | 908 |
| 27 | Mahabatlandyrma üçin ýygymyň azaldylmagyna degişli pul möçberi (26-njy setiriň oňaýsyz netijesi) | – |
| 28 | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dolulygyny we dogrudygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy: Serdar Aşyralyýew ____________________<br>(goly)<br>Baş buhgalter: Güljahan Meretgeldiýewa ____________________<br>(goly)<br>Şahsy adam ______________________________________________<br>(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly) | |
| 29 | Kameral barlagynyň netijesi __________________________________________<br>Kameral barlagynyň tamamlanan senesi: «30» oktýabr 2011 ýyl | |
| 30 | Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy: Merdan Çaryýew __________________<br>(goly)<br>Salgyt inspektory: Maksat Ataýew __________________<br>(goly) | |
| 31 | Salgyt beýannamasy boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy / azaldyldy: 908 manat | |
| 32 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi:<br>«31» oktýabr 2011 ýyl<br>Hasap boýunça işgär: Tawusjemal Bäşimowa __________________<br>(goly) | |

### 5.2.31. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym

**Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler.** Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler aşakdakylardyr:

**1.** Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar, şeýle-de Türkmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen baglaşylan zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly zähmet ylalaşygy (şertnama) we raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleýän Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy taraplar. Edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler salgyt ýumuşçylary diýlip ykrar edilýär.

**2.** Edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen zähmet gatnaşyklary bilen bagly bolmadyk we raýat – hukuk häsiýetli ylalaşyk boýunça işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary amal etmekden (şol sanda hünär hyzmatlaryny) girdeji alýan, ylmy, edebiýat we sungat eserlerini döredendigi, ýerine ýetirendigi ýa-da başga hili peýdalanandygy üçin awtorlyk hakyny ýa-da hak alýan, açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtorlaryna tölenýän hak alýan, ylmy, döredijilik işi amala aşyrmakdan, beýleki zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden hak alýan Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy taraplar, şeýle-de oba hojalyk önümlerini özbaşdak öndürmekligi amala aşyrýan adamlar. Taraplaryň görkezilen toparyna daşary ýurtlarda ýa-da daşary ýurtlardan gelip hakyna tutma işden girdeji alýan şahsy taraplar hem degişlidirler.

**3.** Şahsy taraplar – hususy telekeçiler.

**4.** Edara görnüşli taraplar, şol sanda Türkmenistanyň çäklerinde öz işini hemişelik wekilhanalaryň üstünden amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar.

Şu aşakdakylar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler bolup durmaýanlar:

– öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar;

– Türkmenistanyň Merkezi banky;

– Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti;

– maýa goýum pensiýa gaznalary;

– maýyplary dikeltmegi amala aşyrýan guramalar;

– bilim edaralary;

– maýyplaryň jemgyýetçilik birleşmeleriniň kärhanalary;

– dini guramalar;

– halkara, hökümetara, döwletara guramalar.

**Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň möçberleri.** Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň möçberleri 35-nji şekilde görkezilýär. Peýda kesgitlenilende humarly oýun işinden alynýan girdejiler hem hasaba alynýar. Salgyt (hasabat) döwürleri diýlip salgyt ýyly ykrar edilýär.

**Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy tölemegiň we ýygym boýunça beýannamany tabşyrmagyň tertibi.** Şahsy tarap – hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar, şol sanda Türkmenistanyň çäklerinde öz işini hemişelik wekilahanasynyň üstünden amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy özbaşdak hasaplaýarlar. Ýygymy töleýjiler (hususy telekeçiler olara goşulmaýarlar) şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym boýunça hasabat döwri üçin beýannamany tabşyrmak üçin bellenilen günden başlap bäş gün möhletde ýygymyň pul möçberini töleýärler. Hususy telekeçiler geçen hasabat döwründen soň gelýän ikinji aýyň 25-inden giç bolmadyk möhletde ýygymyň pul möçberini töleýärler.

*33-nji şekil*

**Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň möçberleri**




Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym boýunça salgyt beýannamasy edara görnüşli taraplar tarapyndan ýyl boýunça maliýe hasabatyny tabşyrmak üçin göz öňünde tutulan möhletlerde, hususy telekeçiler üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň kesgitleýän görnüşi boýunça hasabat döwründen soňky gelýän ikinji aýyň 15-inden gijä galman tabşyrylýar. Şu okuw kitabynyň I kitabyndaky 5.2.31-nji soragynyň 1-nji böleginde görkezilen şahsy taraplardan şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy hasaplamak, tutup almak we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek salgyt ýumuşçylarynyň üstüne ýüklenýär. Salgyt ýumuşçylary ýygymy hasaplaýarlar, tutup alýarlar we ony şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny tölemek üçin bellenilen möhletlerde töleýärler. Şahsy tarap esasy iş ýerinden geçen aý üçin ýygymyň tölenendigi barada

tassyknama tabşyranda, salgyt ýumuşçylary ondan ýygymy tutup almaýarlar.

Salgyt ýumuşçylary geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň ýanwar aýynyň 20-sine çenli Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenýän görnüş boýunça özüniň salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna hasaplanan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilen şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň pul möçberleri baradaky maglumatlary berýärler. Okuw kitabynyň I kitabyndaky 5.2.31-nji soragynyň 2-nji böleginde görkezilen şahsy taraplar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy özbaşdak hasaplaýarlar we şahsy taraplardan alynýan girdeji salgydyny tölemek üçin kesgitlenilen möhletlerde ýerli býujetlere töleýärler. Görkezilen şahsy taraplar, şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň salgyt döwründe salgyt ýumuşçylary tarapyndan tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenen aýlary üçin bu ýygymy tölemeýärler. Şahsy taraplar salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna bu barada ýazmaça habar berýärler we beýannamany tabşyrmak üçin bellenilen möhletde salgyt ýumuşçylarynyň bu baradaky tassyknamasyny tabşyrýarlar. Tassyknamanyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

**Mysal.** 54-nji tablisada Türkmenistana dahylly şahsy taraplaryň, hususy telekeçileriň, şahsy tarap – hususy telekeçileriň, edara görnüşli taraplaryň, hemişelik wekilhananyň üsti bilen Türkmenistanyň çäginde işini amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplaryň hasabat döwründe alan girdejileri hakynda maglumatlar berilýär. 54-nji tablisanyň 4-nji sütüniniň degişli setirleri boýunça «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda kesgitlenilen şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň möçberini ýazmaly. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň pul möçberini hasaplap çykarmaly we onuň netijelerini 54-nji tablisanyň 5-nji sütüniniň degişli setirlerine ýazmaly.

*54-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly şahsy taraplaryň, hususy telekeçileriň, şahsy taraplar – hususy telekeçileriň, edara görnüşli tarapyň, hemişelik wekilhananyň üsti bilen Türkmenistanyň çäginde işini amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplaryň hasabat döwründe alan girdejileri hakynda maglumatlar**

| № | Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň töleýjileri bolup duran we töleýjileri bolup durmaýan şahsy we edara görnüşli taraplar | Hasabat döwründe alan girdejisiniň (peýdasynyň) pul möçberi, manat | Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň möçberi (göterim) | Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | Zähmet ylalaşygy (şertnama) esasynda Türkmenistana dahylly «Sere» hususy kärhanasyndan zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işleýän Türkmenistana dahylly şahsy tarap Atamyrat Permanowyň alan girdejisi | 744 | X | 2 |
| 2 | Türkmenistana dahylly «Intek Hyzmat Merkezi» hususy kärhanasy bilen baglaşylan, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly raýat– hukuk häsiýetli şertnama boýunça işleýän Türkmenistana dahylly şahsy tarap Mergen Amangeldiýewiň alan girdejisi | 1000 | X | 2 |

*54-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3 | Türkmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçasynyň üsti bilen amala aşyrýan «Winterşal Aksiýengeselşaft» daşary ýurt kompaniýasy bilen baglaşylan, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykyly zähmet ylalaşygy boýunça işleýän Türkmenistana dahylly şahsy tarap Döwlet Allanazarowyň alan girdejisi | 920 | X | 2 |
| 4 | Türkmenistanyň çäklerinde öz işini wekilhanasynyň üsti bilen amala aşyrýan «Singl Buý Muýrings Ink» daşary ýurt kompaniýasy bilen baglaşylan, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly raýat-hukuk şertnamasy boýunça işleýän Türkmenistana dahylly Gurban Allaberdiýewiň alan girdejisi | 840 | X | 2 |
| 5 | Hususy telekeçi Batyr Kömekow bilen baglaşylan zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly zähmet ylalaşygy boýunça iş leýän Türkmenistana dahylly Zakir Hekimowyň alan girdejisi | 560 | X | 2 |
| 6 | Edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen zähmet gatnaşyklary bilen bagly bolmadyk raýat– – hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça işleri ýerine ýetirmekden Türkmenistana dahylly şahsy tarap Şöhrat Hudaýberdiýewiň alan girdejisi | 1488 | X | 2 |

*54-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 7 | Ylmy, edebiýat we sungat eserleri döredendigi, ýerine ýetirendigi we gaýry görnüşde ulanandygy üçin Türkmenistana dahylly şahsy tarap Rüstem Meňlibaýewe tölenen hak | 2942 | X | 2 |
| 8 | Oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtory Türkmenistana dahylly şahsy tarap Maksat Gulçinowe tölenen hak | 1794 | X | 2 |
| 9 | Ylmy, döredijilik işi amala aşyrmakdan Türkmenistana dahylly şahsy tarap Batyr Akyýewiň alan haky | 2480 | X | 2 |
| 10 | Özbaşdak oba hojalyk önümlerini öndürmekden Türkmenistana dahylly Allamyrat Ballaýewiň alan girdejisi | 3156 | X | 2 |
| 11 | Özbegistan respublikasynda hakyna tutma işden Türkmenistana dahylly şahsy tarap Nurýagdy Haýydowyň alan girdejisi | 2677 | X | 2 |
| 12 | Türkmenistana dahylly hakyna tutma işleri ýerine ýetirmekden Gazagystan respublikasyndan gelip gowşan şahsy tarap Serdar Diwanowyň alan girdejisi | 3348 | X | 2 |
| 13 | Şahsy tarap – hususy telekeçi Begmuhammet Muhammedowyň harytlary ýerleşdirmekden alan jemi girdejisi | 11180 (şol sanda GBÜS 1458) | 0,3 | 29 [ (11180-1458) x x0,3% : 100% ] |

*54-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 14 | Türkmenistana dahylly bolup duran Maral Atdaýewanyň Maliýe institutyndan alan zähmet haky | 1080 | – | 2 |
| 15 | «Şa - Gürgenç» oba hojalyk önümlerini öndürýän hojalyk jemgyýetiniň alan peýdasy (peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän peýdanyň pul möçberi) | 10909 | 0,5 | 56 (10909 x 0,5% : :100%) |
| 16 | «Plamýa El Türkmenistan» hojalyk jemgyýetiniň alan peýdasy (peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän peýdanyň pul möçberi) | 3788 | 1 | 38 (3788 x 1% : 100%) |
| 17 | «Inpribor» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň peýdasy (peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän peýdanyň pul möçberi) | 19882 | 1 | 199 (19882 x 1% :100%) |
| 18 | «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işini amala aşyrýan «Katerman Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň wekilhanasynyň alan peýdasy | 164128 | – | – |

### 5.2.32. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym

**Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler**. Tölegli awtoduralga hökmünde peýdalanylýan ýer bölekleri berkidilen şahsy taraplar – hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjileri diýlip ykrar edilýärler. Şonuň bilen birlikde, şonuň ýaly taraplar ýygymy töleýjiler bolup durýarlar we awtoduralga hökmünde peýdalanylýan ýer ülşüniň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt hasabyna durmaga borçludyrlar.

**Awtoduralglaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça ýygym salynýan binýat we ýygymy hasaplamagyň tertibi.** Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjä bölünip berlen we tölegli awtoduralga üçin niýetlenilen ýer ülüşi awtoduralga hökmünde doly ýa-da bölekleýin ulanylyp başlan pursadyndan ýygym salynýan binýat bolup durýar. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça ýygymyň özeni ýer ülüşiniň umumy meýdanydyr. Birnäçe gaty bolan awtoduralgalar üçin awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça ýygym özeni diýlip her gatyň umumy meýdany kabul edilýär.

**Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberleri.** Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberleri awtoduralganyň bir kwadrat metri üçin:

– Aşgabat şäher üçin – 1,5 manat möçberinde;
– welaýat merkezleri bolup durýan şäherler we Türkmenbaşy, Abadan şäherleri üçin – 1,2 manat möçberinde;
– beýleki ilatly ýerler üçin – 0,9 manat möçberinde.

**Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça salgyt we hasabat döwürleri.** Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça salgyt we hasabat döwürleri senenama çäriýegine deň laýyklykda bellenilýär.

**Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň hasaplanylyşynyň tertibi.** Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler özbaşdak hasaplaýarlar. Awtoduralgalaryň eýelerinden

alynýan ýygymyň pul möçberi ýygymyň özenini ýygymyň pul möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy hasaplamak üçin, töleýjiniň salgyt (hasabat) döwründe awtoduralgany näçe wagtyň dowamynda ulanandygy hasaba alynmaýar.

**Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmak we ýygymyň tölenýän möhleti.** Awtoduralglaryň eýelerinden alynýan ýygym üçin beýannama ýygym töleýjiler tarapyndan awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler hökmünde hasaba alnan ýeri boýunça salgyt gullugyna her bir hasabat döwri tamamlanandan soň, hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 20-sinden gijä galman tabşyrylýar. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň pul möçberini töleýjiler hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman töleýärler.

**Mysal.** Şahsy tarap – hususy telekeçi Parahat Sapaýew özüne berlen ýeri awtoduralga edip, ony awtoulaglary tölegli saklamak üçin ulanýar. Awtoulaglary tölegli saklamak üçin 2012-nji ýylyň II çäriýeginde ulanylýan ýeriň meýdany 1810 kwadrat metr.

**Goşmaça maglumatlar.** Şahsy tarap – hususy telekeçi Parahat Sapaýew Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda hasaba alnypdyr. Şahsy tarap – hususy telekeçi Parahat Sapaýewiň ýaşaýan ýeriniň salgysy: poçta indeksi 744021, Aşgabat şäheri, Baýmuhammet Garryýew köçesiniň 22-nji jaýy. ŞSB: 104122873629, telefon: 94-43-77. Beýannamanyň iberilen senesi: 2012-nji ýylyň iýul aýynyň 18-i, alnan senesi 2012-nji ýylyň iýul aýynyň 19-y. Kameral barlagynyň tamamalanan senesi: 2012-nji ýylyň awgust aýynyň 3-i.

Hasabat döwründe öňki beýannamalar boýunça awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň hasaplanylyp ýazylan pul möçberi 497 manat. Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy Nazar Maýew, salgyt inspektory Maksat Öwezow, hasap boýunça işgär Maýsa Pälwanowa.

Ýokarda getirilen maglumatlaryň esasynda 55-nji tablisada getirilýän awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça beýannamany düzmeli.

## Şahsy tarap – hususy telekeçi Parahat Sapaýewiň 2012-nji ýylyň II çäriýegi üçin awtoduralglaryň eýelerinden alýan ýygymy boýunça beýannama

<table>
<tr><td>1</td><td colspan="5">Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça beýannama,<br>II çärýek, 2012 ýyl</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="5">Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="5">Salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň doly ady: ______________________________</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="5">Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi: ______________________ Welaýat ______________________<br>Etrap ______________________________ Şäher ______________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m. ) ________________________________________<br>Etrapça __________________ şaýol, köçe, geçelge ________________________<br>Jaý ______________________ Korpus __________________ Öý _______________</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="5">Hakyky ýerleşýän ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: _____________________ Welaýat __________________________<br>Etrap _____________________ Şäher _____________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m. ) ____________________________________<br>Etrapça _________________ şaýol, köçe, geçelge ___________________________<br>Jaý __________________ Korpus ______________________ Öý _______________</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTYDB kody</td><td>7</td><td>ŞSB:</td><td>8</td><td>Telefon:</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="5">Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A.A. we wezipesi:_____________<br>_____________________________________________________________</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="5">Salgyt töleýji – hususy telekeçiniň familiýasy: Sapaýew, ady: Parahat,<br>Atasynyň ady: _______________</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="5">Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi: ______744021 Welaýat __________________________<br>Etrap: <u>Arçabil</u> Şäher: <u>Aşgabat</u><br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m. ) __________________________________________<br>Etrapça _________________ şaýol, köçe, geçelge: Baýmuhammet Garryýew köçesi<br>Jaý № 2 Korpus _______________________ Öý _______________</td></tr>
<tr><td>12</td><td colspan="2">ŞSB: 104122873629</td><td>13</td><td colspan="2">Telefon: 94–43–77</td></tr>
<tr><td>14</td><td>Iberilen senesi: 2012-nji ýylyň iýul aýynyň 18-i</td><td></td><td>15</td><td colspan="2">Alnan senesi: 2012-nji ýylyň iýul aýynyň 19-y</td></tr>
<tr><td>16</td><td colspan="5">I bap. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň özeni we hasaplanylýan pul möçberi</td></tr>
<tr><td>17</td><td colspan="4">Görkezijiler</td><td>Pul möçberi</td></tr>
<tr><td>18</td><td colspan="4">Hasabat döwründäki özeni (töleýjä bölünip berlen we awtoulaglary tölegli saklamak üçin niýetlenilen ýeriň meýdany)</td><td>1810 $m^2$</td></tr>
</table>

| | | |
|---|---|---|
| 19 | Bellenilen düzedişler girizilen halatlarynda ýygym özenini artdyrýan pul möçberi | – |
| 20 | Bellenilen düzedişler girizilen halatlarynda ýygym özenini azaldýan pul möçberi | – |
| 21 | Düzedişleri göz öňünde tutmak bilen, awtoulaglaryň eýelerinden alynýan ýygymyň özeni (18-nji setire goşmak 19-njy setir, aýyrmak 20-nji setir) | – |
| 22 | Awtoulaglaryň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi | 1,5 |
| 23 | Awtoulaglaryň eýelerinden alynýan ýygymyň pul möçberleri (21-nji setir x 22-nji setir) | 2715 |
| 24 | **II bap. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň býujete tölenmäge degişli pul möçberini hasaplamak** | |
| 25 | Hasabat döwründe awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň hasaplanylyp ýazylan pul möçberi (şu döwür üçin öňki beýannamalar boýunça we ş.m.) | 497 |
| 26 | Awtoduralglaryň eýelerinden alyýan ýygymyň goşmaça hasaplanylyp ýazylmaga degişli pul möçberi (23-nji setirden aýyrmak 25-nji setir), bu ýerde oňaýsyz netije 27-nji setire ýazylýar | 2218 |
| 27 | Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň azaldylmaga degişli pul möçberi (26-njy setiriň oňaýsyz netijesi) | – |
| 28 | Şu beýannamada görkezilen maglumatlaryň dolulygyny we dogrudygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ______________________________<br>(familiýasy,ady, atasynyň ady) (goly)<br>Baş buhglater _________________________ __________<br>(familiýasy,ady, atasynyň ady) (goly)<br>Şahsy tarap – hususy telekeçi: Sapaýew Parahat __________<br>(goly) | |
| 29 | Kameral barlagynyň netijesi:______________________________________<br>______________________________________________________<br>Kameral barlagynyň tamamlanan senesi: «03» awgust 2012 ýyl | |
| 30 | Salgyt gullugynyň edarasynyň başlygy: Maýew Nazar _________<br>(goly)<br>Salgyt inspektory: Öwezow Maksat _________<br>(goly) | |
| 31 | Salgyt beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasyna hasaplanyldy/azaldyldy: 2218 manat | |
| 32 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylaryň edilen senesi: «04» awgust 2012 ýyl<br>Hasap boýunça işgär: Pälwanowa Maýsa _________<br>(goly) | |

## 5.4.33. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygym. Itleriň eýelerinden alynýan ýygym

**Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymy töleýjiler.** Türkmenistanyň çäklerinde awtomobilleriň ýerleşdirilemegini amala aşyrýan edara görnüşli we şahsy taraplar awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymy töleýjilerdir. Şu aşakdakylar awtomobilleri ýerleşdirmek üçin ýygymy töleýjiler däldir:

– öz işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar;

– Türkmenistanyň Merkezi banky;

**Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň ýygym salynýan binýady we ýygymyň özeni.** Awtomobilleriň (awtobuslaryň,

*35-nji şekil*

**Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň binýadyna goşulmaýan amallar**



pnewmatiki usulynda ýöreýän ýük we ýeňil awtomobilleri) ýerleşdirilmegi ýygymyň binýady diýlip ykrar edilýär. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň binýadyna goşulmaýan amallar 35-nji şekilde beýan edilýär.

Awtomobilleriň ýerleşdirilemegi üçin ýygymyň möçberleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az iş hakynyň ululygynyň şu aşakdaky derejesinde kesgitlenilýär:

– ýük awtomobilleri üçin – 8 esse ululykda;

– awtobuslar üçin – 5 esse ululykda;

– ýeňil awtomobiller üçin – 6 esse ululykda.

Aýry-aýry ýygym möçberi kesgitlenilýän ýerleşdirilýän awtomobilleriň sany awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymy hasaplamagyň özeni bolup durýar. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymy töleýjiler özbaşdak hasaplaýarlar. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň pul möçberi ýygymyň özenini ýygymyň möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygym awtomobilleri ýerleşdirmek boýunça geleşik resmileşdirilýän pursadyna çenli tölenýär. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň tölenendigi baradaky resminama, awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň dogry hasaplanandygyna we tölenendigine gözegçilik etmek borjy üstüne ýüklenen Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýa ýol gözegçiligi müdürligine awtomobiller hasapdan çykarylanda ýa-da bellige alnanda hökmany suratda berilýär.

**Mysal.** Şahsy tarap – hususy telekeçi Resul Çyrşakow Türkmenistanyň çägine 14 sany awtomobili, şol sanda 4 awtobusy, pnewmatik usulda ýöreýän 3 ýük we 7 sany ýeňil awtomobili ýerleşdirmek üçin getiripdir. Şahsy tarap-hususy telekeçi Resul Çyrşakow 4 awtobusy, 3 sany ýük awtomobilini adaty bazar bahasy boýunça ýerleşdiripdir. Ýeňil awtomobilleriň birini şahsy tarap – hususy telekeçi Resul Çyrşakow öz atasy Baýrammyrat Çyrşakowa, başga birini bolsa süýtdeş dogany Rüstem Çyrşakowa peşgeş beripdir. Şahsy tarap – hususy telekeçi Resul Çyrşakowyň ýerleşdiren awtobolleri üçin tölän ýygymynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Şahsy tarap – hususy telekeçi Resul Çyrşakowyň ýerleşdiren awtomobilleri üçin tölän ýygymynyň pul möçberi: AEÜÝ = [(50 manat x 4 sany x 5) + (50 manat x 3 sany x 8) + (50 manat x 6) x (7 sany – 2 sany)] = 3700 manat.

**Itleriň eýelerinden alynýan ýygym.** Şäherlerde ýaşaýan it eýeleri – şahsy taraplar itleriň eýelerinden (gulluk itlerinden başga) alynýan ýygymy töleýjilerdir. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymy ýygnamak ýaşaýyş jaý – jemagat hojalygy edaralarynyň üstüne ýüklenýär. Itleri bolan raýatlar olary şol edaralarda ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan bellenen tertipde we möhletlerde hasaba aldyrmaga borçludyrlar.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrabynyň ýaşaýyş jaý – jemgyýetçilik hojalygy 2011-nji hasabat ýylynda itleri bar raýatlaryň 125-sini hasaba alypdyr. Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrabynyň ýaşaýyş jaý – jemgyýetçilik hojalygynyň 2011-nji hasabat ýylynda itleriň eýelerinden alýan ýygymynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrabynyň ýaşaýyş jaý – – jemgyýetçilik hojalygynyň 2011-nji hasabat ýylynda itleriň eýelerinden alýan ýygymynyň pul möçberi: EAÝ = 125 x (50 manat x x 0,4)= = 2500 manat.

### «Ýerli ýygymlar» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň töleýjileri bolup kim çykyş edýär? Mahabatlandyrma üçin ýygymy kim tölemeýär?

2. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň binýady näme?

3. Mahabatlandyrma hyzmatlarynyň haýsy görnüşleri mahabatlandyrma üçin ýygymy salmagyň binýatlary bolup durmaýarlar?

4. Mahabatlandyrma üçin ýygymy hasaplamagyň özeni näme?

5. Mahabatlandyrma üçin harajatlaryň düzümine haýsy harajatlar goşulýar?

6. Mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjiler mahabatlandyrma maglumatlaryny taýýarlamak we ýaýratmak bilen gönüden-göni baglanyşykly çykdajylaryň aýratyn hasabyny alyp barmalymy?

7. Degişli salgyt (hasabat) döwri üçin mahabatlandyrma üçin ýygymyň salgyt özeni haýsy tertipde kesgitlenilýär?

8. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberi haýsy derejede kesgitlenilýär?

9. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň salgyt we hasabat döwürleri haýsy döwürlere laýyklykda kesgitlenilýär?

10. Mahabatlandyrma üçin ýygymy kim hasaplaýar?

11. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň býujete tölenmeli pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär?

12. Geçen hasabat döwri üçin mahabatlandyrma ýygymy boýunça beýannama haýsy senä çenli gijä galman tabşyrylýar?

13. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň hasaplanyp çykarylan pul möçberi ýygym töleýji tarapyndan haýsy senä çenli gijä galman tölenýär?

14. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler kim?

15. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy kim tölemeýär?

16. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler haýsy möçberde töleýärler?

17. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym boýunça salgyt we hasabat döwürleri haýsy döwre laýyk hasap edilýär?

18. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym boýunça beýannama ýygym töleýjileri tarapyndan haýsy senä çenli tabşyrylmaly?

19. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy ýygym töleýjileri tarapyndan haýsy senä çenli tölenmeli?

20. Haýsy ýagdaýlarda şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen

ýygymyň hasaplanylmagy, tutulyp alynmagy we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilmegi salgyt ýumuşçysynyň üstüne ýüklenýär?

21. Haýsy ýagdaýlarda salgyt ýumuşçylary şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy tutup almaýarlar?

22. Salgyt ýumuşçysy geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň 20-nji ýanwaryna çenli salgyt gullugyna haýsy maglumatlary bermäge borçludyr?

23. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler diýlip kim ykrar edilýär?

24. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň ýygym salynýan binýady näme? Haýsy pursatlardan başlap, ýygym salynýan binýat ýygym salynýan binýada degişli edilip başlanýar?

25. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy hasaplamagyň özeni diýlip haýsy özen hasaplanýar?

26. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi näçe?

27. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň hasaplanylmagy kimiň üstüne ýüklenýär?

28. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça beýannma haýsy senä çenli töleýji tarapyndan salgyt gullugyna tabşyrylýar?

29. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym töleýji tarapyndan haýsy senä çenli tölenýär?

30. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymy töleýjiler kim?

31. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymy töleýjileri däl diýlip kim ykrar edilýär?

32. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygym binýady näme?

33. Awtomobilleri ýerleşdirmek düşünjesi kesgitlenilende «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasynyň kadalary ulanylýar?

34. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň ýygym salynýan binýadyna haýsy amallar goşulmaýar?

35. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň ýygym özeni näme?

36. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň möçberleri haýsy derejede kesgitlenilýär?

37. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň pul möçberini kim hasaplap çykarýar?

38. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär?

39. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygym haýsy pursada çenli tölenýär?

40. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler kim?

41. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň pul möçberi haýsy tertipde kesgitlenilýär?

42. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymy kim hasaplaýar?

43. Itleriň eýeleri haýsy döwlet edarasynda hasaba alynmaga degişli?

# II bölüm
# SALGYT GÖZEGÇILIGI WE ONUŇ NETIJESI BOÝUNÇA ULANYLÝAN MALIÝE JERIMELERI WE PUŞMANA TÖLEGLERI ULGAMY

## VI bap
## DÖWLET SALGYT MENEJMENTINDE KAMERAL (DESLAPKY) WE RESMINAMALAÝYN SALGYT GÖZEGÇILIGINIŇ GEÇIRILIŞINIŇ TERTIBI

### 6.1.34. Kameral salgyt barlagyny geçirmäge bildirilýän umumy talaplar

Kameral (deslapky) salgyt barlaglary salgyt töleýjileriň ilkinji buhgalter we beýleki resminamalaryny barlaman, salgytlar we ýygymlar boýunça tölegleriň möçberlerini kesgitlemek maksady bilen döwlet salgyt gulluklarynyň amala aşyrýan işidir. Kameral salgyt barlagy döwlet salgyt gullugynyň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt töleýjileriň salgytlary hasaplamaga we tölemäge esas bolýan salgyt beýannamalarynyň, maliýe hasabatlarynyň we beýleki resminamalarynyň (hasabatlarynyň we hasaplamalarynyň), şeýle-de döwlet salgyt gullugynyň ygtyýarlygynda bar bolan başga resminamalaryň we maglumatlaryň esasynda geçirilýär. Kameral salgyt barlagy salgyt ýumuşçylarynyň tabşyrýan hasabatlary babatynda hem geçirilýär. Salgyt ýumuşçylarynyň hasabatlaryna kameral barlagyny geçirmek, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda salgyt ýumuşçylarynyň tabşyrýan hasabatlarynyň özboluşly aýratynlyklaryny we mazmunyny göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylýar.

Salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň ýörite çözgüdini talap etmeýän, salgyt gullugynyň wekillendirilen işgärleri tarapyndan olaryň

wezipe borçlaryna laýyklykda salgydy hasaplamaga we tölemäge esas bolýan salgyt töleýjiniň beýannamalaryna we resminamalaryna kameral barlagyny geçirmek, salgyt beýannamalarynyň we resminamalarynyň tabşyrylan gününden başlap, otuz günüň dowamynda amala aşyrylýar. Salgyt töleýjiler tarapyndan salgyt beýannamalary tabşyrylan gününden otuz gün geçenden soň, etraplar we şäherler boýunça salgyt gulluklarynyň işgärleri kameral barlagyny geçirip bilmeýärler we salgytlaryň dogry hasaplanylyşy hem-de tölenilişi bilen baglanyşykly soraglaryň ählisini aýdyňlaşdyrmak üçin resminamalaýyn barlagyň geçirilmegi bellenilýär. Şonuň bilen birlikde, salgyt gullugy hasabatlaryň aýry-aýry görnüşlerinde görkezilmeýän goşmaça maglumatlary salgyt beýannamasy tabşyrylan gününden 30 gün möhlet geçenden soň hem, resminamalaýyn barlagy geçirmezden talap edip bilýär. Kesgitlenilen möhletiň geçmegi bilen, kameral barlagy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy hem-de welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gulluklary tarapyndan aşakda durýan döwlet salgyt gulluklarynyň işine derňewleriň we mowzuklaýyn barlaglaryň dowamynda amala aşyrylýar.

Kameral barlagynyň geçirilmeginiň netijesinde hasabat bermekligiň dolulygynda, hasabat resminamalarynyň düzülişiniň dogrulygynda düzgün bozulmalar, resminamalaryň doldurylyşynda ýalňyşlyklar ýa-da tabşyrylan resminamalaryň maglumatlarynyň arasynda gapma-garşylyk tapylsa, onda salgyt töleýjisi 50 gün möhletde şol resminamalara degişli üýtgetmeleri girizmek ýa-da şol ýalňyşlyklar boýunça degişli düşündiriş bermek barada talap bildirmek bilen, ýazmaça görnüşinde habardar edilýär. Salgyt hasabyna düzedişleri girizmek barada duýduryşnamanyň görnüşi 36-njy şekilde beýan edilýär. Salgyt töleýjisine (salgyt ýumuşçysyna) salgyt habarnamasyny ýollamagyň tertibi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 41-nji maddasynyň düzgünine laýyklykda amala aşyrylýar.

Kameral barlagy geçirilýän döwründe, salgyt gullugynyň işgärleri düşündiriş almak üçin salgyt töleýji – şahsy tarapy ýa-da salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň wezipeli işgärlerini ýazmaça habarnamalaryň üsti bilen salgyt gullugyna çagyryp bilýärler. Geçirilen kameral barlagynyň netijesinde tölenmeli salgydyň möçberini azaldýan ýalňyşlyklar

*36-njy şekil*

**Hasabatlaryň tabşyrylmagy ýa-da olara düzediş girizilmegi hakynda habarnama**

| |
|---|
| Şu habarnama **Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça** döwlet salgyt gullugy tarapyndan düzüldi.<br>Habar berýär, |

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şahsy salgyt belgisi | 1 | 0 | 1 | 1 | 3 | 1 | 0 | 0 | 3 | 7 | 8 | 8 |

| | |
|---|---|
| Edara görnüşli tarap | |
| Edara görnüşli tarapyň ady | «Ak-Gurluşyk» hojalyk jemgyýeti |
| Ýerleşýän ýeriniň salgysy: | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Poçta indeksi | 7 | 4 | 4 | 0 | 2 | 6 | Welaýat | – |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ilatly ýer (oba, şägerçe we ş.m.) | – | Etrapça | Parahat-II |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Şaýoly, köçe, geçelge | 1958 Andalyp | jaý | 12 | Korpus | – |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Öý | 27 | Telefon | 46–00–72 | Faks | – | E-mail | – |

tapylan bolsa, onda şol kameral barlagyny geçiren salgyt gullugynyň işgäri 37-nji şekilde beýan edilýän görnüşdäki ykrarhaty düzýär.

Siziň 2011-nji ýylyň 9 aýy üçin tabşyran hasabatyňyz boýunça geçirilen kameral barlagyň netijesinde şu aşakdakylar anyklanyldy.

**1.** Siziň tabşyran hasabatyňyzyzda hasabaty tabşyrmak üçin bellenilen şu aşakdaky resminamalar ýok (ýetenok):

№ 1 – telekeçilik görnüş;

№ 32 görnüş (salgyt ýumuşçysy tarapyndan girdeji salgydy tutulan şahsy adamlar barada maglumat).

**2.** Bellenilen görnüşe laýyk gelmeýän resminamalar:

№ 2 – maliýe görnüş (maliýe netijeleri we olaryň ulanylyşy barada hasabat)

№ 4 – maliýe görnüş (pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat)

**3.** Hasabat resminamalarynda şu görkezijiler we maglumatlar doly bellenilmändir:

№ 1-nji goşundyda (goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannama) 15.2-nji setir boýunça salgyt özeni görkezilmändir.

**4.** Şu aşakdaky hasabatyň görnüşleriniň maglumatlary düşnüksiz doldurylan: Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň Döwlet goruna 3 göterim goýberme hasaplaşygy (1-nji setir – deňleme peýdasy)

**5.** Şu resminamalar doldurylanda goýberilen ýalňyşlyklar:

№ 2 – maliýe görkezijiler (maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy barada hasabat), 10-njy setir, 3-nji sütün önümleri, işleri, hyzmatlary we harytlary ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji)

**6.** Şu aşakdaky resminamalaryň arasyndaky çapraz gelmeler bar:

№ 2 – maliýe görnüşiniň (maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy barada hasabat) 010-nji setiriň 3-nji sütünindäki görkeziji bilen 20-nji goşundydaky 15-nji setirde görkezilýän jemi girdejiniň möçberi çapraz gelýär.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 74-nji maddasynyň 1-nji bölegine we 81-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda 2011-nji ýylyň noýabr aýynyň 24-üne çenli siziň ýokarda görkezilen hasabatlary tabşyrmagyňyz (ýokarda görkezilen hasabatlara degişli üýtgetmeleri girizmegiňiz) zerur.

Aşgabat şäheriniň Köpetdag
etraby boýunça döwlet salgyt
gullugynyň başlygy _____ Möhür Baýram Durdyýew
(goly) ýeri (familiýasy, ady, atasynyň ady)

18 noýabr 2011 ý.

Şu habarnama

| | |
|---|---|
| Gerek däli-ni çyzmaly | berlen Gurbanow Aşyrmyrat<br>(alanyň goly) |
| | 2011-nji ýylyň noýabr aýynyň 18-inde ýokarda agzalan salgysy boýunça gowşurylanlygy barada habar etmek bilen poçta boýunça iberildi. |

Kameral barlagyny geçiren salgyt gullugynyň işgäri ykrarhatyna gol çekýär we ol tabşyrylandan soň 5 günüň dowamynda salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) ykrarhatyny tassyklaýar. Goşmaça hasaplanylan salgytlaryň möçberleri boýunça kameral salgyt barlaglarynyň ykrarhatynda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda kesgitlenilen möhletler görkezilýär. Salgyt beýannamalarynyň (hasabatlarynyň, hasaplamalarynyň degişli setirlerinde) «Kameral barlagynyň netijesinde» diýlen sözlerden soňra bellikler edilýär:

– girizilen üýtgetmeler barada – eger-de, kameral barlagynyň netijesinde salgyt beýannamalarynyň (hasabatlarynyň, hasaplamalarynyň) görkezijileri üýtgedilen bolsa, şol sanda hasaplanylan salgydyň möçberi;

– düzgün bozulmalar ýüze çykarylmandygy barada – eger-de, kameral barlagynyň netijesinde salgyt beýannamalarynyň (hasabatlarynyň, hasaplamalarynyň) görkezijilerine üýtgetmeler girizilmedik bolsa;

– kameral salgyt barlagynyň geçirilmeli senesi barada.

*37-nji şekil*

«Tassyklaýaryn»
Aşgabat şäheriniň Köpetdag
etraby boýunça döwlet salgyt
gullugynyň başlygy

______________________

2012-nji ýylyň mart aýynyň 8-i

**Kameral salgyt barlagynyň ykrarhaty**

2012-nji ýylyň mart aýynyň 3-i. Aşgabat şäheri. Geçirilýän kameral barlagynyň dowamynda Atanepesow Durdymyrat, Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan hasabaty tabşyran «Abyl» hojalyk jemgyýeti, SSB-101131003878, 2011-nji ýyl döwri üçin şu aşakdakylar anyklanylan:

1. Hasabat resminamalaryň öz wagtynda doly we dogry tabşyrylmagynyň ýerine ýetirilişi: Hasabat resminamalary öz wagtynda, ýagny 2012-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda (möhleti 1-nji fewral) doly möçberde tabşyryldy.

2. Býujete tölenmeli (ýa-da býujetden yzyna gaýtarylyp berilmäge degişli) salgyt möçberleriň dogry arifmetiki hasaplanylyşy: 20-nji goşundynyň (edara görnüşli tarapyň peýdasyndan alynýan salgyt boýunça beýannanama) 25-nji setirinde görkezilýän peýda arifmetik nädogry hasaplanylypdyr, 13706945 manada derek, 13692843 manat görkezilipdir.

3. Salgyt möçberleriniň we salgyt ýeňillikleriniň ulanylyşynyň we olaryň kanuna laýyk gelşiniň esaslandyrmasy:

Salgyt ýeňillikleri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda ulanylypdyr. Degişli kanunlara salgylanmalar bar.

4. Salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry anyklanylyşynyň seljeriş barlagy: 20-nji goşundynyň (edara görnüşi tarapyň

peýdasyndan alynýan salgyt boýunça beýannama) 32-nji setirde görkezilen salgyt özeni nädogry hasaplanylypdyr, 13706945 manada derek, 13692843 manat görkezilipdir.

Mundan başga-da kameral barlagyň dowamynda şu aşakdakylar anyklanyldy.

№ 2 – maliýe görnüsde (maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy barada hasabat) 080-nji setiriň 3-nji sütüni boýunça peýdalaryň we zyýanlaryň jemi nädogry çykarylypdryr, 14595677 manada derek, 14581760 manat görkezilipdir.

Şeýlelikde, kameral barlagyň dowamynda umumy goşmaça hasaplanan salgytlar 6,8 müň manat,

şol sanda

| | | |
|---|---|---|
| Peýdadan alynýan salgyt<br>(salgydyň ady) | 2012-nji ýyl, mart aýynyň 13-i | 6,8 müň manat<br>(möçberi) |
| Goşulan baha üçin salgyt<br>(salgydyň ady) | 2012-nji ýyl, mart aýynyň 13-i | –<br>(möçberi) |
| Emläk üçin salgyt<br>(salgydyň ady) | 2012-nji ýyl, mart aýynyň 13-i | –<br>(möçberi) |
| Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy<br>(salgydyň ady) | 2012-nji ýyl, mart aýynyň 13-i | –<br>(möçberi) |

Geçirilen kameral salgyt barlagynyň netijesinde we ýüze çykaran deliller boýunça teklip edilýär: Maliýe hasabatyny, onuň goşundylaryny we edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannamany degişli tertibe getirmeli.

Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň baş inspektory

Atanepesow Durdymyrat ____________
(goly)

2012-nji ý, mart aýynyň 13-i
Köpetdag etraby boýunça
döwlet salgyt gullugynyň
edara görnüşli taraplaryň
barlaglar bölüminiň başlygy

Akmyradow Şirmyrat ____________
(goly)

Kameral salgyt barlagynyň netijesinde ýüze çykarylan salgydyň pul möçberiniň kemeldilmegi, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 81-nji maddasynyň 3-nji bölümi) laýyklykda maliýe jerimeleriniň ulanylmagyna getirmeýär. Şonuň bilen birlikde, şol sebäpden doly tölenilmedik wagtyna puşmana tölegler hasaplanylýar. Kameral salgyt barlagynyň netijesinde kesgitlenilen salgyt salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplap çykaran salgydynyň pul möçberinden tapawutly, ýagny az ýa-da köp möçberde bolsa, salgyt gullugy oňa salgydyň kesgitlenilen möçberi hakyndaky habarnamany iberýär. Kesgitlenilen salgydyň pul möçberi hakyndaky habarnama salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) kameral salgyt barlagynyň ykrarhaty tassyklanan soň, 5 gün möhletde iberilýär.

Kameral salgyt barlagynyň netijeleri boýunça diňe deslapky netijeler kesgitlenilýär, olar býujete tölenmeli degişli salgytlaryň pul möçberini kesgitlemek üçin esas bolýar. Ondan başga-da, kameral salgyt barlagynyň netijeleri bellenen tertipde ähli gerekli resminamalary we maglumatlary barlamak bilen geçirilýän resminamalaýyn barlaglary we salgyt gözegçiliginiň özge çärelerini (salgyt töleýjileriň jaýlaryny gözden geçirmek, garşylyklaýyn barlaglary, seljermeleri we ş.m.) geçirmek üçin salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylary) saýlap almaklyga esas bolýar. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt habarnamasyny alan gününden soňky gelýän 5 günüň dowamynda ýüze çykarylan ýalňyşlyklary düzetmäge borçludyr we hasabatyny we salgyt beýannamalaryny (hasabatlaryny, hasaplamalaryny) salgyt gullugyna tabşyrmalydyr we olar salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) iş bukjasynda ozalky tabşyrylan görnüşleri bilen bilelikde saklanylmalydyr. Salgyt beýannamasynyň (hasabatynyň, hasaplamalarynyň) ýokarky sagyndaky burçunda «Düzedilen» diýlen ýazgy ýazylýar. Şeýle-de, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ýokarda görkezilen möhletde goşmaça hasaplanylan salgydy we puşmana tölegleri tölemelidir.

Salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylar) – şahsy taraplar ýa-da salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – edara görnüşli taraplaryň wezipeli adamlary salgyt gullugy tarapyndan tapylan ýalňyşlyklary düzetmek baradaky talaplaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda ýa-da düzedilen görnüşleriň tabşyrylamagynyň ýokarda görkezilen möhletlerini bo-

zanlarynda, olar «Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary hakynda» Bitewi kanunynyň 167/3-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertip boýunça edara ediş jogapkärçiligine çekilýärler. Kameral salgyt barlagynyň netijeleri boýunça şahsy taraplar we salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – edara görnüşli taraplaryň wezipeli adamlary «Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky» Bitewi kanunynyň degişli maddalarynda görkezilen başga esaslar boýunça hem edara ediş jogapkärçiligine çekilip bilinýärler. Salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçysynyň) tabşyran hasabatlaryna kameral barlaglaryny geçirmek, salgyt gullugynyň wezipeli işgärleri tarapyndan 38-nji şekilde beýan edilen tertibi berk berjaý etmek bilen geçirilýär.

Kameral salgyt barlaglarynyň geçirilemegi boýunça salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hereketleri we şolar boýunça kabul edilýän kararlary barada şikaýat etmek, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 85–87-nji maddalary bilen we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalary bilen düzgünleşdirilýär.

*38-nji şekil*

**Kameral salgyt barlagynyň tapgyrlarynyň yzygiderligi**

**Kameral salgyt barlagynyň tapgyrlarynyň yzygiderligi** 1

- Hasabatlardaky resminamalaryň doly tabşyrylandygyny barlamak 2
- Hasabatdaky resminamalaryň dogry doldurylandygyny barlamak 3
- Hasabatlaryň öz wagtynda tabşyrylandygyny barlamak 4
- Býujete tölenmeli (býujetden yzyna gaýtarylmaly) salgydyň möçberiniň arifmetiki hasaplanylyşynyň dogrulygyny barlamak 5
- Salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçysynyň) ulanan salgyt möçberiniň we salgytlar boýunça berilýän ýeňillikleriniň esaslylygyny, kanuna gabat gelýändigini barlamak 6
- Salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry bellenilendigini seljermek 7

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan 2011-nji hasabat ýyly üçin 2012-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda «Aýhan» hususy kärhanasynyň tabşyran maliýe hasabatyna kameral barlagy geçirilmändir. Ýyllyk maliýe hasabatynyň tabşyrmaly möhleti 2012-nji ýylyň 1-nji fewraly. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň işine aýry-aýry soraglar boýunça derňew geçirilende, «Aýhan» hususy kärhanasynyň maliýe hasabatyna-da kameral barlagy geçirilýär. Kameral barlagynyň netijeleri boýunça 2011-nji ýyl üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça 16889 manat pul möçberinde goşmaça salgyt hasaplanylypdyr. Kameral barlagy 2012-nji ýylyň 27-nji aprelinde geçirilipdir, ykrar haty şol senede ýazylypdyr. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy öz tabynlygynda duran salgyt gulluklarynyň işini aýry soraglar boýunça barlanda, kameral barlagyny geçirmäge haklymy? Kameral barlaglarynyň netijeleri boýunça puşmana tölegleriniň jemini hasaplap çykarmaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 80-nji maddasynyň 1-nji bölegine we 82-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy öz tabynlygynda duran salgyt gulluklarynyň işini aýry-aýry soraglar boýunça barlanda, kameral barlagyny geçirmäge hukugy bar. Kameral barlagynyň netijeleri boýunça hasaplanan puşmana tölegleriniň pul möçberi: PT = 438 manat (16889 manat x 86 gün x 0,03 : 100%).

## 6.2.35. Kameral salgyt barlagy geçirilende hasabatlary kabul etmegiň tertibi we hasabatlaryň görkezijileriniň barlanylyşy

**Hasabatlary kabul etmegiň tertibi.** Salgyt töleýji we salgyt ýumuşçylary tarapyndan tabşyrylýan hasabatlary kabul etmeklik, wezipe borçlaryna girýän ýa-da salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen bellenen salgyt gullugynyň işgärleri bu işleri amala aşyrýarlar. Hasabat kabul edilende, kameral salgyt barlagy şu tapgyrlar boýunça geçirilýär:

– hasabatlaryň doly tabşyrlandygyny barlamak;
– hasabatlardaky resminamalaryň dogry doldurylandygyny barlamak;
– hasabatyň öz wagtynda doldurylandygyny barlamak.

Salgyt gullugynyň işgärleri hasabatlary kabul edende, hasabatyň düzümine goşulan ähli resminamalary şu talaplary berjaý etmek bilen gözegçilikden geçirýärler:

1. **Hasabatlaryň doly tabşyrylmagy.** Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt gullugyna hökmany tabşyrmaly hasabatdaky resminamalarynyň ählisiniň bardygyny anyklamaly. Hasabatyň düzüminde tabşyrylmaga degişli haýsy hem bolsa bir resminamanyň ýetmeýändigi sebäpli salgyt gullugy hasabaty kabul etmekden boýun gaçyryp bilmeýär. Şonuň bilen birlikde, salgyt gullugynyň işgäri tabşyrylan ähli resminamalaryň tassyklanylan görnüşlerine laýyk gelýändigine göz ýetirmelidir.

**2. Hasabatdaky ähli resminamalaryň ähli görkezijileriniň we talap edilýän maglumatlaryň doly doldurylamgy.** Hasabatdaky resminamalaryň ähli görkezijileriniň we talap edilýän maglumatlaryň doly doldurylandygyna barlag geçirilende amal edilýän işleriň sanawy 39-njy şekilde görkezilýär. Salgyt hasabatynyň resmi kagyzynyň haýsy

*39-njy şekil*

**Hasabatdaky resminamalaryň ähli görnüşleriniň we talap edilýän maglumatlaryň doly doldurylandygyna barlag geçirilende amal edilýän işleriň sanawy**

**Hasabatdaky resminamalaryň ähli görnüşleriniň we talap edilýän maglumatlaryň doly doldurylandygyna barlag geçirlende amal edilýän işleriň sanawy**
1

Salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň – şahsy tarapyň ady, familiýasy we atasynyň ady barlanylýar
2

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hususy salgyt bergisi barlanylýar
3

Hasabatyň haýsy döwür üçin doldurylanlygy barlanylýar
4

Salgyt töleýjiniň goly (edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysynyň we baş hasapçysynyň), gerekli bolan ýagdaýda salgyt ýumuşçysynyň gollary barlanylýar
5

*40-njy şekil*

**Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň kabul edilen hasabatlarynyň hasaba alyş žurnaly**

| T/b № | Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşli tarapyň ady (şahsy tarapyň ady, familiýasy, atasynyň ady) | HSB | Haýsy döwür üçin hasabat tabşyrylýar | Hasabaty tabşyrmak üçin bellenilen döwür | Hasabatyň hakykatda tabşyrylan senesi | Barlaglar bölümleri tarapynan hasabatyň kabul edilen wagty | Salgyt hasabaty boýunça habarnamanyň iberilen senesi | Ýetmedik ýa-da üýtgedilen (düzedilen) hasabatyň hakyky tabşyrylan wagty | Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) görkezen möçberleri esasynda salgydy hasaplamak üçin hasabatyň hasabat bölümine tabşyrylan senesi | Salgyt gullygy tarapyndan kameral barlagyň netijeleri boýunça ýüze çykarylan möçberler esasynda salgydy hasaplamak üçin hasabatyň hasabat bölümine tabşyrylan senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | «Jaýsenagathyzmat» hojalyk jemgyýeti | 101161004648 | 2011-nji ýyl üçin | 2012-nji ýylyň 1-nji fewralyna çenli | 2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 28-inde | 2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 28-inde | 2012-nji ýylyň mart aýynyň 1-inde | 2012-nji ýylyň mart aýynyň 5-inde | 2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 29-ynda | 2012-nji ýylyň mart aýynyň 2-sinde |
| 2. | «Saglyk-Baýlyk» hususy kärhanasy | 101211004825 | 2011-nji ýyl üçin | 2012-nji ýylyň 1-nji fewralyna çenli | 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 4-üne | 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 4-üne | 2012-nji ýylyň mart aýynyň 10-una | 2012-nji ýylyň mart aýynyň 15-inde | 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 5-inde | 2012-nji ýylyň mart aýynyň 11-inde |
| 3. | «Ýewroteks plýus» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | 101621004824 | 2011-nji ýyl üçin | 2012-nji ýylyň 15-nji martyna çenli | 2012-nji ýylyň 10-njy martynda | 2012-nji ýylyň 10-njy martynda | 2012-nji ýylyň aprel aýynyň 11-inde | 2012-nji ýylyň aprel aýynyň 15-inde | 2012-nji ýylyň mart aýynyň 11-inde | 2012-nji ýylyň aprel aýynyň 12-sinde |

hem bolsa bir setiriniň (sütünyniň) talap edilýän maglumatlaryny doldurmaga esas bolmadyk ýagdaýynda çyzyk goýulýar.

**3. Hasabatyň görnüşlerinde beýan edilýän maglumatlaryň aýdyň doldurylmagy (sözleriň we sanlaryň düşnükliligi, düzedişiň, gysgaltmalaryň, galam bilen ýazgylaryň ýoklugy we ş.m.).** Hasabatyň düzüminde tabşyrylmaga degişli haýsy hem bolsa bir resminamanyň ýoklugy, tabşyrylan hasabatyň resminamalarynyň kesgitlenilen görnüşlere laýyk gelmeýänligi, hasabatyň ähli görkezijileriniň we maglumatlarynyň doly doldurylmanlygy barada salgyt töleýjä habar berilýär. Salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) tabşyrýan hasabatlaryny kabul edýän salgyt gullugynyň işgäri olary hasaba alýar we indiki günden gijä galman, kameral salgyt barlagyny geçirmek üçin barlag bölümine geçirýär. Hasabatlary bellige almak we olary hasap bölümine geçirmek 40-njy şekilde görkezilen görnüş boýunça kabul edilen salgyt hasabatlary hasaba alyş žurnalynda amala aşyrylýar.

Salgyt gullugyna hasabatlary tabşyrmagyň kesgitlenilen möhletiniň üçünji gününde edara görnüşli we şahsy taraplary barlaýan bölümler hasapda durýan salgyt hasabatyny bellenilen möhletinde tabşyrmaly salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylaryň) sanawy bilen hakykatda tabşyrmalaryň sanawyny barlaýarlar. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamasy kesgitlenilen möhletinde tabşyrylmadyk ýagdaýynda, barlag bölüminiň işgärleri salgydyň çaklanylanylan pul möçberini kesgitleýärler. Salgydyň şonuň ýaly hasaplanylmagy, hasabatlary tabşyrmagyň kesgitlenilen möhletiniň senesinden üç gün geçmegi bilen amala aşyrylýar. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamasy soňra tabşyrylan halatynda, salgyt gullugy salgydyň pul möçberine düzediş girizýär.

Salgyt töleýjiler tarapyndan Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen tertip berjaý edilmese, onda olara garşy salgydy tölemeklik barada borçlary ýerine ýetirmekligi üpjün edýän çäreler ulanylýar. Salgyt gullugynyň barag bölümi salgyt beýannamalary alnandan soň ýa-da barlag bölüminiň işgärleri tarapyndan hasabata düzetmeler girizilen gününden başlap, bäş günden gijä galman salgydyň pul möçberini hususy hasap sahypasynda hasaplamak üçin olary hasap

bölümine geçirýärler. Hasaplamak salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ýa-da barlag bölümi tarapyndan salgyt beýannamasynda hasaplanylan pul möçberinde amala aşyrylýar. Kameral salgyt barlagynyň netijesinde salgydyň möçberi başga mukdarda hasaplanylsa (salgydyň goşmaça möçberi hasaplanylsa ýa-da azaldylsa), gaýtadan hasaplanylmak kameral salgyt barlagynyň ykrarhatynyň we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) tabşyran, anyklanylan (üýtgedilen) salgyt beýannamasynyň esasynda geçirilýär. Haçan-da Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgytlaryň pul möçberini hasaplamak salgyt gullugynyň üstüne ýüklenilýän bolsa, onda hususy hasap sahypasynda salgytlaryň pul möçberini hasaplamak, şeýle hasaplamak geçirilen günüň ertesi gününden gijä galman amala aşyrylýar. Hasabatlary tabşyrmagyň kesgitlenilen möhletlerini bozan günäkär adamlara garşy kanunçylykda göz öňünde tutulan jogapkärçilik çäreleri ulanylýar.

**Hasabatyň görkezijileriniň barlanylyşy.** Hasabatyň görkezijileriniň barlanylyşy kameral salgyt barlagynyň şu aşakdaky tapgyrlaryny öz içine alýar:

– býujete tölenmeli (býujetden yzyna gaýtaryp berilmeli) salgydyň pul möçberiniň arifmetiki hasaplanylyşynyň dogrulygyny barlamak;
– salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçysynyň) ulanan salgyt möçberiniň we salgytlar boýunça berilýän ýeňillikleriň esaslylygyny, kanuna laýyk gelýändigini barlamak;
– salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry bellenendigine seljerme geçirmek.

Býujete tölenmeli (býujetden yzyna gaýtaryp berilmeli) salgydyň pul möçberiniň arifmetiki hasaplanylyşynyň dogrulygyny barlamak, salgyt beýannamalarynyň (hasabatlarynyň, hasaplamalarynyň) setirlerindäki we sütünlerindäki hasaplama görkezijileriniň ählisini hasaplap çykarmagy öz içine alýar. Kameral salgyt barlagyny geçirýän salgyt gullugynyň işgäri tarapyndan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ulanýan salgyt möçberiniň (stawkasynyň) esaslylygy barlananda, ol salgyt beýannamalarynda (hasabatlarynda, hasaplamalarynda) görkezilen salgyt möçberleriniň (stawkalarynyň) kanuna gabat gelýändigine göz ýetirmelidir. Salgyt kanunçylygynda göz öňünde

tutulan aýry-aýry salgyt salynýan amallar, harytlar, girdejiler babatynda kesgitlenilen dürli-dürli salgyt möçberlerine (stawkalaryna) kameral salgyt barlagyny geçirýän salgyt gullugynyň işgärleri aýratyn üns bermelidirler. Aýdylanlar, ylaýta-da, goşmaça töleglere (aksizlere), edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyda, ýerasty baýlyklardan peýdalanamak üçin salgyda degişlidir.

Salgyt töleýjiniň ulanan salgyt ýeňillikleriniň (ýa-da salgyt tölemekden boşadylmagynyň) esaslylygyny we olaryň kanuna gabat gelýändigini barlamak üçin kameral salgyt barlagy geçirilende, salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylan görnüş boýunça salgyt ýeňilliklerini ulanmak baradaky arzada getirilen maglumatlar hökmany ýagdaýda barlanylýar. Şol görnüşiň «Hukuk esaslary» diýlip atlandyrylýan sütüninde salgyt töleýjiniň görkezen salgyt ýeňilliklerini ulanmaga ýa-da salgytlary tölemekden boşadylmagyna esas bolup durýan ähli kadalaşdyryjy namalaryna seredilip geçilýär. Kameral salgyt barlagyny geçirýän salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň hakykatdan hem salgyt ýeňilliklerini ulanýan we salgytlary tölemekden boşadylýan hojalygy ýöredýän birlik (subýekt) bolup biljekdigine, salgytlar boýunça berilýän şol ýeňillikler we salgytlary tölemekden boşatmalar hereket edýän kanunçylyga laýyklykda onuň işine, girdejisine, geçirýän salgyt salynýan amallaryna ýa-da beýleki salgyt salynýan binýatlaryna, şeýle-de salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen we salgytlaryň möçberleriniň (stawkalarynyň) azaldylmagyny göz öňünde tutýan ýagdaýlary onuň ulanyp biljekdigine göz ýetirmelidir. Şeýle-de salgytlar boýunça ýeňillikerden ýüz öwürmek (olary peýdalanmagy ret etmek) baradaky salgyt töleýjiniň tabşyrýan arzasyna hökmany ýagdaýda seredip geçmek möhümdir. Salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän taraplaryň tabşyrýan maglumatlarynda salgydyň haýsy sebäp boýunça tutulyp alynmandygyny görkezýän sütün boýunça salgyt ýumuşçysy tarapyndan görkezilen ähli kadalaşdyryjy hukuknamalaryna, bellenen ýagdaýlarda tölegleriň çeşmesinden salgydyň tutulyp alynmandygyny tassyklaýan resminamalaryna kameral salgyt barlagynyň dowamynda seredilip geçilýär. Salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry kesgitlenilişine geçirilýän seljerme işleri 41-nji şekilde görkezilýär.

*41-nji şekil*

**Salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry kesgitlenilişine geçirilýän seljerme işleri**

**Salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry kesgitlenilişine geçirilýän seljerme işleriniň görnüsleri**
1

Salgyt özenini kesgitlemek üçin gerekli hasabatlaryň we hasaplamalaryň aýry-aýry görkezijileriniň arasyndaky logiki aragatnaşyklary barlamakdan ybarat bolup durýan salgyt özeniniň hasaplanylyşynyň dogrulygyny barlamak
2

Geçen hasabat döwründäki meňzeş görkezijiler bilen hasabatdaky görkezijileri deňeşdirip bolýanlygyny barlamak
3

Maliýe hasabatynyň we salgyt beýannamalarynyň aýry-aýry görkezijileriniň özara baglanyşygyny barlamak
4

Salgyt gullugynda salgyt töleýjiniň maliýe – hojalyk işleri baradaky bar bolan maglumatlara gabat gelýänligi nukdaýnazardan buhgalteriýa hasabatyna we salgyt görkezijilerine seredip baha bermek
5

Banklaryň, Döwlet haryt-çig mal biržasynyň, gümrük edaralarynyň, döwlet dolandyryşynyň merkezi edaralarynyň we ýerine ýetiriji häkimýetiň ýerli edaralarynyň, hukuk goraýjy edaralarynyň maglumatlary, raýatlaryň arzalary we ýüztutmalary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň bildirişleri salgyt töleýjiniň maliýe – hojalyk işleri baradaky maglumatlar bolup bilýärler. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň ölçeg hukuk namalary kameral salgyt barlagy geçirilende gollanma hökmünde ulanylýar.

Kameral salgyt barlagy geçirilende, salgyt gullugy zerur bolan ýagdaýlarda salgyt töleýjilerden (salgyt ýumuşçylaryndan) salgytlaryň dogry hasaplanylandygyny we wagtynda tölenilendigini tassyklaýan goşmaça maglumatlary, düşündirişleri we resminamalary talap edip bilýär. Degişli salgytlaryň pul möçberi salgyt hasabynda nädogry görkezilendir diýip gümän etmäge esas bolanda, şol maglumatlary talap etmeklik zerurdyr. Goşmaça talap edilýän resminamalaryň sanawy jikme-jik takyklaşdyrylan bolmalydyr.

Döwlet salgyt gullugy kameral salgyt barlagyny geçirende, barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hojalyk işlerine degişli resminamalarynyň ählisini talap etmäge hukugy ýokdur, ol

diňe salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) tabşyran resminamalarynda salgyt gullugynyň tapan ýalňyşlyklaryna gönüden-göni degişli resminamalary talap edip bilýär. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) görkezilen resminamalary kameral barlagyny geçirýän salgyt gullugynyň bellän möhletinde (resminamalaryň görnüşlerine we häsiýetine, şeýle-de olary görkezilen möhletlerde berilmeginiň mümkinçiliklerine görä 5 günden 10 güne çenli) tabşyrmalydyr. Ondan başga-da, eger-de salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beýleki taraplar bilen bagly işi hakyndaky maglumatlary almak zerur bolan halatynda, salgyt gullugy şol taraplardan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işine degişli resminamalary talap edip bilýär. Goşmaça talap edilen we salgyt töleýjiniň (ýa-da başga taraplaryň) tabşyrýan resminamalary salgyt salynýan binýatlaryň gizlenendigine ýa-da salgytlaryň pul möçberiniň azaldylandygyna şaýatlyk edýän maglumatlary öz içine alýan bolsa, onda ol salgyt gullugyna resminamalaýyn salgyt barlagyny bellemäge we ony soňra geçirmäge esas bolýar.

### 6.3.36. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň umumy düzgünleri we ony geçirmegiň meýilnamasyny düzmek

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň umumy düzgünleri.** Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny döwlet salgyt gulluklary amala aşyrýarlar. Resminamalaýyn salgyt barlaglary salgytlaryň aýry-aýry görnüşlerine we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenýän beýleki tölegler boýunça salgyt töleýjiler – edara görnüşli taraplar we şahsy taraplar tarapyndan tabşyrylýan buhgalteriýa we salgyt hasabyna, maliýe hasabatlaryna, salgyt beýannamalaryna, hasabatlara we hasaplamalara geçirilýän barlaglary gurşap alýar. Resminamalaýyn salgyt barlaglary býujetden daşary gaznalara tölenýän tölegler babatynda hem geçirilýär, haçan-da hereket edýän kanunçylyga laýyklykda şol tölegleriň dogry hasaplanylyşyna we tölenilişine gözegçilik wezipesi Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň üstüne ýüklenýän bolsa.

Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny gurnamagyň we geçirmegiň tertibi, onuň usullary, tilsimleri we aýry-aýry hereketlerini geçirmegiň düzgünleri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda bellenilen kadalary hasaba almak bilen resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň netijelerine we çykarylýan çözgütlere bildirilýän talaplary kesgitleýär. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli edilen taraplarda resminamalaýyn salgyt barlagy şu Kanunyň talaplaryny göz öňünde tutmak bilen geçirilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlaglary salgyt gullugy tarapyndan ilkinji buhgalteriýa we beýleki resminamalary barlamak arkaly geçirilýär. Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugy tarapyndan guralýan we geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlaglaryň ýerine ýetirýän wezipeleri 42-nji şekilde beýan edilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagary salgyt kanunçylygynyň öň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek boýunça salgyt gullugynyň görkezmelerini salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ýerine ýetirişini barlamak maksady bilen hem geçirilýär.

*42-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň ýerine ýetirýän wezipeleri**

**Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň ýerine ýetirýän wezipleri**
1

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenýän salgytlaryň we beýleki tölegleriň dogry hasaplanylyşyna, doly we öz wagtynda tölenilişine gözegçilik geçirmek
2

Öz ygtyýarlyklarynyň we Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň üstüne ýüklenilen borçlaryň çäklerinde Türkmenistanyň beýleki kanunlarynyň berjaý edilişine gözegçilik geçirmek
3

Özygtyýarlyklaryna degişli çygyrlarda hukuk bozulmalaryny ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak we soňuna çykmak hem-de salgyt kanunçylygynyň bozulmalarynda günäkär adamlary jogapkärçilige çekmek
4

**Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilýän mahaly salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary we borçlary.** Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende, salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary 43-nji şekilde görkezilýär. 43-nji şekilde görkezilenlerden başga, resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary şu aşakdakylardyr:

– elektron-gözegçilik pulhana abzallaryny ulanmagyň kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik geçirmäge;

*43-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary**

**Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary**
1

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenilen tertipde salgyt barlaglaryny amala aşyrmak
2

Salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) we beýleki taraplardan, şol sanda banklardan salgytlary hasaplamak we tölemek üçin esas bolup durýan kesgitlenilen görnüşler boýunça resminamalary we gaýry maglumatlary, şeýle-de salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň dogry hasaplanylandygyny we öz wagtynda tölenendigini tassyklaýan düşündirişleri we resminamalary talap etmäge hem-de almaga
3

Beýleki döwlet edaralary bilen bilelikde barlaglara gatnaşmaga
4

Zerur bolan halatlarda salgyt töleýjiniň emlägine tükelleýiş işiniň geçirilmegini guramaga
5

Salgyt gulluklarynyň ygtyýarlyklaryna girmeýän, ýöne salgyt salmak bilen baglanyşykly bolan soraglar boýunça hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmäge hem-de olardan netijenamalary almaga
6

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kanunlaryna laýyklykda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän mahaly edara görnüşli taraplaryň we şahsy adamlaryň peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik we gaýry işleri amala aşyrmak üçin ulanylýan önümçilik, ammar, söwda we gaýry jaýlaryny, şeýle-de şonuň ýaly işler bilen baglanyşykly emlägi gözden geçirmäge
7

Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt bozulmalary baradaky işler boýunça teswirnamalary düzmäge
8

– salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylary), şeýle-de salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) degişli resminamalary we maglumatlary bolan beýleki taraplary salgyt gullugyna çagyrmaga;

– salgyt gullugynyň üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmek üçin döwlet edaralaryndan zerur bolan habar-maglumatlary bellenilen tertipde soramaga;

– Türkmenistanyň kanunçylygyny berjaý etmekde ýüze çykarylan bozulmalary düzeltmek üçin öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde barlanylan kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň ýolbaşçylaryna we beýleki wezipeli adamlaryna, şeýle-de raýatlar üçin hökmany bolan görkezmeleri bermäge hem-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik geçirmäge;

– salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgydy hasaplamak we tölemek baradaky resminamalar berilmedik ýagdaýynda, bar bolan maglumatlar esasynda tölenmäge degişli salgytlary özbaşdak kesgitlemäge we olaryň pul möçberlerini bellemäge;

– salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň bozulmalaryna ýol berlendigi barada şaýatlyk edýän resminamalary almaga;

– «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny we Türkmenistanyň kanunçylygynyň beýleki namalary bilen bellenilen beýleki hukuklary.

**Mysal.** 2012-nji ýylyň III çärýegi üçin Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygy tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek barada tassyklanylan meýilnama laýyklykda, etrap döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Güýçmyrat Şaglyjowa etrap döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 14-nji awgustdaky 85-nji belgili gol çeken görkezmesiniň esasynda «Rabat» hususy kärhanasynda 2012-nji ýylyň awgust aýynyň 14––25-i aralygynda resminamalaýyn barlag geçirmek üçin rugsat berlipdir. Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Güýçmyrat Şaglyjow tarapyndan «Rabat» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysyna salgyt gullugynyň resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň gol çeken görkez-

mesi görkezilenden soň, «Rabat» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy kärhananyň baş hasapçysyna salgytlary hasaplamak we tölemek üçin esas bolup durýan ilkinji resminamalary, maliýe hasabatlaryny we salgyt beýannamalaryny bermäge buýruk berýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilişiniň dowamynda hususy kärhananyň tükelleýiş sanawyny hem-de şereketiň peýda almaga gönükdirilen telekeçilik we gaýry işleri amala aşyrmak üçin peýdalanýan önümçilik, ammar, söwda we beýleki jaýlaryny gözden geçirmäge zerurlyk ýüze çykýar. Ýöne, «Rabat» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy salgyt gullugynyň hünärmenine bu işleri geçirmäge rugsat bermeýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, ýokardaky ýagdaýda kim mamla, «Rabat» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysymy ýa-da Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Güýçmyrat Şaglyjow?

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 74-nji maddasynyň 1-nji bölegine we şu Kanunynň esasynda işlenip düzülen we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň 2006-njy ýylyň mart aýynyň 29-yndaky № 18-Ö buýrugy bilen tassyklanylan hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň iýun aýynyň 30-ynda 390 san bilen bellige alnan «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça gollanmanyň» II bölüminiň 3-nji bölegine laýyklykda, Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Güýçmyrat Şagylyjow «Rabat» hususy kärhanasynyň tükelleýiş sanawyny hem-de onuň peýda almaga gönükdirilen telekeçilik we gaýry işleri amala aşyrmak üçin peýdalanýan önümçilik, ammar, söwda we beýleki jaýlary gözden geçirmäge hukugy bar, «Rabat» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy bolsa, etrap döwlet salgyt gullugynyň işgärine bu işlerri geçirmäge garşylyk görkezmeli däl.

Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary 44-nji şekilde görkezilýär. Salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň 44-nji şekilde görkezilen borçlaryndan başga, «Döwlet edaralarynyň diwanynda gulluk etmek hakynda» Türkmenistanyň

Kanunyna we «Döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary Türkmenistanda döwlet gullugyna seçip almak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kesgitlenilen borçlary bar.

*44-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary**




**Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň görnüşleri.** Resminamalaýyn salgyt barlaglaryň görnüşleri 45-nji şekilde beýan edilýär. Nobatdaky çärýek üçin meýilnama boýunça resminamalaýyn salgyt barlaglary Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy ýa-da welaýat (etrap, şäher) salgyt gulluklarynyň başlyklary tarapyndan tassyklanylýan iş meýilnamalaryna laýyklykda geçirilýär. Meýilnamadan daşary (meýilnamalaşdyrylmaýan) resminamalaýyn salgyt barlaglary 46-njy şekilde beýan edilýän ýagdaýlarda amala aşyrylýar.

*45-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlaglaryň görnüşleri**




Resminamalaýyn salgyt barlaglary welaýat (şäher, etrap) döwlet salgyt gullugynyň barlaglar bölüminiň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda bolsa barlaglar dolandyrylyşynyň başlygynyň dykgatnamasy esasynda döwlet salgyt gullugynyň başlygy tarapyndan bellenilýär. Resminamalaýyn salgyt barlaglary beýleki bölümleriň we dolandyryşlaryň başlangyçlarynda bellenilen mahaly, olaryň başlyklary barlagy geçirmek baradaky dykgatnamasynda öz razylyk gollaryny goýýarlar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgytlaryň aýry-aýry görnüşlerini we beýleki hökmany tölegleri býujete tölemek boýunça borçlary üstüne ýüklenilen barlanylýan salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylary), şeýle-de kanun esasynda salgyt gullugynyň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki soraglary barlamak, maksatlaýyn (mowzuklaýyn) salgyt barlaglarynyň binýady bolup durýar. Kameral we resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işi barada beýleki taraplar bilen baglanyşykly maglumatlary almak zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, salgyt gullugy barlag geçirmek üçin şol tarapdan barlanylýan salgyt töleýjiniň ýa-da salgyt ýumuşçysynyň işine degişli resminamalary talap edip bilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň şu görnüşi

*46-njy şekil*

**Meýilnamadan daşary (meýilnamalaşdyrylmaýan) resminamalaýyn salgyt barlaglaryň geçirilýän ýagdaýlary**

**Meýilnamadan daşary (meýilnamalaşdyrylmaýan) resminamalaýyn salgyt barlaglaryň geçirilýän ýagdaýlary**
1

Hukuk goraýjy edaralardan, şeýle-de döwlet häkimýet we dolandyryş ýerli ýerine ýetiriji häkimýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan gelip gowuşýan tabşyryklara laýyklykda
2

Salgyt kanunçylygynyň bozulmalary hakynda şaýatlyk edýän maglumatlar we halatlar bolan mahaly
3

Goşulan baha üçin salgydy gaýtaryp bermek hakyndaky meselä seredilende, haçan-da hasaplaşyga alynmaga degişli goşulan baha üçin salgyt boýunça artyk tölenilen tölegiň pul möçberi şol salgydyň salgyt salynýan dolanşygyndan ugur alnyp hasaplanylan pul möçberinden artmagy netijesinde ýüze çykan mahaly
4

Edara görnüşli tarapyň gaýtadan guralan ýa-da ýatyrylan, hususy telekeçiniň işiniň bes edilen mahaly
5

Salgyt gullugynyň çözgüdine, şeýle-de salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hereketlerine salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şikaýatlaryna ýa-da şeýle salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) babatda gelip gowşan şikaýata seredilen mahaly zerurulyk dörän halatynda
6

Garşylyklaýyn barlaglary geçirmegiň zerurulygy dörän halatynda
7

Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende, ýüze çykýan beýleki zerur halatlarynda
8

garşylyklaýyn salgyt barlagy diýlip atlandyrylýar. Garşylyklaýyn resminamalaýyn salgyt barlaglary şol bir resminamanyň mazmunyny onuň aýry-aýry nusgalary, şeýle-de barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) bar bolan ýazgylary, resminamalary we hakyky maglumatlary, pul serişdeleri, maddy gymmatlyklary hem-de resminamalar alnan we berlen beýleki salgyt töleýjilerde (salgyt ýumuşçylarynda) we beýleki taraplarda bar bolan ýazgylar, resminamalar we hakyky maglumatlar bilen deňeşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň gurşap alýan döwri.** Resminamalaýyn salgyt barlagy barlag başlanmanka tamamlanan salgyt döwri üçin geçirilýär. Zerur bolan ýagdaýlarda, resminamala-

ýyn salgyt barlagy barlag başlanan pursadyna çenli tamamlanan hasabat döwri üçin geçirilýär. Şu iki halatda hem barlagy geçirmegiň başlanmagy, şol döwürler boýunça hasabat tabşyrmak üçin bellenilen möhletden soň kesgitlenilýär. Toplumlaýyn resminamalaýyn salgyt barlagy öňki barlag bilen gurşalyp alynmadyk ähli döwür üçin, ýöne salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işine barlag geçirilýän ýyldan öň gelýän bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwür üçin geçirilýär.

**Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň meýilnamasyny düzmegiň tertibi.** Meýilnama boýunça resminamalaýyn salgyt barlagy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gullugynyň başlyklary tarapyndan tassyklanylan çärýekleýin meýilnamalar esasynda geçirilýär. Salgyt gullugyna tabşyrylýan salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna, hasaplamalaryna) we beýleki resminamalaryna geçirilen seljermäniň netijesi, şeýle-de barlaglaryň döwürleýinliginiň berjaý edilmegi, salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) barlaglaryň meýilnamasyna we iş tertibine goşmak üçin esas bolup durýar.

Meýilnama boýunça toplumlaýyn resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň döwürleýinligi kesgitlenilýär:

– ýylda bir gezek – öňki ýylyň jemleri boýunça has uly möçberde tölenilen salgytlary bolan salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) boýunça. Olaryň tölän salgytlarynyň pul möçberi degişli salgyt gullugynda salgyt hasabyna alnan ähli salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) tölän salgytlarynyň pul möçberiniň azyndan 20 göterimine barabar bolmalydyr;

– azyndan üç ýyldan bir gezek – degişli salgyt gullugynda salgyt hasabyna alnan beýleki salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylary) boýunça.

Meýilnama boýunça resminamalaýyn salgyt barlagyny bellenen tertipdäki möhletde salgyt gullugy tarapyndan geçirmäge mümkinçiligi aradan aýyrýan sebäpler bar mahaly, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy barlagy geçirmegiň möhletini has soňraky döwürlere geçirip bilýär. Bu aşakdaky ýagdaýlarda bolup bilýär:

– salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşli tarapyň kanuny wekilleriniň ýa-da salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – şahsy adamyň özüniň bolmadyk ýagdaýynda;

– zerur bolan habar-maglumatlary daşary ýurtlardan almak zerurlygy we beýleki sebäpler ýüze çykanda.

Resminamalaýyn salgyt barlagyny başga möhlete geçirmek ýa-da barlagyň möhletini uzaltmak, barlag geçirýän salgyt gullugynyň işgäriniň we barlaglar bölüminiň başlygynyň dykgatnamasynyň esasynda salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda salgyt gullugynyň beýleki bölümleriniň we dolandyryşlarynyň başlangyçlarynda barlaglar bellenilende, olaryň başlyklary hem barlagyň möhletleriniň başga döwre geçirmek ýa-da olary uzaltmak hakyndaky dykgatnama razylyk gollaryny goýýarlar.

Resminamalaýyn salgyt barlaglary salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň (onuň orunbasarynyň) gol çekilen görkezmesi esasynda geçirilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezme resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezmeleriň we resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek hakyndaky habarnamalaryň hasaba alynýan žurnalynda hasaba alynýar. Salgyt gullugynyň işgärlerine salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) babatda gulluk borçlaryny amala aşyrmak, şol sanda resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek, şu halatlarda gadagan edilýär:

– salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) bolup durýan şahsy tarap ýa-da edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ýa-da hasapçysy salgyt gullugynyň barlag geçirmek üçin bellenilen gullukçysynyň ýakyn garyndaşy bolsa;

– salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) bolup durýan şahsy adam ýa-da edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ýa-da baş hasapçysy salgyt gullugynyň barlag geçirmek üçin bellenilen gullukçysyndan maliýe taýdan göni ýa-da kem – käsleýin bagly bolsa.

Salgyt gullugynyň işgäri şeýle ýagdaýlaryň bardygyny görkezme berilýänçä barlaglar bölüminiň başlygynyň dykgatyna ýetirýär. Görkezme ýazylyp berlenden soň şeýle ýagdaýlar ýüze çykan mahaly

ol üýtgedilmelidir, salgyt gullugynyň barlagy geçirmek üçin bellenilen gullukçysy bolsa çalşyrylmalydyr.

**Salgyt gullugy tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlaglaryny taýýarlamak we guramak.** Resminamalaýyn salgyt barlagy (garşylyklaýyn barlagdan başga) salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan salgyt gullugynyň işgärleri tarapyndan geçirilýär. Welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgärleri, şeýle-de şol salgyt gulluklarynyň tabşyrmagy boýunça olaryň ýerli salgyt gulluklarynyň işgärleri resminamalaýyn salgyt barlaglary şol welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň salgyt gulluklarynda salgyt töleýji hökmünde hasaba alnan salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) babatda geçirýärler. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň işgärleri, şeýle-de onuň başlangyçlarynda barlaglary geçirmek ýa-da hukuk goraýjy edaralarynyň hem-de döwlet häkimýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimýet hem-de öz-özüni dolandyryş edaralarynyň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bu işe çekilen ýerli salgyt gulluklaryň işgärleri salgyt töleýjileriň hasaba alnan ýerine garamazdan, resminamalaýyn salgyt barlagy islendik salgyt töleýjiler babatda amala aşyryp bilýärler.

Resminamalaýyn salgyt barlagyny başlamazdan öň, salgyt gullugynyň barlagy geçirmek tabşyrylan işgäri 47-nji şekilde görkezilen deslapky we taýýarlyk çäreleri amala aşyrýar. 47-nji şekilde görkezilenlerden başga, resminamalaýyn salgyt barlagy başlamazdan öň, salgyt gullugynyň barlagy geçirmek tabşyrylan işgäri deslapky we taýýarlyk çäreleriň şu görnüşlerini geçirýär:

– salgyt töleýjiniň bank hasaplary hakynda bank edaralaryndan gelip gowuşýan maglumatlary öwrenmek, zerurlyk ýüze çykan mahaly şol hasaplar boýunça serişdeleriň hereketi hakyndaky maglumatlary talap etmek we almak;

– salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) iş çygrynda salgyt gulluklary tarapyndan ýüze çykarylan birmeňzeş ýalňyşlyklar babatdaky maglumatlar bilen tanyşmak;

*47-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagyny başlamazdan öň, salgyt gullugynyň barlagy geçirmek tabşyrylýan işgäri tarapyndan geçirilýän deslapky we taýýarlyk çäreleriň görnüşleri**

**Resminamalaýyn salgyt barlagy başlamazdan öň, salgyt gullugynyň barlagy geçirmek tabşyrylan işgäri tarapyndan geçirilen deslapky we taýýarlaýyş çäreleriň görnüşleri**
1

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, şahsy we edara görnüşli taraplary salgyt töleýjiler hökmünde hasaba almak boýunça bellenilen resminamalaryň ählisiniň şol tarapy salgyt töleýji hökmünde hasaba almak üçin salgyt gullugyna tabşyrylandygyny barlamak
2

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) tabşyran salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna, hasaplamalaryna) we buhgalteriýa deňleşdirmelerine, şeýle-de beýleki maliýe hasabatlaryna seljerme geçirmek
3

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) tabşyran salgyt beýannamalary (hasabatlary, hasaplamalary) we maliýe hasabatlary we şolarda ýüze çykarylan ýalňyşlyklar we bozulmalar babatda geçirilen kameral barlaglaryň maglumatlaryny öwrenmek
4

Türkmenistanyň Döwlet haryt çig-mal biržasyndan hasaba alnan şertnamalar hakyndaky maglumatlary almak
5

Salgyt kanunçylygynyň öň bellenilen bozulmalarynyň häsiýeti bilen tanyşmak maksadyna eýerip, öň geçirilen reýdleýin barlaglaryň, resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň we gözden geçirmeleriň öňki ykrarhatlarynyň maglumatlaryna seljerme geçirmek
6

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy tarapyndan hödürlenýän maglumatlar binýadyndan salgyt töleýjileriň daşary ýurtlara önümi bermek – daşary ýurtlardan önüm getirmek amallary barada maglumatlary seçip almak
7

Barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) gönüden-göni hojalyk işiniň özboluşlylygyna, buhgalteriýa we salgyt hasabyny ýöretmäge, hususy telekeçilerde girdejileriň we çykdajylaryň hasabyny ýöretmäge, salgyt salynýan desgalary we salgyt salmagyň binýadyny kesgitlemäge, salgytlary hasaplamaga degişli kadalaşdyryjy hukuknamalary öwrenmek
8

– salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) gelip gowuşýan resmi sowallar bilen baglanyşyklylykda onuň salgysyna salgyt gullugy tarapyndan iberilen jogaplary we düşündirişleri öwrenmek;

– salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugynda gözegçilik–pulhana abzallarynyň hasaba alnandygy hakyndaky habar – maglumatlary öwrenmek;

– salgyt töleýjiniň beýleki edara görnüşli taraplara (ýa-da şereketlere) paýly gatnaşmagy baradaky maglumatlary hem-de bu barada salgyt gullugyna berlen habarnamalary öwrenmek.

Zerur bolan halatlarda, resminamalaýyn salgyt barlagyna başlamazdan öňürti, salgyt töleýjä bäş iş gününden gijä galman resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçiriljekdigi hakynda habar berilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýändigi hakyndaky habarnama Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalarynda göz öňünde tutulan görnüş boýunça düzülýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýändigi hakyndaky habarnama resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezmeleriň, reýdleýin salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky habarnamalaryň hasaba alynýan žurnalynda hasaba alynýar. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary tölemekden boýun gaçyrýandygyny tassyklaýan esaslar bar bolan halatlarynda, resminamalaýyn salgyt barlagy deslapky habarnama bolmazdan geçirilýär.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygy Myratnazar Berdiýew tarapyndan 2011-nji ýylyň IV çärýegi üçin resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek baradaky gol çeken meýilnamasynda noýabr aýynyň 3-ünden 17-sine çenli «Allegro» hojalyk jemgyýetinde resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin, Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygy Myratnazar Berdiýew 3-nji noýabrda 283 belgili görkezmä gol çekýär. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin, Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Nurberdi Abylow «Allegro» hojalyk jemgyýetine baranda, onuň ýolbaşçysy we baş hasapçysy salgytlaryň hasaplanylyşy we tölenilişi babatynda ilkinji resminamalary bermäge çürt-kesik boýun gaçyrýarlar. Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda bar bolan maglumatlaryň esasynda salgyt gullugynyň hünärmeni Nurberdi Abylowyň salgydyň jemini özbaşdak hasaplamaga hukugy barmy?

21. Sargyt № 2954

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 74-nji maddasynyň 1-nji bölegine we şu Kanunyň esasynda işlenip düzülen Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň 2006-njy ýylyň mart aýynyň 29-yndaky № 18-Ö buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň iýun aýynyň 30-unda 390 san bilen bellige alnan «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça gollanmanyň» II bölüminiň 3-nji bölegine laýyklykda, Aşgabat şäheriň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Nurberdi Abylow döwlet salgyt gullugynda bar bolan maglumatlaryň esasynda salgydyň jemini özbaşdak hasaplamaga we «Allegro» hojalyk jemgyýetinden Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmalaryna ýol berendigi hakynda şaýatlyk edýän resminamalary almaga hukugy bar.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda salgytlaryň hasaplanylyşy, tölenilişi we maliýe – hojalyk işiniň alnyp barlyşy babatynda aýry-aýry edara görnüşli taraplardan, guramalardan, hukuk goraýjy edaralardan we şahsy adamlardan dürli mazmunly şikaýat hatlary we arzalar gelip gowşupdyr. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap prokuraturasy «Uniwersal» hususy kärhanasynyň maliýe – hojalyk işinde geçen döwürlerde bolup geçen kanuny bozulmalary barlag geçirmäge kömek bermegini haýyş edip ýüz tutupdyr. «Gündogar ýyldyzy» hyzmatdaşlyk kärhanasynyň gullukçysyndan hyzmatdaşlyk kärhanasynda bolup geçýän salgyt bozulmalar hakynda şikaýat haty gelip gowşupdyr. «Uekfild Inspekşn Serwisis Türkmen LTD» hojalyk jemgyýeti işini gaýtadan gurjak bolýandygy hakynda arza beripdir, «Barren Rezorsiz Petroleum Limited» daşary ýurt kmpaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň ýolbaşçysy 2011-nji ýylyň iýun aýynda goşulan baha üçin salgydyň artyk tölenilen pul möçberiniň gaýtarylyp berilmegini haýyş edip ýüz tutupdyr. Ondan başga-da, 2011-nji ýylyň sentýabr aýynda «Türkmen – Kahramanly» jogapkärçiligi çäklendirilen bileleşik kärhanasynda, «Elektronika Serwis» daşary ýurt kompaniýasynyň golçur kärhanasynda we «Bim Inşaat Muhandeslik Mimarlyk Tijaret we Sanaýi Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynda Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet

salgyt gullugy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ähli salgytlaryň we ýygymlaryň hem-de býujetden daşarky gaznalara hökmany tölenmeli tölegleriň dogry hasaplanylyşyna we öz wagtynda býujete we býujetden daşarky gaznalara geçirilişine resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň geçirilişini meýilnamalaşdyrypdyr. Ýokarda sanalyp geçilen meseleleriň ählisi boýunça Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygy Serdar Annagulyýew resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek barada karar kabul edipdir. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň haýsy görnüşleriniň geçirilişini meýilnamalaşdyrýar ?

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň esasynda işlenilip düzülen, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň 2006-njy ýylyň mart aýynyň 29-yndaky № 18-Ö buýrugy bilen tassyklanylan hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň iýun aýynyň 30-unda 390 san bilen bellige alnan «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça gollanmanyň» III bölüminiň 6-njy bölegine laýyklykda, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň «Uniwersal» hususy kärhanasyna, «Gündogar ýyldyzy», «Uekfild Inspekşn Serwises Türkmen LTD» hojalyk jemgyýetine, «Barren Rezorsiz Petroleum Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasyna geçirjek resminamalaýyn salgyt barlaglary meýilnamadan daşary (meýilnamalaşdyrylmaýan) resminamalaýyn salgyt barlagyna degişlidir. «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça gollanmanyň» III bölüminiň 7-nji bölegine laýyklykda, «Türkmen – Kahramanly» jogapkärçiligi çäklendirilen bileleşik kärhanasynda, «Elektronika Serwis» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynda, «Elektronika Serwis» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynda we «Bim Inşaat Muhandeslik Mimarlyk Tijaret we Sanaýi Limited Şirketi» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynda Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň geçirjek resminamalaýyn salgyt barlaglary toplumlaýyn resminamalaýyn salgyt barlagyna degişlidirler.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň 2011-nji ýylyň IV çärýegi üçin meýilnamasynda «Katermar Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynda resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilmegi meýilnamalaşdyrylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň möhleti 2011-nji ýylyň oktýabr aýynyň 2–7-i aralygy bolup, onuň dowamynda goşulan baha üçin salgydyň, peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň salgyt töleýji tarapyndan dogry hasaplanylyşyna we býujete öz wagtynda geçirilişine barlagyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Soňky gezek geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagy 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň gelýän bäş ýyly öz içine alýar. Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan «Katermar Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň işine geçiriljek resminamalaýyn salgyt barlagy 2011-nji ýylyň haýsy salgyt we hasabat döwürlerini öz içine almaly (her salgyt boýunça aýratynlykda).

**Çözülişi.** «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça gollanmanyň» IV bölüminiň 9-njy bölegine laýyklykda, Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň «Katermar Türkmenistan» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylyşyna we býujete öz wagtynda geçirilişine resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýän döwri 2011-nji ýylyň ýanwar – awgust hasabat (salgyt) döwürlerini we peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt boýunça 2011-nji ýylyň 6 aý hasabat döwrüni gurşap almaly.

**Mysal.** «Agtaryş» hojalyk jemgyýeti Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda, «Alça» hususy kärhanasy Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň döwlet salgyt gullugynyň salgyt hasabynda durýarlar. Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmenleri «Agtaryş» hojalyk jemgyýetine we Lebap welaýaty boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmenleri «Alça» hususy kärhanasyna resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirip bilýärlermi? Salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerine garamazdan, mysal üçin, ýokarda agzalyp geçilen «Agtaryş» hojalyk jemgyýetiniň we «Alça» hususy kärhanasynyň işine Türk-

menistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň işgärleri, şeýle-de onuň baştutanlygynda ýa-da hukuk goraýjy edaralarynyň, döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan çäkleýin salgyt gulluklarynyň bu işe çekilen işgärleri islendik salgyt töleýjileriň işine resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirip bilýärlermi?

**Çözülişi.** «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça gollanmanyň» VI bölüminiň 14-nji bölegine laýyklykda, Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgärleri «Agtaryş» hojalyk jemgyýetiniň işine, Lebap welaýaty boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgärleri «Alça» hususy kärhanasynyň işine resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmäge hukuklary bar. Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynda salgyt hasabyna alnan «Agtaryş» hojalyk jemgyýetiniň we Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň döwlet salgyt gullugynda hasaba alnan «Alça» hususy kärhanasynyň işine Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň işgärleri, şeýle-de onuň baştutanlygynda ýa-da hukuk goraýjy edaralarynyň, döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bu işe çekilen çäkleýin salgyt gullugynyň işgärleri hem resminamalaýyn barlaglaryny geçirip bilýärler.

### 6.4.37. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň tertibi we möhletleri

Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek tabşyrylan salgyt gullugynyň işgäri gulluk şahadatnamasyny we resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezmäni görkezen ýagdaýynda, ol salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) çäklerine ýa-da jaýyna goýberilýär. Salgyt gullugynyň işgärlerine resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmäge salgyt töleýji tarapyndan bikanun päsgel berlende, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 62-nji maddasy) laýyklykda,

salgyt töleýjä garşy salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmek baradaky çäreler ulanylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlangyç tapgyrynda barlagçy şu taraplara özüni tanatmaly:

– edara görnüşli tarapyň (şahamçanyň, wekilhananyň) ýolbaşçysyna, hasapçysyna;

– hususy telekeçä ýa-da barlanylýan başga şahsy adama;

– ýokarda atlandyrylyp geçilen adamlar bolmadyk mahaly, barlagçy olaryň ygtyýarly edilen wekillerine özüni tanatmalydyr.

Barlagçy resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlanýandygy hakynda ýokarda görkezilen adamlara habar bermelidir. Barlagçy olara görkezmäniň asyl nusgasyny görkezýär. Görkezmäniň asyl nusgasynda onuň bilen tanyşylandygy barada barlanylýan salgyt töleýji bellik edýär. Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) ýa-da olaryň wekillerine resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin görkezmäniň görkezilen senesi barlagyň başlanýan senesi diýlip hasap edilýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) görkezme bilen tanyşmakdan boýun gaçyrmagy, resminamalaýyn salgyt barlagyny ýatyrmak üçin esas bolup bilmeýär. Şol bir wagtyň özünde salgyt gullugynyň barlagy geçirmek tabşyrylan işgäri barlagy geçirmegiň tertibini we ýerini, iş düzgünini hem-de barlagy geçirmek üçin göwnejaý şertleri üpjün etmek bilen baglanyşykly beýleki meseleleri barlanylýan salgyt töleýji bilen ylalaşýar. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) haýyş etmegi bilen barlagçy oňa onuň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmelidir. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlangyç tapgyrynda barlagçy 48-nji şekilde beýan ediljek soraglary anyklamalydyr we öwrenmelidir.

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, barlagçy salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) bellenilen tertipde tassyklanylan görnüşler boýunça salgytlary hasaplamak we tölemek üçin esas bolup hyzmat edýän resminamalary we beýleki maglumatlary, şeýle-de salgytlaryň dogry hasaplanylandygyny we wagtynda tölenendigini tassyklaýan düşündirişleri we resminamalary talap etmäge we almaga haklydyr. Şu aýdylanlar buhgalteriýa we salgyt babatda hasaby ýöretmegiň resminamalaryna, maliýe hasabatlaryna, hojalyk şertnamalaryna, buýruklara we beýleki resminamalara hem degişlidirler.

*48-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlangyç tapgyrynda barlagçynyň anyklamaly we öwrenmeli soraglary**

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlangyç tapgyrynda barlagçynyň anyklaýan we öwrenýän soraglary**
1

- Edara görnüşli tarapyň guramaçylyk düzümini
2
- Edara görnüşli tarapyň aýrybaşgalanan birlikleriniň bardygyny
3
- Edara görnüşli tarapyň iş şertlerini
4
- Edara görnüşli tarapyň amala aşyrýan işleriniň görnüşlerini
5
- Edara görnüşli tarapda önümçiligiň guralyşyny
6
- Edara görnüşli tarapyň buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň guralyşynyň ulgamyny
7
- Edara görnüşli tarapyň önümçilik serişdeleriniň, ammarlarynyň, söwda we beýleki jaýlarynyň ýerleşýän ýerini
8
- Edara görnüşli tarapda işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak üçin bar bolan ygtyýarnamalary
9
- Edara görnüşli tarapyň resminamalarynyň dolanyşygynyň guralşynyň ulgamyny
10
- Edara görnüşli tarapyň nyrhlarynyň we tarifleriniň bellenmeginiň tertibini we ulgamyny
11
- Edara görnüşli tarapda geçirilen auditorçylyk barlagynyň netijelerini (eger şeýle barlag geçirilen bolsa)
12
- Edara görnüşli tarapa beýleki gözegçilik edýän edaralar tarapyndan geçirilen barlaglaryň netijeleri
13

Maglumatlaryň we resminamalaryň berilemgi hakyndaky resmi sowal öz adyna ýollanan tarap, olary barlagça bermäge ýa-da talap edilýän maglumatlaryň we resminamalaryň özünde ýokdugy hakynda habar bermäge borçludyr. Daşary ýurt dilinde düzülen resminamalardan güwä geçilen ýazmaça terjimesini barlagçynyň talap etmäge haky bardyr. Barlag geçirilen mahaly salgyt töleýji barlagçynyň talap edýän maglumatlaryny we resminamalaryny bermekden boýun gaçyranda ýa-da olary bellenilen möhletde bermände, oňa garşy

bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmagyň tertibine laýyklykda salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegi üpjün etmek baradaky çäreler ulanylýar.

Resminamalaýyn salgyt barlagy, adatça, iş günleri we iş wagtynda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ýerleşýän ýeri boýunça geçirilýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) iş düzgünininiň salgyt gullugynyň iş düzgünine laýyk gelmedik ýa-da beýleki şertler bolmadyk halatynda, barlag salgyt gullugynyň ýerleşýän ýerindäki jaýlarda geçirilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagy salgyt gullugynyň jaýynda geçirilende, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beren resminamalary barlagçylar tarapyndan diňe bir ülňä getirilen görnüşde sahypalary boýunça belgilenilen bukjada kabul edilýär. Barlagy geçirmek üçin resminamalary kabul etmegiň halaty 48-nji şekilde görkezilen görnüşde resminamalary kabul etmegiň güwanamasyny düzmek arkaly resmileşdirilýär.

*49-njy şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin resminamalary almagyň ykrarhaty**

**2012 ý. mart aýynyň «17-si»                Aşgabat ş.**

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory Şanyýazow Myratnyýaz tarapyndan «Kaşemir» hususy kärhanasynda resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin, aşakdaky resminamalar alyndy:

Hukuk salgysy: Aşgabat ş., Parahat 2/2 etrapça, 12-nji jaý, 10-njy öý, SSB: 101131004645

| № | Iş kagyzlarynyň ady | Resminamalara degişli döwürler | Sahypa sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Esaslandyryjy resminamalar | 2010–2011 ý. | 24 | |
| 2. | Pulhana kitapçalar | 2010–2011 ý. | 88 | |
| 3. | Baş kitapçalar | 2010–2011 ý. | 112 | |
| 4. | Hasap – fakturalar, salgyt hasap fakturalar | 2010–2011 ý. | 644 | |
| 5. | Buhgalteriýa registrleri | 2010–2011 ý. | 174 | |
| 6. | Töleg tabşyryklary, töleg talapnamalary | 2010–2011 ý. | 270 | |
| 7. | Girdeji orderler, çykdajy orderler | 2010–2011 ý. | 156 | |
| 8. | Maliýe hasabatlary we goşundylar | 2010-2011 ý. | 58 | |

Barlag geçirmek üçin şu ykrarhatynda atlandyrylan resminamalary berdim

Baş hasapçy _______________ Öwezliýewa Gülnabat

(goly)

Barlag geçirmek üçin şu ykrarhatynda atlandyrylan resminamalary aldym

Uly inspektor ______________ Şanyýazow Myratnyýaz

(goly)

Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) resminamalary diňe olaryň abat saklanylmagy barlanylandan soň, 50-nji şekile laýyk gönüşde resminamalary gaýtaryp bermegiň güwanamasyny düzmek bilen gaýtarylyp berilýär. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) resminamalary gaýtaryp bermegiň güwanamasynyň birinji nusgasynda ýazgy ýazmak bilen, barlag geçirmek üçin berlen resminamalary abat saklamak boýunça nägileliginiň bardygyny (ýokdugyny) görkezýär. Barlag geçirmek üçin resminamalary kabul etmegiň we gaýtaryp bermegiň güwanamalary barlagyň güwanamasyna goşundy hökmünde çatylýar.

*50-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilenden soňra resminamalary yzyna gaýtarmagyň ykrarhaty**

**2012 ý. aprel aýynyň «12-si» Aşgabat ş.**

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory Şanyýazow Myratnyýazdan «Kaşemir» hususy kärhanasynda resminamalaýyn salgyt barlagy gecrilenden soňra, aşakdaky resminamalar alyndy:

Hukuk salgysy: Aşgabat ş., Parahat 2/2 etrapça, 12-nji jaý, 10-njy öý, ŞSB: 101131004645,

| № | Iş kagyzlarynyň ady | Resminamalara degişli döwürler | Sahypa sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Esaslandyryjy resminamalar | 2010–2011 ý. | 24 | |
| 2 | Pulhana kitapçalar | 2010–2011 ý. | 88 | |
| 3 | Baş kitapçalar | 2010–2011 ý. | 112 | |
| 4 | Hasap – fakturalar, salgyt hasap fakturalar | 2010–2011 ý. | 644 | |
| 5 | Buhgalter registrler | 2010–2011 ý. | 174 | |
| 6 | Töleg tabşyryklary, töleg talapnamalary | 2010–2011 ý. | 270 | |
| 7 | Girdeji orderler, çykdajy orderler | 2010–2011 ý. | 156 | |
| 8 | Maliýe hasabatlary we goşundylar | 2010–2011 ý. | 58 | |

Barlag geçirmeklik üçin şu ykrarhatynda atlandyrylan resminamalar dolulygyna yzyna gaýtaryldy.
Resminamalary berdim
Uly inspektor ________________ Şanyýazow Myratnyýaz
(goly)
Resminamalary aldym
Baş hasapçysy ________________ Öwezliýewa Gülnabat
(goly)

Närazylyk ýok

Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilýän döwürde buhgalteriýa we salgyt babatda düzülen resminamalara, maliýe hasabatlaryna, salgyt beýannamalaryna (hasabatlara, hasaplamalara) we barlanylýan döwre degişli beýleki resminamalara salgyt töleýji tarapyndan üýtgetmeleriň hem-de goşmaçalaryň girizilmegine rugsat berilmeýär. Şu aýdylanlar salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi boýunça barlagy geçirmek wagtlaýyn togtadylan halatlaryna hem degişlidir. Salgyt töleýji buhgalteriýa we salgyt hasabyny kompýuter maksatnamalary ulanmak arkaly alyp baranda, barlagçy edara görnüşli tarapyň baş hasapçysynyň ýa-da hususy telekeçiniň goly bilen güwä geçilen kagyz göterijilerinde düzülen resminamalaryň nusgalaryny talap edip bilýär, salgyt töleýji bolsa olary barlagça bermäge borçludyr. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa babatda ýazgylaryny barlamak, barlagçy tarapyndan ony awtomatlaşdyrylan maglumat beriş ulgamyny peýdalanmak boýunça gollanmalar bilen tanyşdyryp, kompýuter maglumatlarynyň binýadynyň esasynda hem geçirilip bilinýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) amala aşyrýan işini kadalaşdyrýan kanunçylygynyň çygryna degişli umumy soraglar barlanylýar, olar 51-nji şekilde görkezilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, buhgalteriýa we salgyt babatda hasaby ýöretmek hem-de salgyt salmak çygryna degişli aşakdaky şu umumy meseleler barlanylýar:

– barlanylýan edara görnüşli tarapda şahamçalar, wekilhanalar barmy;

– gündelik hasaplar (hasaplaşyk, daşary ýurt pulundaky we beýleki hasaplar) haýsy bankda açylypdyr. Zerurlyk ýüze çykan halatynda salgyt töleýjiniň bankyna şu hasaplar boýunça pul serişdeleriniň

*51-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlygy geçirilende, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) amala aşyrýan işini kadalaşdyrýan kanunçylygyň çygryna degişli umumy soraglar**




hereketi hakyndaky aýlyk göçürmeleri almak maksady bilen resmi ýüz tutma iberilýär;

– buhgalteriýa we salgyt babatda hasaby ýöretmegiň registrlarynyň maglumatlary maliýe hasabatynyň we oňa goşundylaryň, baş

kitabyň, salgyt beýannamalarynyň (hasabatlaryň, hasaplamalaryň) maglumatlaryna laýyk gelýärmi;

– maliýe hasabatynyň hasabat görkezijileriniň öňki hasabat döwrüniň şonuň ýaly görkezijileri bilen deňeşdirilip görülmegi;

– maliýe hasabatynyň aýry-aýry görkezijileriniň özara baglanyşygy;

– ilkinji buhgalteriýa resminamalary göwnejaý resmileşdirýärmi, olara girizilýän düzedişleriň sebäpleri;

– buhgalteriýa we salgyt hasabyny ýöretmegiň registrlarynda ilkinji resminamalar bilen tassyklanylmadyk ýa-da ilkinji resminamalarynyň registrlary boýunça ýazylmadyk ýazgylaryň beýan edilen halatlary barmy;

– öndürilen we ýerleşdirilen önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty dogry kesgitlenilipdirmi;

– önüm öndürmekden, harytlary ýerleşdirmekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary amal etmekden alnan girdeji dogry kesgitlenilipdirmi;

– ýerleşdirmekden daşary alnan girdejiler we çykdajylar boýunça amallar dogry kesgitlenilipdirmi;

– ýerleşdirmekden daşary alnan girdejiler we çykdajylar boýunça amallar dogry ýerleşdirilipdirmi;

– önüm iberijiler, satyn alyjylar, beýleki bergidarlar we algydarlar bilen hasaplaşyklaryň ýagdaýy, bergidarlyk we algydarlyk bergileriniň emele gelmeginiň, olaryň barlygynyň we hasapdan öçürilmeginiň esaslydygy kesgitlenilipdirmi;

– hereket edýän kanunçylyga laýyklykda esasy serişdeler, maddy däl aktiwler, maddy girdejiler dogry hasaba alynýarmy, olar boýunça könelme dogry hasaplanýarmy we olara nyrh gaýtadan kesilýärmi;

– salgytlaryň her bir görnüşi boýunça her bir tarapyň salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) hökmünde ykrar edilmeginiň ýa-da ykrar edilmezliginiň dogrulygy nämä bagly? Salgytlaryň her bir görnüşi boýunça barlanylýan tarapyň salgyt töleýji hökmünde ykrar edilmeginiň dogrulygy we yzygiderligi 52-nji şekilde görkezilýär.

– salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän barlanylýan tarap boýunça salgytlaryň dogry hasaplanylyşy, tutulyp alynylyşy hem-de döwlet býujetine doly we öz wagytnda geçirilişi;

*52-nji şekil*

**Salgytlaryň her bir görnüşi boýunça barlanýan tarapyň salgyt töleýji hökmünde ykrar edilmeginiň dogrulygy we yzygiderligi**




– býujete we býujetden daşarky gaznalara tölenýän tölegleriň dogry hasaplanylyşyna, doly we öz wagtynda tölenilişine, haçan-da hereket edýän kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň üstüne olaryň tölenilmegine gözegçilik geçirmek ýüklenilende, hususan-da aşakdakylara:

a) döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň geçirilemgine;

b) meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň geçirilmegine;

ç) meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň geçirilmegine;

d) peýdadan alynýan Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna serişdeleriň geçirilmegine;

e) Aşgabat şäherini ösdürmegiň döwlet gaznasyna serişdeleriň geçirilmegine.

**Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň möhletleri.** Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň möhletlerini, barlanylýan döwri, barlagçylaryň sanyny, barlagyň anyk maksatlaryny we barlanylýan salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) amal edýän işiniň aýratynlyklaryny hasaba almak bilen, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy belleýär. Zerur bolan halatlarda salgyt barlagyny geçirmegiň bellenilen möhleti salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň (ýa-da ýokarda duran salgyt gullugynyň) çözgüdi bilen uzaldylyp bilinýär. Barlagyň möhletini uzaltmak hakynda görkezmede bellik edilýär, barlanylýan salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) bolsa bu bellik bilen tanyşdyrylýar.

Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň möhleti iki aýdan köp bolmaly däl. Adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda, ýokarda durýan salgyt gullugy resminamalaýyn salgyt barlagynyň möhletini üç aýa çenli uzaldyp bilýär. Barlagy geçirmek üçin bellenilen döwre barlagyň ykrarhatyny ýazmak üçin zerur bolan wagt resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin kesgitlenilýän möhlete goşulmaýar.

Haýsydyr bir sebäp boýunça başlanylan barlag dowam etdirilip bilinmese, onda barlag salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan togtadylýar we bu barada salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) gol çekdirip tanyşdyrmak bilen, öň berlen görkezmä degişli ýazgy ýazylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagyny togtatmak ýa-da gaýtadan başlamak barlaglar bölüminiň başlygynyň dykgatnamasy, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda bolsa Barlaglar dolandyryşynyň başlygynyň dykgatnamasy esasynda salgyt gullugynyň başlygy tarapyndan amala aşyrylýar. Beýleki bölümleriň we dolandyryşlaryň başlangyçlarynda resminamalaýyn salgyt barlagy bellenilen mahaly, olaryň başlyklary hem barlag geçirmek üçin berilýän dykgatnamada öz razylyk gollaryny goýýarlar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň togtadylmagy we onuň gaýtadan başlanmagynyň aralygyndaky döwür,

barlagy geçirmegiň umumy möhletine goşulmaýar. Edara görnüşli tarap gaýtadan guralan ýa-da ýapylan, şeýle-de beýleki zerur bolan halatlarda, barlag geçiren aşakda durýan salgyt gullugynyň işine gözegçilik etmek tertibinde ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy öňki barlaglaryň geçirilen wagtyna garamazdan amala aşyrylýar.

**Garşylyklaýyn barlaglary geçirmegiň tertibi.** Garşylyklaýyn salgyt barlagy salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan gol çekilýän görkezmesi esasynda geçirilýär. Garşylyklaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezmäniň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilýär. Garşylyklaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezme resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezmeleriň, reýdleýin salgyt barlaglaryny geçirmek hakyndaky görkezmeleriň we resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek hakyndaky habarnamalaryň hasaba alynýan žurnalynda hasaba alynýar.

Garşylyklaýyn salgyt barlagy, adatça, özünde şeýle barlagy geçirmek üçin zerur bolan tarapyň salgyt töleýji hökmünde hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan geçirilýär. Garşylyklaýyn salgyt barlagy şu halatda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçynyň) salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugynyň ýollan resmi ýüztutmasynyň esasynda geçirilýär. Garşylykýan salgyt barlagy özi barasynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan hem geçirilip bilinýär.

Barlanylan hojalyk amallarynyň geçirilmegine degişli buhgalteriýa we salgyt hasabynyň resminamalarynyň göçürmelerini goşundy hökmünde goşmak bilen, garşylyklaýyn salgyt barlagynyň netijeleri erkin görnüşde düzülen ykrarhaty arkaly resmileşdirilýär. Zerur bolan halatlarda ykrarhata özleri barasynda garşylyklaýyn barlag geçirilýän taraplardan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) maglumatlary ýa-da resminamalary bilen ýüze çykarylýan çaprazlyklaryň sebäpleri hakyndaky düşündirişler goşulýar. Geçirilen garşylyklaýyn salgyt barlagy hakyndaky ykrarhaty barlag tamamlanandan soň 5 gün

möhletde özi barasynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär.

Garşylyklaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin beýleki döwletleriň salgyt edaralaryna resmi taýdan ýüztutmalary ibermek, degişli döwletleriň ygtyýarlandyrylan guramalaryna bellenilen tertipde ýüz tutmak üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna degişli haty (barlanylmaga degişli resminamalaryň göçürme nusgalary goşulýar) gönükdirmek ýoly bilen ýerli salgyt gulluklary tarapyndan amala aşyrylýar. Garşylyklaýyn salgyt barlagynyň dowamynda garşylyklaýyn salgyt barlagy geçirilýän tarapda salgyt kanunçylygynyň bozulýandygyna şaýatlyk edýän ýagdaýlar kesgitlenilen halatynda, bu barlagy geçirýän salgyt gullugy barlagyň tamamlanan senesinden soňky gelýän baş günüň dowamynda ýüze çykarylan halatlar hakyndaky habary şol tarapy salgyt hasabyna alan salgyt gullugyna iberýär.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan «Hemra Treýding» hojalyk jemgyýetinde resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýär. Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Şöhrat Halekow tarapyndan kärhananyň maliýe hasabaty, ilkinji buhgalteriýa we bank resminamalary, kärhananyň baş kitaby we pulhana kitaby, salgytlary hasaplamak üçin gaýry resminamalary, salgyt beýannamalary we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan beýleki soraglar barlanandan soň, ol döwlet durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna tölenýän tölegleriň, meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän tölegleriň, meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna tölenýän tölegleriň, Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna we Aşgabat şäherini ösdürmegiň döwlet gaznasyna tölenýän tölegleriň hassaplanylyşyny tassyklaýan ilkinji bank we buhgalteriýa resminamalarynyň berilmegini talap edýär. «Hemra Treýding» hojalyk jemgyýetiniň baş hasapçysy bu tölegleriň hasaplanylyşynyň we býujetden daşarky gaznalara tölenilişiniň tertibiniň «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda göz öňünde tutulmaýandygyna salgylanyp, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby

boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Şöhrat Halekowe bu tölegler boýunça ilkinji bank we buhgalteriýa resminamalaryny we tölegleriň hasaplamalaryny bermekden çürt-kesik boýun gaçyrypdyr. «Hemra Treýding» hojalyk jemgyýetiniň baş hasapçysy mamlamy ýa-da Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Şöhrat Halekow? Aýdylanlary Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasynda esaslandyrmaly.

**Çözülişi.** «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça gollanmanyň» VII bölüminiň 16-njy bölegine laýyklykda, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Şöhrat Halekow döwlet durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna tölenýän tölegleriň, meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna tölenýän tölegleriň, Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna tölenýän tölegleriň we Aşgabat şäherini ösdürmegiň döwlet gaznasyna tölenýän tölegleriň hasaplanylyşyny tassyklaýan ilkinji bank we buhgalteriýa resminamalarynyň berilmegini talap edip bilýär. Bu ýerde Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni mamla.

### 6.5.38. Aýry-aýry halatlar üçin resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň tertibi

**Edara görnüşli tarap gaýtadan guralan ýa-da ýapylan mahaly geçirilýän barlag.** Edara görnüşli tarap goşulmak we birleşmek görnüşinde gaýtadan guralan mahaly, şeýle tarapyň işine resminamalaýyn salgyt barlagy onuň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýeri boýunça salgyt gullugy geçirýär. Resminamalaýyn salgyt barlagy şol tarap edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawundan çykarylan pursadyna çenli geçirilýär, barlagyň ykrarhaty boýunça kem hasaplanylan salgytlaryň pul möçberleri bolsa geçiriş ykrarhatyna (paýlaýyş balansyna) goşulýar. Edara görnüşli tarap bölmek, bölüp aýyrmak, özgertmek görnüşinde gaýtadan guralanda, resminamalaýyn salgyt barlagy gaýtadan guralýan edara görnüşli tarapyň salgyt

hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan meýilnamalaýyn tertipde geçirilýär. Edara görnüşli tarapy ýapmak hakyndaky çözgüt kanunçylyk arkaly kabul edilende, resminamalaýyn salgyt barlagy onuň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan amala aşyrylýar. Barlagyň ykrarhatynda barlagyň tamamlanylan pursadyna çenli salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) öň emele gelen we bar bolan salgytlar we býujete tölenmeli hökmany tölegler boýunça berginiň pul möçberi hem-de goşmaça hasaplanylan salgytlaryň pul möçberleri görkezilýär. Barlagyň ykrarhaty edara görnüşli tarapyň işini ýatyryş toparynyň başlygyna gowşurylýar. Salgyt gullugy resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça karary, şeýle-de salgytlar, puşmana tölegleri we maliýe jerimeleri boýunça berginiň möçberini görkezmek bilen, kanunçylyk arkaly kesgitlenilen möhlet tamamlanýança işi ýatyrylan tarapa bergidarlyk talaplaryny yglan etmek üçin edara görnüşli tarapyň işini ýatyryş toparynyň başlygyna salgyt habarnamasyny gowşurýar.

**Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapyň aýrybaşgalanan birligine resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilişiniň tertibi.** Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapyň şahamçasyna, wekilhanasyna resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek, edara görnüşli tarapyň özüniň salgyt töleýji hökmünde hasaba alnan ýeri boýunça salgyt gullugynyň ýazmaça görkezmesi esasynda şeýle şahamçanyň, wekilhananyň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan amala aşyrylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty üç nusgada düzülýär, oňa barlagçy, şahamçanyň (wekilhananyň) ýolbaşçysy we hasapçysy gol çekýär. Ykrarhatynyň bir nusgasy şahamçanyň (wekilhananyň) ýolbaşçysyna gowşurylýar, ikinji nusgasy barlagy geçiren salgyt gullugynda galýar, üçünji nusgasy bolsa, ol düzülenden soň, bäş günden giç bolmadyk möhletde şol edara görnüşli tarapyň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär. Edara görnüşli tarapyň özüniň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýän resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna salgyt barlagyň dowamynda alnan ähli resminamalaryň nusgalary, eger-de bar bolsa, şahamçanyň (wekilhananyň) ýolbaşçysynyň nägileligi goşulýar.

Geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça karar edara görnüşli tarapyň özüniň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär.

Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapyň şahamçasyna resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek, şeýle şahamça (wekilhana) tarapyndan salgytlar we býujete tölenmeli beýleki hökmany tölegler özbaşdak hasaplanylýan we tölenilýän babatda, şahamçanyň (wekilhananyň) ýerleşýän ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan şol salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi esasynda amala aşyrylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty üç nusgada düzülýär, oňa barlagçy, şahamçanyň (wekilhananyň) ýolbaşçysy we hasapçysy gol çekýär. Ykrarhatyň bir nusgasy şahamçanyň (wekilhananyň) ýolbaşçysyna gowşurylýar, ikinji nusgasy barlagy geçiren salgyt gullugynda galýar, üçünji nusgasy bolsa, düzülenden soň bäş günden giç bolmadyk möhletde şol edara görnüşli tarapyň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär. Geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça karar şahamçanyň (wekilhananyň) salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär. Şonuň bilen birlikde, kararyň bir nusgasy kararyň kabul edilen gününden soňky gelýän günden giç bolmadyk möhletde edara görnüşli tarapyň salgyt töleýji hökmünde özüniň salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär. Salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň goşmaça hasaplanylan pul möçberini, geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça çözgüdi kabul eden salgyt gullugy tutup alýar.

**Bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplara (şereketrlere) geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy.** Şereketiň işi boýunça tutuşlaýyn hasaplanylýan salgytlar (mysal üçin, goşulan baha üçin salgyt) babatda bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplara geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy, şeýle şereketiň işine gatnaşýan ähli taraplaryň ýerleşýän ýerindäki salgyt gulluklary tarapyndan amala aşyrylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagy salgydyň hasaplanylmagy we salgyt beýannamasynyň tabşyrylmagy üçin şerekete gatnaşýan

jogapkär tarapyň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugynyň ýazmaça görkezmesi esasynda geçirilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty üç nusgada düzülýär, oňa barlagçy, şerekete gatnaşýan edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy we hasapçysy ýa-da şerekete gatnaşyjy-hususy telekeçi gol çekýärler. Ykrarhatyň bir nusgasy barlanylýan tarapa berilýär, ikinji nusgasy resminamalaýyn salgyt barlagyny geçiren salgyt gullugynda galýar, üçünji nusgasy bolsa ykrarhaty düzülenden soň bäş günden giç bolmadyk möhletde salgydyň hasaplanylmagy we salgyt beýannamasynyň tabşyrylmagy üçin jogapkär tarapyň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär. Salgydyň hasaplanylmagy hem-de salgyt beýannamasynyň tabşyrylmagy üçin jogapkär tarapyň salgyt töleýji hökmünde hasaba alnan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýän barlagyň ykrarhatyna barlagyň dowamynda alnan ähli resminamalar, eger-de bar bolsa, barlanylan tarapyň nägilelikleri goşulýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça karary salgydyň hasaplanylmagy we salgyt beýannamasynyň tabşyrylmagy üçin jogapkär tarapyň salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugynyň ýolbaşçysy kabul edýär.

Salgytlary we býujete hökmany tölenmeli beýleki tölegleri hasaplaýan we töleýän bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplara (şerekete) resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek, şeýle tarapyň ýerleşýän ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan şol salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi esasynda amala aşyrylýar. Şerekete gatnaşyjylaryň salgyt hasabyna alnan ýerindäki salgyt gullugynyň resmi ýüz tutmasy boýunça şereketiň umumy işleriniň alnyp barylmagy üçin jogapkär tarapyň salgyt töleýji hökmünde hasaba alnan ýerindäki salgyt gullugy barlagy geçirmek üçin zerur bolan maglumatlary, şol sanda şerekete gatnaşmakdan alynýan girdejiniň pul möçberleri we beýleki maglumatlary berýär. Salgytlaryň goşmaça hasaplanan pul möçberlerini, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça çözgüdi kabul edýän salgyt gullugy tutup alýar.

**Daşary ýurtly edara görnüşli taraplara geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy.** Resminamalaýyn salgyt barlagy daşary

ýurtly edara görnüşli tarapyň (Türkmenistana dahylsyz) salgyt gullugynda salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna goýulmaga degişli bolan esaslary öwrenmekden başlanýar. Birnäçe esaslar bolanda, bu esaslar boýunça salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna alynmaga degişli beýleki salgyt gulluklaryna habar berlendigi kesgitlenilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, barlagçy şu aşakdakylary kesgitlemelidir:

1. Daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň işi hemişelik wekilhananyň döredilmegine getiripmi ýa-da getirmänmi we şeýle netijeler nämä esaslanýar?
2. Girdejileriň (töleglerіň) haýsy görnüşleri hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrylýan işe degişli, haýsylary bolsa oňa degişli däl we haýsy ýagdaýlarda olar töleglerіň çeşmesinden salgyt salynmaga degişli?
3. Daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň işi hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrylmaýan bolsa, onda salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiniň girdejilerinden (salgyt töleýjä tölenýän töleglerden) salgyt tutulyp alnypdyrmy? Şol sebäpli garşylyklaýyn barlag bellenilýär, onuň geçirilişiniň dowamynda şu aşakdakylar anyklanylýar:

a) haýsy taraplar we salgyt töleýjä tölenilýän tölegler babatda salgytlaryň haýsy görnüşleri boýunça salgyt ýumuşçylary ykrar edilýär?

b) salgyt töleýjiniň girdejilerinden (salgyt töleýjä tölenilýän töleglerden) tölemeklik salgyt ýumuşçysynyň üstüne ýüklenilýän salgytlaryň hasaplanylyşynyň, tutulyp alnyşynyň, doly we öz wagtynda geçirilişiniň dogrulygy;

ç) *salgyt ýumuşçysy salgydy tutup almanda, esaslaryň resminamalaýyn tassyklanylmagy.* Halkara ylalaşyklarynyň kadalaryny salgyt ýumuşçysynyň ulanandygyny anyklamak zerurdyr, has takygy: salgyt töleýji tarapyndan kesgitlenilen görnüşdäki arzany bermezden; Türkmenistanyň salgyt gullugy tarapyndan doldurylmadyk arza boýunça; arza berilmänkä tölenilen ýa-da arzada görkezilmedik tölegler. Ondan başga-da, salgyt töleýji ta-

rapyndan şertnama esasynda hyzmatlaryň amal edilýändiginiň (işleriň ýerine ýetirilýändiginiň), hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrylýandygynyň we tölenilýän girdejiniň şeýle hemişelik wekilhanasyna degişlidiginiň ýazmaça tassyknamasy berilmedik ýagdaýynda, salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgydyň tutulyp alnandygyny kesgitlemeli;

d) daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň tabşyrýan salgyt beýannamalarynda hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan işine degişli bolan ähli salgyt salynýan amallaryň, emlägiň, girdejileriň we çykdajylaryň dogry hem-de doly beýan edişini;

e) salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugy bilen «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 179-njy maddasynyň 3-nji bölümi bilen bellenilen halatlarda hemişelik wekilhananyň üstünden amala aşyrylýan işden alnan peýdanyň hasaplamasynyň ylalaşylandygyny.

Şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň işine degişli ähli amallar buhgalteriýa we salgyt hasabynda hem-de salgyt beýannamalarynda (hasabatlarynda, hasaplamalarynda) beýan edilmelidir. Şeýle amallar bilen baglanyşykly ilkinji hasaba alyş resminamalary daşary ýurtlarda geçirilen amallar boýunça bolsa, şeýle resminamalaryň göçürme nusgalary Türkmenistanda saklanylmalydyr. Daşary ýurtlarda harçlanylan harajatlary hasaplamak üçin resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, şeýle çykdajylary tassyklaýan ähli resminamalary barlagçy talap edip bilýär, daşary ýurtly edara görnüşli tarap bolsa, şol resminamalary bermelidir. Barlagçy daşary ýurtly edara görnüşli tarapdan şeýle çykdajylaryň hasabyny ýöredýän baş kompaniýasynyň dolandyryş ýeriniň ýerleşýän ýeri boýunça auditor kompaniýasyndan auditorçylyk netijenamasyny hem talap edip bilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty, şeýle-de daşary ýurtly edara görnüşli tarapa geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça karar onuň Türkmenistanyň çäklerinde ygtyýarlyk berlen wekiline gowşurylýar. Türkmenistanyň çäklerinde şeýle wekil bolmadyk ýagdaýynda, resminamalaýyn salgyt barlagy-

nyň ykrarhaty we karar daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň salgyt gullugynda bar bolan hukuk salgysyna ýollanýar. Edara görnüşli tarapyň ygtyýarly wekilinden resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna bolan nägilelik diňe degişli ýagdaýda resmileşdirilen şertnama ýa-da ynanç haty bar bolan mahaly hem-de şeýle hereketler oňa berlen hukuklaryň we ygtyýarlyklaryň çäklerinde geçirilýän şertlerinde garamaga kabul edilýär.

### 6.6.39. Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň usullary

**Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň esasy usullary.** Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende şu aşakdaky usullar ulanylýar:

1. Barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) alnyp barylýan içerki hojalyk hasap we gözegçilik ulgamyny öwrenmek
2. Geçirilen hojalyk we maliýe amallary boýunça kanunçylygyň talaplarynyň berjaý edilişini anyklamak maksady bilen resminamalary barlamak.
3. Buhgalteriýa we salgyt hasabyny ýöretmegiň ilkinji resminamalarynyň bellenilen talaplara laýyk gelýändigini kesgitlemek maksady bilen olary öwrenmek we barlamak.
4. Buhgalteriýa we salgyt hasabynyň maglumatlaryny maliýe hasabatynyň hem-de salgyt beýannamalarynyň (hasabatlaryň we hasaplamalaryň) maglumatlary bilen deňeşdirip görmek.
5. Aýry-aýry amallar boýunça ýazgylary, resminamalary we hakyky maglumatlary barlanylýan salgyt töleýjisinde (salgyt ýumuşçysynda) bu amallary beýleki amallar bilen baglanyşykly ýazgylar, resminamalar we hakyky maglumatlar we gaýry edara görnüşli we şahsy taraplardan alnan ýazgylar, resminamalar we beýleki maglumatlar bilen deňeşdirip öwrenmek.
6. Barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) hasaplar (hasaplaşyk, daşary ýurt pulundaky we beýleki hasaplar) boýunça bankyň göçürmelerini bankdaky bu hasaplar boýunça

asyl nusgadaky ýazgylar bilen, şeýle-de şol ýazgylary ýazmak üçin esas bolup hyzmat edýän resminamalar bilen tanyşmak arkaly deňeşdirmek.

7. Garşylyklaýyn barlaglary geçirmek, ýagny barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) bar bolan ýazgylary, resminamalary beýleki taraplarda bar bolan resminamalardaky maglumatlar bilen deňeşdirmek.
8. Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda barlanylýan salgyt töleýjiniň peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik hem-de gaýry işleri amala aşyrmak üçin ulanylýan önümçilik, ammar, söwda we beýleki jaýlaryny hem-de şeýle iş bilen baglanyşykly emlägi gözden geçirmek.
9. Gözegçilik üçin (özbaşdak ýa-da hünärmenleri çekmek bilen) ýerine ýetirilen işleriň möçberlerini ölçäp görmek, çig maly, serişdeleri, ýarym taýýar we taýýar önümleri çekip we ölçäp görmek.
10. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägine tükelleme işiniň geçirilmegini guramak.
11. Taýýar önümiň hasabynyň doly ýöredilişini, harytlar we maddy gymmatlyklar saklanylan, daşalan we ýerleşdirilen mahaly tebigy ýitgileriň ölçegleriniň berjaý edilişini barlamak.

Resminamalaýyn salgyt barlagy resminamalary tutuşlygyna ýa-da seçip almak arkaly barlamak usuly bilen amala aşyrylýar. **Tutuşlygyna barlag** geçirilen mahaly salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt salynýan binýatlaryň we barlanylýan döwürde hojalyk amallary hem-de buhgalteriýa we salgyt hasaby boýunça ähli resminamalaryň dogry kesgitlenilendigine göz ýetirilýär. **Seçip almak arkaly** resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan geçirilen hojalyk amallaryny tassyklamak üçin resmileşdirilen, salgyt salmak üçin ähmiýeti bolan buhgalteriýa we salgyt hasabynyň resminamalarynyň bir bölegi barlanylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda seçip almak usulynyň ulanylandygy (ony esaslandyrmak bilen) hakynda barlagyň ykrarhatynda görkezilýär. Seçip almak usuly bilen geçirilen barlagyň ykrarhatynda haýsy resminamalar we haýsy döwür üçin seçip almak

arkaly barlanandygy görkezilýär. Seçip almak arkaly barlag geçirilen mahaly salgyt kanunçylygynyň bozulmalarynyň üsti açylsa, onda barlagçy tutuşlygyna barlagy geçirýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda barlagçy amala aşyrylan hojalyk amallarynyň ygtybarlygyna we ykdysady taýdan maksada laýyklygyna göz ýetirmelidir. Şu maksat bilen buhgalteriýa we salgyt hasabynda hasaba alnan aýry-aýry hojalyk amallarynyň adaty bolmadyk we nädogry beýan edilendigi ýüze çykarylýar, şeýle-de ýalňyşlyklaryň we ýoýulmalaryň sebäpleri anyklanylýar. Buhgalteriýa we salgyt hasabynyň resminamalaryna geçirilýän seljerme amala aşyrylan amallaryň hakykylygyny öwrenmek, harytsyz geçirilýän amallary, şeýle-de salgyt salmak üçin ähmiýeti bolan amallaryň hakyky şertlerinden we mazmunyndan ugur alyp geleşigiň hakyky formasyny (görnüşini we mazmunyny) ýa-da geleşigiň yzygiderligi salgytlary tölemekden gaçyp gutulmaga getirýän amallary ýüze çykarmak maksady bilen amala aşyrylýar. Şu babatda Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň degişli kadalary, has takygy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 34-nji maddasynyň 5-nji bölüminiň düzgünleri ulanylýar.

Özara garaşly edara görnüşli taraplaryň özara gatnaşyklarynda adaty geleşiklerde göz öňünde tutulan şertlerden düýpli tapawutlanýan şertler kesgitlenilýär we hakykatda ýüze çykýar. Şol sebäpli özara garaşly edara görnüşli taraplaryň arasynda baglaşylýan we amala aşyrylýan geleşikler aýratyn gözegçilik astyna alynýar. Şu babatda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 153-nji maddasynyň düzgünleri ulanylýar. Özara garaşly taraplaryň arasyndaky geleşikler boýunça aýry-aýry ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 36-njy maddasynyň düzgünleri ulanylýar. Matematika taýdan dürsligini we buhgalteriýa ýazgylara laýyk gelýändigini tassyklamak maksady bilen, arifmetiki hasaplamalara barlag hökmany ýagdaýda geçirilýär we barlag tutuşlaýyn we saýlap almak usuly bilen amala aşyrylýar.

Önüm öndürmek üçin maddy harajatlaryň kesgitlenilişine resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, barlagçy öndürilýän önüme harçlanylýan maddy harajatlaryň kalkulýasiýasyny barlamalydyr.

Öndürilen önümiň birligi üçin çig maly, materiallary harçlamagyň ölçeglerinden artyk harçlanýan harajatlar anyklanylanda, önümleriň anyk görnüşlerini öndürmäge hakykatda harç edilen harajatlary kesgitlemek üçin barlagçylar bu işe bilermenleri çekip bilýärler. Çig malyň we materiallaryň hakyky harçlanan möçberi barada bilermeniň düzen netijenamasynyň esasynda barlagçy geçirilýän barlagyň ähli döwründe önüm öndürmek bilen baglanyşykly harçlanan çig malyň we materiallaryň dogry hasapdan çykarylandygy (salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin aýyrmalar) barada netije çykarýar.

**Telekeçilik işini amala aşyrmak üçin peýdalanylýan jaýlary gözden geçirmek.** Peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik we beýleki işleri amala aşyrmak, şeýle-de şonuň ýaly işler bilen baglanyşykly emlägiň gözden geçirilmegi, barlagçy tarapyndan salgyt salynýan binýatlar ýa-da işleri amala aşyrmak üçin ulanylýan binýatlar hakyndaky hakyky maglumatlaryň salgyt töleýjiniň buhgalteriýa we salgyt hasabynyň resmi maglumatlaryna laýyk gelýändigini kesgitlemek üçin amala aşyrylýar. Önümleri öndürmek, harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary amal etmek üçin haryt-maddy gymmatlyklary saklamak üçin ulanylýan önümçilik, ammar, söwda, kömekçi jaýlar (şol sanda kärendä alnanlar), wezipeli adamlaryň kabinetleri, iş orunlary we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beýleki jaýlary ýa-da olaryň peýdalanylýan bölekleri gözden geçirilýän desgalar bolup bilýärler. Telekeçilik işini amala aşyrmak, peýda (girdeji) almak ýa-da salgyt salmagyň beýleki binýatlaryny saklamak bilen baglanyşykly bolan kärhanalaryň we raýatlaryň önümçilik, ammar, söwda we gaýry desgalarynyň çäklerine salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt gullugynyň işgärine barmaga we barlagy geçirmäge päsgel bermegi, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 62-nji maddasy) salgyt tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreleriň ulanylmagyna getirýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa we salgyt hasabynda beýan edilmedik işi amala aşyrmagyň alamatlary ýüze çykarylan mahaly, geçirilen barlagyň netijeleri aýratyn delil haty bilen

resmileşdirilýär. Salgyt töleýjiden ýa-da salgyt ýumuşçysyndan (olaryň wekillerinden), şeýle-de işleri ýerine ýetiren ýa-da hyzmatlary amal eden taraplardan ýazmaça düşündiriş haty alynýar we olar barlagyň delil hatyna goşulýar. Şonuň ýaly ýagdaýlarda barlagçy şeýle iş üçin ulanylýan jaýy möhürläp, tükelleme işini geçirmegi talap edip bilýär.

Salgyt gullugy tarapyndan möhürlenilen jaýda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) haryt-maddy gymmatlyklary ýa-da resminamalary gizläp biljekdigine şaýatlyk edýän maglumatlar bolan ýagdaýynda, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy şol jaýy goramakda zerur derejede ýardam bermek meselesi boýunça Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň degişli edarasyna ýüz tutmak barada çözgüdi kabul edýär. Şeýle-de salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) wekilleri barlagçylara resminamalaýyn salgyt barlagyny we gözegçilik işlerini geçirmäge päsgel beren ýagdaýlarynda, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy Içeri işler ministrliginiň degişli edarasyna ýüz tutmak barada çözgüdi kabul edýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan çäreler («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 62-nji maddasy) netije bermese, şeýle-de salgyt töleýjiniň salgytlary tölemekden boýun gaçyrmaga meýilleriniň bardygy hakyndaky maglumatlar bar bolan halatlarynda, ýokarda agzalyp geçilen çözgüt kabul edilýär.

**Pulhanada hakyky bar bolan pul serişdelerine we gymmatlyklaryna geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy.** Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda pulhanada we hasabat bermäge borçlandyrylan taraplarda hakyky bar bolan serişdeleriň we gymmatlyklaryň barlygy barlanylýar. Gaýtadan hasaplamak başlanýança maddy taýdan jogapkär we hasabat bermäge borçlandyrylan tarapdan pul serişdeleriniň we beýleki gymmatlyklaryň girdeji edilendigi, amal edilen çykdajylar bolsa hasapdan çykarylandygy hakynda ýazmaça dilhaty talap edilýär. Maddy taýdan jogapkär adam (hasabat berýän) barlagçylaryň we salgyt töleýjiniň wekilleriniň gatnaşmagynda pulhanada (pulhana jaýynda) we hasabat bermäge borçlandyrylan tarapda bar bolan nagt pullary gaýtadan hasaplaýar we beýleki gymmatlyklary barlaýar. Barlagyň netijeleri 53-nji şekile laýyklykdaky görnüş boýunça pulhanada we hasabat bermäge borç-

landyrylan tarapda bar bolan nagt pul serişdeleriniň we beýleki gymmatlyklaryň barlagynyň ykrarhaty bilen resmileşdirilýär, şol ykrarhatynda nagt pullaryň we barlagyň geçirilen günündäki hasabyň maglumatlary boýunça pul serişdeleriniň we gymmatlyklaryň galyndysy görkezilýär hem-de barlagyň netijesi kesgitlenilýär. Şonuň bilen birlikde, barlagçy maddy taýdan jogapkär (hasabat berýän) adamdan barlagyň ykrarhatynda sanalyp geçilen pul serişdeleriniň we beýleki gymmatlyklaryň özünde jogapkär saklanylmagynda (hasabat bermeginde) durýandygy, olaryň barlagçynyň we bu işe çekilen beýleki adamlaryň gatnaşmagynda özüniň sanap görendigi, jemlenendigi hem-de ykrarhatynyň dogry düzülendigi, şeýle-de barlagça nägileliginiň ýokdugy barada ýazmaça görnüşde tassyklamasyny almalydyr. Barlagyň dowamynda pulhanada (hasabat berýän adamda) hakyky bar bolan pul serişdeleriniň we gymmatlyklaryň buhgalteriýa we salgyt hasabynyň maglumatlaryna çapraz gelmegi ýüze çykarylan mahaly, maddy taýdan jogapkär adam (hasabat berýän) barlagça pul serişdeleriniň we beýleki gymmatlyklaryň artyk ýa-da kem çykmagynyň sebäplerine ýazmaça görnüşde düşündiriş berýär.

*53-nji şekil*

**Pulhanada we hasabat berýän taraplarda pul serişdelerine we beýleki gymmatlyklara geçirilen barlagyň ykrarhaty**

**2012 ý. mart aýynyň «18-i» Aşgabat ş.**

Pul serişdelerine we gymmatlyklara barlag geçirmeklige başlananda pul serişdeleri we gymmatlyklary üçin ähli çykdajy we girdeji resminamalary buhgalteriýa tabşyryldy hem-de meniň jogapkärçiligime gelip düşen ähli pul serişdeleri we gymmatlyklary girdeji edilen, gideni bolsa çykdajy edilip hasapdan öçürilen

Material jogapkär (hasabat berýän) tarap:

| Pulhanaçy | ______________ | Durnaýewa Gözel |
|---|---|---|
| (wezipesi) | (goly) | (familiýasy, ady, atasynyň ady) |

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň uly inspektory Öwezgeldiýew Perhat Annageldiýewiç tarapyndan «Altyn Kerwen ýoly» hojalyk jemgyýetinde resminamalaýyn barlag geçirilende,

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat __________

Etrap: Köpetdag. Şäher: Aşgabat. Ilatly ýer (oba, şäherçe) _______ Kiçi etrap: Parahat 2/2, Korpus______ Öý №23, ŞSB 101211004682 aşakdakylar anyklanyldy:

1. Nagt pul 10328 (on müň üç ýüz ýigrimi sekiz manat)
2. ______________________________________________________
3. ______________________________________________________

Hakyky möçberiniň jemi 10328 (on müň üç ýüz ýigrimi sekiz manat)

Hasap maglumatlary boýunça: 10500 (on müň bäş ýüz manat) Barlagyň netijesinde artykmaçlyk_____________

Kemçilik: ýüz ýetmiş iki manat

Pulhana orderiniň soňky belgisi: girdeji N 78, çykdajy N 80

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgäri: uly inspektor Öwezgeldiýew Perhat Annaglediýewiç

Men tarapyndan hasaplanan pul serişdeleriniň we gymmatlyklaryň barlagçynyň gatnaşmagynda dogry hasaplanandygyny tassyklaýaryn. Ykrarhatynda sanalan pul serişdeleri we gymmatlyklary saklamaklyk meniň jogapkärçiligimde (hasabatymda) we barlagça hiç hili närazylyk bildiremok

Material jogapkär (hasabat berýän) tarap

Pulhanaçy __________________ Durnaýewa Gözel

Ykrarhatynyň nusgasyny aldym:

Töýliýew Mergen Ataýewiç
(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň
ýa-da onuň wekiliniň familiýasy,
ady, atasynyň ady) __________
(goly)

2012 ý. mart «18»

**Mysal.** «Medet» hususy kärhanasy hojalyk amallarynyň aglabasyny nagt hasaplaşykda amala aşyrýar. Etrap döwlet salgyt gullugynyň şol döwürde geçirýän resminamalaýyn salgyt barlagynyň gidişinde kärhananyň pulhanasynda hakykatda bar bolan nagt pul serişdelerini we gymmatlyklaryny barlamak göz öňünde tutulýar. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, kärhananyň gözegçilik–pulhana abzalynda hasabat döwründe kabul edilen pul serişdeleri 109675 manat pul möçberinde görkezilipdir. Buhgalteriýanyň ilkin-

ji resminamalarynda, ýagny girdejiler we çykdajylar orderlerinde hem-de pulhana kitabynda kabul edilen nagt pul serişdeleriniň möçberi ýokarda görkesilen jemde beýan edilipdir, ýöne bank edarasyna nagt pullarynyň tabşyrylandygyny tassyklaýan bankyň kwitansiýalarynda nagt pullaryň möçberi 108441 manat diýip görkezilipdir. Hasabat döwrüniň başyna pulhanada we buhgalteriýa hasabynda galyndy pul serişdeleriniň möçberi 782 manat, hasabat döwrüniň ahyryna 1510 manat diýlip beýan edilipdir. «Medet» hususy kärhanasynyň pulhanasynda ýetmeýän nagt pul serişdeleriniň möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «Medet» hususy kärhanasynyň pulhanasynda ýetmeýän nagt pul serişdeleriniň möçberi: NPSÝEM = (782 manat + +109675 manat – 108441 manat – 1510 manat) = 506 manat.

**Emlägi tükellemek.** Resminamalaýyn salgyt barlagyny amala aşyrmagyň dowamynda tükellemek işiniň geçirilemgi, barlagça barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) bar bolan emläk we bu emlägiň buhgalteriýa we salgyt hasabynyň maglumatlaryna gabat gelýändigi hakynda takyk maglumatlary almaga mümkinçilik berýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) maddy we maddy däl emlägi, şeýle-de onuň maliýe borçnamalary tükellenilmäge degişlidir.

**Tükellemek – bu buhgalteriýa we salgyt hasabynda hasaba alnan gymmatlyklaryň abat we dogry saklanylyşynyň, serişdeleri almaga borçnamalaryň hem-de hukuklaryň, şeýle-de ammar hojalygynyň alnyp barlyşynyň we hasap maglumatlarynyň barlanylmagydyr.** Tükellemek maddy gymmatlyklaryň abat saklanylmagyna gözegçilik geçirmäge, olaryň hasabyny alyp barmakda we maddy taýdan jogapkär adamlaryň işinde mümkin bolaýjak ýalňyşlyklary ýüze çykarmaga we aradan aýyrmaga, tebigy ýitgileriň göwrümini kesgitlemäge hem-de maddy we beýleki gymmatlyklaryň galyndylary baradaky maglumatlary takyklamaga mümkinçilik berýär. Esasy serişdeler (gaznalar), haryt – maddy baýlyklar, tamamlanmadyk önümçilige harçlanýan harajatlar, pul serişdeleri, önüm iberijiler (potratçylar) we tabşyryk berijiler bilen hasaplaşyklar we hasabyň beýleki maddalary tükelleme geçirilmegine degişlidirler.

Tükellemek salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan 54-nji şekilde görkezilýän görnüş boýunça oňa salgyt gullugynyň tükelle-

megi bellemek hakynda iberýän talabynyň esasynda geçirilýär. Salgyt gullugynyň iberen talabyny alan gününde, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) kesgitlenilen tertipde tükelleýiş toparyny döredýär we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda tükellemegi geçirýär. Tükellemegiň netijeleri boýunça degişli görnüşde ykrarhaty ýazylýar. Tükellenilýän mahaly hakykatda bar bolan emläk bilen buhgalteriýa hasabynyň maglumatlarynyň arasynda ýüze çykarylan çaprazçylyk, buhgalteriýa hasabynyň hasaplarynda şu tertipde beýan edilýär:

– artyk emläk girdeji edilýär we degişli pul möçberi guramanyň maliýe netijelerine ýazylýar;

– ýetmeýän emläk we onuň tebigy ýitgileriň ölçegleriniň çäklerinde zaýalanmagy dolanyşyk we önümçilik harajatlarynyň düzümine goşulýar, tebigy ýitgileriň ölçegleriniň çäklerinden artyk gelýän ýitgiler günäkär adamlaryň hasabyna ýazylýar.

*54-nji şekil*

**Haryt-material gymmatlyklaryna tükelleme geçirmek hakynda talapnama**

**2012 ý. fewral aýynyň «14-i» Aşgabat ş.**

Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygy Dörtgulyýew Agamyrat «Takyk enjamlar» hojalyk jemgyýetinde salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda

ŞSB: 102211002599

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat ______________

Etrap: Azatlyk. Şäher: Aşgabat.

Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.) _______________

Kiçi etrap _____________

Şaýoly, köçe, geçelge: Hoja Ahmet Ýasawy.

Jaý № 48

Korpus _______ Öý: 12

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 74-nji maddasynyň 1-nji bölümi esasynda

Karar edýärin:

**1. «Takyk enjamlar» hojalyk jemgyýetinde**
(edara görnüşli tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň,
salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

haryt – material gymmatlyklaryna tükelleme geçirmeli

2012 ý. fewral aýynyň «14-i» Aşgabat ş.

**2. «Takyk enjamlar» hojalyk jemgyýetinde**
(edara görnüşli tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň,
salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)
resminamalaýyn salgyt barlagyny amala aşyrýan salgyt gullugynyň wezipeli tarapynyň gatnaşmagynda haryt – material gymmatlyklaryna tükellemäni geçirmekligi üpjün etmeli.

Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy __________ Hudaýnazarow Jemşit
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Talapnamanyň nusgasyny aldym:
Muhammetdurdyýew Şageldi
(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da
onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady) __________
(goly)

2012 ý. fewral aýynyň «14-i» Aşgabat şäheri

**Mysal.** «Nerkeş» hojalyk jemgyýetinde Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýär. Geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda emlägi tükellemek zerurlygy ýüze çykýar. Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň «Nerkeş» hojalyk jemgyýetinde geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda amal edilen tükellemek işiniň netijesinde şu maglumatlar alyndy (56-njy tablisa). «Nerkeş» hojalyk jemgyýetiniň 2012-nji hasabat ýyly üçin maliýe netijeleri (peýda) 29690 manat (maliýe hasabynda, buhgalteriýa sanawlarynda, salgyt beýannamalaynda we gaýry resminamalarda beýan edilen maglumatlara we görkezijilere laýyklykda).

«Nerkeş» hojalyk jemgyýetinde geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda amal edilen işler boýunça ýüze çykarylan bozulmalary anyklamaly we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň, Aşgabat şäheriniň ösdüriş gaznasy-

na tölenýän tölegleriň, Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdüriş gaznasyna tölenýän tölegleriň salgyt binýady bolup durýan maliýe netijelerine (29690 manat) düzediş girizilmeli.

*56-njy tablisa*

**«Nerkeş» hojalyk jemgyýetinde geçirilen tükelleýiş işiniň netijeleri**

| № | Kärhananyň buhgalteriýa hasabynda beýan edilen görkezijiler | Buhgalteriýa we salgyt hasaby boýunça emlägiň we maliýe borçnamalaryň bahasy | Tükellemek işiniň geçirilmeginiň netijeleri boýunça emlägiň we maliýe borçnamalaryň bahasy | Aratapawut (+; –) |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | Esasy gaznalar (serişdeler) | 289542 | 295865 | +6323 |
| 2 | Haryt-maddy gymmatlyklar | 151167 | 149693 | -1474 |
| 3 | Tamamlanylmadyk önümçiligine harçlanan harajatlar | 77529 | 77529 | – |
| 4 | Pul serişdeleri (pulhanada) | 801 | 1546 | +745 |
| 5 | Möhleti geçen algydarlyk (debitor) bergileri | 89400 | 89400 | – |
| 6 | Möhleti geçen bergidarlyk (kreditor) bergileri | 104882 | 142788 | +37906 |
| 7 | Harytlaryň tebigy ýitgileriniň kesgitlenilen ölgeçi | 16994 | 10157 | -6837 |

**Çözülişi.** «Nerkeş» hojalyk jemgyýetinde geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda amal edilen tükelleýiş işleri boýunça ýüze çykarylan bozulmalaryň pul möçberi 56-njy tablisanyň 5-nji sütüninde görkezilýär.

Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň, Aşgabat şäheriniň ösdüriş gaznasyna tölenýän tölegleriň salgyt binýady bolup durýan maliýe netijelerine (jemi peýda) 53285 manat (6323 manat + 1474 manat + 745 manat + 37906 manat + +6837 manat) pul möçberinde düzediş girizmeli. Diýmek, maliýe netijeleriniň (jemi peýdanyň) pul möçberini 82975 manat (29690 manat+53285 manat) jemde kesgitlemeli.

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt salmak maksady üçin «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň şu aşakdaky düzgünleri ulanylýar:

**a) goşulan baha üçin salgyt boýunça:**

– harytlaryň ogurlanandygynyň ýa-da zaýalanandygynyň resmi tassyklamasy bolmadyk halatynda, harytlaryň tebigy ýitginiň ölçeginden artyk kem çykmagy harytlaryň ýerleşdirilmegi diýlip ykrar edilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 97-nji maddasynyň 7-nji bölegi)
– «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 101-nji maddasynyň 13-nji bölegi bilen bellenilýär, ýagny, eger-de harytlaryň ogurlanandygynyň ýa-da zaýalanandygynyň resmi tassyklamasy bolmasa we harytlar tebigy ýitgileriň ölçeginden artyk kem çyksa, salgyt binýady «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 101-nji maddasynyň 2-nji bölegi bilen bellenilen tertipde kesgitlenilýär, başgaça aýdanyňda, salgyt özeni şeýle harytlar üçin ulanylýan nyrhlardan ugur alyp, esasy serişdeler boýunça bolsa – galyndy bahasy boýunça bellenilýär;
– harytlaryň ýerleşdirilmegi diýlip ykrar edilýän harytlar tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk kem ýüze çykarylan mahaly, salgyt salynýan amallar şol hasabat (salgyt) döwründe geçirildi diýlip hasap edilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 109-njy maddasynyň 2-nji bölümi bilen bellenilýär);

**b) goşmaça tölegler boýunça:**

– «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 117-nji maddasynyň 6-njy bölegi bilen bellenilýär, ýagny harytlaryň ogurlanandygynyň ýa-da zaýalanandygynyň resmi tassyklamasy bolmadyk ýagdaýynda we harytlar tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk kem çykan mahaly, salgyt özeni «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 117-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen bellenilen tertipde kesgitlenilýär, başgaça aýdanyňda, salgyt özeni şeýle harytlar üçin salgyt töleýji tarapyndan olar adaty görnüşde ýerleşdirilende ulanylýan bahalardan ugur alnyp takyklanylýar;

**ç) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça:**

– «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 131-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen bellenilýär, ýagny harytlaryň

ogurlanandygynyň ýa-da zaýalanandygynyň resmi tassyklamasy bolmasa, gazylyp alynýan peýdaly magdanlar tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk kem çyksa, salgyt özeni 131-nji maddanyň 2-nji bölegi bilen bellenilen tertipde kesgitlenilýär, salgyt özeni şeýle harytlar üçin salgyt töleýji tarapyndan olar adaty görnüşde ýerleşdirilen mahaly ulanylýan bahalardan ugur alnyp takyklanylýar.

**d) edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça:**

– salgyt salmak maksady bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilen tertipde tassyklanylan tebigy ýitgileriň ölçegleriniň çäklerinde haryt – maddy gymmatlyklaryň kem çykmagyndan ýa-da zaýalanmagyndan ýüze çykýan ýitgiler maddy çykdajylara degişli edilýär («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 155-nji maddasynyň 5-nji bölegi);

– harytlary öndürmek we ýerleşdirmek, hyzmatlary amal etmek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylara we tebigy ýitgilere tebigy ýitgileriň ölçegleriniň çäklerinde gelip gowşan maddy serişdeleriň kem çykmagyndan ýüze çykýan ýitgiler goşulýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 158-nji maddasy).

– tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk haryt – maddy gymmatlyklaryň kem çykmagyndan we zaýalanmagyndan ýitgiler, şeýle-de ogurlanylmagyndan çekilen zyýanlar günäkär adamlar bolmadyk (anyklanylmadyk) mahaly, ýerleşdirmekden daşary çykdajylaryň (zyýanlaryň) düzümine goşulýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 159-njy maddasy).

– kem çykmalardan, zaýa çykmakdan, boş durmalardan, tebigy heläkçiliklerden, ýangynlardan, bibatlyklardan we beýleki adatdan daşary ýagdaýlardan çekilen zeleller, şeýle-de gaplar bilen geçirilýän amallar boýunça çekilen zeleller olar ýüze çykarylan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalara goşulýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 169-njy maddasynyň 8-nji bölümi)

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende ulanylýan beýleki usullar.** Geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda:

– taýýar önümiň bir bölegini taýýarlamak üçin harçlanýan çig malyň we serişdeleriň hakyky çykdajylaryny we bellenilen ölçegleriň esaslandyrylandygyny kesgitlemek üçin bu işe bilermenleri çekmek bilen, ýerine ýetirilen işleriň göwrümi ölçenip görülýär;
– salgyt töleýjiler tarapyndan salgyt we beýleki kanunlaryň, şol sanda nagt pul serişdeleriniň kabul edilişiniň tertibiniň berjaý edilişini barlamak maksady bilen, gözegçilik geçirmek ýagdaýynda harytlar satyn alynýar hem-de işleriň ýerine ýetirilişine we hyzmatlaryň amal edilişine gözegçilik geçirmek ýagdaýynda tabşyryklar resmileşdirilýär;
– işleriň hakyky göwrümleriniň buhgalteriýa we salgyt hasaplaryndaky resminamalarynda beýan edilen göwrümi bilen deňeşdirmek maksatlary üçin degişli hünärmenleri bu işe çekmek bilen, ýerine ýetirilen işleriň göwrümi ölçenip görülýär;
– gözegçiligiň hakyky maglumatlaryny buhgalteriýa we salgyt hasabynyň geçen döwürlerdäki maglumatlary bilen deňeşdirmek maksady bilen, belli bir wagt aralygynda harytlary ýerleşdirmegiň we hyzmatlary amal etmegiň göwrümini seçip almak arkaly hasaplap görmek üçin barlagçy tarapyndan salgyt töleýjiniň işine gözegçilik geçirilýär.

## 6.7.40. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende salgyt töleýjileri salgyt gullugyna çagyrmagyň, bilermenleri hem-de hünämenleri salgyt barlagyna çekmegiň tertibi

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende salgyt töleýjileri salgyt gullugyna çagyrmak.** Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende salgyt gullugyna çagyrylýan taraplar 55-nji şekilde görkezilýär. Salgyt gullugyna raýatlary çagyrmak hukugy diňe salgyt

*55-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende salgyt gullugyna çagyrylýan taraplar**




gullugynyň başlygyna berilýär. Salgyt gullugyna salgyt töleýjileri çagyrmak, resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirýän ýa-da salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalary baradaky işleriň üstüni açan salgyt gulluklarynyň başlangyçlarynda geçirilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýän döwründe barlagçylaryň salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) ýa-da onuň wekillerinden, barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beýleki wezipeli adamlaryndan ýa-da şahsy taraplardan ýüze çykýan meseleler boýunça ýazmaça düşündiriş bermeklerini talap edip bilýärler.

Salgyt töleýji tarapyndan salgyt we beýleki bozulmalaryna ýol bermek mümkinçiliginiň halatlarynyň barlanylmagy, barlanylýan salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan göýberilýän bozulmalaryň ýagdaýyny, tärlerini, görnüşlerini we usullaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýän düşündirişleriň alynmagy, şahsy adamlary salgyt gullugyna çagyrmagyň esasy maksadydyr. Çagyrylýan şahsy tarapa ýörite bellenilen görnüş boýunça salgyt gullugyna çagyrmak hakyndaky habarnama iberilýär. Salgyt gullugyna çagyrmak hakyndaky habarnama çagyrylýan şahsy tarapa gol çekdirilip ýa-da ony çagyrylýan adamyň almagyny üpjün edýän beýleki usul bilen gowşurylýar. Çagyrylýan şahsy tarap gelmekden boýun gaçyrsa ýa-da gelmekden gaça dursa, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy şahsy tarapyň gelmegini üpjün etmek-

de, şol sanda ony mejbury ýagdaýda getirmekde zerur derejede ýardam etmek babatda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýerli edarasyna ýüz tutmak barada çözgüdi kabul edip bilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirýän salgyt gullugyna çagyrylýan şahsy tarapyň özüniň ygtyýarly wekiliniň ýa-da aklawjysynyň gatnaşmagyny salgyt gullugyndan talap edip bilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän şahsy tarapyň bildirýän şu talaplaryndan salgyt gullugynyň boýun gaçyrmaga haky ýokdur. Şonuň bilen birlikde, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili ýa-da aklawçysy öz ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamany (tabşyryk şertnamasyny ýa-da ynanç hatyny) görkezmelidir. Barlagçy ygtyýarly wekiliň ýa-da aklawçynyň özüne berlen hukuklarynyň çäklerinde hereket edýändigine göz ýetirmelidir.

Soraşdyryp görmek geçirilenden soň, barlagçy soraşdyryp görmegiň ykrarhatyny düzýär. Ykrarhatynda berlen sowallar we şahsy tarapyň beren jogaplary hem-de delilleri beýan edilýär. Şahsy tarapyň soraşdyryp görülmeginiň ykrarhatyna barlagçy we soraşdyryp görülýän şahsy tarap sahypama-sahypa gol çekýärler. Ykrarhatyň ahyrynda şahsy tarap oňa gol çekilen mahaly öz eli bilen öz beýan eden ähli halatlarynyň soraşdyryp görmegiň ykrarhatynda dogry beýan edilendigine şaýatlyk edýän ýazgyny ýazýar. Barlagçy tarapyndan barlanylýan salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişliligi bar bolan şahsy tarapdan barlagçyny gyzyklandyrýan halatlar boýunça ýazmaça düşündiriş hem talap edilip bilinýär. Şol ýagdaýda şahsy tarap görkezmeleri öz eli bilen ýazyp beýan edip bilýär. Barlagçy şol görkezme bilen tanyşmaga we görkezmeler doly bolmadyk halatynda düşündiriş almak talap edilýän sowallary bermäge borçludyr. Soraşdyryp görmegiň ykrarhaty (alnan düşündirişler) bir nusgada düzülýär we salgyt gullugynda galýan barlagyň ykrarhatyna çatylýar.

Haçan-da soraşdyryp görmegiň ykrarhatynda ýa-da alnan düşündirişlerde beýan edilen maglumatlar buhgalteriýa we salgyt hasabyndaky maglumatlar bilen çapraz gelýän bolsa, onda barlagçy bu çapraz gelmeleri ykrarhatynda beýan etmek bilen, şeýle gabat gelmezlikleriň sebäplerini kesgitlemäge borçludyr. 56-njy şekilde beýan

*56-njy şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende barlagçynyň aýry-aýry taraplardan ýazmaça düşündirişi talap edip bilýän halatlary**




edilen halatlarda barlagçy edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysyndan we baş hasapçysyndan, hususy telekeçiden, barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) işleýän başga taraplardan zerur maglumatlar bolup biljek ýazmaça düşündirişleri talap edip bilýär:

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, beýleki resminamalar bilen birlikdäki şahsy taraplardan alnan ýazmaça düşündirişleri, garşylyklaýyn barlaglaryň ykrarhatlary, derňewleriň delilhatlary salgyt töleýjiniň salgytlary dogry hasaplamagy babatda çözgüdiň kabul edilmegi üçin barlagça esas bolýar we olar barlagçynyň ykrarhatynda beýan edilýär.

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen mahaly bilermenleri we hünärmenleri çekmegiň tertibi.** Resminamalaýyn salgyt bar-

lagy geçirilende, salgyt gullugy hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmäge we olardan salgyt gullugynyň ygtyýarlygyna girmeýän, ýöne salgyt salynmagy bilen baglanyşykly bolan meseleler boýunça netijenamalary almaga haklydyr. Hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmek, resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirýän salgyt gullugynyň işgärleriniň başlangyçlarynda amala aşyrylýar. Hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmek hakyndaky çözgüdi barlaglar bölüminiň başlygynyň ýazan dykgatnamasyna degişli görkezme ýazgylaryny ýazmak arkaly salgyt gullugynyň başlygy (onuň orunbasary) kabul edýär.

Hünärmenleri we bilermenleri resminamalaýyn salgyt barlagyna çekmek üçin salgyt gullugy bilermeniň ýa-da hünärmeniň iberilmegi hakynda ygtyýarly edara ýazmaça ýüztutmany ýollaýar. Şol ýüztutmada ekspertizany geçirmek üçin esaslar, şeýle-de bilermeniň ýa-da hünärmeniň netijenamasyny almak üçin zerur bolan meseleler görkezilýär. Zerur bolan ýagdaýlarda şol hata hünärmeniň ýa-da bilermeniň ygtyýaryna berilýän maglumatlar goşulýar. Bilermen şu aşakdaky ýagdaýlarda netijenama berip bilmeýär we ol yzyna çagyrylmaga degişlidir:

– onuň hut özi barlagyň netijeleri bilen gyzyklanýan bolsa ýa-da onuň bu meselede barlyşyksyzlygyna müňkürlik döredýän beýleki ýagdaýlar bar bolsa;
– barlagyň geçirilýän pursatynda ýa-da ondan öň özleri barada barlag geçirilýän adamlara ýa-da olaryň wekillerine gulluk babatda ýa-da beýleki görnüşde onuň garaşlylygy bar bolsa.

Hünärmeniň ýa-da bilermeniň öňünde goýlan meseleler we onuň berýän netijenamasy bilermenleriň ýörite bilimleriniň çäklerinden çykyp bilmeýär. Bilermeniň ekspertizanyň meselelerine degişli bolan barlagyň maglumatlary bilen tanyşmaga, özüne goşmaça maglumatlaryň berilmegi barada towakga etmäge haky bar. Bilermen, eger-de oňa berlen materiallar ýeterlik bolmasa ýa-da ekspertizany geçirmek üçin onda ýeterlik bilim bolmasa, ol netijenamany bermekden boýun gaçyryp bilýär. Ekspertizany geçirmek bellenilen mahaly, salgyt gullugy bilermeniň öňünde 57-nji şekilde beýan edilýän meseleleri goýup bilýär.

*57-nji şekil*

**Ekspertizany geçirmek bellenilen mahaly salgyt gullugynyň bilermeniň öňünde goýup bilýän meseleleri**




Ekspertizanyň geçirilýändigi barada salgyt gullugy salgyt töleýjini ýazmaça görnüşde habardar edýär. Ekspertiza geçirilen mahalynda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hukuklary 58-nji şekilde görkezilýär.

Bilermen netijenamany ýazmaça görnüşde we öz adyndan berýär. Netijenamada bilermeniň geçiren barlaglary, şol barlaglar boýunça gelnen netijeler we orta atylýan meselelere esaslandyrylan jogaplar beýan edilýär. Bilermen ekspertizanyň dowamynda iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýy ýüze çykarsa we onuň öňünde şol ýagdaý bilen baglanyşykly mesele goýulmadyk bolsa, onda onuň öz

netijenamasyna şu ýagdaýlar hakyndaky gelen netijesini goşmaga haky bardyr. Bilermeniň netijenamasy ýa-da onuň netijenama bermegiň mümkin däldigi hakyndaky habary salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) berilýär. Ekspertizanyň netijeleri boýunça salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) öz düşündirişlerini we nägileligini bildirmäge, şeýle bilermeniň öňünde goşmaça meseleleri goýmak we goşmaça ýa-da gaýtadan ekspertizany geçirmek hakynda haýyş etmäge hukugy bardyr.

*58-nji şekil*

**Ekspertiza geçirilen mahalynda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hukuklary**




Goşmaça ekspertiza netijenama ýeterlik derejede aýyl-saýyl we doly bolmadyk halatynda bellenilýär we şol ýa-da başga bilermene tabşyrylýar. Gaýtadan geçirilýän ekspertiza bilermeniň netijenamasy esaslandyrylmadyk ýa-da onuň dogrudygyna ikirjiňlenme bolan halatynda bellenilýär we ony geçirmek başga bilermene tabşyrylýar. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, döwlet salgyt gullugynyň degişli guramalara hünärmenleri ibermek hakynda ýüz tutýan ýagdaýlary 59-njy şekilde görkezilýär.

Netijenama hünärmen tarapyndan ýazmaça görnüşde we öz adyndan berilýär. Netijenama salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) berilýär, ol bolsa öz gezeginde netijenama öz düşündirişini we öz nägi-

*59-njy şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçrilende döwlet salgyt gullugynyň degişli guramalara hünärmenleri bermek hakynda ýüz tutýan ýadgaýlary**




leligini bildirmäge hukugy bar. Netijenama ähli maglumatlar bilen bilelikde barlagyň ykrarhatyna goşulýar.

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt gullugynyň üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmek üçin zerur bolan maglumatlar salgyt gullugynyň döwlet edaralaryndan sorap almaga hukugy bar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda hünärmenlerden we bilermenlerden alnan ýazmaça netijenamalara we beýleki subutnamalara salgyt gullugy tarapyndan baha berilýär. Hünärmeniň ýa-da bilermeniň netijenamalary, şeýle-de döwlet edaralaryndan soralyp alnan maglumatlar barlagçy tarapyndan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary dogry hasaplaýandygy babatda çözgüdi kabul etmek üçin esas bolup durýar we barlagçy olary ykrarhatynda beýan edýär.

### 6.8.41. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende resminamalary almak, buhgalteriýa hasabynyň resmi däl ýazgylaryny we salgydyň çak edilýän pul möçberini anyklamak. Subutnama

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende resminamalary almagyň tertibi.** Resmi-namalaýyn salgyt barlagy geçirilende salgyt gullugynyň işgäri tarapyndan salgyt kanunçylygynyň bozulmalaryna ýol berilýändigi barada şaýatlyk edýän ýagdaýlar aýan edilen halatynda, ol hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň subutnamalary hökmünde hyzmat edýän resminamalaryň güwä geçilen göçürme nusgalaryny salgyt töleýjiden bellenilen tertipde talap edip bilýär ýa-da bu resminamalar salgyt töleýjiniň elinden alynýar. Salgyt gullugynyň işgäriniň talap etmegi bilen, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) üç gün möhletde şol resminamalaryň göçürme nusgalaryny bermelidir.

Resminamalary almak resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirýän salgyt gullugynyň işgäriniň kararynyň esasynda amala aşyrylýar. Resminamalary almak hakyndaky karar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen görnüş boýunça düzülýär. Karar iki nusgada düzülýär, onuň birinji nusgasy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar, ikinji nusgasy bolsa barlagyň materiallaryna çatylýar.

Resminamalary almak barlanylýan salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň, salgyt töleýji – şahsy tarap barlanylýan mahaly bolsa, şol tarapyň ýa-da onuň wekiliniň gatnaşmagynda geçirilýär. Resminamalaryň takyk görnüşlerini görkezmek bilen, resminamalaryň alynmagy hakynda teswirnama düzülýär. Teswirnama iki nusgada düzülýär, birinji nusgasy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar, ikinji nusgasy bolsa barlagyň materiallaryna çatylýar. Teswirnamada alnan resminamalaryň ady, düzülen senesi, belgisi, kim tarapdan berlendigi, sahypalaryň sany we alnan resminamany takyk hasap etmäge mümkinçilik berýän beýleki maglumatlar hem-de barlanylýan tarapyň amala aşyrýan maliýe – hojalyk işine olaryň degişliligi görkezilýär. Hasap şahsy kompýuterleri ulanmak bilen alnyp barylanda,

barlagçy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmalaryna ýol berilmegine şaýatlyk edip biljek maglumatlary özünde saklaýan şahsy kompýuteriň bloguny alyp bilýär.

Resminamalar alnan mahaly salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) alnan resminamalaryň göçürme nusgasyny almak üçin mümkinçilik bermelidir. Şol göçürme nusgalar alnan resminamalaryň asyl nusgalary bilen bilelikde iş bukjasynda ýerleşdirilmelidir, bu barada bolsa resminamalaryň alynmagynyň nusgasynda bellik edilýär. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) özünden alnan resminamalar barada düzülen teswirnamasyna gol çekmekden boýun gaçyran halatynda, onda teswirnamada degişli ýazgy ýazylýar. Salgyt töleýjiden alnan resminamalar kesgitlenilen möhlete çenli salgyt gullugynyň seýfinde saklanylýar. Öň alnan resminamalar salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna ýa-da kazyýete beren şikaýatlaryna garalandan soň ýa-da olar alnan pursatyndan başlap bir ýylyň geçmegi bilen gaýtaryp berilýär. Zerur bolan ýagdaýlarda bu möhlet Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi esasynda uzaldylyp bilinýär. Resminamalar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda işlenip düzülen görnüş boýunça berilýär we alnan resminamalary gaýtaryp bermek hakyndaky kararyň esasynda gaýtaryp berilýär. Karar resminamalaýyn salgyt barlagyny geçiren we resminamalary alan salgyt gullugynyň işgäriniň bölüm başlygy tarapyndan çykarylýar. Karar iki nusgada düzülýär, birinji nusgasy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar, ikinji nusgasy bolsa barlagyň materiallaryna çatylýar.

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende buhgalteriýa hasabynyň resmi däl ýazgylaryny anyklamak.** Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satyn alynmagy ýa-da ýerleşdirilmegi, işgärlere hak–heşdegiň tölenilmegi, şeýle-de buhgalteriýa we salgyt hasabyny alyp barmagyň resminamalarynda beýan edilmedik ýa-da özüniň mazmuny boýunça buhgalteriýa we salgyt hasabynyň alnyp barylýan resminamalaryny barlamak üçin berlen şonuň ýaly ýazgylardan tapawutlanýan beýleki hojalyk amallary hakyndaky ýazgylaryň ýüze çykarylmagy mümknidir. Barlagçy bu resmi däl ýazgylary ýazan

adamlary anyklamalydyr, resmi däl ýazgylarda haýsy amallaryň beýan edilendigi, şol amallaryň salgyt töleýjiniň işine degişlidigi, haýsy maksatlar üçin amallaryň amala aşyrylandygy hakynda salgyt töleýjiden düşündiriş talap etmelidir. Hasaby alyp barmagyň resmi däl ýazgylary kesgitlenilen tertipde hasaba alynmaga degişlidir we salgyt töleýjiden alnan düşündirişler bilen bilelikde, barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary dogry hasaplaýandygy babatda barlagçy çözgüdi kabul edip bilýär we olary barlagyň ykrarhatynda beýan edýär.

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende salgydyň çak edilýän pul möçberini anyklamak.** Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt salynýan binýatlaryň hasabynyň alnyp barylmaýandygy aýan edilende ýa-da salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan şeýle maglumatlar berilmese, onda aşakda beýan ediljek maglumatlary ulanmak bilen, salgyt gullugynyň özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda onuň salgydyň çak edilýän pul möçberini hasaplamaga we kesgitlemäge haky bardyr:

– harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmegiň kesiş bahasyny;

– emläge kesilýän bahany;

– iş hakynyň ortaça derejesini;

– 25 göterim möçberde düşewüntliligi (haryt dolanşygyndan 8 göterim – söwda işi üçin)

Salgydyň çak edilýän pul möçberi işiň şonuň ýaly görnüşlerini amala aşyrýan beýleki salgyt töleýjiniň ulanýan ykdysady görkezijileriniň esasynda hem hasaplanyp we kesgitlenilip bilinýär. Haçan-da baha bermegiň ýokarda görkezilen usullary dürli netijeleri berýän bolsa, onda salgydyň çak edilýän pul möçberiniň ýokary göwrümi kabul edilýär.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt salynýan binýatlaryny hasaba almagyň degişli maglumatlaryny soňra tabşyrýan mahaly, şonuň ýaly resminamalara degişli barlag geçirmek bilen, salgyt gullugy salgydyň kesgitlenilen pul möçberine düzediş girizýär. Salgydyň hasaplanylan we kesgitlenilen çak edilýän pul möçberi barlagçy tarapyndan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary dogry hasaplamagy babatda çözgütleri kabul etmek üçin ulanylýar we barlagyň ykrarhatynda beýan edilýär.

**Subutnama.** Maliýe hasabatynyň we salgyt beýannamalarynyň ygtybarlygy hakyndaky esaslandyrylan netijenamalary almak üçin, barlagçy amala aşyrylýan amallaryň we resminamalaýyn salgyt barlagynyň usullarynyň esasynda ýeterlik bolan tassyknamany almalydyr. Resminamalaýyn salgyt barlagy üçin zerur bolan maglumatlaryň sany çäklendirilmeýär. Barlagçy barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa we salgyt hasabatlarynyň ygtybarlygy hakynda esaslandyrylan netijenamany düzmek üçin zerur bolan maglumatlaryň sany hakyndaky çözgüdi özbaşdak kabul edýär. Geçirilýän barlagyň netijeleri boýunça dogruçyl we esaslandyrylan netijeleri düzmek üçin, barlagçy oňat hilli ýeterlik subutnamalary toplamalydyr. Toplanylan subutnamalar barlagçy tarapyndan ýazgylar, tablisalar görnüşinde düzülýän barlag amallarynyň ýerine ýetirilmegini we netijelerini beýan edýän öz iş resminamalarynda görkezilýär. Subutnamalaryň çeşmeleri 60-njy şekilde görkezilýär.

*60-njy şekil*

**Salgyt subutnamalarynyň çeşmeleri**




Bir çeşmeden alnan subutnama beýleki çeşmeden alnan subutnama ters gelende we ýüze çykan gapma-garşylygy çözmek we toplanan subutnamalaryň ygtybarlygyna we alnan netijeleriň esaslandyrylmagy-

na ynamly bolmak üçin, barlagçy barlagy geçirmegiň başga usullaryny hem ulanyp bilýär. Kanunçylykda bellenilen tertibiň esasynda salgyt gullugynyň işgäri Türkmenistanyň kanunçylygynyň, şol sanda salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmagynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny belleýändigini hem-de çözgüdi dogry kabul etmek we karar çykarmak üçin ähmiýeti bolan şol bozulmalary amala aşyrýan tarapyň günäkärdigini we beýleki ýagdaýlardaky subutnamalara aýratyn üns bermelidir.

### 6.9.42. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyny düzmek, ony gowşurmak, bellige almak we çözgütleri çykarmak

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyny düzmek.** Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijeleri boýunça salgyt gullugynyň işgäri salgyt barlagynyň ykrarhatyny düzýär. Ykrarhaty şol barlagy tamamlamak üçin bellenilen günden gijä galman düzülýär. Salgyt barlagynyň ykrarhatynda barlagyň dowamynda ýüze çykarylan salgyt hukuk düzgüniniň bozulmalary ýa-da şeýle bozulmalaryň ýokdugynyň resminamalaýyn tassyknamasy, şeýle-de barlagçynyň ýüze çykaran bozulmalary düzetmek boýunça gelen netijeleri hem-de tektipleri we «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň salgyt hukuk düzgünini bozmagyň şu görnüşi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalaryna salgylanmalar görkezilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda beýan edilýän maglumatlar salgyt syry diýlip hasaplanýar (Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmalary we şol bozulmalar üçin jogapkärçilik çäreleri hakyndaky maglumatlar olara goşulmaýar) we şol maglumatlar jar edilmäge, şeýle-de beýleki adamlara berilmäge degişli däl. Ykrarhatynda beýan edilýän maglumatlar iki hili düşündirmek mümkinçiligini aradan aýyrmalydyr. Ykrarhatyndaky maglumatlar gysgaça, aýyl-saýyl, düşnükli we yzygiderli beýan edilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda beýan edilýän maglumatlaryň we gelnen netijeleriň ygtybarlygy hem-de dogrulygy

üçin barlagçy jogapkärçilik çekýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň giriş böleginde salgyt töleýji we geçirilen barlag hakynda beýan edilýän maglumatlar 61-nji şekilde görkezilýär. 61-nji şekilde görkezilen maglumatlardan başga, resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň giriş böleginde salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) we geçirilen barlag hakynda şu umumy maglumatlar beýan edilýär:

*61-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň giriş böleginde salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) we geçirilen barlag hakynda görkezilýän maglumatlar**



– salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt hasabynda duran ýerindäki salgyt gullugynyň ady;
– barlagyň başlanan we tamamlanan senesi. Arakesmeler bolan halatynda olaryň döwri görkezilýär;
– salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bar bolan şahamçalary we wekilhanalary, olaryň ýerleşýän ýeri;
– bank hasaplarynyň rekwizitleri we şeýle hasaplar açylan banklaryň ady;
– salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) hakyndaky beýleki maglumatlar;
– salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakyndaky resminamalar;
– edara görnüşli tarapyň döredijileri;
– edara görnüşli tarapyň eýeçilik we guramaçylyk – hukuk görnüşi;
– salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň esaslyk maýa gaznasynyň emele gelişi;
– hünärmenleriň we bilermenleriň bi işe çekilendigi, resmi ýüz tutmalar boýunça döwlet edaralaryndan alnan habar-maglumatlar, salgyt töleýjiniň emlägini tükellemek, onuň çäklerini hem-de jaýlaryny gözden geçirmek hem-de resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen mahaly geçirilen beýleki hereketler hakyndaky maglumatlar.

Ykrarhatyň esasy böleginde barlanylan salgyt töleýjiniň maliýe-hojalyk işiniň netijeleri we olaryň barlagyň maglumatlaryna laýyk gelýändigi hakynda 62-nji şekilde görkezilýän maglumatlar beýan edilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň esasy böleginde salgyt babatda hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň barlagyň dowamynda ýüze çykarylan halatlarynyň resminamalaýyn tassyklamasynyň ýa-da şeýle bozulmalaryň ýokdugynyň görkezilmeginiň bir ülňä getirilen beýany berilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda salgyt babatda hukuk düzgünleriniň bozulmalaryna degişli bolmadyk hereket edýän kanunçylygyň bozulmalarynyň

*62-nji şekil*

**Ykrarhatynyň esasy böleginde beýan edilýän maglumatlar**




halatlary (ygtyýarnamasyz işi amala aşyrmak, döwlet nyrh düzgün-nyzamy, döwlet emlägini kärendä almak we başgalar) ýüze çykarlanda, onda görkezilen halatlar hem barlagyň ykrarhatynyň esasy böleginde beýan edilýär. Şonuň bilen birlikde, degişli edaralara geçirmek üçin şol hukuk düzgünleriniň bozulmalary boýunça aýratyn ykrarhaty düzülýär. Ykrarhaty üç nusgada düzülýär, onuň bir nusgasy ykrarhaty düzülen günden başlap bäş günden giç bolmadyk möhletde bellenilen jerime çärelerini ulanmaga ýa-da maglumatlary kazyýete ibermäge ygtyýarly edilen edara iberilýär. Ykrarhatyň ikinji nusgasy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) berilýär, üçünji nusgasy salgyt barlagynyň ykrarhatyna goşundy hökmünde çatylýar. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan ýol berlen salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň her bir halaty boýunça ykrarhatynyň esasy böleginde 63-nji şekilde görkezilýän maglumatlar beýan edilýär.

*63-nji şekil*

**Ykrarhatynyň esasy böleginde salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň her bir halaty boýunça beýan edilýän maglumatlar**

1. Salgyt barlagynyň ykrarhatynyň esasy böleginde salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň her bir halaty boýunça beýan edilýän maglumatlar

2. Salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasynyň görnüşi, onuň amala aşyrylan usuly we beýleki ýagdaýlary, şol hukuk düzgüniniň bozulmasy degişli bolan salgyt döwri

3. Salgyt beýannamalarynda görkezilen salgytlary hasaplamak we tölemek bilen baglanyşykly bolan maglumatlat bilen barlagyň barşynda hakykatda bellenilen maglumatlaryň arasyndaky çaprazlyk (degişli hasaplamalar barlagyň ykrarhatyna goşulýar)

4. Buhgalteriýa we salgyt hasabynyň ilkinji resminamalary (buhgalteriýa ýazgylaryny görkezmek bilen) we bozulmalaryň bardygyny tassyklaýan beýleki subutnamalar

5. Hünärmenleriň we bilermenleriň netijenamalaryna subutnamalar, alnan düşündirişler, şeýle-de salgyt gözegçiligini amala aşyrmak boýunça zerur hereketler geçirilen mahaly düzülen teswirnamalar

6. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna salgylanmak bilen, amala aşyrylan hukuk düzgünleriniň bozulmalaryny toparlara bölmek

Ykrarhatyň esasy böleginde ýüze çykarylan hukuk düzgünleriniň bozulmagyna degişli ähli ýagdaýlar beýan edilýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) amala aşyran hukuk düzgünleriniň bozulmalary üçin jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar salgyt barlagynyň ykrarhatynda aýratyn görkezilýär. Salgyt barlagynyň ykrarhatynda ýüze çykarylaýn bozulmalar bozulmalaryň häsiýetine, salgytlaryň görnüşlerine we degişli salgyt döwürlerine laýyklykda bölünip toparlandyrylýar. Bir kysymly köp sanly bozulmalar ykrarhatyna goşulýan tablisalarda toparlandyrylyp bilinýär. 64-nji şekilde görkezilýän maglumatlary beýan etmek bilen, goşundylarda şeýle salgyt hukuk düzgünleriniň doly sanawy görkezilýär.

*64-nji şekil*

**Salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň doly sanawyny öz içine alýan goşundylarda beýan edilýän magumatlar**




Goşundylaryň her birine barlagçy, şeýle-de barlanylýan edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ýa-da hususy telekeçi ýa-da olaryň wekilleri gol çekýärler. Şu halatda ykrarhatynda şeýle bozulmalar, olaryň sany hem-de üsti açylan bozulmalaryň getiren zyýanly netijeleriniň umumy jemi görkezilýär we ykrarhatynyň degişli goşundylaryna salgylanma berilýär.

Ykrarhatynyň jemleýji böleginde barlagçylar 65-nji şekilde görkeziljek maglumatlar beýan edýärler. Salgyt barlagynyň ykrarhatynda puşmana töleginiň pul möçberi barlagçy tarapyndan «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny bilen bellenilen salgyt tölemegiň möhletinden soň gelýän günden başlap barlagyň ykrarhatynyň düzülen güni aralygyndaky günleriň sanyndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna 66-njy şekilde beýan edilýän maglumatlar goşulýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda şeýle-de salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) banklardaky hasaplaşyk, gündelik we beýleki hasaplarynyň bardygy we şol hasaplar boýunça pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky delil haty (olar talap edilen halatynda) beýan edilýär.

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyny gowşurmak.** Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşli tarapyň kanuny wekili, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – şahsy tarap

*65-nji şekil*

**Salgyt barlagynyň ykrarhatynyň jemleýji böleginde barlagçy tarapyndan beýan edilýän maglumatlar**

**Salgyt barlagynyň jemleýji böleginde barlagçy tarapyndan beýan edilýän maglumatlar**
1

Salgytlary görnüşlere we salgyt (hasabat) döwürlerine bölmek bilen, barlag geçirilen mahaly ýüze çykarylan umumy pul möçberleri
2

Salgyt kanunçylygyna ters gelýän hereketleriň (hereketsizligiň) netijesinde salgytlaryň azaldylan (tölenilmedik) pul möçberi
3

Uly möçberde hasaplanylan salgytlar baradaky maglumatlar
4

Salgyt we beýleki hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň barlag arkaly bellenilen gaýry halatlary hakyndaky umumylaşdyrylan maglumatlar
5

Salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan amala aşyrylan görnüşlerini görkezmek, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň salgyt hukuk düzgünleriniň şu görnüşi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalaryna salgylanmak bilen, salgyt töleýjiniň etmişlerinde salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň alamatlarynyň bardygy hakynda barlagçynyň çykaran netijeleri
6

Salgyt barlagynyň netijesinde ýüze çykarylan bozulmalaryň öňüni almaga we salgyt töleýji tarapyndan şol bozulmalaryň amala aşyrylmagy netijesinde döwlete ýetirilen zeleliň doly öweziniň dolunmagyna gönükdirilen anyk çäreleri görkezmek bilen, ýüze çykarylan bozulmalary düzetmek boýunça barlagçynyň teklipleri
7

barlanylan halatynda bolsa, şol tarap ýa-da onuň wekili resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty bilen tanyşdyrylmalydyr. Ykrarhaty bilen tanyşmagyň möhleti üç iş gününden geçmeli däl. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ýa-da olaryň wekilleri barlagyň ykrarhaty bilen tanyşmakdan we oňa gol çekmekden boýun gaçyrmaýan şertlerinde, barlagçy tanyşmak üçin barlagyň ykrarhatyny salgyt töleýjä ykrarhatynyň düzülen güni gowşurýar. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ýa-da olaryň wekilleri barlagyň ykrarhatyna gol çekmekden boýun gaçyrsa ýa-da gaça dursa, onda barlagçy barlagyň ykrarhatynyň soňky sahypasynda öz goly bilen tassyklanylan degişli ýazgyny ýazýar.

*66-njy şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna goşulýan maglumatlar**

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna goşulýan maglumatlar**
1

Barlagy geçirmek hakynda salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi (salgyt töleýjä gowşurylan ykrarhatyna bu çözgüt goşulmaýar)
2

Barlagy geçirmek üçin zerur bolan resminamalaryň berilmegi hakynda salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) bildirilýän talaplaryň nusgasy
3

Salgytlaryň görnüşleri boýunça salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň ýüze çykarylmagy bilen baglanyşykly barlagçy tarapyndan düzülen hasaplamalar (bu hasaplamalaryň ykrarhatynyň özünde getirilen halatlaryndan başga). Hasaplamalara barlagçy we barlanylýan edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ýa-da hususy telekeçi ýa-da olaryň wekilleri gol çekýärler
4

Emlägi tükellemegiň ykrarhaty (eger barlag mahaly tükellemek geçirilen bolsa)
5

Garşylyklaýyn barlaglaryň maglumatlary (şol barlaglar geçirilen halatynda)
6

Hünärmenleriň ýa-da bilermenleriň netijenamasy (olar bu işe çekilen halatynda)
7

Girdeji almak ýa-da sagyt salynýan binýatlary saklamak üçin salgyt töleýjiniň ulanýan jaýlaryny derňemek, resminamalary almak hakynda delil haty (olar geçirilen halatynda)
8

Salgyt kanunçylygynyň bozulmalarynyň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalary (ýa-da asyl nusgalary). Barlagyň ykrarhatynyň esasy böleginde degişli hukuk düzgüniniň bozulmasynyň amala aşyrylandygyny tassyklaýan asyl nusgadaky resminamalar ýa-da olaryň nusgalary görkezilýär
9

Işiň amala aşyrylýan görnüşleri üçin ygtyýarnamalaryň nusgalary
10

Salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň halatlaryny tassyklamak we barlagyň netijeleri boýunça çözgüdi kabul etmek boýunça ähmiýeti bolan beýleki resminamalar
11

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty bilen tanyşanyndan soň, oňa barlagçy we kanuny wekilçilikli edara görnüşil tarapyň ýolbaşçysy, şeýle-de baş hasapçy ýa-da salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – şahsy tarapyň özi gol çekýärler.

Barlagyň ykrarhatyna barlag geçiren salgyt gullugynyň jaýynda barlag geçiren wezipeli adamlar tarapyndan gol çekilýär. Barlagçynyň iş saparynda bolmagy we salgyt gullugynyň ýerleşýän ýerinden daşda onuň barlag geçirmegi, bu kadadan çykma hökmünde garalýar.

Salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) nägilelik bar mahaly, onuň kanuny wekili ýa-da salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) özi barlagyň ykrarhatyna bu barada degişli ýazgy ýazýar we ykrarhaty bilen tanyşmak üçin berlen möhletde öz nägileligini ýazmaça görnüşde barlagy geçiren salgyt gullugyna tabşyrýar. Şol möhlet tamamlanandan soň, salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) barlagyň ykrarhaty boýunça nägilelik kabul edilmeýär. Salgyt gullugynyň çözgütlerinden, olaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hereketlerinden şikaýat etmek Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 85–87-nji maddalary) göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar. Barlagyň ykrarhaty boýunça nägilelik ähli maglumatlar bilen bilelikde barlagyň ykrarhatyna goşulýar.

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyny bellige almak.** Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty 67-nji şekilde beýan edilýän görnüş boýunça salgyt gullugynyň barlaglar bölüminde ýöredilýän resminamalaýyn barlaglaryň ykrarhatlary bellige alynýan žurnalda bellige alynmaga degişlidir. Žurnal tikilmelidir, belgilenmelidir we salgyt gullugynyň möhüri bilen berkidilmelidir. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty oňa salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň), onuň wekiliniň gol çeken gününden gijä galman hasaba alynmaga degişlidir. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) resminamalaýyn barlagyň ykrarhatyna gol çekmekden boýun gaçyran ýa-da gaça duran ýagdaýynda, ykrarhaty düzülen gününden soňky üçünji iş gününden gijä galman hasaba alynýar. Barlagçy iş saparynda bolýan mahaly barlagyň ykrarhatyny düzen we salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşuran halatynda, barlagyň ykrarhaty barlagçy iş saparyndan gelen gününden soňky iş gününden gijä galman hasaba alynýar. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty hasaba alnandan soň, barlagyň ykrarhatynyň birinji sahypasynyň ýokarsyndaky sag burçunda žurnalyň maglumatlaryna laýyklykda onuň belgisi we hasaba alnan senesi ýazylýar.

*67-nji şekil*

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatlary bellige alynýan žurnal**

| № | Hasaba alnan senesi | Barlag geçirilen edara görnüşli tarapyň ady | Barlagyň görnüşi | Barlagy geçirýänleriň familiýäsy, ady, atasynyň ady we wezipesi | Barlagyň öz içine alýan döwri | Çykarylan kararyň senesi we belgisi | Býujete salgytlaryň we beýleki tölegleriň goşmaça hasaplanylany (+), azaldylany (–), manat (karar çykarylandan soň doldurylýar) | | | | | | | | Býujete we döwlet gaznalaryna beýleki tölegler | Kanunçylygyň beýleki bozulmalary üçin jerimeler, manat |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | Salgytlar (ýygymlar) we döwlet durmuş ätiýaçlandyryş | | Ulanylýan maliýe jerimeleri | | Puşmana tölegleri | | Jemi | | | |
| | | | | | | | Goşmaça hasaplanylan | Azaldylan | Goşmaça hasaplanylan | Azaldylan | Goşmaça hasaplanylan | Azaldylan | Goşmaça hasaplanylan | Azaldylan | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) nägileligini, barlagyň ykrarhaty boýunça karary, kazyýetiň çözgüdini, barlagy geçirmek boýunça alşylan hatlary, barlagyň beýleki maglumatlaryny we şonuň ýaly resminamalaryň sanawyny goşmak bilen, barlagyň ykrarhaty aýratyn iş bukjasynda saklanylýar. Barlagyň maglumatlary salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlaglar boýunça iş bukjasynda salgyt gullugy tarapyndan bellenilen möhletiň dowamynda saklanylýar. Barlaglaryň iş bukjalaryny salgyt gullynyň çäklerinden çykarmak gadagan. Barlaglaryň iş bukjalary ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan ýazmaça görnüşde soralanda, olar diňe şol ýagdaýda salgyt gullugynyň çäklerinden çykarylyp bilinýär. Şeýle halatda barlagyň maglumatlary şol maglumatlary talap edýän ýokarda durýan salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň gol çekmegi bilen berilýär.

**Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça çözgütleri çykarmak.** Salgyt gullynyň başlygyna çözgütleri kabul etmek üçin resminamalaýyn salgyt barlagynyň materiallary berilýänçä, salgyt gullugynyň barlaglar bölüminiň başlygy, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda bolsa barlaglar dolandyrylyşynyň başlygy barlagyň maglumatlaryny deslapky görnüşde gözden geçirýärler. Barlagyň ykrarhaty boýunça çykarylan netijeleriň esaslandyrylmagyna we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) nägileliklerinde beýan edilen delillere barlagy geçiren wezipeli adam bilen bilelikde seredilýär.

Barlagyň ykrarhaty boýunça çykarylan netijeleriň Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyk gelýändigini we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) nägilelikleriniň esaslandyrylandygyny anyklamak maksady bilen, barlagyň maglumatlary anyk ýagdaýlarda orta atylýan meseleler bilen bilelikde düşündiriş bölümine we hukuk bölümine (hukukça) netijenama çykarmak üçin geçirilip bilnýär. Orta atylýan meseleler boýunça netijenama ýazmaça görnüşde berilýär we barlaglaryň maglumatlaryna goşulýar. Netijenamada şol netijenamanyň esaslanýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanmalar berilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty we oňa goşulýan barlagyň maglumatlary salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan seredilýär. Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) barlagyň materiallaryna bäş günüň dowamynda sered-

ýär. Salgyt töleýji nägilelik bildiren halatynda, resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – şahsy tarap barlanylýan mahaly bolsa, şol tarapyň ýa-da bolmasa onuň wekiliniň gatnaşmagynda seredilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna garamagyň netijeleri boýunça salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) şu aşakdakylar hakynda çözgüt çykarýar:

– salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 89–94-nji maddalaryna laýyklykda jogapkärçilige çekmek hakynda;

– salgyt gözegçiligi boýunça goşmaça çäreleri geçirmek hakynda.

Barlagyň maglumatlaryna garamagyň netijeleri boýunça çözgüdiň taslamasy salgyt gullugynyň ýolbaşçysyna berilýänçä, barlagy geçiren salgyt gullugynyň işgärleri we barlaglar bölüminiň başlygy (Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda Barlaglar dolandyryşynyň başlygy) şol taslama razylyk goluny çekýärler. Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalary bellenilmedik ykrarhatlary boýunça çözgüt çykarylmaýar.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda kesgitlenilen jogapkärçiligi göz öňünde tutýan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukuk bozmalar hereketleri salgyt hukuk bozulmalary diýlip hasap edilýär. Salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalaryna ýol beren şahsy tarapa garşy on alty ýaşyndan başlap maliýe jerimeleri bellenilýär. Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň bikanun hereketleri (hereketsizligi), ýazmaça görkezmeleri, çözgütleri we düşündirişleri netijesinde ýol berlen salgyt düzgüniniň bozulmasy maliýe jerimeleriniň ulanylmagyna getirmeýär. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar salgytlary nädogry hasaplanylan mahaly we salgyt töleýji tarapyndan salgytlar tölenmedik halatynda, maliýe jerimeleri ulanylmaýar. Býujet maliýeleşdirilmegiň çenliklerinde (smetalarynda) göz öňünde tutulan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyna degişlilikde salgyt ýumuşçylary – býujet guramalary tarapyndan tutulyp alynmadyk salgyt babatynda maliýe jerimeleri ulanylmaýar.

Maliýe jerimeleri salgyt bozulmalarynyň ýüze çykarylan ýylyndan öňki bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwürde amala aşyrylan salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalary üçin bellenilýär. Hukuk düzgüniniň bozulmagynyň halaty beýan edilen ykrarhatynyň barlagçy tarapyndan düzülen güni, salgyt hukuk düzgüniniň bozulmalarynyň ýüze çykarylan (üsti açylan) güni diýlip hasaplanýar. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasynyň amala aşyrylan hakyky güni salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasynyň amala aşyrylan güni diýlip hasaplanýar. Salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasy uzak döwri öz içine alýan bolsa, onda möhletler bikanun hereketleriniň bes edilýän pursadyndan başlap hasaplanýar.

Kabul edilen çözgüt iki nusgada düzülen karar bilen resmileşdirilýär. Salgyt gullugynyň başlygy (onuň orunbasary) tarapyndan kabul edilen karar tassyklanylan pursadyndan başlap, güýje girýär. Çözgüt çykarylandan soň, kararyň bir nusgasy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) ýa-da onuň wekiline gol çekdirilip gowşurylýar ýa-da salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) kararyň gowşurylan senesini tassyklaýan başga bir usul bilen berilýär. Kararyň beýleki nusgasy barlanylan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlag materiallary bilen bilelikde salgyt gullugynda saklanylýar. Karar žurnalda hasaba alynýar. Karar degişli çözgüt çykarylan güni hasaba alynýar. Welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugy, şeýle-de Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy barlaglar geçirilen we karar çykarylan mahaly, onuň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak üçin kararyň göçürme nusgasy ol kabul edilen günden soňky günden giç bolmadyk möhletde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň ýa-da gaýry barlanýan tarapyň) hasaba alnan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda beýan edilen salgyt hukuk bozulmalary hakyndaky hakyky maglumatlar, goş-golam, emläk, ýazmaça we beýleki subutnamalar, barlagyň başga materiallary, şeýle-de şonuň ýaly bozulmalar üçin jogapkärçilige çekilýän adamlar hakyndaky maglumatlar bu işe garalýança we çözgüt kabul edilýänçä, olary aýan etmek gadagan edilýär. Salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalaryny derňemek we olaryň öňüni almak mak-

sady bilen özara kömek we maglumatlary alyşmak hakyndaky halkara şertnamalaryna (ylalaşyklaryna) laýyklykda berilýän maglumatlar, ýokarda aýdylanlara degişli däl. Bellenilen tertibiň bozulmagy, salgyt syrynyň aýan edilmegi bilen deňeşdirilýär.

Ykrarhaty boýunça karar çykarylandan soň, salgyt gullugyna başga döwletleriň salgyt gulluklaryndan, hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik geçirýän edaralaryndan barlanylan döwürde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt kanunçylygynyň bozulmagyna ýol berendigini beýan edýän, geçirilen barlag arkaly ýüze çykarylmadyk goşmaça maglumatlar gelip gowşan bolsa, onda gelip gowşan maglumatlaryň esasynda goşmaça barlag geçirilýär. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde jenaýatyň alamatlarynyň bardygy hakynda şaýatlyk edýän salgyt düzgünleriniň bozulmalarynyň halatlary ýüze çykarylan mahaly, resminamalaýyn salgyt barlagynyň materiallary (olara salgyt gullugynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary tarapyndan garalandan soň) on günden giç bolmadyk möhletde hukuk goraýja edaralara (şäheriň, etrabyň polisiýa bölümlerine) jenaýat işini gozgamak üçin 67-nji şekilde beýan edilýän resminamalaryň sanawy iberilýär.

67-nji şekiliň 2-nji dörtburçlygynda salgyt edarasy tarapyndan ýüze çykarylan hukuk düzgünleriniň bozulmalaryny gysgaça beýan etmek bilen, şäheriň, etrabyň polisiýa bölüminiň başlygynyň adyna ýazylan hatda bellenilen hukuk düzgünleriniň bozulmalaryna toplanan maglumatlaryň «girdejiler we çykdajylar hakyndaky maglumatlaryň bilkaslaýyn ýoýulmagyna», «salgyt salynýan beýleki binýatlaryň gizlenilmegine» ýa-da salgytlaryň tölenilmezligi, beýleki sebäpler (arifmetiki we logiki säwlikler, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň aýyl-saýyl däldigi we ş.m.) bilen şertlendirilmegine şaýatlyk edýän teswirleme berilýär. 67-nji şekilde görkezilen maglumatlardan başga, hukuk goraýjy edaralaryna jenaýat işini gozgamak üçin goşmaça resminamalaryň şu görnüşleri berilýär:

– barlagyň dowamynda ýüze çykarylan salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň halatlary boýunça salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) – şahsy taraplaryň ýa-da salgyt töleýji – edara görnüşli taraplaryň we olaryň wezipeli adamlarynyň düşündirişleri (resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça nägilelikler bolmadyk mahaly);

*67-nji şekil*

**Hukuk goraýjy edaralara jenaýat işini gozgamak üçin iberilýän resminamalaryň sanawy**




– salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) banklardaky hasaplaşyk, gündelik we beýleki hasaplarynyň bardygy we şol sebäpler boýunça pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky delil haty (olar talap edilen halatynda);

– salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň halatlaryny tassyklamak we barlagyň netijeleri boýunça çözgüdi kabul etmek üçin ähmiýeti bolan beýleki resminamalar.

### «Döwlet salgyt menejmentinde kameral (deslapky) we resminamalaýyn salgyt gözegçiliginiň geçirilişiniň tertibi» atly bap boýunça öz-özüni barlamak boýunça soraglar

1. Kameral salgyt barlagy haýsy resminamalary barlamak bilen amala aşyrylýar?
2. Kameral salgyt barlagy haýsy resminamalaryň esasynda geçirilýär?
3. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt gullugyna tabşyrylýan hasabatlaryna we gaýry resminamalaryna kameral barlagy geçirilýärmi?
4. Kameral salgyt barlagy näçe wagtyň dowamynda geçirilýär?
5. Kameral salgyt barlagyny geçirmek üçin salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň ýörite çözgüdi gerekmi?
6. Kameral salgyt barlagyny geçirmek boýunça kesgitlenilen möhlet tamamlanandan soň, kameral salgyt barlagyny geçirip bolýarmy?
7. Kameral salgyt barlagyny geçirmek boýunça kesgitlenilen möhlet tamamlanandan soň, resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmezden salgyt gullugy hasabatlaryň görnüşlerinde görkezilmedik goşmaça maglumatlary talap edip bilýärmi?
8. Kameral salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça kesgitlenilen möhlet tamamlanandan soň, kameral barlaglaryny kim geçirip bilýär we barlaglaryň haýsy görnüşleri amala aşyrylyp bilinýär?
9. Kameral salgyt barlagy geçirilende hasabat bermekligiň dolulygynda düzgün bozulmalar, hasabatyň resminamalarynyň düzülişiniň dogrulygynda, doldurylyşynda ýa-da tabşyrylan resminamalaryň maglumatlarynyň arasynda gapma-garşylyk tapylsa, şol düzgün bozulmalar, ýalňyşlyklar we gapma-garşylyklar hakynda salgyt töleýjä näçe günüň dowamynda we nähili görnüşde habar berilýär?
10. Düzülen resminamalarda bar bolan bozulmalar, ýalňyşlyklar we gapma-garşylyklar barada salgyt töleýjiden ýazmaça düşündiriş almak hökmanymy?
11. Salgyt gullugynyň hünärmeni tarapyndan kameral barlagynyň netijeleri boýunça ykrarhaty ýazylýarmy?

12. Kameral salgyt barlagynyň ykrarhatyny salgyt gullugynyň ýolbaşçysy näçe günüň dowamynda tassyklamaly?
13. Kameral salgyt barlagynyň netijesi boýunça goşmaça hasaplanylyp çykarylan salgydyň tölenmeli möhleti kameral salgyt barlagynyň ykrarhatynda görkezilýärmi? Salgyt beýannamasynda şol barada bellik edilýärmi?
14. Goşmaça hasaplanylyp çykarylan salgydyň jemine maliýe jerimeleri ulanylýarmy we puşmana tölegleri hasaplanylýarmy?
15. Kameral salgyt barlagynyň netijeleri tassyklanylandan soň, näçe günüň dowamynda kesgitlenilen salgydyň jemi hakyndaky salgyt habarnamasy salgyt töleýjä iberilýär?
16. Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjä iberilýän salgyt habarnamasy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň näçinji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar?
17. Kameral salgyt barlagynyň netijeleri boýunça ýazylyp iberilen salgyt habarnamasyny almak bilen, salgyt töleýji haýsy işleri amala aşyrmaly, haýsy resminamalara düzedişleri girizmeli we haýsy möhletde bu resminamalary kameral salgyt barlagyny geçiren salgyt gullugyna tabşyrmaly? Salgyt beýannamasynyň ýokardan sagyndaky burçunda nähili ýazgy bolmaly?
18. Salgyt töleýji geçirilen kameral salgyt barlagynyň netijeleri boýunça hasaplanylan goşmaça salgydyň pul möçberini we puşmana tölеglerini «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň näçinji maddasynyň talaplaryna laýyklykda tölemeli we haýsy möhletde?
19. Salgyt töleýjiler – şahsy taraplar ýa-da salgyt töleýjiler – edara görnüşli taraplaryň wezipeli adamlary salgyt gullugynyň tapan ýalňyşlyklaryny düzetmek hakyndaky talaplaryny ýerine ýetirmedik ýa-da düzedilen görnüşlerini tabşyrmagyň möhletini bozan ýagdaýynda, olar Türkmenistanyň haýsy kanunçylygynyň we onuň haýsy maddasynyň esasynda jogapkärçilige çekilýärler?
20. Kameral salgyt barlagynyň yzygiderligi nähili beýan edilýär?

21. Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna hökmany tabşyrmaly hasabatdaky ähli resminamalarynyň bardygyny anyklamalymy?
22. Hasabatyň düzüminde tabşyrmaga degişli haýsy hem bolsa bir resminamanyň ýoklugy sebäpli salgyt gullugynyň işgäri hasabaty almakdan boýun gaçyryp bilýärmi?
23. Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň tabşyran ähli resminamalarynyň tassyklanylan görnüşlerine laýyk gelýändigine göz ýetirmelimi?
24. Edara görnüşli taraplaryň tabşyrýan hasabatlarynyň resminamalarynda salgyt töleýji haýsy esasy görkezijileri we alamatlary hökmany ýagdaýda görkezmeli?
25. Salgyt hasabatynyň resmi kagyzynyň haýsy hem bolsa bir sütüninde talap edilýän maglumatlary doldurmaga esas bolmasa, onda bu sütünde näme ýazylýar?
26. Hasabatyň resminamalarynda düzedişlere, gysgaltmalara, galam bilen ýazylan ýazgylara rugsat berilýärmi?
27. Salgyt töleýjiniň tabşyrýan hasabaty salgyt gullugynda bellige alynmaga degişlimi?
28. Salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylan hasabat haýsy wagtyň dowamynda kameral salgyt barlagyny geçirýän bölüme geçirilýär?
29. Salgyt töleýji salgyt gullugyna salgyt beýannamasyny kesgitlenilen möhletde tabşyrmadyk bolsa, onda salgyt gullugynyň barlaglary geçirýän bölüminiň işgäri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasynyň esasynda salgydyň çäklenýän möçberini kesgitläp bilýär? Salgydyň şonuň ýaly hasaplanylmagy haýsy möhletde amala aşyrylýar? Hasaplanylan salgydyň pul möçberi hakynda salgyt töleýjä salgyt habarnamasy iberilýärmi?
30. Kameral salgyt barlagy tamamlanandan soň, salgyt gullugynyň barlag geçirýän bölümi salgyt beýannamalary we kameral barlaglary boýunça düzülen ykrarhaty salgyt gullugynyň haýsy bölümine we haýsy wagtyň dowamynda geçirýär?

31. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda salgytlaryň möçberini hasaplamak salgyt gullugynyň üstüne ýüklenilen bolsa, onda salgytlar boýunça hasaplamalaryň netijeleri salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasyna näçe günüň dowamynda ýazylýar?
32. Hasabatyň görkezijileriniň barlanylyşy kameral salgyt barlagynyň haýsy tapgyrlaryny öz içine alýar?
33. Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň ýerine ýetirýän wezipeleri haýsy?
34. Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary haýsy?
35. Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary haýsy?
36. Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
37. Meýilnamadan daşarky (meýilnamalaşdyrylmaýan) resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň geçirilýän ýagdaýlary haýsy?
38. Resminamalaýyn salgyt barlagy kim tarapyndan bellenilýär?
39. Maksatlaýyn (mowzuklaýyn) salgyt barlagynyň binýady näme?
40. Garşylyklaýyn salgyt barlagynyň mazmuny nämeden ybarat?
41. Toplumlaýyn salgyt barlagy näme?
42. Meýilnama boýunça geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlaglary haýsy tertipde amala aşyrylýar?
43. Meýilnama boýunça toplumlaýyn resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň döwürleýinligi haýsy tertipde kesgitlenilýär?
44. Meýilnama boýunça resminamalaýyn salgyt barlaglary haýsy sebäpler boýunça has soňraky möhletlere geçirilip bilinýär?
45. Salgyt ygtyýarlyklaryna girmeýän, ýöne salgyt salmak bilen baglanyşykly bolan soraglar boýunça hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmäge we olardan netijenamalary almaga salgyt gullugynyň işgäriniň hukugy barmy?
46. Elektron gözegçilik – pulhana abzallaryny ulanmagyň kadalarynyň berjaý edilmegini talap etmäge salgyt gullugynyň işgärleriniň hukugy barmy?

47. Salgyt töleýjileri, şeýle-de salgyt töleýjilere degişli resminamalary we maglumatlary bolan beýleki taraplary salgyt gullugynyň işgäri salgyt gullugyna çagyrmaga haklymy?
48. Salgyt töleýjiden Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmalaryna ýol berendigi hakynda şaýatlyk edýän resminamalary almaga salgyt gullugynyň haky barmy?
49. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin bölüm müdiriniň dykgatnamany ýazmagy hökmanymy?
50. Resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende, salgyt gullugynyň beýleki bölümleriniň müdirleri dykgatnama öz razylyk goluny goýmalymy?
51. Resminamalaýyn salgyt barlagy salgyt gullygynyň haýsy resminamasynyň esasynda geçirilýär we bu resminama haýsy kitapçada hasaba alynýar?
52. Haýsy ýagdaýlarda salgyt gullugynyň işgärine gulluk borçlaryny amala aşyrmak, şol sanda resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek gadagan edilýär?
53. Resminamalaýyn salgyt barlagy haýsy salgyt gullugynyň işgärleri tarapyndan geçirilýär?
54. Welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgärleri, şol welaýatlarda we Aşgabat şäherinde salgyt hasabyna alnan salgyt töleýjilerine resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirip bilýärlermi?
55. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň görkezmesi esasynda resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilmegine çekilen ýerli salgyt gullugynyň işgärleri salgyt töleýjiniň salgyt hasaba alnan ýerine garamazdan, resminamalaýyn salgyt barlagyny islendik salgyt töleýji babatda amala aşyryp bilýärlermi?
56. Resminamalaýyn salgyt barlagy başlamazdan öň, salgyt gullugynyň barlagy geçirmek tabşyrylan işgäri deslapky we taýýarlyk çäreleriň haýsy görnüşlerini amala aşyrýar?
57. Resminamalaýyn salgyt barlagy başlamazdan öňürti, salgyt gullugy resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýändigi hakynda salgyt töleýjä näçe günden gijä galman habar berýär?

58. Resminamalaýyn salgyt barlagyna başlamak üçin, salgyt gullugynyň barlag geçirmeklik tabşyrylan işgäri salgyt tölepjiniň çägine ýa-da jaýyna baranda, salgyt töleýjä haýsy resminamalary görkezmeli?
59. Salgyt töleýji tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmekde salgyt gullugynyň işgärlerine bikanun päsgel berilýän bolsa, onda salgyt töleýjä garşy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasynyň kadalary we salgyt tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek baradaky çäreleriň haýsy görnüşleri ulanylýar?
60. Resminamalaýyn salgyt barlagy başlanýan gününde barlagçy kime özüni tanatmaly we resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlanýandygy hakynda salgyt töleýjä habar bermelimi?
61. Salgyt töleýji salgyt gullugynyň işgäriniň görkezýän görkezmesiniň asyl nusgasynda nähili bellik etmeli?
62. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlanýan güni diýlip haýsy gün hasaplanýar?
63. Salgyt töleýjiniň görkezmesi bilen tanyşmakdan boýun gaçyrmagy, resminamalaýyn salgyt barlagyny ýatyrmak üçin esas bolup bilýärmi?
64. Salgyt gullugynyň resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek tabşyrylan işgäri barlagy geçirmegiň tertibini, ýerini, iş düzgünini hem-de barlagy geçirmek üçin göwnejaý şertleri üpjün etmek bilen baglanyşykly gaýry meseleleri salgyt töleýji bilen ylalaşmalymy? Salgyt töleýjiniň haýyşy boýunça barlagçy oňa onuň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmelimi?
65. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlanýan tapgyrynda barlagçy haýsy soraglary anyklamaly we öwrenmeli?
66. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, barlagçy salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) resminamalaryň haýsy görnüşlerini talap edip bilýär? Barlagçy daşary ýurt dilinde düzülen resminamalardan güwä geçilen ýazmaça terjimesini salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) talap edip bilýärmi?

67. Salgyt töleýji barlag geçirilen mahaly barlagçynyň talap edýän maglumatlaryny we resminamalaryny bermekden boýun gaçyranda ýa-da olary bellenilen möhletde bermände, oňa garşy haýsy çäreler ulanylýar?
68. Resminamalaýyn salgyt barlagy, adatça, nirede geçirilýär?
69. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda resminamalaýyn salghyt barlagy geçirilende, salgyt töleýjiden zerur resminamalary alyp, salgyt gullugynyň işgärleri barlagy salgyt gullugynyň jaýynda geçirip bilýärlermi?
70. Salgytlary hasaplamak üçin zerur bolan resminamalar salgyt töleýjiden alnanda we bu resminamalar salgyt töleýjä gaýtaryp berlende, salgyt gullugynyň işgärleri bu resminamalaryň alnandygy we gaýtaryp berlendigi hakynda ykrarhaty düzmelimi?
71. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen döwründe salgyt töleýji buhgalteriýa resminamalaryna, maliýe hasabatlaryna, salgyt beýannamalaryna we gaýry resminamalaryna düzedişleri girizmäge hukugy barmy?
72. Salgyt töleýji buhgalteriýa we salgyt hasabyny kompýuter maksatnamalaryny ulanmak arkaly alyp baranda, barlagçy salgyt töleýjiden haýsy resminamalary we nähili görnüşde talap edip bilýär?
73. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, barlagçy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) amala aşyrýan işini kadalaşdyrýan kanunçylygyň çygryna degişli umumy soraglaryň haýsylaryny barlaýar?
74. Zerur bolan halatlarda resminamalaýyn salgyt barlagynyň kesgitlenilen möhleti uzaldylyp bilinýärmi?
75. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň möhletini kim uzaldyp bilýär?
76. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň uzaldylan möhleti hakyndaky bellik haýsy resminamada bellige alynýar?
77. Resminamalaýyn salgyt barlagy näçe wagtyň dowamynda geçirilýär? Adatdan daşary ýagdaýlarda resminamalaýyn salgyt

barlagynyň dowamlylygy haýsy döwre çenli we kimiň kabul eden kararynyň esasynda uzaldylýar?

78. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin, kesgitlenilen döwre barlagça ykrarhatyny ýazmak we taýýarlyk işlerini geçirmek üçin zerur bolan wagt goşulýarmy?
79. Başlanylan barlag haýsydyr bir sebäpler boýunça dowam etdirilip bilinmese, barlag kimiň kararynyň esasynda togtadylýar? Barlagyň togtadylandygy hakynda salgyt töleýjä nähili görnüşde habar berilýär?
80. Resminamalaýyn salgyt barlagyny togtatmak ýa-da gaýtadan başlamak, haýsy tertipde amala aşyrylýar?
81. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň togtadylmagy we onuň gaýtadan başladylmagynyň aralygyndaky döwür, barlagy geçirmegiň umumy möhletine goşulýarmy?
82. Garşylyklaýyn salgyt barlagy haýsy resminamanyň esasynda geçirilýär we oňa kim gol çekmeli?
83. Garşylyklaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezmäniň görnüşini kim kesgitleýär?
84. Garşylyklaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezme haýsy resminamada hasaba alynýar?
85. Garşylyklaýyn salgyt barlagy, adatça, haýsy salgyt gullugy tarapyndan we haýsy salgyt gullugynyň ýüztutmasy esasynda geçirilýär?
86. Garşylyklaýyn salgyt barlagynyň netijeleri haýsy resminamada resmileşdirilýär we bu resminama haýsy resminamalaryň göçürmeleri goşulýar? Resminama erkin görnüşde ýazylýarmy ýa-da resminamalaýyn barlaglary geçirmek üçin ýazylýan ykrarhaty görnüşinde?
87. Garşylyklaýyn salgyt barlagy tamamlanandan soň, garşylyklaýyn salgyt barlagynyň geçirilendigi hakyndaky ykrarhaty näçe günüň dowamynda resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirýän salgyt gullugyna iberilýär?
88. Garşylyklaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek üçin beýleki döwletleriň salgyt edaralaryna haýsy tertipde resmi taýdan ýüz tutmaly?

89. Edara görnüşli tarap goşulmak we birleşmek görnüşinde gaýtadan guralan mahaly, şeýle tarapyň işine resminamalaýyn salgyt barlagyny haýsy salgyt gullugy geçirýär?
90. Resminamalaýyn salgyt barlagy birleşýän kärhanalaryň edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylan pursadyndan öň geçirilýärmi ýa-da soň? Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijeleri boýunça goşmaça hasaplanylan salgytlaryň jemi ykrarhatynyň haýsy görnüşine geçirilýär?
91. Edara görnüşli tarap bölmek, bölüp aýyrmak, özgertmek görnüşinde gaýtadan guralanda, resminamalaýyn salgyt barlagy haýsy salgyt gullugy tarapyndan we nähili tertipde amala aşyrylýar?
92. Edara görnüşli tarapy ýapmak hakyndaky çözgüt kanunçylyk arkaly kabul edilende, resminamalaýyn salgyt barlagy haýsy salgyt gullugy tarapyndan we nähili tertipde amala aşyrylýar? Barlagyň ykrarhatynda salgytlaryň haýsy möçberi görkezilýär? Barlagyň ykrarhaty kime gowşurylýar? Salgyt gulluygy edara görnüşli tarapyň işini ýatyryş toparynyň başlygyna ýene-de haýsy resminamalary gowşurýar?
93. Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapyň şahamçasyna, wekilhanasyna resminamalaýyn salgyt barlagy haýsy salgyt gullugynyň ýazmaça görkezmesiniň esasynda we haýsy salgyt gullugy tarapyndan geçirilýär? Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty näçe nusgada düzülýär we oňa kim gol çekýär? Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň nusgalary haýsy tertipde paýlanylýar?
94. Şereketiň işi boýunça tutuşlaýyn hasaplanylýan salgytlar babatdaky bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplara geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy haýsy salgyt gullugynyň ýazmaça görkezmesiniň esasynda we haýsy salgyt gullgy tarapyndan geçirilýär?
95. Daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň geçirýän ähli amallary buhgalteriýa we salgyt hasabynda we salgyt beýannamalarynda (hasabatlarynda, hasaplamalarynda) beýan edilmelimi? Türkmenistanda amala aşyrylýan

amallar boýunça haýsy resminamalar we daşary ýurtda amal edilen amallar boýunça haýsy resinamalar Türkmenistanda saklanylmaly?

96. Daşary ýurtda amala aşyrylýan harajatlarynyň resminamalaryny resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirýän barlagçy daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň wekilinden talap edip bilýärmi? Resminamalaýyn salgyt barlagy boýunça ykrarhaty, şeýle-de geçirilen barlag boýunça çykarylýan karar kime gowşurylýar?
97. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende haýsy usullar ulanylýar?
98. Tutuşlaýyn salgyt barlagy geçirilende, barlagçy haýsy soraglary öwrenýär we haýsy resminamalary barlaýar?
99. Seçip almak arkaly salgyt barlagy geçirilende, haýsy resminamalar barlanylýar?
100. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilişiniň dowamynda kärhananyň pulhanasynda hakykatda bar bolan nagt pul serişdeleri we gymmatlyklar barlananda, salgyt gullugynyň hünärmeni ilki nobatda haýsy işi amala aşyrmaly?
101. Kärhananyň pulhanasynda hakykatda bar bolan nagt pul serişdeleri we gymmatlyklary gaýtadan hasaplanylyp başlanmanka, maddy taýdan jogapkär we hasabat berýän adamdan haýsy mazmunly dil haty alynýar?
102. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, kimiň gatnaşmagynda hasabat berýän adamda hakykatda bar bolan nagt pul serişdeleriniň we gymmatlyklaryň gaýtadan hasaplamasy geçirilýär?
103. Kärhananyň pulhanasynda hakykatda bar bolan nagt pul serişdelerine we gymmatlyklaryna barlagyň geçirilmeginiň netijeleri boýunça ykrarhaty ýazylýarmy?
104. Barlagyň dowamynda pulhanada hakykatda bar bolan nagt pul serişdeleriniň we gaýry gymmatlyklaryň buhgalteriýa we salgyt hasabyny ýöretmegiň maglumatlaryndan çapraz gelmegi ýüze çykarylan mahaly, maddy taýdan jogapkär adam barlagça artyk ýa-da kem çykmagynyň sebäpleri hakynda düşündiriş bermelimi?

105. Tükellemek näme? Tükellemek işini geçirmegiň binýady näme?
106. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, kimiň talap etmegi bilen tükellemek işi amala aşyrylýar?
107. Tükellemek işini geçirmek hakynda talap bildirilenden soň, salgyt töleýjiniň ilkinji geçirýän işleri nämeden ybarat?
108. Tükellemek işiniň netijeleri boýunça ykrarhaty ýazylýarmy?
109. Harydyň ýitgisi tebigy ýitginiň kesgitlenilen ölçeglerinden artyk çykanda, salgyt salmak maksady bilen goşulan baha üçin salgyt hasaplanylanda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddalarynyň haýsy bölekleriniň kadalary ulanylýar?
110. Harytlaryň ýitgisi tebigy ýitgileriň kesgitlenilen ölçeglerinden artyk çykanda, salgyt salmak maksady bilen goşmaça tölegler hasaplanylanda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddalarynyň haýsy bölekleriniň kadalary ulanylýar?
111. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýitgisi tebigy ýitgileriň kesgitlenilen ölçeglerinden artyk çykanda, salgyt salmak maksady bilen ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt hasaplanylanda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddalarynyň haýsy bölekleriniň kadalary ulanylýar?
112. Haryt-maddy gymmatlyklaryň zaýalanmagyndan ýüze çykan ýitgiler, maddy serişdeleriniň kem çykmagyndan ýitgiler tebigy ýitgileriň kesgitlenilen ölçeglerinden artyk çykan ýagdaýynda, salgyt salmak maksady bilen peýdadan alynýan salgyt hasaplanylanda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddalarynyň haýsy bölekleriniň kadalary ulanylýar?
113. Salgyt töleýji tarapyndan kärhanalaryň we raýatlaryň telekeçilik işini amala aşyrmak, peýda ýa-da girdeji almak üçin ulanylýan ýa-da salgyt salynmagyň gaýry çeşmelerini saklamak bilen baglanyşykly bolmadyk önümçilik, ammar, söwda we gaýry jaýlarynyň çäklerine barmakda hem-de barlaglary geçirmekde

salgyt gullugynyň işgärlerine päsgel berlende, onda oňa garşy «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň haýsy maddasyna we salgyt kanunçylygynyň haýsy gaýry namalaryna laýyklykda çäreler görülýär?

114. Edara görnüşli tarapyň ýa-da hususy telekeçi – şahsy tarapyň buhgalteriýa we öndürmek üçin niýetlenilen desganyň bardygy anyklanylandan soň, salgyt gullugynyň işgäri bu ýagdaýy nähili görnüşde resmileşdirmeli? Ýazmaça düşündiriş almalymy we kimden? Şonuň ýaly ýagdaýda barlagçy şeýle iş üçin ulanylýan jaýy möhürleýärmi we tükelleme geçirýärmi?

115. Salgyt töleýjiniň möhürlenilen jaýynda onuň haryt – maddy gymmatlyklary ýa-da resminamalary gizläp biljekdigine şaýatlyk edýän habar–maglumatlar bar mahaly, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy şol jaýy goramak üçin haýsy gurama ýüz tutup bilýär?

116. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt gullugyna kim çagyrylyp bilinýär?

117. Raýatlary salgyt gullugyna çagyrmaga kimiň teklibi esasynda kimiň hukugy bar?

118. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt töleýjini salgyt gullugyna çagyrmagyň esasy maksady näme?

119. Salgyt töleýji haýsy resminamanyň esasynda salgyt gullugyna çagyrylýär? Salgyt töleýji çakylyk esasynda salgyt gullugyna barmakdan boýun gaçyrsa, onda salgyt gullygynyň ýolbaşçysy nähili karar kabul edýär?

120. Özi barasynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirýän salgyt gullugyna çagyrylýan şahsy tarap, özüniň ýany bilen bu çakylyga kimiň gatnaşmagyny talap edip bilýär? Salgyt gullugy bu talaplary berjaý etmekden boýun gaçyryp bilýärmi?

121. Sorag-jogap geçirilenden soň, soraşdyryp görmegiň ykrarhatynyň ahyrynda şahsy tarap nähili ýazgy ýazmaly? Soraşdyryp görmegiň ykrarhaty näçe nusgada ýazylýar?

122. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende, salgyt gullugynyň salgyt salynmagy bilen baglanyşykly bolan meseleler boýunça bilermenleri bu işe çekmäge we olardan netijenamalary almaga hukugy barmy?

123. Bilermenleri işe çekmek kimiň başlangyçlarynda geçirilýär? Kimiň ýazan ýazmaça dykgatnamasynyň esasynda bilermenleri işe çekmek hakyndaky karary kim kabul edýär? Salgyt gullugy bilermenleri işe çekmek üçin, bilermeni ibermek hakynda ygtyýarly edara ýazmaça ýüztutmasynda nämeleri beýan edýär we zerur ýagdaýlarda şol hata bilermeniň ygtyýaryna degişli maglumatlar goşulyp bilinýärmi?
124. Haýsy ýagdaýlarda bilermen netijenamany berip bilmeýär we şol ýagdaýda ol yzyna çagyrylmagyna degişlimi?
125. Bilermeniň öňünde goýlan meseleler we onuň berýän netijenamasy bilermeniň ýörite bilimleriniň çäklerinden çykyp bilýärmi? Bilermeniň ekspertizanyň (seljermäniň) meselesine degişli barlagyň bar bolan maglumatlary bilen tanyşmaga, özüne goşmaça maglumatlaryň berilmegi barada towakga etmäge haky barmy?
126. Bilermene berlen maglumatlar ýeterlik bolmasa we ekspertizany (seljermäni) geçirmek üçin onuň ýeterlik bilimi bolmasa, onda ol netijenama bermekden boýun gaçyryp bilýärmi?
127. Ekspertizany (seljermäni) geçirmek bellenilen mahaly, salgyt gullugy bilermeniň öňünde haýsy meseleleri goýup bilýär? Salgyt gullugy ekspertizany geçirmek hakynda salgyt töleýjini nähili görnüşde habardar edýär?
128. Ekspertiza bellenilen we geçirilen mahaly salgyt töleýjiniň nähili hukuklary bar?
129. Bilermen netijenamany haýsy görnüşde we kimiň adyndan berýär? Bilermen netijenamada nämäni beýan edýär? Eger-de bilermen ekspertizanyň dowamynda iş üçin ähmiýeti bar bolan ýagdaýy ýüze çykarsa we şol ýagdaý bilen baglanyşykly öz öňünde mesele goýulmadyk bolsa, onda onuň öz netijenamasyna şu ýagdaýlar hakyndaky gelen netijesini goşmaga haky barmy?
130. Bilermeniň netijenamasy ýa-da netijenama bermegiň mümkin däldigi hakyndaky habar kime berilýär? Netijenama alan tarapyň öz düşündirişlerini bermäge we nägileligini bildirmäge, şeýle-de goşmaça meseleleri bilermeniň öňünde goýmaga we goşmaça ýa-da gaýtadan ekspertiza (seljerme) bellemek hakynda haýyş etmäge hukugy barmy?

131. Goşmaça geçirilýän ekspertiza (seljerme) haýsy ýagdaýlarda bellenilýär we olaryň netijeleri kime tabşyrylýar?
132. Salgyt gullugynyň hünärmeniniň talap etmegi bilen salgyt töleýji resminamalaryň göçürme nusgalaryny näçe günüň dowamynda tabşyrmaga borçly?
133. Resminamalary almak kimiň kararynyň esasynda amala aşyrylýar? Karar näçe nusgada düzülýär we kimiň arasynda paýlanylýar? Resminamalary almak kimiň gatnaşmagynda geçirilýär?
134. Resminamalaryň alynmagy hakynda nähili resminama düzülýär? Resminama näçe nusgada düzülýär we kime gowşurylýar? Resminamada haýsy maglumatlar beýan edilýär? Alnan resminamalar nirede saklanylýar?
135. Alnan resminamalar haýsy ýagdaýda we haýsy wagtyň dowamynda salgyt töleýjä gaýtaryp berilýär? Zerur bolan ýagdaýda alnan resminamalaryň salgyt gullugynda saklanýan döwri uzaldylyp bilinýärmi?
136. Alnan resminamalary salgyt gullugy salgyt töleýjä haýsy resminamany düzetmek bilen gaýtaryp berýär? Salgyt töleýjiniň resminamalaryny gaýtaryp bermek hakyndaky resminamany kim çykarýar? Resminama näçe nusgada düzülýär?
137. Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň subutnamalarynyň çeşmeleri haýsy?
138. Geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagy boýunça ykrarhaty haýsy möhletde düzülýär?
139. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda haýsy maglumatlar we salgylanmalar görkezilýär? Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda beýan edilýän maglumatlar salgyt syrymy we olar jar edilmäge, şeýle-de beýleki adamlara berilmäge degişlimi?
140. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda beýan edilýän maglumatlar iki hili düşündirmek mümkinçiligi aradan aýyrmalymy?
141. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty haýsy görnüşde beýan edilmeli?

142. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda beýan edilýän maglumatlaryň we gelnen netijeleriň ygtybarlygy hem-de dogrudygy üçin barlagçy jogapkärçilik çekýärmi?
143. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň giriş böleginde barlagçy haýsy maglumatlary beýan etmeli?
144. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň esasy böleginde barlagçy haýsy maglumatlary beýan etmeli?
145. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda ýüze çykarylan bozulmalar resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda haýsy alamatlar boýunça toparlandyrylýar?
146. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda beýan edilen salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň doly sanawyny öz içine alýan goşundylarda haýsy maglumatlar görkezilýär?
147. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna goşulýan goşundylaryna kim gol çekýär?
148. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynyň jemleýji böleginde haýsy maglumatlar beýan edilýär?
149. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatynda puşmana tölegiň pul möçberi barlagçy tarapyndan haýsy döwri göz öňünde tutmak bilen kesgitlenilýär?
150. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty bilen kim tanyşmaly? Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty bilen tanyşmak möhleti näçe günden ybarat? Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ýa-da onuň wekilleri barlagyň ykrarhaty bilen tanyşmakdan we oňa gol çekmekden boýun gaçyrmaýan şertlerinde, barlagçy tanyşmak üçin barlagyň ykrarhatyny salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) haýsy möhletde gowşurýar? Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ýa-da olaryň wekilleri ykrarhatyna gol çekmekden boýun gaçyran ýa-da gaça duran mahaly, barlagçy haýsy hereketleri amala aşyrýar?
151. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty salgyt gullugynda ýöredilýän haýsy resminamasynda we haçan hasaba alynýar?
152. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça kabul edilýän çözgütler haýsy tertipde amala aşyrylýar?

## VII bap

# DÖWLET SALGYT MENEJMENTINDE ULANYLÝAN MALIÝE JERIMELERI WE PUŞMANA TÖLEGLERI ULGAMY. SALGYT GULLUGYNYŇ ÇYKARÝAN ÇÖZGÜTLERINE ŞIKAÝAT ETMEK

## 7.1.43. Salgyt hukuk bozulmalary üçin maliýe jerimeleri

**Salgyt hukuk bozulmalary üçin maliýe jerimeleriniň ulanylyşynyň tertibi.** Jogapkärçiligi göz öňünde tutýan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň bikanun günäli hereketleri salgyt hukuk bozulmalary diýlip hasap edilýär. Salgyt hukuk bozmalary maliýe jerimeleriniň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Maliýe jerimeleri salgyt gullugy tarapyndan ulanylýar. Maliýe jerimeleri salgyt kararynyň gowşurylan pursadyndan başlap bäş günüň dowamynda tölenýär. Maliýe jerimeleri salgyt tölenenden soň tölenýär. Salgyt hukuk bozulmalaryna ýol beren şahsy tarapa maliýe jerimeleri on alty ýaşdan başlap ulanylýar.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni Güýçmyrat Hanow tarapyndan «Derýa» hususy kärhanasynda geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde 2011-nji hasabat ýyly üçin girdejä salynýan salgyt boýunça 4803 manat we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy babatynda 207 manat pul möçberinde goşmaça salgyt hasaplanylypdyr. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijeleri boýunça 2004 manat pul möçberinde maliýe jerimeleri hasaplanylypdyr. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 14-ünde ýazylypdyr, goşmaça hasaplanylan salgydyň pul möçberi «Derýa» hususy kärhanasy tarapyndan şol aýyň 23-ünde we maliýe jerimeleri 21-inde tölenilipdir. «Derýa» hususy kärhanasynyň hasaplaşyk hasabynda 2012-nji ýylyň fewral aýynyň 14–23-i aralygynda goşmaça hasaplanylan salgytlary we maliýe jerimeleri tölemäge ýeterlikli derejede pul serişdeleri bar. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan «Derýa» hususy kärhanasynyň hereketleri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýykmy?

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 88-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda maliýe jerimeleri salgytlar tölenenden soň tölenýär. Diýmek, ilki nobatda salgytlar, soňra bolsa 2012-nji ýylyň 19-njy fewralyna çenli maliýe jerimeleri tölenmeli.

Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar tarapyndan olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrylan hereketleriniň (hereketsizlikleriniň), ýazmaça görkezmeleriniň, çözgütleriniň we düşündirişleriniň netijesinde ýol berlen salgyt hukuk bozulmalary üçin maliýe jerimeleri ulanylmaýar. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar tarapyndan salgyt ýalňyş hasaplananda we şol sebäpli salgyt töleýji tarapyndan salgyt tölenmedik halatynda maliýe jerimeleri ulanylmaýar. Salgyt ýumuşçylary býujet guramalary tarapyndan salgyt tölenmedik halatynda maliýe jerimeleri şu babatda ulanylmaýar:

– býujetden maliýeleşdirmegiň çenliklerinde (smetalarynda) göz öňünde tutulan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy babatynda;
– Türkmenistanyň döwlet býujetiniň ýa-da Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygynyň, şeýle-de daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, beýleki şahslar tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwer, maliýe we tehniki kömeginiň we kreditleriň (karzlaryň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde alynýan serişdeleriň hasabyna tölenýän töleglere salynýan edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt babatynda.

**Mysal.** «Kurt-99» daşary ýurt kompaniýasy Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň hasaplanylyşyna ýazmaça düşündirişi bermegi haýyş edip ýüz tutupdyr. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň ýazmaça jogap bermeginiň esasynda 2011-nji hasabat ýyly üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannama düzülipdir. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni tarapyndan geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde edara görnüşli tarap-

laryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça goşmaça 4800 manat salgyt we 1920 manat maliýe jerimeleri hasaplanylypdyr. «Kurt-99» daşary ýurt kompaniýasy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda maliýe jerimelerini tölemelimi ýa-da tölemeli däl?

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 88-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, «Kurt-99» daşary ýurt kompaniýasy maliýe jerimelerini tölemeli däl.

**Mysal.** «Jöwher» hojalyk jemgyýeti 2011-nji hasabat ýyly boýunça emläk üçin salgyt boýunça düzen we Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna tabşyran salgyt beýannamasynda emläk üçin salgydyň pul möçberini 3560 manat diýip kesgitläpdir. Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni tarapyndan geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde emläk üçin salgydyň pul möçberi 4288 manat diýlip kesgitlenilipdir we döwlet býujetine goşmaça 728 manat geçirilipdir. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni tarapyndan gaýtadan geçirilen barlagyň netijesinde emläk üçin salgydyň pul möçberi 5094 manat pul möçberide hasaplanylyp çykarypdyr. Maliýe jerimelerini hasaplamak üçin salgydyň haýsy pul möçberinden ugur almaly, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni tarapyndan emläk üçin salgyt boýunça çykaran jeminiň arasyndaky 806 manat (5094 manat – 4288 manat) tapawudyna maliýe jerimeleri salynýarmy?

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 88-nji maddasynyň 5-nji bölegine laýyklykda, maliýe jerimeleri 728 manada (4288 manat – 3560 manat) ulanylýar. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni tarapyndan emläk üçin salgyt boýunça çykaran jeminiň we Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň çykaran jeminiň arasyndaky 806 manat (5094 manat – 4288 manat) tapawudyna maliýe jerimeleri salynmaýar.

Maliýe jerimeleri salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan maliýe jerimelerini ulanmak babatda çözgüt çykarylan ýylyndan öňki bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwür aralygynda amala aşyrylan düzgün bozulmalar üçin ulanylýar. Salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan

bellenilen salgydyň pul möçberi şikaýat edilende, maliýe jerimesini tölemek borjy salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan maliýe jerimeleriniň jedelleşilmeýän pul möçberi babatynda ýerine ýetirilýär. Maliýe jerimeleriniň jedelleşilýän pul möçberi salgyt gullugynda we kazyýetde şikaýata seredilýän döwründe tölenilmeýär, emma bu möhlet maliýe jerimäniň bellenilen gününden başlap alty aýdan köp bolmaly däl. Şonuň bilen birlikde, maliýe jerimäniň jedelleşilýän pul möçberi babatynda salgyt gullugy salgyt töleýjiden emlägi (pul serişdelerini) girewi goýmagy ýa-da kepil geçmegi talap edip bilýär. Salgyt töleýjiniň görkezilen talaplary ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, maliýe jerimelerini tölemek borjy onuň jedelleşilýän pul möçberi babatynda hem ýerine ýetirilýär. Salgydyň bellenilen pul möçberine düzedişleriň girizilmegi, salgydyň şol pul möçberi babatynda öň kesgitlenilen maliýe jerimeleriniň pul möçberiniň üýtgedilmegine hem degişlidir.

**Salgydyň pul möçberiniň kemeldilendigi üçin maliýe jerimeleri.** Salgyt töleýji tarapyndan salgyt özeniniň azaldylmagynyň we salgydy hasaplamak boýunça beýleki bikanun hereketleriniň netijesinde ýüze çykan hasaplanylan salgydyň pul möçberiniň kemeldilmegi, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmedik salgydyň azaldylan pul möçberine 40 göterim möçberinde maliýe jerimeleri ulanylýar. Salgydyň kemeldilen pul möçberi babatynda ulanylýan maliýe jerimeleri, salgydy tölemek üçin bellenilen seneden başlap, şeýle düzgün bozmanyň ýüze çykarylan gününe çenli salgydyň şol görnüşi boýunça artyk tölenen pul möçberini hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Salgytlaryň beýleki görnüşleri boýunça artyk geçirilen pul möçberleri bar bolan halatlarynda, olar hem maliýe jerimeleri ulanylýan salgydyň hasabyna kabul edilýär. Salgyt beýannamasyny tabşyrmak üçin bellenilen gün, hasaplanylan salgydyň möçberiniň kemeldilmegi diýlip hasaplanylýar. Salgyt töleýjiniň bikanun hereketleriniň netijesinde salgydyň býujetden öwezi dolunmaga degişli pul möçberi babatynda, maliýe jerimeleri umumy tertipde ulanylýar. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamasy bellenen gününden 90 günden ýokary bolan möhletde berilmezligi hem salgydyň pul möçberleriniň azaldylmagy diýlip hasap edilýär.

Salgyt töleýjiden tutulyp alynmaga degişli pul möçberini Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek boýunça Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt borçlarynyň ýerine ýetirilmedik mahalynda, tutup almaga we geçirmäge degişli salgydyň pul möçberiniň 40 göterimi möçberinde salgyt ýumuşçysyna maliýe jerimeleriniň ulanylmagy göz öňünde tutulýar. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt töletdirmeli emläge ygtyýar etmek hukugynyň gadagan edilmegini bozan mahalynda, oňa garşy şol emlägiň hakyky bazar bahasynyň 50 göterim möçberinde maliýe jerimeleri ulanylýar.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça medeniýet müdirliginiň baş hasapçysy bölümiň düzüminde işleýän 6 işgäre 2011-nji ýylyň noýabr aýynda şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny nädogry hasaplapdyr. 2011-nji ýylyň noýabr aýynda kem hasaplanylan salgydyň pul möçberi 496 manat. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň geçiren resminamalaýyn barlagynyň netijesinde etrap medeniýet müdirliginiň telekeçilik işinden alan girdejisinden hasaplanylyp çykarylan edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň pul möçberi 2002 manat kem görkezilipdir. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça medeniýet müdirliginiň tölenmäge degişli maliýe jerimeleriniň pul möçberini takyklamaly. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça medeniýet müdirligi (ol býujet guramasy – salgyt ýumuşçysy bolup durýar) tarapyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy kem hasaplanylan mahalynda oňa garşy maliýe jerimeleri ulanylýarmy?

**Çözülişi.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça medeniýet müdirliginiň 2011-nji hasabat ýylynda telekeçilik işinden alan girdejisinden edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň salgyt beýannamasynda kem görkezilen pul möçberinden maliýe jerimeleri tutulyp alynýar. Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça medeniýet müdirliginiň tölemeli maliýe jerimeleriniň pul möçberi 801 manat (2002 manat x 40 % : 100%). «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 88-nji maddadynyň 5-nji bölegine laýyklykda, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça medeniýet müdirligi (býujet guramasy – salgyt ýumuşçysy) tarapyn-

dan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy kem hasaplanylan ýagdaýynda maliýe jerimeleri ulanylmaýar.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan «Dariýa Menejment Serwisess» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynda 2007–2011-njy ýyllar üçin geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça kem hasaplanylan salgydyň pul möçberi ýüze çykaryldy. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesi boýunça kem hasaplanylan edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň pul möçberi 127748 manat, şol sanda 2007-nji ýyl üçin 17092 manat, 2008-njy ýyl üçin 22000 manat, 2009-njy ýyl üçin 30086 manat, 2010-njy ýyl üçin 37576 manat we 2011-nji ýyl üçin 20994 manat. Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni tarapyndan 2005-nji ýylyň maliýe hasabaty barlanylanda, 2006-njy ýyl üçin hasaplanylan edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň pul möçberi salgyt beýannamasynda 48845 manat kem görkezilipdir. Maliýe jerimeleriniň ulanylmagy haýsy döwri gurşap alýar? Aýry-aýry salgyt ýyllary üçin edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça maliýe jerimeleriniň pul möçberlerini hasaplap çykarmaly?

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 88-nji maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, maliýe jerimeleri salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan çözgüt çykarylan ýylyndan öňki baş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwür aralygynda amala aşyrylan düzgün bozulmalar üçin ulanylýar, ýagny 2007–2011-nji ýyllar üçin. Aýry-aýry salgyt ýyllary üçin «Dariýa Menejment Serwisess» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň salgyt bozulmalary üçin peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt boýunça tölemeli maliýe jerimeleriniň pul möçberi:

– 2007-nji ýyl üçin 6837 manat (17092 manat x 40% : 100%);
– 2008-njy ýyl üçin 8800 manat (22000 manat x 40% : 100%);
– 2009-njy ýyl üçin 12034 manat (30086 manat x 40% : 100%);
– 2010-njy ýyl üçin 15030 manat (37576 manat x 40% : 100%);
– 2011-nji ýyl üçin 8398 manat (37576 manat x 40% : 100%);

**Mysal.** Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň hünärmeni tarapyndan «Apolo Tekstaý Mile LTD» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynda geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde 2011-nji hasabat ýyly üçin goşulan baha üçin salgyt we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça goşmaça salgyt hasaplanylypdyr. Ýokarda görkezilen salgytlar boýunça goşmaça hasaplanylan salgytlaryň möçberi 69797 manat, şol sanda goşulan baha üçin salgyt boýunça 28843 manat we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 40954 manat. Salgyt töleýji geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň umumy netijeleri bilen razy bolsa-da, goşmaça hasaplanylan edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň hasaplanylyşyna närazyçylyk bildiripdir. Närazyçylyk bildirilýän goşmaça hasaplanylan edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň pul möçberi 24876 manat we şol sebäpli salgyt töleýji jedelli 24876 manady resminamalaýyn salgyt barlagy boýunça ýazylan ykrarhatyndan aýyrmagy ýazmaça şikaýat etmek bilen Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň ýolbaşçysyna ýüz tutupdyr. Goşulan baha üçin salgyt we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça goşmaça hasaplanylan jedelleşilmeýän pul möçberine ulanylýan maliýe jerimeleriniň pul möçberini takyklamaly. Jedelleşilýän maliýe jerimeleriniň pul möçberi şikaýata seredilýän döwürde alnyp bilinýärmi?

**Çözülişi.** Goşulan baha üçin salgyt we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça goşmaça hasaplanylan jedelleşilmeýän pul möçberine ulanylýan maliýe jerimeleriniň pul möçberi 17968 manat [28843 manat + (40954 manat – 24876 manat) ] x 40% : 100%. Jedelleşilýän maliýe jerimeleriniň pul möçberi şikaýata seredilýän döwürde alnyp bilinmeýär, emma bu möhlet maliýe jerimäniň ulanylan gününden başlap alty aýdan geçmeli däl («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 88-nji maddasynyň 7-nji bölegi).

**Mysal.** «Ist Laýn Jeneral Treýding» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy salgyt salynýan özenini kemeltmek bi-

len, 2011-nji ýylyň oktýabr aýy üçin Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna tabşyran salgyt beýannamasynda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini 72690 manat kem görkezipdir. Bu salgyt hukuk bozulmalary Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan aýry-aýry salgytlaryň dogry hasaplanylyşyna we öz wagtynda döwlet býujetine geçirilişine mowzuklaýyn resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilmeginiň netijesinde ýüze çykarlypdyr. Şol bir pursatda, «Ist Laýn Jeneral Treýding» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň şahsy hasap sahypasynda 2011-nji ýylyň 1-nji noýabryndan şol ýylyň 10-njy dekabryna çenli goşulan baha üçin salgyt boýunça 14824 manat we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça 26641 manat artyk tölenen pul serişdeleri hasaba alnypdyr. Kem hasaplanylan salgydyň pul möçberine maliýe jerimeleri hasaplanylanda, şol salgyt boýunça şol döwürde artyk tölenilen salgydyň pul möçberi hasaba alynýarmy? Maliýe jerimeleri hasaplanylanda, salgytlaryň gaýry görnüşleri boýunça şol senede artyk tölenilen jemleri hasaba alynýarmy? «Ist Laýn Jeneral Treýding» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň goşulan baha üçin salgyt boýunça 2011-nji ýylyň oktýabr aýy üçin kem hasaplap çykaran pul möçberi üçin maliýe jerimeleriniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Ist Laýn Jeneral Treýding» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň goşulan baha üçin salgyt boýunça 2011-nji ýylyň oktýabr aýy üçin kem hasaplanylan salgydyň pul möçberine maliýe jerimeleri hasaplanylanda, goşulan baha üçin salgyt we beýleki salgytlar boýunça şol döwürde tölenilen salgydyň pul möçberi hasaba alynýar («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 89-njy maddasynyň 1-nji bölegi). «Ist Laýn Jeneral Treýding» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň goşulan baha üçin salgyt boýunça 2011-nji ýylyň oktýabr aýy üçin kem hasaplap çykarylan pul möçberi üçin tölemeli maliýe jerimeleriniň pul möçberi: MJ = 12490 manat [(72690 manat – 14824 manat – 26641 manat) x 40% : 100%].

**Mysal.** «Köp Çynar» hyzmatdaşlyk kärhanasy 2012-nji ýylyň 6 aýy üçin tabşyran edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisin-

den) alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasynda býujete tölenmeli salgydyň pul möçberini 128064 manat diýip kesgitläpdir. Salgyt beýannamasy boýunça edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň tölenmeli möhleti 2012-nji ýylyň 25-nji iýuly. Ýöne «Köp Çynar» hyzmatdaşlyk kärhanasynyň hasaplaşyk hasabynda salgytlar boýunça hasaplaşyklaryň geçirilmegi üçin pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, Aşgabat şäheriniň Çandybil etraby boýunça döwlet salgyt gullugy 2012-nji ýylyň 26-njy awgustynda salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek hakyndaky karar çykarýar. Emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek hakyndaky karar şu aşakdakylara degişli:

– nagt pul serişdeleri;
– önümçilik däl maksatly emläk;
– taýýar önümler;
– önümçilikde göni peýdalanýan çig mal we materiallar, şeýle-de stanoklar, enjamlar, jaýlar, desgalar we beýleki esasy serişdeler we ş.m.

«Köp Çynar» hyzmatdaşlyk kärhanasy 2012-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda taýýar önümiň bir bölegini nagt görnüşinde alyjylaryň arasynda ýerleşdirýär we girdeji orderini ýazmak bilen, ony 50-nji hasapda hasaba alýar. «Köp Çynar» hyzmatdaşlyk kärhanasynyň pulhanasyna düşen pul serişdeleriniň jemi 11668 manat. Ýerleşdirilen taýýar önümleriň bazar bahasy 16549 manat. «Köp Çynar» hyzmatdaşlyk kärhanasynyň ýokarda agzalyp geçilen hereketleri üçin Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt gullugy tarapyndan maliýe jerimeleriniň ulanylmagyny göz öňünde tutýarmy? Maliýe jerimeleri göz öňünde tutulýan bolsa, onda maliýe jerimesiniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 91-nji maddasyna laýyklykda, «Köp Çynar» hyzmatdaşlyk kärhanasy salgyt töletdirilmeli emläge ygtyýar etmek hukugynyň gadagan edilmegini bozany üçin, şol emlägiň hakyky bazar bahasynyň 50 göterimi möçberinde maliýe jerimesini tölemeli. «Köp Çynar» hyzmatdaşlyk kärhanasynyň salgyt bozmalary üçin tölemeli maliýe jerimeleriniň pul möçberi: MJ = 16549 manat x 50% : 100% = 8275 manat.

**Salgyt hukuk bozulmalary üçin bank edaralaryna ulanylýan maliýe jerimeleri.** Şahsy taraplara – hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara (onuň aýrybaşgalanan düzüm böleklerine) hasap açylandygy barada salgyt gullugyna habar berilmedik ýagdaýynda, bank edarasyna şol hasaplara gelip gowşan ähli pul serişdeleriniň 10 göterim möçberinde maliýe jerimeleri ulanylýar. Şahsy we edara görnüşli taraplaryň (onuň aýrybaşgalanan düzüm bölekleriniň) hasaplary boýunça amallary togtatmak barada salgyt gullugynyň çözgüdini bozmak bilen bank edarasy tarapyndan olaryň hasaplary boýunça çykdajy amallarynyň geçirilmegi, şol hasaplardan hasapdan öçürilen ähli pul serişdeleriniň 10 göterimi möçberinde bank edarasyna maliýe jerimeleri salynýar. Bank edarasy tarapyndan sagyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşli taraplaryň önümleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan pul serişdelerini onuň hasaplaşyk hasabyna ýazman, karz, depozit ýa-da başga bir hasaplaryna geçiren mahalynda, bank edarasyna geçirilen pul serişdeleriniň möçberiniň 10 göterim möçberinde maliýe jerimeleri ulanylýar.

**Mysal.** Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan Türkmenistanyň «Türkmenistan» Döwlet täjirçilik bankynyň «Kesearkaç» şahamçasynda geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde 57-nji tablisada görkezilen bozgakçylyklaryň we kanun bozulmalaryň üsti açyldy. Türkmenistanyň «Türkmenistan» Döwlet täjirçilik bankynyň «Kesearkaç» şahamçasynyň tölemeli maliýe jerimeleriniň pul möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** Türkmenistanyň «Türkmenistan» Döwlet täjirçilik bankynyň «Kesearkaç» şahamçasynyň salgyt bozgakçylyklarynyň we kanun bozmalarynyň aýry-aýry görnüşleri boýunça tölän maliýe jerimeleriniň pul möçberleriniň hasaplamalary 57-nji tablisanyň degişli setirleriniň 6-njy sütüninde beýan edilýär. Türkmenistanyň «Türkmenistan» Döwlet täjirçilik bankynyň «Kesearkaç» şahamçasynyň resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijeleri boýunça amala aşyran salgyt bozgakçylyklary we kanun bozulmalary üçin tölemeli maliýe jerimeleriniň pul möçberi: MJ = = 8888 manat (2844 manat + 885 manat + 249 manat + 746 manat + 2321 manat + 104 manat + 631 manat + 341 manat + 207 manat + 560 manat).

*57-nji tablisa*

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» Döwlet täjirçilik bankynyň «Kesearkaç» şahamçasynda geçirilen resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijesinde ýüze çykarylan salgyt bozgakçylyklary we kanun bozmalary (manatda)**

| № | Edara görnüşli tarapyň, hususy telekeçiniň ady | Bozgakçylyklaryň we kanun bozmalarynyň görnüşleri | Hasaplaşyk hasabyna ýazylan we hasapdan öçürilen pul serişdeleriniň jemi | Hasaplaşyk hasapnamasyna ýazylman, karz depozit ýa-da başga hasaplara geçirilen pul serişdeleriniň jemi | Maliýe jerimeleriniň pul möçberi |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1 | «Medet» hyzmatdaşlyk kärhanasy | Amallary togtatmak baradaky karar ýerine ýetirilmändir | 28442 | | 2844 (28442 x x 10% : :100% ) |
| 2 | «Musaim» hojalyk jemgyýeti | Hasaplaryň açylandygy hakynda habar berilmändir | 8847 | | 885 (8847 x 10% : : 100%) |
| 3 | «Nubar» hojalyk jemgyýeti | Amallary togtatmak barada salgyt gullugynyň karary ýerine ýetirilmändir | 2494 | | 249 (2494 x 10% : : 100%) |
| 4 | Hususy telekeçi Seýtgeldiýew Döwletgeldi | Hasaplaryň açylandygy hakynda habar berilmändir | 7455 | | 746 (7455 x 10% : : 100%) |
| 5 | «Rosneftgazstroý» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy | Amallary togtatmak barada salgyt gullugynyň karary ýerine ýetirilmändir | 5086 | 18115 | 2321 [(5086 x x 10% : 100%) + + (18115 x 10% : : 100%)] |

*57-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 6 | «Serwoýl Interneýşnl Limited» daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy | Karz hasabyna ýazylypdyr | 1042 | | 104 (1042 x 10% : 100%) |
| 7 | Hususy telekeçi Agaýusubow Azat | Hasabyň açylandygy hakynda salgyt gullugyna habar berilmändir | 1749 | 4555 | 631 [(1749 x 10% : : 100%) + (4555 x x 10% : 100%)] |
| 8 | «Manaman-Dag» bileleşik kärhanasy | Amallary togtatmak barada salgyt gullugyna habar berilmändir | | 3405 | 341 (3405 x 10% : : 100%) |
| 9 | Hususy telekeçi Allamyradow Meýlis | Karz hasabyna ýazylypdyr (hasaplaşyk hasabyndan üstaşyr) | 2074 | | 207 (2074 x 10% : : 100%) |
| 10 | «Täç Mahal» hususy kärhanasy | Karz hasabyna ýazylypdyr (hasaplaşyk hasabyndan üstaşyr) | 5600 | | 560 (5600 x 10% : : 100%) |
| 11 | «Derhal» hojalyk jemgyýeti | Amallary togtatmak barada salgyt gullugyna habar berilmändir | 10200 | | 1020 (20000 x x 10% : 100%) |
| 12 | «Ak ýaprak» hojalyk jemgyýeti | Karz hasabyna ýazylypdyr | 20000 | | 2000 (20000 x x 10% : 100%) |

## 7.2.44. Puşmana tölegleri

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgydy tölemek boýunça möhleti bozan ýagdaýynda puşmana tölegleri ulanylýar. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt tölemek borçlary bank edarasynyň günäsi bilen öz wagtynda ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, puşmana tölegi bank edarasyna salynýar. Şu ýagdaýda puşmana tölegleri salgyt töleýji babatynda ulanylmaýar. Salgytlar öz wagtynda tölenmedik halatynda, puşmana tölegleri şu ýagdaýlarda ulanylmaýar:

– salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar salgydy ýalňyş hasaplanlarynda salgyt töleýji tarapyndan;

– salgyt ýumuşçylary – býujet guramalary tarapyndan býujetden maliýeleşdirmegiň çykdajy çenliklerinde göz öňünde tutulan, şahsy taraplaryň girdejilerinden alynýan salgytlar babatynda, şeýle-de Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň, Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygynyň serişdeleriniň we daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, beýleki şahslar tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwer, maliýe we tehniki kömegiň we kreditleriň (karzlaryň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde alynýan serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýan töleglerden alynýan salgytlar babatynda.

Puşmana töleginiň tölenen gününi goşmak bilen we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 40-njy maddasy) bellenilen salgydy almak boýunça hak isleginiň wagt möhleti tamamlanýança, töleg möhletiniň geçirilen her bir senenama güni üçin salgydyň bellenen möhletde tölenmedik pul möçberiniň 0,03 göterimi möçberinde salynýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 50,52 we 53-nji maddalary) bellenilen we kazyýet tarapyndan degişli çözgüt çykarylan ýagdaýlarda, puşmana tölegini ulanmak berginiň umytsyz diýlip hasap edilen möhletleri bilen hem çäklendirilýär.

Salgyt nagt däl görnüşinde tölenende, bank edarasy tarapyndan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) töleg tabşyrygyny ýa-da salgyt gullugynyň töleg talapnamasyny ýerine ýetirmek üçin bellenen

möhlet geçirilen möhlete goşulmaýar. Goşmaça hasaplanan salgyt möçberiniň wagtynda tölenmändigi üçin puşmana tölegleri salgydyň her bir görnüşine degişlilikde ulanarlykly bellenen möhletlerden başlap, salgydyň tölenmedik ähli döwrüne hasaplanýar. Salgyt töleýji tarapyndan goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen salgyt beýannamasy ýa-da öň tabşyrylmadyk salgyt beýannamalary tabşyrylanda, hasaplanyp ýazylan puşmana tölegleri, şol sanda deslapky tölegler görnüşindäki goşmaça hasaplanyp ýazylan (azaldylan) salgytlaryň möçberi hem gaýtadan hasaplanýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 180-nji maddasynyň 6-njy bölegi) bellenen halatlarynda, puşmana tölegi salgydy çeşmesinden tutup almazlyk üçin bolup durýan resminamalar degişli salgyt edarasy tarapyndan tassyklanan senesine çenli töleg möhletiniň geçirilen her bir senenama güni üçin hasaplanýar.

Indiki aýyň 5-ine çenli möhletde salgyt gullugy geçen aýy üçin hasaplanan puşmana töleginiň möçberi barada salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) salgyt habarnamasyny her aýda iberýär. Puşmana tölegi salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan oňa salgyt habarnamasy gowşurylandan soň on günde tölenýär. Puşmana tölegi salgyt tölenenden soň tölenýär. Salgydyň pul möçberine düzediş girizilmegi, öň hasaplanan puşmana töleginiň pul möçberiniň üýtgedilmegini göz öňünde tutýar.

**Mysal.** «Alt» açyk paýdarlar jemgyýeti tarapyndan Aşgabat şäheriniň Azatlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna 2011-nji ýylyň awgust aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça tabşyrylan salgyt beýannamasynda salgyt 29694 manat diýlip kesgitlenilipdir we bu töleg 2011-nji ýylyň 14-nji noýabrynda tölenipdir. 2011-nji ýylyň sentýabr aýy üçin bu salgyt boýunça salgyt beýannamasy 30557 manat bolup, ol 2011-nji ýylyň 18-nji dekabrynda tabşyrylypdyr we şol gün tölenipdir. Puşmana tölegleriniň pul möçberini kesgitlemeli.

**Çözülişi.** «Alt» açyk paýdarlar jemgyýetiniň tölemeli puşmana tölegleriniň pul möçberi: PT = 940 manat [(29694 manat x 50 gün x x 0,03% : 100%) + (30557 manat x 54 gün x 0,03% : 100%)].

## 7.3.45. Salgyt gullugynyň çykarýan çözgütlerine şikaýat etmek

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt gullugynyň çözgüdinden, şeýle-de onuň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň özi babatynda geçiren işlerinden şikaýat etmäge haklydyr. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugynyň çögüdine we onuň wezipeli adamlarynyň heretlerine edilýän şikaýat ýokarda durýan salgyt gullugyna ýa-da kazyýete berilýär. Salgyt gullugynyň gullukçylarynyň hereketlerinden edilýän şikaýat, şol salgyt gullugynyň ýolbaşçysyna berilýär.

Şikaýat boýunça çykarylan karara şikaýat kararyň alnan gününden başlap bir aý möhletde ýokarda duran salgyt gullugyna berilýär. Esasly sebäbe göre görkezilen möhlet berjaý edilmedik ýagdaýynda, şikaýat eden tarapyň ýüz tutmasy boýunça bu möhlet ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan uzaldylyp bilinýär. Ýüz tutmagyň we şikaýata kazyýetde garamagyň möhletleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Şikaýat ýazmaça görnüşde berilýär we onda salgyt töleýjiniň ady, familiýasy we salgysy, salgyt belgisi, şikaýatyň ýazylan senesi we salgyt gullugynyň ýa-da onuň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň şikaýat edilýän çözgütleri we hereketleri, şeýle-de şikaýatyň esaslandyrmalary beýan edilýär. Salgyt gullugynyň çözgüdinden, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň hereketlerinden şikaýat edilmegi, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga çözgüdiň ýa-da hereketleriň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

Şikaýat edilýän çözgüt ýa-da hereket Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýär diýlen netijä gelmäge ýeterlik esas bolan ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şikaýata seredýän salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) şikaýat edilýän çözgüdi ýa-da hereketi şikaýata seredilýän döwürde doly ýa-da bölekleýin togtatmaga hukugy bar. Şikaýata seretmegiň netijeleri boýunça salgydyň öň hasaplanan pul möçberleri, ulanylýan maliýe

jerimeleri, şeýle-de puşmana tölegleri üýtgedilmäge degişli bolsa, onda Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 83-nji maddasynyň 2-nji bölegi) laýyklykda, barlagyň ykrarhaty boýunça kabul edilen karar ýatyrylmaga we täze karar çykarylmaga degişlidir.

Şikaýat berlenden soň, salgyt gullugy bir aýdan gijä galman oňa seredýär we çözgüt kabul edýär. Kabul eden çözgüt barada salgyt gullugy şikaýat eden salgyt töleýjä ýazmaça görnüşde habar berýär. Salgyt gullugynyň çözgüdinden, onuň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat edilmegi, hak isleginiň wagt möhletini şikaýat edilýän döwrüň dowamynda togtadýar. Ýokarda beýan edilen kadalar salgyt ýumuşçysyna, şeýle-de salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralara, şol edaralaryň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna hem degişlidir.

Salgyt gullugynyň çözgütlerinden we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden kazyýete şikaýat etmek, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär. Şikaýata seretmegiň netijeleri boýunça kazyýet tarapyndan salgydyň öň hasaplanan pul möçberiniň we ulanylýan maliýe jerimeleriniň, şeýle-de puşmana tölegleriniň üýtgedilmäge degişlidigi hakynda çözgüt çykarylanda, onda Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 83-nji maddasynyň 2-nji bölegi) laýyklykda, barlagyň ykrarhaty boýunça kabul edilen karar ýatyrylmaga we täze karar çykarylamaga degişlidir.

### «Döwlet salgyt menejmentinde ulanylýan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri ulgamy. Salgyt gullugynyň çykarýan çözgütlerine şikaýat etmek» atly bap boýunça öz-özüni barlamak üçin soraglar

1. Salgyt hukuk bozmalary diýlip nämä aýdylýar?
2. Salgyt hukuk bozmalary haýsy çäreleriň ulanylmagyny göz öňünde tutýar?
3. Maliýe jerimeleri haýsy möhletde tölenýär?
4. Maliýe jerimeleri salgyt tölenenden soň tölenýärmi ýa-da ondan öň?

5. Salgyt hukuk bozmalaryna ýol beren şahsy tarapa maliýe jerimeleri näçe ýaşdan başlap ulanylýar?
6. Haýsy ýagdaýlarda ýol berlen salgyt hukuk bozulmalary üçin maliýe jerimeleri ulanylmaýar?
7. Salgyt ýumuşçylary – býujet guramalary tarapyndan salgyt tölenilmedik halatynda, maliýe jerimeleri haýsy ýagdaýlarda ulanylmaýar?
8. Maliýe jerimeleri haýsy döwri hasaba almak bilen amala aşyrylan düzgün bozulmalar üçin ulanylýar?
9. Salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan bellenilen salgydyň pul möçberi şikaýat edilende, maliýe jerimesini tölemek borjy maliýe jerimeleriniň haýsy pul möçberinde ulanylýar?
10. Maliýe jerimeleriniň jedelleşilýän pul möçberi salgyt gullugynda we kazyýetde şikaýata seredilýän döwürde tölenýärmi? Maliýe jerimeleriniň jedelleşilýän pul möçberi babatynda salgyt gullugy salgyt töleýjiden emlägi (pul serişdelerini) girewe goýmagy ýa-da kepil geçmegi talap edip bilýärmi? Salgyt töleýjiniň görkezilen talaplary ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, maliýe jerimesini tölemek borjy haýsy pul möçberi babatynda ýerine ýetirilýär?
11. Salgydyň bellenen möçberine düzedişleriň girizilmegi, salgydyň şol pul möçberi babatynda öň kesgitlenilen maliýe jerimeleriniň pul möçberiniň üýtgedilmegine degişlimi?
12. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt binýadynyň azaldylmagynyň we salgydy hasaplamak boýunça beýleki bikanun hereketleriniň netijesinde ýüze çykan hasaplanylan salgydyň pul möçberiniň kemeldilmegi üçin, maliýe jerimeleri haýsy möçberde ulanylýar?
13. Maliýe jerimeleri haýsy seneden başlap we haýsy ýagdaýlary hasaba almak bilen kesgitlenilýär?
14. Salgyt beýannamasynyň kesgitlenilen möhletden gijä galyp tabşyrylmagy, salgydyň pul möçberiniň azaldylmagy diýlip hasap edilýärmi?
15. Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt borçnamalarynyň ýerine ýetirilmedik mahalynda, oňa garşy salgydyň haýsy möçberinden hasaplanylyp çykarylan maliýe jerimeleri ulanylýar?

16. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt töletdirmeli emläge ygtyýar etmek hukugynyň gadagan edilmegini bozan mahalynda, oňa garşy maliýe jerimeleriniň haýsy möçberi ulanylýar?
17. Bank edaralaryna haýsy ýagdaýlarda we nähili möçberde maliýe jerimeleri ulanylýar?
18. Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) garşy haýsy ýagdaýlarda puşmana tölegleri ulanylýar?
19. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt tölemek borçlary bank edarasynyň günäsi bilen öz wagtynda ýerine ýetirilmedik halatynda, puşmana tölegleri kim töleýär?
20. Salgyt öz wagtynda tölenmedik halatynda, haýsy ýagdaýlarda puşmana tölegleri ulanylmaýar?
21. Puşmana tölegleri haýsy möçberde we haýsy döwri hasaba almak bilen kesgitlenilýär?
22. Salgyt nagt däl görnüşde tölenende, haýsy wagt salgydyň tölenmeli wagtynyň geçirilen möhletine goşulmaýar?
23. Goşmaça hasaplanan salgydyň pul möçberiniň wagtynda tölenmändigi üçin puşmana tölegleri haýsy tertipde hasaplanylýar?
24. Salgyt gullugy geçen aý üçin hasaplanylan puşmana töleginiň möçberi barada salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) salgyt habarnamasyny haýsy möhlete çenli iberýär?
25. Puşmana tölegi salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan oňa salgyt habarnamasy gowşurylandan soň näçe günde tölenýär?
26. Puşmana tölegi salgyt tölenmänkä tölenýärmi ýa-da ondan soň?
27. Salgydyň bellenen pul möçberine düzedişleriň girizilmegi, öň hasaplanylan puşmana töleginiň pul möçberiniň üýtgedilmegini göz öňünde tutýarmy?
28. Salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugynyň çözgüdine we onuň wezipeli adamlarynyň hereketlerine edilýän şikaýat kime berilýär?
29. Salgyt gullugynyň gullukçylarynyň hereketlerinden edilýän şikaýat kime berilýär?
30. Şikaýat boýunça çykarylan karara şikaýat haýsy möhletde ýokarda duran salgyt gullugyna berlip bilinýär? Esasly sebäbe görä

kesgitlenilen möhlet berjaý edilmedik ýagdaýynda, bu möhlet uzaldylyp bilinýärmi?

31. Şikaýat haýsy görnüşde berilýär we onda haýsy maglumatlar beýan edilýär?
32. Şikaýat berlenden soň, salgyt gullugy oňa haýsy möhletiň dowamynda seredýär we çözgüt çykarýar?
33. Kabul edilen çözgüt barada salgyt gullugy şikaýat eden salgyt töleýjä haýsy görnüşde habar berýär?
34. Kazyýet tarapyndan salgydyň öň hasaplanylan pul möçberiniň we ulanylýan maliýe jerimeleriniň, şeýle-de puşmana tölegleriniň üýtgedilmäge degişlidigi hakynda çözgüt kabul edilende, barlagyň ykrarhaty boýunça çykarylan karar ýatyrylmaga we täze karar çykarylmaga degişlimi?

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
5. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
6. Raýat bitewi Kanuny. Aşgabat, 2003.
7. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2000.
8. «Býujet ulgamy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 1996.
9. «Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary barada» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. Aşgabat, 2006.
10. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. Aşgabat, 2010.
11. Maliýe hasabyna we salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna we hasaplamalaryna) kameral salgyt barlaglary geçirmek boýunça gollanma. Aşgabat, 2006.
12. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek boýunça gollanma. Aşgabat, 2006.
13. Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow. Salgyt menejmenti dersi boýunça meseleler ýygyndysy. Aşgabat, 2008.
14. Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow. Salgytlar we salgyt salmagyň nazaryýeti. Aşgabat, 2010.
15. M. Annaamanow, Ý. Çarygeldiýew. Salgyt salynanda ulanylýan esasy düşünjeler we adalgalar. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2005 ý. № 8.
16. M. Annaamanow, Ý. Çarygeldiýew. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri we olaryň ykdysady gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2005 ý. № 11.
17. Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow. Türkmenistanda salgyt salmagyň usulyýet esaslary we ýörelgeleri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2005 ý. № 9.
18. Ý. Çarygeldiýew, A. Mämikow. «Salgyt» we «salgyt salmak» ykdysady toparlarynyň nazaryýet esaslary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2006 ý. № 6.
19. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt syýasatyny amala aşyrmagyň amatly ugurlary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2003 ý. № 7.


27. Sargyt № 2954

20. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt syýaty we ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşy. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2003 ý. № 9.
21. Ý. Çarygeldiýew, H. Hajygurbanow. Salgyt salmak ulgamynyň we hakyky ykdysady binýadyň biri-biri bilen arabaglanyşygy we onuň ýörelgeleriniň amala aşyrylmagy. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2010 ý. № 11.
22. Ý. Çarygeldiýew Salgyt salmagyň usulyýeti we onuň düzüm bölekleri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2010 ý. № 12 we 2011 ý. № 1
23. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt syýasaty – ykdysady prosesleri kadalaşdyrýan guraldyr. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý. № 3 we № 4
24. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt syýasatyny amala aşyrmagyň maksatlary we usullary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý. № 5, №6 we №7
25. Ý. Çarygeldiýew. Türkmenistanda salgyt salmak ulgamynyň hukuk esaslary we onuň häsiýetnamasy. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý. № 8
26. Ý. Çarygeldiýew. Türkmenistanda amala aşyrylýan salgyt syýasatynyň hukuk çeşmeleri we onuň durmuş gönükdirmesi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý. № 9
27. Ý. Çarygeldiýew. Salgyt salynýan binýatlary dolandyrmagyň usullarynyň saýlanyp – seçilmeginiň möhümligi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2011 ý. № 10 we № 11
28. Ý. Çarygeldiýew, K. Hümmäýew. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlaryň özeniniň kesgitlenilmegi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2012 ý. № 3.
29. H.Geldiýew. Aýry-aýry pudaklaryň maliýe ýagdaýynyň durnuklaşmagyna salgyt kanunçylygynyň täsiri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, № 2
30. A. Hezretow. Türkmenistanyň salgytlar ulgamynyň deňeşdirme hukuk seljermesi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2009 ý. № 8.
31. M. Mämmedow., Ý. Çarygeldiýew. Salgytlar hakyndaky teoriýanyň esaslary. Aşgabat, 1994.
32. A.Mämikow. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hususy telekeçileriň orny. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2004 ý. № 12.
33. A.Muhanow, A.Mämikow. Kameral barlaglary geçirmegiň usulyýet esaslary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2006 ý. № 9.
34. Гуреев В. И. Российское налоговое право М: «Экономика», 1997 г.
35. Пансков В.Г. Налоги и налоговая система Российской Федерации. М: «Финансы и статистика», 2008 г.

## MAZMUNY

### I bölüm.

### Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän göni salgytlar

**I bap. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt** ............................. 7

1.1.1. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyrylmagy we häzirki wagtda hereket edýän salgyt kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda onuň töleýjileri we salgy salynýan binýatlary ... 7

1.2.2. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeniniň kesgitlenilmegi ........................................... 12

1.3.3. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberleri, salgyt we hasabat döwürleri ........................ 18

1.4.4. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamagyň, salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we salgydy tölemegiň tertibi................................................ 22

«Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar ..................................... 28

**II bap. Emläk üçin salgyt**

2.1.5. Emläk üçin salgydyň Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyrylmagy. Häzirki döwürde hereket edýän Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda emläk üçin salgydy töleýjiler we salgyt salynýan binýat ..... 30

2.2.6. Emläk üçin salgydyň salgyt özeni we salgyt möçberleri...... 44

2.3.7. Emläk üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri. Emläk üçin salgyt boýunça berilýän ýeňillikler .................. 54

2.3.8. Emläk üçin salgydyň pul möçberini kesgitlemegiň tertibi. Salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň we emläk üçin salgydy tölemegiň möhletleri. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýerleşýän emläk boýunça emläk üçin salgydy hasaplamak .................................................... 61

«Emläk üçin salgyt» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar........................................................................ 65

**III bap. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt**

3.1.9. Halkara salgyt hukuk gatnaşyklary ulgamyna we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna kärhanalaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň ornaşdyrylmagynyň tejribesi ................................................ 68
3.2.10. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň töleýjileriniň, salgyt salynýan binýadyň, jemi girdejiniň kesgitlenilişi ..................................................... 73
3.3.11. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alynýan jemi girdejini kesgitlemegiň aýratynlyklary ........................ 85
3.4.12. Bankyň jemi girdejisini we ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejisini kesgitlemegiň aýratynlyklary............................................ 90
3.5.13. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar ........................................................... 99
3.6.14. Esasy serişdeleri abatlamak, tebigy serişdeleri özleşdirmek, ylmy-barlag, taslama we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar............................................................................ 132
3.7.15. Bank we ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny amal etmek boýunça çykdajylar....................................................................... 135
3.8.16. Girdejileri we çykdajylary hasabat (salgyt) döwrüne degişli etmegiň tertibi ....................................................... 143
3.9.17. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça berilýän ýeňillikler, salgyt özeni, salgydyň möçberleri, salgyt we hasabat döwürleri............. 155
3.10.18. Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň pul möçberiniň kesgitlenilişi we onuň tölenýän möhletleri. Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň tertibi ..................................................... 164
3.11.19. Aýry-aýry edara görnüşli taraplar tarapyndan peýdadan alynýan salgydy hasaplamagyň we tölemegiň tertibi. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölenen peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaplamak ........ 178

3.12.20. Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplara salgyt salmak ............ 179
«Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar ............ 199

**IV bap. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy**

4.1.21. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň halkara salgyt tejribesine ornaşdyrylmagy ............ 210
4.2.22. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy töleýjiler. Salgyt salynýan binýat we salgyt töleýjiniň Türkmenistandaky çeşmelerden alýan girdejileri ............ 212
4.3.23. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni we ony kesgitlemegiň aýratynlyklary. Salgyt özenine goşulmaýan girdejiler ............ 214
4.4.24. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň salgyt binýady kesgitlenilende jemi girdejiden aýrylýan aýyrmalar ............ 234
4.5.25. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça kesgitlenilýän girdejiniň hakyky alnan senesi. Salgydyň salgyt we hasabat döwürleri. Salgydyň möçberleri we salgydy hasaplamagyň tertibi ............ 246
4.6.26. Salgyt ýumuşçylary tarapyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň hasaplanyp çykarylmagy we tölenilmegi ............ 247
4.7.27. Salgyt töleýjiler tarapyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň hasaplanylyşy we tölenilişi. Salgyt beýannamasyny tabşyrmagyň tertibi ............ 250
4.8.28. Hususy telekeçileriň girdejilerine salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy ............ 252
4.9.29. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak ............ 260
«Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar ............ 262

**V bap. Ýerli ýygymlar**

5.1.30. Mahabatlandyrma üçin ýygym ............ 270
5.2.31. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym ............ 276

5.2.32. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym ................. 284
5.4.33. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygym. Itleriň eýelerinden alynýan ýygym .................................... 288
«Ýerli ýygymlar» atly bap boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar................................................................ 290

**II bölüm.**

**Salgyt gözegçiligi we onuň netijesi boýunça ulanylýan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri ulgamy**

**VI bap. Döwlet salgyt menejmentinde kameral (deslapky) we resminamalaýyn salgyt gözegçiliginiň geçirilişiniň tertibi**

6.1.34. Kameral salgyt barlagyny geçirmäge bildirilýän umumy talaplar ........................................................ 294
6.2.35. Kameral salgyt barlagy geçirilende hasabatlary kabul etmegiň tertibi we hasabatlaryň görkezijileriniň barlanylyşy.......................................................... 302
6.3.36. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň umumy düzgünleri we ony geçirmegiň meýilnamasyny düzmek..................... 309
6.4.37. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň tertibi we möhletleri ....................................................... 325
6.5.38. Aýry-aýry halatlar üçin resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň tertibi.......................................... 337
6.6.39. Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň usullary ................................................................... 343
6.7.40. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende salgyt töleýjileri salgyt gullugyna çagyrmagyň, bilermenleri hem-de hünämenleri salgyt barlagyna çekmegiň tertibi..... 356
6.8.41. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende resminamalary almak, buhgalteriýa hasabynyň resmi däl ýazgylaryny we salgydyň çak edilýän pul möçberini anyklamak. Subutnama................................................... 364
6.9.42. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyny düzmek, ony gowşurmak, bellige almak we çözgütleri çykarmak.... 368
«Döwlet salgyt menejmentinde kameral (deslapky) we resminamalaýyn salgyt gözegçiliginiň geçirilişiniň tertibi» atly bap boýunça öz-özüni barlamak boýunça soraglar................. 383

**VII bap. Döwlet salgyt menejmentinde ulanylýan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri ulgamy. Salgyt gullugynyň çykarýan çözgütlerine şikaýat etmek**

7.1.43. Salgyt hukuk bozulmalary üçin maliýe jerimeleri .............398
7.2.44. Puşmana tölegleri..............................................................410
7.3.45. Salgyt gullugynyň çykarýan çözgütlerine şikaýat etmek ......................................................................412
«Döwlet salgyt menejmentinde ulanylýan maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri ulgamy. Salgyt gullugynyň çykarýan çözgütlerine şikaýat etmek» atly bap boýunça öz-özüni barlamak üçin soraglar ........................413
Peýdalanylan edebiýatlar...............................................................417

**Ýagmyr Çarygeldiýew**

# SALGYT MENEJMENTI

II kitap

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *E. Berdiýewa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *S. Çüriýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 11.04.2013. Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 26,5. Şertli-reňkli ottiski 81,0.
Hasap-neşir listi 24,18. Çap listi 26,5.
Sargyt № 2954. Sany 1300.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.